Täçmyrat REPBIMOW

# BAHARYŇ ELWAN GÜLLERI

*Hekaýalar*



Täçmyrat REPBIMOW

# BAHARYŇ ELWAN GÜLLERI

(Golýazma hökmünde)



Aşgabat-2022

“Baharyň elwan gülleri” atly hekaýalar ýygyndysynyň awtory Täçmyrat Repbimow ýaşuly nesliň hataryna girýär. Durmuş tejribesi ýetik bolan ýazyjy eserlerinde ýaşlaryň gyzgalaňly durmuşyndan söz açýar. Onuň beýan edýän wakalarynda juwanlygyň gaýtalanmajak pursatlaryndaky inçe duýgular ezberlik bilen yzarlanýar. Ýaşlygyň gögele dünýäsinde çelgi bolup, dogry ýol salgy berýän bu hekaýalar ýygyndysy okyjylaryň gyzgyn söýgüsini gazanar diýip umyt edýäris.

# KÄMILLIK MENZILI
# (Hekaýa)

Wepa irden kitapdyr depderlerini alyp, okuwa gitmek üçin, öýlerinden çykdy. Ýöne ol mekdebe tarap däl-de, ters ugra ýöredi. Ol Azadyň üstüne barmalydy. Azatlaryň öýi ters tarapda bolsa-da, Wepa ilki olara barýardy. Bu ýagdaý indi endik bolup gidipdi.

Hakyna garanyňda, Azat Wepanyň üstüne gelmelidi. Wepalaryň öýi ýüzugra bolýardy. Emma Azat Wepa garaşyp durmaklygy hossa bilýärdi. Bardy-geldi irräk çykaýsa-da, bärsine garaman göni geçip gidiberýärdi. Onsoň Wepa okuwa ýoldaşly gitmek üçin, eglişik etmeli bolýardy.

Wepa bu ýagdaýdan ejap edip, häzirem howatyr bilen töweregine garanjaklady. Ýöne edil bilgeşleýin edilen ýaly boldy. Köçä çykandan, pete-pet Mähri gabat geldi. Ogrulykda tutulan ýaly bolan Wepa boz-ýaz boldy.

Dostunyň öýüne baryp, Wepa bu gezek garaşyp durmaly bolmady. Olara ýetip-ýetmänkä, Azat öňünden haýdaşlap çykdy. Ol oda düşen ýaly gyssanyp, köçä boýnuny uzadan Azat tolgunma bilen dillendi.

— Şo barýan Mährimi? Ýör, yzyndan ýeteli.

Azat duran ýerinden, okdurylyp gitdi. Onuň şeýle endigi bardy. Ol ylgamagy gowy görýärdi. Göwresi çekdirilen ýaý ýaly, sagdyn ýigit nirede bolsa-da, ýüzin salaýýardy.

Wepanyňky bolsa, tersinedi. Onuň ylgamaga duran ýeri, arryk aýaklarynda ysgyn-rowgat ýokdy. Çala başy gowşan, inçemik göwresi zordan yraň atdy. Häzirem ol elde baryny edip ylgasa-da, Azadyň yzyny eýgerip bilenokdy.

Azat birden badyny togtatdy. Mähriň yzyndan ýetip, habar gatmaga bogny ysmady. Ol yzyndyn ýetip gelen dostunyň ýüzüne naýynjar garady.

— Men-ä utanýan-laý. Mährä näme diýsemkäm?

Wepa demi-demine ýetmän, sojap durşuna, dostuna näme maslahat berjegini bilmedi.

Mähri bolsa, öň ýanjagazlaryndan saýhally gadam urup barýardy. Töweregine ýaltaklaýynam diýenokdy. Gyz agrasdy. Belki, şonuň üçin bolsa gerek, ýigitleriň ondan sussy basylýardy.

— Owadan-aý! — diýip, Azat hyrçyny dişledi.

Mähri ýigitleriň duldegir goňşusy hem çagalykdan bile oýnap ulalypdylar. Geplemezek Mähri ilkiler kän göze ilip duranokdy. Ýöne ýetginjeklik ýyllary welin, gyz tanalmaz derejede özgerdi. Mähriniň görk-görmegi bahar güli kimin, birden açyldy. Tokmak ýaly, şar gara saçlarynyň örümi gysymyna syganokdy. Gyzyň asuda tebigaty, mylaýym nazary ýigitleri biygtyýar özüne bendi edýärdi.

Dostlaryň ikisi-de bu gözelligi deň saýgaryp, deň aşyk boldylar. Ýöne Wepa duýgusyny pynhan saklaýardy. Sebäbi bu näzik duýgusynyň amala aşjagyna ynamy ýokdy. Ol Azadyň däli-diwana bolup ýörşüni görýärdi. Azat bilen bolsa, bäsdeşlik etmäge het edip biljek däldi.

Azat bu gün hasam ynjalyksyzdy. Ol näme işläp-näme goýýanyny bilenokdy. Mekdebe baryp, okuw otagyna girenlerinden soň, özüni dürsäp bilmedi. Ol Wepanyň gulagyna çawuş çakdy.

— Mährä hat bersem nähili bolarka?

Wepa ýuwdunanyny duýman galdy.

— Birden beýle howlukmasana.

Azadyň ýarasyna duz sepilen ýaly boldy.

— Wagt ýitirmeli däl. Dessine bellisini etmeli. Sen haty eltip berseň bolýa.

Wepa dostuna syr bildirmezlige çalyşdy.

— Haty ýazdyňmy?

— Bile ýazarys.

Bu wagt Azadyň sähelçe-de gaňyrşyna gaýtmaly däldi. Wepanyň muňa gözi ýetip durdy. Şonuň üçin ol ylalaşmaga mejbur boldy.

Ilkinji sapagyň nähili geçenligi belli bolmady. Ýanaşyk oturan iki dostuň hymy-symysy gutarmady. Töwerekdäkiler olara tarap seredişýärdiler. Ýöne her niçikde bolsa, hat ahyrsoňy ýazyldy. Indi ony gowşurmagyň alajyny tapmalydy. Mähri ýanaşyk synpda okaýardy.

Arakesmäniň jaňy kakylandan, Azat ylgap gitdi. Gidişi ýalam, dessine dolanyp geldi.

— Häzir tüýs pursaty. Ýekeje özi otyr. Bar basymjak!

— Nädip bersemkäm?

— Özüň bir alajyny tap.

Wepa okuw esbaplarynyň arasyndan okap ýören goşguly kitabyny çykardy-da, onuň içinde haty goýdy. Haýal-ýagal etmänem, tabşyrygyň ugruna çykdy. Ol ýanaşyk synpyň okuw otagyna girenden, endam-jany jümşüldäp başlady. Hakykatdanam, Mähri bir çetde ýeke özi otyr eken. Ol Wepany mylaýym nazary bilen garşy aldy.

— Mähri, şu kitaby okap gör — diýip, Wepa onuň öňünde kitaby goýdy.

Mähri şatlyk bilen kitaby eline aldy.

— Dogrudanam, gyzyklymy?!

Wepa gyzyň ýanynda mundan artyk eglenmedi. Kynlyk bilen:

— Içine seretgin — diýip, çykyp gaýtdy.

Bir ýerde kanagat tapman, zowzalap ýören Azat Wepany görenden okdurylyp geldi. Ol sorag yzyna sorag ýagdyrýardy.

Ýöne bu tolgunmalaryň hemmesiniň soňy puç boldy. Aradan salym geçmänkä, okuw otaglaryna Mähri girdi. Onuň ýüzünde gan-pet ýokdy. Ol gelşine, Azadyň öňünde kitaby patladyp goýup, sesini çykarmanam, gahar bilen çykyp gitdi.

Hemme zat düşnüklidi. Ýöne onda-da, Azat ynjalmady. Ol kitabyň içinden haty tapyp, jogaby okap gördi. Jogapda bary-ýogy üç söz ýazylypdyr.

«Tamaňy tala daň-aý!»

Azadyň endamyna sowuk der indi. Bu ýüzkessiri çalnan şarpyk oňa juda ýokuş degdi. Wepa dostunyň düşen halyny duýup durdy. Şonuň üçin onuň ýüzüne seretmäge çekinýärdi.

Azadyň bada-bat özüni dürsäp ýetişmänkä, heňini üýtgetdi. Ýap-ýaňyda yşkynda köýüp ýören arzylysyndan indi aýp gözleýärdi. Azat öz ýanyndan mojukdan mojuk toslamalary oýlap tapýardy.

— Bilýärmiň, Mähri nähili gyz eken?! Käbir ýigitler bilen arasy bar eken.

Bu sözler Wepa ýaranokdy. Ol her gezek ýüzüni çytýardy. Pygly ýaman dosty bilen ugur gopanokdy. Bu ýagdaýy Azat dessine aňyp, onuň peltesine ýag damdyrylan ýaly boldy.

— Dost jan, şol köpbilmiş bilen seňem araň bar öýdýän. Maňa syr bildirmän, ýören bolma?!

— Mähri gowy gyz. Oňa garaňy sürtjek bolma.

Wepa bu sözleriň dilinden nähili sypanlygyny bilmedi.

Azadyň gahardan ýaňa, gözleri hanasyndan çykaýjak boldy. Ol bada-bat Wepanyň ýanyndan turup gitdi. Ähli goş-golamyny alyp, başga ýere geçdi. Indi ol hol, aňyrda hyltly nazaryny dikip otyrdy. Azat ähli ahmyryny Wepadan çykarmagyň kül-külüne düşüp, netikazalyk bilen hüjüme geçdi. Arakesme wagty duýdurman, badak salyp Wepany ýykdy. Sermaňňalak bolup gaýdan Wepa gaty awundy. Bu hemmeleriň gözüniň alnynda bolup geçdi. Azat muny bilgeşleýin edip, dostuny köpçüligiň öňünde kemsidýärdi. Iň ýamany-da, muny Mährem görer ýaly edýärdi.

Wepa Azada garşylyk görkezip bilenokdy. Onuň Azatdan sussy pesdi. Güýjüniň deň däldigini bilip duran Wepa garawsyz halda egnini gysmakdan başga alaç tapanokdy. Azadyň bolsa, içi tütäp durdy. Onuň gylawy paýawlar ýaly däldi. Ol ýene Wepanyň başyndan musallat bolup indi. Bu gezek güýçli gollary bilen Wepany ýakalap, wagty bilen sypdyrmady. Wepanyň akja köýneginde ýekeje-de abat ilik galmady.

Wepa öýlerine gaýtmaga mejbur boldy. Oglunyň ebtine gözi düşen Ogulgurban uçurnuk boldy.

— Azat gün berenokmy? Şu gün ejesini görerin.

— Eje, biz oýun edip ýakalaşdyk.

Ýöne ene hemmesine düşünip, gözlerine ýaş aýlady.

— Oglum, seň salyň gowşak. Şonuň üçin üstüňe çöwjeýär. Nädeýin, çagalykdan çyrçykly bolduň. Hiç eýikmediň-dä.

Dosty bilen arasy bozulan Wepa bir hakykada göz ýetirdi. Ol Azat bilen adam eken. Diňe Azady penalap mydar edýän eken. Ýeke özi galansoň, onuň töweregi çolaran ýaly boldy. Indi oňa öňküsiçe sarpa goýulmaýardy. Hatda, äsgermezçilik bilen garaýanlar hem bardy.

Wepa töwerekdäkiler bilen gatylyp-garylyp bilmän, ony nähilidir bir güýç kössekläp durdy. Beýlekiler bilen onuň arasynda belli bir çäk bardy. Ol deň-duşlary bilen aýakdaş ýöräp bilenokdy. Her ädimde diýen ýaly, özüniň egsikligini duýýardy. Bu ýagdaý ýigidiň mazasyny alýardy. Onuň barha özüne ynamy gaçýardy.

Azadyňky welin, tersinedi. Onuň edeni gelşip, tagaşykly göwresi, daýanykly ýigidiň her bir hereketine höwes edip oturmalydy. Ol hemişe öňbaşçylyk edensoň, onuň sarpasy tutulýardy. Beýle rüstemlik oňa nähili eýgerdýärkä?!

Wepa şunça oýlansa-da, Azat bilen özüniň arasynda näme tapawudyň barlygyna düşünip bilenokdy. Näme sebäpden olar dürli-dürlükä?

Wepa gitdigiçe ýekelige ram edýärdi. Onuň indi köpçülige kän barasy gelenokdy. Sebäbi köpçülikde özüni oňaýsyz duýýardy. Hatda telim ýyllap, bileje okap ýören synpdaşlaryndan hem ýadyrgap, ýalňyzlyk duýgusy ýigidiň kalbyndan daş bolup basýardy.

Wepanyň dadyna tomus rugsady ýetişdi. Indi ol göwni isledigiçe, ýalňyzlykda bolup bilýärdi. Ýöne bu ýagdaý ejesi Ogulgurbany ynjalykdan düşürdi. Ogulgurban günuzyn öýden çykman oturan oglunyň halyna gyýylýardy.

— Oglum, beýdip ýeke oturman, senem köpçülige çyk ahyryn.

Wepa ejesine näme jogap gaýtarjagyny bilmän, müýnli halda ýüzüni aşak salýardy. Ýigit bu çykgynsyz ýagdaýdan nähili başyny gutarjagyny bilenokdy. Näme üçin, ol hemmeler ýaly bolup bilenokka?

Tomus rugsady ahyrlap ýörkä, garaşylmadyk ýagdaý ýüze çykdy. Wepanyň kakasynyň işini wagtlaýyn goňşy oba geçirdiler, olaryň maşgalasy şol ýerik göçmeli boldy. Bu ýagdaý Wepany hasam kyn ýagdaýda goýdy. Indi ol ýat obada, ýat mekdebe gatnamalydy.

Wepa tomus rugsadynyň galanja wagtynyň nähili geçenligi duýmady. Okuwa gidilmeli gün salymyny bermän, ýetip geldi. Ol gün hemmeler üçin, toý-baýramdy. Emma Wepa welin, ýaga depjek ýalydy. Oglunyň halyna düşünip duran Ogulgurban göwünlik bermäge çalyşdy.

— Wepa jan, arkaýyn barybergin mekdebe. Kakaň mugallymyň bilen gürleşip görüpdir. Seniň okamaly synpyň iň göreldeli synpmyş.

Ýöne Wepanyň täze mekdebe tarap aýagy ädilmedi. Ol näme edýänini özem bilmän, öz obalaryna tarap ýola düşdi. Paý-pyýada ýylgyndyr syrkynly düzlük bilen haýdap başlady. Ýygra ýigit üçin, şundan başga ugur tapylmandy.

Emma Wepa näçe gyssansa-da, okuwa wagtynda ýetişip bilmedi. Ol obalarynyň çetinden girende, ilkinji sagadyň jaňynyň kakylanyna ýoňsuz wagt geçen eken. Munça wagt gijä galansoň, mekdebe barmaklygyň ebeteýini tapmadyk Wepa bialaç ýene yzyna dolanmaly boldy.

Gaýdyşyn aýaklar ädilmejek bolýardy. Ýol hele-müçe uzaklykda däldi. Iki obanyň arasy alty-ýedi kilometr çemesi bardy. Özem öri ýerleri bolansoň, kowçum oturan ýylgyndyr syrkynlaryň arasyndan aýlanyp geçmelidi.

Gün günorta bolanda, zordan öýlerine ýeten Wepa sessiz-üýnsiz süýnäýdi. Onuň tutuş bedeni syrkyrap durdy. Wepa indi näderini bilenokdy. Her gün munça ýoly sökmeklik bedeni bekemedik ýetginjek üçin çökderdi.

Emma ertesi ol ýene obalaryna tarap haýdap barýardy. Wagty peýläp, has ir ýola çykansoň, Wepa bu gezek okuwa wagtynda ýetişdi. Obanyň gyrajygyndan geçýän suwly salmanyň boýunda durup, özüni tertibe salmaga-da maý boldy. Derlän ýüzüni ýuwup, çaň siňen jalbarynyň gonçlaryny kakyşdyryp, aýakgabyny süpürdi.

Wepa hiç zat bolmadyk ýaly, okuw otaglaryna baryp, öňküje ýerinde oturdy. Oňa hiç kim ähmiýet berip durmady. Azadyň hem indi ondan ünsi sowlupdy. Azat kalbyny gaplap alan şol yşkbazlyk bilen henizem mübtelady. Indi onuň nazary Gunça düşüpdi. Gunça Wepalaryň öz synpynda okaýan gyzlaryň biridi. Her kimiň öz deňini tapyşy ýaly, Gunça-da Azat bilen hüýdeşdi. Ikisiniňem gylyk-häsiýeti bir gulakdan göçýärdi. Biri-birine ogrynça garaşyp, göz güldürişlerinden çen tutsaň, aralarynyň ap-aýdyň bolanlygy bildirip durdy.

Tutuş okuw gününi ýeke özi gazarylyp oturan Wepa sapaklar tamamlanansoň, ýene yzyna ýola düşdi.

Wepa her gün şeýdip okuwa gatnamaga başlady. Bu ýagdaý birbada heňe gelmejek ýaly görünse-de, ýuwaş-ýuwaşdan endik bolup ugrady. Ýaş beden gitdigiçe, werziş bolýardy. Ýol ýöremegiň Wepa üçin ýakymly tarapam bar eken. Olam ýalňyzlykda bolup bilýänligidi. Alaň-açyk meýdanyň imisalalygy ýygra ýigidiň göwnüne hoş ýakdy.

Ýolda wagty Wepa täsin bir ýagdaýy başdan geçirýärdi. Birneme ýol aşyp, süňňi gyzyşan ýigidiň serindäki oý-pikirler möwjäp başlaýardy. Onsoň ol durky bilen

içki dünýäsine berlip, töwerek-daşyny unudyp, arzuw-hyýallara beslenýärdi. Ol arzuw-hyýallar şeýle bir ymsyndyryjy bolup, göwün isleýşiçe nepisdi. Şeýle täsin ahwalaty başdan geçirýän ýigit ýoluň argynlygynam duýmazdy. Gaýtam ýoluň tiz tamamlananlygyna gynanardy.

Asuda çolalykda bolup geçýän bu ahwalat Wepa üçin zerurlyga öwrüldi. Indi onuň göwni şol ýalňyzlykdaky şirin göwünýüwürtmeleri küýsäp durdy. Dynç günem ýigit öýlerinde oturyp bilmän, bir bahana bilen obalaryna tarap ýola düşenini duýman galdy.

Wagtyň geçmegi bilen, Wepanyň şunça ýoly söküp, öňki mekdebine gatnaýanlygy aýan boldy. Hiç kimiň bu habara ynanasy gelmedi. Beýle uzak ýoly her günde ýöräp geçmeklik mümkin däl ýalydy. Oglunyň şeýle güne galyp ýörenligini bilen Ogulgurbanyň haýýaty göçüpdi. Ol otly köýnek geýen ýaly, adamsynyň ýanynda bir diýenini gaýtalap, ýer depýärdi.

— Işiňem bilemok, beýlekiňem! Bizi häziriň özünde öz obamyza äkit. Çagamy beýdip, kösenje goýjak däl.

Wepalaryň maşgalasy ýene yzlaryna göçäýmeli bolupdy. Emma bir gudrat bilen Wepanyň aýdan sözleri enäni raýyndan gaýtardy.

— Eje, men kösenemok. Gaýtam, ýöresem hezil edýän. Men şeýdip gatnabereýin-le.

Ene ýüregi perzendiniň çyny bilen özelenýänligini duýup, häzir özüniňkini tutup otursa, çagasynyň raýyny ýykýanlygyna düşündi. Oglunyň ýüzüne ýiti-ýiti garaýan Ogulgurban ondaky ýüze çykan üýtgeşikligi aňýardy. Indi birneme bady gowşan ene boýnuny burup ýalbardy.

— Ulaga bir mün ahyryn, çagam.

— Ýok, eje, meniň pyýada gatnasym gelýär.

— It-guş bardyr. O jelegaýlarda kim dadyňa ýetişsin?

— Çopanlar mal bakyşyp ýörler. Dumly-duş alaň-açyklyk. Men indi öwrenişdim ahyryn, eje.

— Bolýa-da, oglum, özüň höwesek bolsaň, gatnaber. Ýöne meniň-ä, tä gelýänçäň, ynjalygym bolmaz.

Ejesinden rugsat alan Wepa üçin, ýol aşmak hasam ýeňlän ýaly boldy. Indi ol başyny belent tutup ýöreýärdi. Çykaran hokgasyndan müýnürgäp ýörenokdy. Her ädimini hasaplap basansoň, okuwa-da wagtynda ýetişýärdi.

Güýz günleri bolansoň, howa gitdigiçe çigreýärdi. Howanyň ýüzündäki çyg indi mesaňa-mälim duýulýardy. Birkemsiz ýumşan meýdan ot-çöpleriniň hoşboý ysy kalbyňy heýjana salýardy. Töwerek-daş tämizlenip, ýiti reňke eýe bolup, gök asman gümmezi garaňkyrap, hasam çuňalan ýalydy.

Tebigatyň bu gözelligini synlamak Wepa her gün miýesser edýärdi. Her gün ol üýtgeşik täsir alyp, älemi synlaýardy. Älemiň uç-gyraksyzlygy onuň kalbynda orun alýardy. Indi oňa obanyň jaýlary, baglary kiçelen ýaly bolup görünýärdi.

Ýigitde ýene bir ýagdaý ýüze çykypdy. Birsyhly, dowamly hereket onuň bedenini berkidýärdi. Süňňüne gelip gowuşýan güýji Wepanyň özem duýýardy. Indi onuň aýaklary ýere pugta basyp, hereketinde erkinlik duýlup, öňki ysgynsyz, lellim göwre kem-kem ýaý kimin, çekdirilýärdi.

Wepadaky bolup geçýän bu özgerişligi ilki ejesi duýdy. Ogulgurban işdämenlik bilen naharyny iýip oturan oglunyň daşyndan hozanak bolup aýlanýardy. Ene içki begenjini ýaşyryp bilmedi.

— Çagam, tüweleme, ers-mers bolup barýaň sen-ä!

Ogulgurban indi her gün ýola düşýän oglunyň yzyndan guwanç bilen garap galýardy.

Wepa özündäki bolup geçýän bu özgerişligi duýsa-da, başda oňa ähmiýet bermedi. Sebäbi ýetginjegiň gögele kalby beden sagdynlygyň durmuşdaky tutýan ornuna doly aň ýetirip bilenokdy. Ýöne Wepa kem-kemden başyna düşen külpetleriň hut, beden gowşaklygy zerarly ýüze çykanlygyna düşünmegi başardy. Ol indi görüp otursa, durmuşyndaky şowsuzlyklaryň hemmesi lellimliginden eken.

Beden sagdynlygy diňe gara güýç däl. Ol kämilligiň belli bir derejesi. Sagdynlyk ruhuň binýadyny tutýar. Sagdyn bedende sagdyn ruh bolýar diýip, ýöne ýere aýdylmandyr.

Wepa indi her gün okuwa belent ruh bilen gelýärdi. Sebäbi bedeninde dyňzap duran güýji syzýardy. Indi oňa köpçülikde bolmaklyk ezýetli däldi. Örüsi barha giňeýän Wepanyň gitdigiçe, özüne ynamy artýardy. Her gün onuň üçin, toý-baýram ýalydy. Deň-duşlary bilen egnini deňlänsoň, oňa durmuşda müşgil zat ýok ýalydy.

Aňzakly gyşyň sowugam ýol aşmaklyga päsgelçilik döredip durmady. Wepa saňgaty bolup doňan ýodajygyndan emgenmän gadam urýardy. Ak gara basyrynan meýdanyň görnüşi üýtgeşik täsir döredip, tebigatyň her pasly hem özüçe owadan eken.

Gyş ýeňse berip, howa maýlansoň, Wepanyň kalbyna düşnüksiz galagopluk aralaşdy. Indi ýaş ýigidiň ýüregi näzik duýgy bilen urýardy. Meýdandaky irki ören güljagazlara hyrydar garaýan Wepanyň birden Mähri ýadyna düşdi. Ol gyzdan şu wagta çenli gaçgalaklap ýördi.

Wepa şol günüň özünde Mähriniň ýanyna bardy. Bu garaşylmadyk ýagdaý gyzy diýseň tolgundyrdy. Ol ör turanlygyny hem duýman galdy. Şatlykdan ýaňa, ýüzi gül ýaly açylan Mähri irginsizlik bilen hal-ahwal soraşdy. Soňam durup bilmän, içki tolgunjyny mälim etdi.

— Sen üýtgäp gidipsiň, Wepa!

Şol gün olar okuwdan bileje gaýtdylar. Mähri birjikde gypynç etmän, ýigit bilen deň gadam urup gelýärdi. Olar kän gürleşenokdylar. Ýöne ikisine-de biri-biriniň golaýjakdadygyny duýmaklyk ýakymlydy.

Wepa Mährini öýlerine çenli ugratdy. Hoşlaşmakçy bolanlarynda, Mähri çyn ýürekden mürähet etdi.

— Bizden iýip-içip gidäý. Ejem diýseň begener. Onuň sizi göresi gelýär. Siz gitdiňiz welin, töweregi çolaran ýaly bolaýdy.

— Ýok, sag bol, Mähri! Men ýolumdan galmaýyn.

— Sag-aman bar, Wepa!

Olar her gün şeýdip, okuwdan bile tirkeşip gaýtdylar. Bu ýagdaý hiç kimi geňirgendirip duranokdy. Ýöne bir gün garaşylmadyk ýagdaý ýüze çykdy. Mekdepden ýaňy arany açanlarynda, Azat öňlerinden çykdy. Onuň ýörite ýoly saklap, garaşyp duranlygy bellidi.

— Aşyk-magşuklar, ýol haýyr bol-a!

Ýoknasyzlyk bilen atylan bu habara olaryň hijisem baş galdyrmady. Wepa bilen Mähri hiç zat bolmadyk ýaly, ýene ýollaryny dowam etdirdiler. Bu ýagdaý Azadyň aňyrsyny bärik getirdi. Ol dişini gyjap, hüjüme geçdi. Wepanyň ýeňsesinden baryp, elindäki kitapdyr depderlerini depip goýberdi.

— Men size ýoluňyz haýyr bolsun diýýän!

Wepa Azat bilen nähili dikleşenini duýman galdy. Ol Azady aňyna-maňyna garaman, südenekledip barýardy. Azat beýle garşylyga garaşmandy. Hemişeki müzzerip ýören Wepany indi tanar ýaly däldi.

— Daýawlanypdyr-aý.

Azat şeýle diýdi-de, güýjünde baryny edip, omzady. Ýöne onuň edip bilen zady bolmady. Wepa baş berer ýaly däldi. Onuň şol inçemikligi bolsa, endam-jany demir ýaly gatydy. Has-da beteri, ondaky peýda bolan gaýraty diýsene! Ol ahyrky güýjüne çenli, ýan berjege meňzänokdy. Azat ýagdaýy aňyp, bedenini gowşatdy. Emma Wepa welin, äginerli däldi. Ol ýigrenç bilen Azadyň döşünden itip goýberdi. Azat arkanlygyna serrelip gaýtdy.

Wepa gaýdyp, özüne garşylyk görkezilmejegini aňansoň, ýerde dargaşyp ýatan kitapdyr depderlerini çöpläp, yzyna garaman gitdi. Onuň gürsüldäp urýan ýüregi ornuna syganokdy. Demini sojap alýan Wepanyň kalbynda bimöçber şatlyk möwç urýardy. Ol ilkinji gezek öz mertebesini gorapdy.

Wepa alňasak gadam urýardy. Ol kalbynyň rahat tapýan şol sähranyň çolalygyna ýetmäge gyssanýardy. Ýigit obanyň gyrasyna ýetip, suwly salmadan böküp geçdi. Tanyş ýodasy bilen haýdap başlady. Ýöne heniz iki ädimem ätmänkä, ýagyrnysyna degen kesek ony ör-gökden getirdi. Allaniçiksi bolup, yzyna gaňrylan Wepa gözlerine ynanmady. Onuň öňünde Mähri ýyljyraklap durdy.

— Mähri, sen bu ýerde näme işleýäň?

Mähri uly tolgunma bilen dillendi.

— Wepa, sen ony ýeňdiň!

Mähriniň begenjiniň çägi ýokdy. Onuň käse ýaly, balkyldaýan gara gözleri ýigide guwanç bilen bakýardy. Wepa birbada näme diýjegini bilmedi. Ol ahyrsoňy, özüni birneme dürsäp, gyza hoşamaýlyk bilen ýüzlendi.

— Mähri, bar, öýüňize gaýt.

— Bolmanda-da gaýtjak.

Mähri henizem ýyljyraklap durşuna, ýene öňki diýenini gaýtalady.

— Sen ony ýeňdiň!

Soňra gyz hyrra yzyna dolandy-da, gaty-gaty ýöräp gitdi. Mähriniň gujurlyja göwresi şatlykdan ýaňa, uçaýjak bolýardy.

Wepa birsalym böwrüne diň salyp, uzaklara nazaryny dikdi. Öňde goňşy obanyň baglary çala garalyp görünýärdi. Oňa tarap uzap gidýän inçejik ýoda egrem-bugram bolup, ýylgyndyr syrkynlaryň arasynda ýitip gidýärdi. Wepa tijenenini duýman galdy. Sebäbi bu menzili geçmek üçin, özüňe mazalyja agram salmalydy.

Bu menzil kämillik menzilidi.

# BAGTLY GELJEGIŇ NURY

**(Hekaýa)**

Kitaphanadan kitap aljak bolup eglenen Guwanç bu gün okuw otagyna hemişekileri ýaly, ir baryp bilmedi. Sapaklaryň başlanýanlygyny duýdurýan jaň kakylyp, däliziň ugry çolaryp galypdy. Okuw otagynyň ýapyk gapysynyň aňyrsyndan topardaşlarynyň sesi eşidilip durdy. Guwanç otaga girip bilmän, ýaýdanyp durdy. Topardaşlary bilen henizem öwrenişip bilmedik ýaş talyp, olaryň üstüne girmekligi kyn görýärdi. Aljyraňňy ýigit töweregine naýynjar garady. Däliziň ugrundan epeý ädimler bilen matematika mugllymy Gandym Orazowiç ýetip gelýän eken. Guwanç hasam aljyrap, gapa tarap gyssanmaç elini uzatdy. Otaga girenden Guwanjyň tolgunmadan ýaňa, ýüz-gözi lowlap başlady. Ol topardaşlarynyň synlaýjy nazarynyň astynda kynlyk bilen ornuna geçip oturdy.

Ilkinji synanyşykda ýokary mekdebe kabul edilen Guwanç topardaşlaryndan henizem ýadyrgap ýördi. Ol beýlekiler ýaly, gatylyp-garylyp gidibermän, gaýtam sussy peselip, barha çetleşmek bilendi. Topardakylar indi onuň bolşuny geňläp başlapdylar. Köpçülige goşulyp bilmän, boz-ýaz bolup oturan Guwanja igençli nazarlaryny aýlaýardylar.

Ýygralyk Guwançda çagalykdan bäri bardy. Ýigdekçe köpçülikde özüni erkin alyp baryp bilmän, deň-duşlarynyň ýanynda hemişe sussy pesdi. Ol nämedir bir zatda egsiklik edýän ýaly, beýlekiler bilen aýakdaş ýöräp bilenokdy. Şonuň üçin, her ädimde diýen ýaly, kinaýaly nazarlary duýup, özüne bolan ynamy barha gowşaýan ýigdekçe mumly ýüplük deýin, erksizdi.

Guwanç durmuşynyň näme sebäpden beýlekiler ýaly bolup bilmeýänligine akyl ýetirip bilenokdy. Durmuş onuň üçin gyzyksyz hem içgysgynç görünýärdi. Ýaş-ýeleňlerde adatça bolaýýan yşkbazlykdan hem, ol mahrumdy. Gyzlar edil dil birikdiren ýaly, ondan özlerini çetde saklaýardylar.

Guwanç mekdepde gowy okap, bar ünsi okuwa jemlenipdi. Inçe gylykly, aýdyň serli ýigidekçede zehin baýlygy joşup durdy. Guwanç irden mekdebe uly hyjuw bilen gelýärdi. Sapaklaryna jogap berşine haýranlar galyp oturmalydy. Emma, näme üçindir, soňabaka bady gaçyp, sussy peselip, bir nalajedeýine öwrülip duruberýärdi.

Ýokary mekdebe okuwa girmegi bilen ýigit ýagdaý üýtgär öýdüp umyt etdi. Emma ýene hemme zat öňki-öňküligine galdy. Guwanjyň ýene şol tukatlygy, gaýtam bu ýerde ýagdaý hasam çylşyrymlydy. Topardakylar edil saýlanyp-seçilen ýalydy. Oglan-gyz diýmän, hemmesi saýyrdaňdylar. Olar köpçülikde özlerini ynamly alyp barýardylar. Gözlüje ýaşyt juwanlarda birkemsiz kemala gelen edep-ekram bardy. Hemmesi deň tapbilerdiler, deň şadyýandylar. Biri-birleri bilen geň halda gatylyp-garylyp, degşip-gülüşmelerem üýtgeşikdi.

Guwanç gitdigiçe, ýalňyzlygyň girdabyna düşýärdi. Emma matematika sapagynda bolup geçen bir ahwalat onuň dadyna ýetişäýdi. Goja professor sapak başlanyp-başlanmanka, tagta bir meseläni ýazdy-da, çözgüdini tapmaklygy talap etdi. Hemmeler ähli ünslerini jemläp, bu çylşyrymly meseläniň çözgüdiniň gözlegine

çykdylar. Guwanç bolsa yzda hiç zada parh etmän, ümsüm otyrdy. Ol birsyhly penjireden daşaryk garaýardy. Sus oturan talyp ýigit mugallymyň ýanyna gelenini hem duýman galdy.

— Beýlekilere degişli ýumuş saňa degişli dälmi? — diýip, Gandym Orazowiç gatyrganjak ýaly etdi.

Üstüni basdyran Guwanç zöwwe ýerinden turup, müýnli dillendi.

— Mugallym, men bu meseläni ýönekeý usulda işläýdim.

Goja professor geňirgenmek bilen Guwanjyň öňündäki depdere gözüni aýlady.

— Sen örän dürs çözgüt tapypsyň. Hany, bu meseläni tagta çykybam işläp ber.

Öňe çykan Guwanç ynam bilen tagtanyň ýüzüne alamat baryny ýazyp çykdy. Diwary tutup duran uly tagtanyň ýüzünde ahyrky netijäni ýazmaga zordan ýer galdy. Halypa mugallym kanagalanmak bilen başyny atdy.

— Berekella!

Şol wakadan soň, Guwanja bolan garaýyş üýtgedi. Indi oňa hormat bilen nazar salýardylar. Başarnygyň bolsa, sylagyň ýetjek ekeni. Guwanja hasam gyzlar duýgudaşlyk edýärdi. Gyzlaryň içinde-de Maral tapawutlanýardy. Maral okuwa yhlaslydy. Şonuň üçin ol Guwanja ýygy-ýygydan ýüz tutýardy. Bu gyza gözi düşende Guwanç ilki, geň duýgyny başdan geçirip, hamala diýersiň, ony ozaldan tanaýan ýalydy. Maral, dogrudanam, Guwanç bilen gadyrly gatnaşyk edip başlady. Ol indi sapak döwründe Guwanç bilen bile oturyp, okalga-da bile gatnap ugrady.

Guwanç Marala düşünip durdy. Ol Guwanjyň zehininiň aşygydy. Guwanç Marala elde baryny edip kömekleşýärdi. Göýä, gyzyň elinden tutup, ylymlar dünýäsine aýlaýan ýalydy. Gyza kömek etmeklik Guwanjyň özüne-de hoş ýakýardy. Özüňi, garaz, näme-de bolsa, bir zatda rüstemligiňi duýmaklyk ýakymly ahyryn. Guwanç Maral bilen gitdigiçe ysnyşýardy. Muňa belki, Maralyň sada gylygy sebäp bolýan bolmagy-da mümkin. Gyz özüni hemişe çynlakaý alyp barýardy. Onuň tebigatynda kinaýaň düşnügem ýokdy. Guwanç ýalňyzlykdan halas bolup, özüne syrdaş tapynan ýalydy.

Maral görmegeý gyzdy. Eginleri terezilenip duran sahypjemal, ter bedenli diýilýänlerdendi. Saldamly hereketleri, nepis tebigatyna has-da görk berýärdi. Emma bu gözellik hakda Guwanç oýlanmaga-da, het edip bilenokdy. Onuňky diňe ruhy söýgüdi, diňe ynsanlarça höwrükmekdi.

Ýöne welin, ýigit gyza tarap barha köp mylaýym nazaryny aýlaýardy. Guwanjyň Maral bilen gitdigiçe köp derdinişesi gelýärdi. Olaryň geň halda ümi alyşýardy. Ikisini-de şol bir zatlar gyzyklandyrýardy. Maral ýigidiň durmuşynda uly ahwalata öwrülipdi. Özi üçin şeýle mähriban bolan bu dilber hakda Guwanç indi bir pursatlyk hem oýlanman durup bilenokdy.

Bir gün okalgadan çykyp gelýärkäler, Maral oslagsyz teklip etdi.

— Guwanç, ertir otagdaş gyzlar bolup, palaw bişirmekçi bolýas. Senem myhmançylyga çagyrýas.

Bu çakylyk Guwanjyň bada-bat ynjalygyny gaçyrdy. Ol ýaýdanýanlygyny gizläp durmady.

— Maral, çakylygyňyz üçin sag boluň! Ýöne meniň üçin bimaza bolmasaňyzlaň.

Maral erjellik bilen ýalbarmagyny dowam etdi.

— Ýaýdanyp durma-da, baraýsana, Guwanç. Otagdaş gyzlarymam okuwyna ökde topardaşyňa hezzet-hormat edeliň diýip goýanoklar.

Gidere ugur tapman, gyssaga düşen Guwanç birden dilinden sypdyraýdy.

— Maral, men otagdaş dostum bilen baraýaýyn?

— Baryberiň, näme aýby bar?

Guwanja otagdaş bolup, Mergen düşüpdi. Mergen harby gullukda bolup gelen salyhatly ýigitdi. Olar birek-birek bilen birkemsiz düşünişýärdiler. Maralyň çakylygyny eşiden Mergen höwes bilen ylalaşdy.

Ýöne Mergen myhmançylyga eli boş gitmekligi makul görmedi. Dükandan del miweden edilen mürepbe sowgat aldylar. Ýigitler mähetdel etmän, belleşilen wagtda häzir boldular. Gyzlar myhmanlaryny gadyr bilen garşy aldylar. Saçak yhlas bilen taýynlanan eken.

Maral joralaryny ilki Guwanç bilen tanyşdyrdy. Ony hormatlap düýpde oturtdy. Emma Guwanç saçagyň başynda sarpaly myhmanyň wezipesini berjaý edip bilmedi. Ol tolgunyp, boz-ýaz bolup otyrdy. Bu ýagdaý hemmeleri oňaýsyz ýagdaýda goýdy. Mergeniň geleni gowy bolaýdy. Ol dessine söhbetdeşligi ugrukdyryp goýberdi. Özüni örän şadyýan alyp barýan Mergen gepe-söze ökde ekeni. Onuň berýän gülküli gürrüňleri Maralyň joralaryny ala-ýaz etdi. Miwedir Jennet Mergen bilen tiz öwrenişip gitdiler. Barlygy-ýoklugy bildirmeýän Guwanja bolsa, hiç kim ähmiýet berenokdy. Hoşlaşmaly bolanlarynda Guwanç hasam tolgunyp, aljyraňňy halda zordan çykyp gaýtdy.

Şondan soň Guwanç Maraldan utanyp başlady. Ol indi gyz bilen öňküsi ýaly, içgin gürrüň edip bilenokdy. Birsyhly böwrüne diň salyp, ejap bilen ýüzüni çytýan ýigidiň ezýetli duýgulary başdan geçirýänligi görnüp durdy. Oňa seretseň nebsiň agyrýardy. Guwanjyň Mergen bilenem öňküligi ýokdy. Ara nähilidir bir dartgynlyk düşüpdi.

Bir gün gyzlar üýşüp teatra gitmekligi teklip etdiler. Bu ýagdaý Guwanjyň aňrysyny bärik getirdi. Emma boýun gaçyrmaga Guwançda hiç hili mümkinçilik bolmady. Ol bialaç köpçüligiň yzyna eýermeli boldy. Şadyýan hemdemleri bolsa, göýä, onuň tutuklygynyň üstünden gülýän ýaly ala-ýazdylar. Gyzlaryň hemmesiniň ünsi Mergende jemlenipdi. Mergeni bolsa, görmäge göz gerekdi. Ol özüni diýseň ynamly alyp barýardy. Ýigit geň halda mertebesini belent tutýardy. Şonuň bilen birlikde-de gyzlaryň hem mertebesini apalaýardy. Gyzlaryň göýä, gözellikleri hasam artan ýaly bolup, bu örän zereňli ýagdaýdy. Mergene beýle üstünligiň nähili eýgerdýänligine Guwanç akyl ýetirip bilenokdy. Göräýmäge, dosty artykmaç tagalla etmeýän ýaly, hemmesi öz-özünden bolup durdy. Göwresi guýlan kenek ýaly, gujurly ýigidiň edeni gelşip durdy. Ol özi duýmazdan, mylaýym tebigaty bilen töweregindäkileri maýyl edýärdi. Hatda sesini çykarman, ümsüm oturan çagy hem ýakymly täsir döredýärdi.

Guwanç bolsa, tersine, özüni diýseň oňaýsyz duýýardy. Häzirki tomaşanyň oňa asla ýaramaýanlygy bildirip durdy. Howy basylan ýigit töweregi bilen däldi. Ol häzir nämedir bir zat hakda gürrüň bermeklig-ä däl, hatda yňkyny çykarmaga-da het edip bilenokdy. Guwanç aljyrap, göwresini nähili tutjagyny bilmän, eşikleriniň egninde oturyşyndan göwni suw içenokdy. Özem nähilidir bir dartgynlygyň astynda gysynýardy. Hamana kesesinden özüne kinaýaly nazarlar dikilip duran ýalydy.

Teatrdan çykyp gelýärkäler Guwanç özüni hasam ýalňyz duýdy. Hemdemleri ony bir gyrada goýup, jebis bir halka öwrülipdiler. Şady-horram bolup, deň gadam urýan juwanlaryň arasyndaky ýönekeýje ynsanlarça gatnaşyk Guwanç üçin ýatdy.

Guwanjyň kalbyny indi başga bir pikir heýjana salýardy. Olam Maralyň Mergene has mynasyplygyny duýmagydy. Ýigidi gabanjaňlyk duýgusy otdan alyp suwa atýardy. Guwanç Maraldan jyda düşjegini hiç göz öňüne getirip bilenokdy. Özi üçin şeýle eziz ynsanyň başga birine ýar bolup biljegi, onuň üçin mümkin däl ýalydy. Gyzyň sada göreçlerinde ol diňe özüne degişli mähri duýupdy. Olar göýä, bir-birleri üçin, dünýä inen kysmydy. Emma göwnüne bolmasa, gyz ondan barha daşlaşyp barýan ýalydy.

Dogrudanam, Maralyň öňküligi ýokdy. Ol daşyndan şadyýansyran bolsa-da, ýygy-ýygydan böwrüne diň salyp durýardy. Ogrynça Guwanja nazar salýan gyzyň gözlerinde ikirjiňlenme duýulýardy.

Guwanjy gitdigiçe ýakymsyz pikirler basmarlaýardy. Ol indi öz-özünden howsala düşüp, Marala bolan duýgusy has güýjäpdi. Onuň göwnüne bolmasa, Maraly ýitirmegi bilen durmuşa bolan ähli örküni gidiräýjek ýalydy. Guwanjyň Mergen bilenem arasy mesaňa-mälim üýtgäpdi. Indi her gezek otagdaş dostuna gözi düşende ini tikeneкläp gidýärdi. Mergeniň ýagşy gylyklary, nurana keşbi hem ýowuz duýgy döredýärdi. Bagtyndan jyda düşürjek, janyndan eziz görýän dildaryny elinden kakyp aljak ýeser, eýsem, başga nähili duýgy döredip biler?!

Guwanç indi Mergeni göz astyndan sypdyranokdy. Mergen, dogrudanam, bir gün wagt gijigensoň, ýitirim boldy. Kalbyna gozgalaň düşen Guwanç ýer ýykyp, Mergeni agtarýardy. Onuň bolaýjak ýerlerini birlaý gözden geçirýärdi. Birdenem göwni bir zat syzan dek, bagyň içine tarap ylgady. Onuň çaky dogry hem bolup çykdy. Bagyň jümmüşindäki oturgyçlaryň birinde, hakykatdan hem, Mergen bilen Maral ýanaşyk otyr ekenler. Olaryň deňinden ok ýaly bolup geçen Guwanç hemme zady aýdyň gördi. Juwanlar Guwanjy görüp, müýn bilen başlaryny aşak saldylar.

Guwanjyň dünýäsi başyna ýumrulana döndi. Bagyň içinde heserlän ýaly, ters öwrülip ýörşüne näme işleýänini bilenokdy. Ol ahyrsoňy mejalsyz göwresini oturgyçlaryň birine goýberdi. Ýigit ejizläp, hünübirýan aglaýardy.

Gijäni çirim etmän geçiren Guwanç ertesi sapaklaryna barmady. Ýene şol çolaja ýerde başyny aşak salyp oturdy. Hemmeler bu wagt okuwda bolansoň, töwerek çolalykdy. Bagyň içinde işlän ýören bagban ýaşuly elindäki gaýçysy bilen baglary pürdeýärdi. Ýaşuly hysyrdanyp ýören ýerinden birsyhly Guwanja garanjaklaýardy. Ol ahyrsoňy işini goýup, bärligine tarap gaýdyberdi. Lapykeçlikden ýaňa, göreçleri doňup duran Guwanjyň ýanynda ornaşdy.

— Inim, halyň teň görünýä-le?

Guwanç sesini çykarman, turup gitmekçi boldy. Emma bagban ýaşuly ony goýbermedi.

— Ogul, gitme-de, otur meniň ýanymda. Üns bilen diňle meni. Seniň häzirki başyňa düşen şowsuzlyklar meniň üçin aýan, ogul. Beýle şowsuzlyklar seniň durmuşyňda gutulgysyz peýda bolaýmaly. Sen ogul, kän ruhy ezýetler çekensiň. Seniň başdan geçiren hupbatlaryňy men, hatda, göz öňüne-de getirip bilemok. Iň ýaman ýerem sen bu zatlaryň sebäbine düşüneňok. Seniň ömrüň bigörkliginiň sebäbi beden taýdan gowşaklygyňdyr.

— Ýaşuly, bir zat diýäýýäňiz! Meniň edenim tersine bolup dur. Men kembagt doglan. Hemmeler üstümden gülýä. Hemmeler äsgermezçilik bilen garaýarlar. Onsoň bu ýerde bedenimiň näme hilesi bar?!

Guwanç aglara gelip, gazap bilen jabjyndy. Ol umytsyzlykdan ýaňa, durky bilen saňňyldaýardy. Emma bagban ýaşuly ýigidiň otlukly sözlerini parahat diňledi.

— Gepem, ogul, hemme zadyň hut, beden sagdynlygyndadygy. Deň-duşlaryňdan salyň gowşak bolsa, sussuňam pes bolýar. Bu inçe ýol, ogul. Bu zatlara düşünmeklik üçin, baý durmuş tejribesi gerek. Men seni başdan göz astyna alypdym. Sen ala-böle beýlekilerden tapawutlanýardyň. Öz ýanymdan, älhepus, munuň lellimligini diýip, saňa haýpym gelerdi. Beden sagdynlygy durmuşda uly ähmiýete eýe bolýar. Ynsan tebigaty şol esasda kemala gelýär ahyryn.

Ýaşuly az-kem sözüne dyngy berip, çalaja ýylgyrdy.

— Dogrusyny sözlesem, ogul, menem seniň taýyňdym. Menem seniň ýaly gowşakdym. Ýöne kalbyma nireden gelenini bilemok, men ýalňyz çykalgany pent edindim. Meniň bilenim-bitenim pyýada ýöremek boldy. Paýu-pyýada külterlän ýolum juda alysdyr. Şu pişämiň özi hem meni halas etdi. Men gün-günden başga adama öwrülip barýardym. Bedenime gelip gowuşýan güýji özümem duýup, maksadyma, bagtyma ýetip, hakyky adama öwrüldim. Senem ogul, meniň aýdanlaryma parh goýaý.

Ýaşulynyň sözlerini demini alman diýen ýaly diňleýän Guwanç çekinjeňlik bilen sorag berdi.

— Beýlekiler nähili güýçli bolýarlar, atam? Olaram ýöräp güýç toplaýarlarmy?

— Ýok, ogul, olara sagdynlyk doga berlen. Ýöne munuň ähmiýetine olaryň özlerem düşünýän däldirler. Tebigatyň syry köp. Hemme çaga deň dünýä inmeýär. Käbiri sagdynja bolup kemala gelýär, käbiri bolsa gowşak bolýar. Ýöne isleseň, şol gowşaklygam ýeňip bolýar ekeni.

— Ýöräniňden sport bilen meşgullansaň has netijeli bolmazmy?

— Elbetde, bolar. Ýöne munuň üçin tutanýerlilik gerek. Käbir kişi sähel wagt türgenleşip maksadyna ýetäýjek bolýar. Emma bedeniňi ösdürmek üçin, örän kän tagalla etmeli. Hatda, tutuş ömrüňi bagyş etmekligem hebes däldir.

Guwanç ýaşuly bagbanyň ýanyndan nähili turup gaýdanyny bilmedi. Ol indi gyssanyp, tizräk menziller aşasy gelýärdi. Talyp ýigit üçin hemme zat aýdyňlaşypdy. Durmuşyndaky şowsuzlyklaryň sebäbini bagban ýaşuly Aý dogan ýaly aýan edipdi.

Gury söz bilen aýdylan öwütleriň hemmesi maňzyňa batyp duranok. Ýöne ýaňky aýdylan sözler welin, Guwanjyň ýüregine jüňk boldy. Sebäbi bu sözler onuň özi üçinem makuldy. Durmuşda çykgynsyz ýagdaý bolmaýar ahyryn. Guwanç başyna düşen külpetleriň ahyrsoňy syrylyp gitjekligine ynanypdy.

Guwanç golaýdaky uly ýoluň giň ýanýoluna düşüp, gadam urup başlady. Onuň ilkinji ädimleri hakykatdan hem, ysgynsyzdy. Aýaklary ýer tutmaýan ýaly, iki ýana entirekläp gidip, mejalsyz göwre bükülgiliginden ýazylanokdy. Ýoňsuz aralygy ýöräp geçen Guwanjyň hereketleri azda-kände endiganlaşdy. Bedenine aralaşýan ýakymly argynlygy talyp ýigit lezzet bilen duýdy.

Baga bürelgi ýanýolyň ugry saýalydy. Ümürsin bolup oturan bezeg ösümlikleri jana şypaly serginlik döredýärdi. Oklaw ýaly göni ýanýol aňyrsyna-bärsine göz ýetmeýän köwegi ýada salýardy. Baglaryň gyradeň pürdelenen şahalary enaýy ötelge döredipdi.

Wagtyň gündizligine garamazdan, kölegeli ýanýol alagaraňkydy. Diňe hol, öňde Gün şöhlesiniň bol düşýän bir bölejik ýeri ala-böle ýagtylyp durdy. Şol ýagtylyga gözi düşen Guwanjyň ýüregi biygtyýar gobsunyp gitdi. Ol ýagtylyk göýä, bagtly geljegiň nury deýin, täsin görnüşde öwşün atýardy.



## AK BULUTLARYŇ ÝALKYMY
**(Hekaýa)**

Azat irden mekdebe gelenden, kalbyny heýjana salan waka ýüze çykdy. Hasam owadanlanan ýaly bolan Bahar ýanyna gelip, haýyş bilen ýüz tutdy.

— Azat, öý işine kömek etsene. Matematikadan ahyrky deňlemäni çözüp bilmedim.

Bu garaşylmadyk ýagdaýa ýigidiň ýüregi gobsunyp gitdi. Ol tolgunjyna bir agzam gürläp bilmedi. Diňe gyzyň elindäki kagyzy alyp, oňa gyssanmaç meseläniň çözgüdini ýazdy. Bahar minnetdarlyk bilen näzli ýylgyrdy.

— Sag bol, Azat!

Azat mekdepde göreldeli hem edepli okuwçylaryň biridi. Hemişe özüni salyhatly alyp barýan ýigit, diňe okuw bilen mübtelady. Geçilýän sapaklara jany-teni bilen ýapyşyp, ýokary bahalary almaklyga çalyşýardy. Ýigidiň tebigatynda nähilidir bir içki gözellik duýulýardy. Oňa nazar salanlaryň kalbynda ýakymly duýgy peýda bolýardy.

Ýöne ýigidiň hemişe ýüzi aşakdy. Töweregi bilen kän mazasy ýokdy. Oňa nähilidir bir yzaly duýgy azap berýän ýalydy. Azadyň kalbyndaky bu galagopluk köplere mälimdi. Ol synpdaş gyzy Baharyň yşkyndady. Bahar örän görk-görmekli, hereketleri saldamly, agras häsiýetli gyz, Aý dek jemallydy. Ol kän şagalaň-şowhuna goşulyp ýörmän, ornunda ümsüm oturýardy. Ondan näme üçindir, ýigitleriň sussy basylýardy.

Göräýmäge biri-birine mynasyp, bu juwanlaryň arasyndaky gatnaşyk aýdyň bolaýjak ýalydy. Emma nähilidir bir nämälimlik höküm sürýärdi. Ýigit ilkinji ädimi ätmeklige aýgyt edip bilenokdy. Muňa gyzyň özüni alyp barşyndaky geň ýagdaý sebäp bolýan bolmagy-da mümkindi. Baharyň gylygy üýtgäp durdy. Onda wagtal-

wagtal sowuklyk peýda bolýardy. Şonda ol ýigit üçin elýetmez şaha bolup görünýärdi.

Ynha, bu gün welin, umyt uçguny köräpdi. Bahar ýaz güli kimin açylypdy. Gyz garşy-garşy ýigidiň ýüzüne mylaýym nazaryny aýlaýardy. Ruhy ýeňlän ýaly bolan Azat tanalmaz derejede özgerdi. Onuň edenem ugruna boldy durdy. Sapaklarda örän gowy jogap berdi. Ahyrky bedenterbiýe sagadynda bolsa, hut algyr laçyna döndi. Woleýbol oýny boýunça iki ýanaşyk synpyň oglanlarynyň arasynda bäsleşik geçirildi. Dogum bilen uçganaklaýan Azat esasy oýunçylaryň biridi. Uzyn boýly, çalasyn ýigidiň hereketlerine göz ilenokdy. Gyzlaryň arasynda gözellik patyşasy ýaly, saýlanyp duran Bahar oňa ogrynça nazar aýlaýardy.

Azat okuwdan ganatlanan ýaly bolup gaýtdy. Ol bu günki ýaly, hiç wagt özüni bagtyýar duýmandy. Baharyň näzik garaýşy ýigidiň göz öňünden aýrylanokdy. Azat belli-külli karara geldi. Gyza söýgüsini aýan etmekligi ýüregine düwdi. Özem hat üsti bilen aýan etmeli. Haty bolsa, Aýnurdan ibermeli.

Azat birden töweregine ýaltaklanyny duýman galdy. Gözleri bilen Aýnury agtardy. Aýnur hol, yzdan assa basyp gelýän ekeni. Ýigit oňa tä deňine ýetinçä, garaşyp durmaly boldy.

— Aýnur, näme üçin yza galýaň?

Gyz kine bilen ýüzüni turşutdy.

— Yzyňy eýgerip bolýamy näme.

Aýnur goňşy gyzdy. Azat çagalykdan onuň bilen bile oýnap ulalypdy. Olar biri-birine halys öwrenişip gidipdiler. Okuwa-da bileje gatnaýardylar. Ekiztaýy ýaly, hemişe tirkeşip ýörensoňlar, olary indi hiç kim geňläbem duranokdy.

— Saňa bir ýumşum bar welin, bitirermiň?

Aýnuryň gözleri bilesigelijilik bilen ýiteldi.

— O nämäň ýumşy?

— Bahara hat ýazsam, eltip berermiň?

Gyz birbada sesini çykarmady. Soň göwünsiz dillendi.

— Men-ä şol köpbilmişi halamok.

— Halamasaňam gaýrat et, Aýnur.

— Elt diýseň, eltip bereýin, ýöne bilip goý, şo gyz, gowy gyz däl.

Ýigit ynjalmak bilen uludan demini aldy.

— Sen gowşursaň bolýa.

Azadyň şol gün öýde karary ýetmedi. Zowzuldap ýörşüne, näme işleýänini bilmedi. Bahara habar gatmak, onuň üçin uly wakady. Ýigit tolgunma bilen söýgi hatyny ýazdy. Ony telim göçürip, ahyrsoňy göwnüne jaýlap goýdy. Ertesi bolsa, wawwasy bar ýaly edip, Aýnura gowşurdy.

— Öz eline bergin!

Azat şol gün mekdepde iňňäň üstünde oturan ýaly boldy. Ýüregi gürsüldäp, ornuna sygmaýan ýigit Baharyň oturýan tarapyna seredibem bilenokdy. Birbada imi-salalyk boldy. Üçünji sapakda, duýdansyz ýyldyrym çakan ýaly boldy. Öwezmyrat mugallym ýaňy sapaga girişipdi welin, Bahar sen-men ýok, ornundan turup, bärligine gaýtdy. Gele-gelmäne-de, elindäki hatly bukjany Azadyň öňünde patladyp goýdy.

— Kime hat berýäniňi tanap bergin! — diýip, Bahar öz ornuna geçip oturdy.

Bu garaşylmadyk ýagdaý hemmeleri oňaýsyz ýagdaýda goýdy. Hatda Öwezmyrat mugallymyň hem ýüzi üýtgäp gitdi. Ýöne mugallym syr bildirmän, sapagy dowam etdirdi-de, bu dartgynly ýagdaýdan baş alyp çykaýdy.

Ýüzüne urlan ýaly bolan Azat utanjyndan ýere girip bilenokdy. Ýerinden butnamagyň hem alajyny tapanokdy. Gözlerini bir nokada dikip, doňan ýaly bolup oturan ýigide hemmeler haýpygelijilik bilen seredýärdiler. Azat mekdepden nähili çykyp gaýdanyny bilmedi.

Azat öýlerine gelibem ynjalyk tapmady. Kalbynda kyýamat gopana dönen ýigit başyny nirä urjagyny bilenokdy. Ýowuz bir duýgy kanagadyny aldym-berdime salýardy. Birdenem ol üzümli pellerine girip, ýer depmäge başlady. Ýigdekçe derini saçyp, özüne zor salýardy. Azat şeýtmek bilen kalbyndaky dartgynlygy egismäge çalyşýardy.

Mekdepden gaýdyp gelen oglunda bir näjaýlygyň barlygyny Aýsoltan bada-bat aňypdy. Ýöne oglunyň agzyndan söz alyp bilmejegine gözi ýetik ene Aýnurlara ylgady. Aýnur hiç zady ýaşyryp durmady, hemmesini Aý dogan ýaly etdi.

— Men şo köpbilmişiň adyny tutma diýdim. Şol gowy gyz däl diýdim. Ýöne onda-da, Azat şo diýip, ölüp-öçüp barýa.

Aýsoltan goňşularyndan sesini çykarman gaýtdy. Ene oglunyň düşen halyna uçurnyk bolýardy. Ýöne oňa nähili medet berjegini bilenokdy. Diňe, kämahal bir başyny galdyrman, işläp ýören perzendiniň kesesinden synlap gaýtmakdan başga elinden gelýän zat ýokdy.

Azat üçin ejirli günler başlandy. Onuň üçin indi hiç zadyň mazasy ýokdy. Ol ýowuz şarpyk dadypdy. Durmuşda hemme zat buýsançly ýigidiň göwnünde besleýşi ýaly bolanok ekeni.

Azadyň ýalňyz gaçybatalgasy mellekde işlemek boldy. Ony häzirki suslukdan diňe zähmet halas edýärdi. Üzümli pelleriň köp bölegi sanlyja günüň içinde depilip gutaryldy. Giden meýdan çepbesine çöwrülip ýatyrdy. Azat iňrik garalyp, işini tamamlansoň hem mellekde eglenýärdi. Üzümli pelleriň gyrasyndaky çile çykyp oturýardy. Şeýle pursatlarda onuň göwrümi birneme giňän ýaly bolýardy.

Azadyň näme üçindir, heniz gyş ukusyndan oýanmadyk baglara syny düşüpdi. Ol gijäniň garaňkysynda, diňe şaha bolup oturan derekdir söwütlere uzak wagtlap nazaryny dikip oturýardy. Çygly ýellere zaryn şuwlaşýan bu agaçlar nähilidir bir geň duýgyny oýarýardy. Azat indi mesaňa-mälim çuslanypdy. Ol alabaharyň jybarly howasyndan kükregini dolduryp dem alýardy. Yzgarly toprakdan göterilýän melul ediji ysdan mährini gandyryp bilenokdy. Ýigidiň ahmyrly kalby başga söýginiň yşgyna düşüpdi. Ol topraga aşyk bolupdy. Täsin bir dünýä ony öz goýnuna dolap alypdy. Gujur-gaýrat bilen gaýnap-joşýan Azat indi düwlen ýumruga dönen kysmydy. Onuň tutumly işleriň başyny tutasy gelýärdi. Ýetginjekligiň gögele dünýäsinden arany açyp, durmuşda özbaşdak gadam urasy gelýärdi.

Mekdebi tamamlansoň, Azat haýsy käriň başyny tutjagyny bilmän, ikirjiňlenip oturmady. Ol agronomçylygyň ýokary mekdebine maňlaýyny diredi. Ýigit örküni toprak bilen baglady. Onuňky ugruna-da boldy. Obadan gelen ýetginjegiň yhlasy bada-bat duýuldy. Ol ilkinji synanyşykda ýokary mekdebe kabul edildi.

Talyplygyň her güni toý-baýram ýaly boldy. Ýokary mekdepde ýigit köp zatlary öwrenýärdi. Toprak bilen baglanyşykly ylma baş goşanlygyna tüýs ýürekden begenýärdi. Bu ylym set-müň täsinliklerden doly, giden bir dünýä ekeni.

Şatlyk gelse, goşa geler ekeni. Talyplyga ýaňy aýak basan Azadyň durmuşynda ýadyna-oýuna düşmejek waka bolup geçdi. Oslanmadyk ýerden oňa Bahar jaň etdi. Gyzyň mylaýym sesini eşiden ýigidiň tolgunmadan ýaňa, tas ýüregi ýarylara gelipdi.

— Azat, talyplygyň bilen gutlaýan! Okuwda üstünlik gazan!

Azat esli wagt jogap berip bilmedi. Ýuwdunyp-ýuwdunyp, ahyrsoňy kynlyk bilen dillendi.

— Sag bol, Bahar! Özüňem gutlaýan!

Baharyň Ykdysadyýet institutyna girenliginden Azat habarlydy. Ýöne bir şäherde bolsalaram oňa habar gatmaklyga het edip bilmändi.

— Azat, görneňok-la? Teatra-da çagyraňok. Ýa synpdaşyňy eýýäm ýatdan çykardyňmy?

Gyzdan beýle ýyly sözlere garaşmadyk Azat yzyndan ýagy kowup gelýän ýaly, gyssanmaç gürledi.

— Teatra gideris, Bahar, hut, ertiriň özünde gideris!

Ýigit şondan soň, näme işläp, näme goýýanyny bilmedi. Onuň Bahara bolan hyjuwy täzeden janlandy. Indi Azat diňe, Bahar hakda oýlanýardy. Kalbyna yza berip gelen ýakymsyz oý-pikirleriň hemmesi sumat bolupdy.

Ýigidiň ilkinji gezek gyz bilen seýle çykyşydy. Onda-da kim bilen diýsene! Bahary görmäge göz gerekdi! Ol eýýäm geýnişinem üýtgeden ekeni. Saçyny gözellik öýünde rejeledipdir. Gyz diýseň uzsuraýardy. Ol diňe öz zynaty bilen çäklenmän, Azadyň üst-başyna-da esewan edýärdi. Uçganaklap duran uzyn boýly, hoşsurat ýigidiň kaddy-kamatyndan gyz hoşal bolan bolara çemeli, mylaýym ýylgyryp oňaýdy.

Azat Baharyň ýanynda özüni täsin düýşde ýaly duýýardy. Göýä gözellik dünýäsini gulaçlap ýüzýän ýalydy. Azat golaýjagyndaky aşa görmegeý gyzyň mähir-muhabbetinden bimar bolupdy. Damarynda gyzgyn gany dyňzap duran juwan ýigit üçin, şeýle gözellige guwanmakdan başga bagt ýok ýalydy.

Azat indi Bahar bilen her duşuşyga minudyny sanap garaşýardy. Ol üst-başyna sagatlarça wagtlap timar berýärdi. Ýigit özünden edilýän talaby bilýärdi. Ol aşa sypaýy geýinmeli, aşa görmekli bolmalydy. Juwanlar teatra giderdiler, ýa gözel seýilgähleriň birinde gezelenç ederdiler. Duşuşyklar gitdigiçe uzaýardy. Azadyň şeýle şirin pursatlarda içgin gürrüň edesi gelýärdi. Onuň kalby näzik duýgulardan pürepürdi. Aslynda aşyk-magşuklaryň duşuşygy pynhan söhbetlerden ybarat bolmaly dälmi, eýsem? Ýöne näme üçindir, ýigidiň bu maksady başa baranokdy. Gyz bilen içgin derdinişip bilenokdy. Sebäbi Bahar hemişe Azady asla, gyzyklandyrmaýan zatlar dogrusynda gürrüň edýärdi. Ol gürrüňler diňe, gyzyň özüne degişli gürrüňlerdi. Haýsydyr bir ýyldaş gyzynyň täze köýnek geýenligi, ýöne şol gyzyň geýen köýneginiň reňkiniň juda ýitiligi baradady. Azat barha, gyzyň ýanynda özüni oňaýsyz duýýardy. Ol Baharyň yzyny kesmän, berýän gürrüňlerini kanagat edip diňlemeli bolýardy. Özüniň bolsa, kelam agyz dil ýarmaga mümkinçiligi bolanokdy.

Wagtyň geçmegi bilen Baharyň gylygy üýtgäp başlady. Ol indi Azada nägilelik bilen nazar salýardy. Gyz özüniň janygyp-janygyp berýän gürrüňleriniň ýeterlikçe üns bilen diňlenmeýänliginden nadyldy. Bahar kine bilen sesini çykarman oturmaklygy çykardy. Soňky duşuşyklarynda bolsa, garaşylmadyk sözleri orta atdy.

— Azat, meni utandyrýaň. Her gezek şol bir eşigiňde gelýäň.

Azat şol günki duşuşykdan keýpsiz gaýtdy. Kalby ýakymsyz duýgulardan pürepür bolansoň, ulagam peýläp durmady. Ýoňsuz aralygy paý-pyýada geçdi. Ýigit indi böwrüne diň salýardy. Bahar onuň göwnünde besläp ýören Baharyna asla meňzänokdy. Ol düýbünden başga hili bolup çykdy. Ýigit ham-hyýalda bolup, öz göwnüne osup ýören bolsa nätjek.

Azadyň gyz bilen indiki duşuşyga gitmäge höwesi ýokdy. Onuň sagatlarça wagt aýnaň öňünde durup, özüne timar beresi gelenokdy. Gedemlik bilen dumly-duşa görk-görmegini güjeňläsi gelenokdy. Ol gyz bilen seýle çykmaklygyň beýle hupbatlydygyny asla oýuna-da getirmändi.

Azat bir bahana bilen indiki duşuşykdan boýun gaçyrdy. Şol bada-da gyzdan belli-külli jogap eşitdi.

— Soňam geljek bolup durma. Seň üçin gözüm-gaşym çekip duranok.

Ykbaly kesgitleýän bu towly sözleriň ýüzugra suňşurylyp goýberilmegi Azady ör-gökden getirdi. Ýüregiň teýinde beslenip ýören şirin arzuwlar bir zarbada berbat boldy. Ýigit kalbyny sarsdyran bu garaşylmadyk wakadan soň, wagty bilen özüni dürsäp bilmedi. Ol indi näme üçindir, birsyhly Aýnur hakda oýlanýardy. Aýnuryň sada keşbi göz öňünden aýrylanokdy. Aýnury Bahar bilen deňäniňde, düýbünden başga häsiýetlidi. Ol ümsüm tebigatlydy. Gyz hemişe Azada duýgudaşlyk bilen garardy. Onuň aýdanlaryny üns bilen diňlärdi. Näme üçindir, hiç wagt olaryň pikiri çapraz gelmezdi. Hemişe biri-biri bilen ýürekden derdinişerdiler. Olaryň öz oturýanja ýerlerem bardy. Çagalykdaky ýaly, soň-soňlaram garry tuduň saýasyndaky oturgyçda ýanaşyk oturyp, asmandaky göç edýän ak bulutlara tomaşa ederdiler.

Azat hiç wagt Aýnura ähmiýet bermän gelipdi. Gyzyň birsydyrgyn, mylaýym yhlasyny jogapsyz galdyrypdy. Azat bu biparhlygyň sebäbine düşünip bilenokdy. Megerem, ol ýetginjekligiň şirin göwün ýüwürtmelerine gümra bolup ýörendir? Megerem, süýji hyýallaryň göz gamaşdyryjy öwşünlerine öz erkini aldyrandyr?

Azadyň birden Aýnury göresi geldi. Özi üçin, şeýle eziz ynsana täzeden nazar salasy geldi. Azat ertesi irden gyssanmaç ýola düşdi. Ilki ugraýan ulaga münüp, oba salymyny bermän bardy. Aýsoltan ogluny görüp, ynjalykdan düşdi.

— Oglum, näme zerurlyk boldy? Näme üçin okuwyňy taşlap gaýtdyň?

— Dynç güni bolansoň, gaýdyberdim, eje. Seň bişiren palawyňy iýesim geldi. Dessine atarsana, doýdugym, ýola düşjek.

— Palawyň işi haýyr, oglum. Ýöne okuwyňa bigeleňlik etmegin.

— Arkaýyn bol, eje.

Azat şeý diýip, gyssanmaç daş çykdy. Alada galan Aýsoltan oglunyň nirä ýönelenligini biljek bolup, penjireden garady. Onuň Aýnurlara tarap haýdap barýanyny görüp ynjaldy. Çalaja ýylgyran enäniň ýüzi birgeňsi ýagtylyp gitdi.

Azat Aýnurlara baranda, Keýik daýza daşarda ekeni. Ol sypaýy geýnüwli Azady şatlyk bilen garşy aldy. Hemişeki bolşy ýaly, kiçigöwünlik bilen ikelläp görüşdi.

— Tüweleme, eýýäm talyba meňzäpsiň. Aýnur jan şähere öwrenişip bilýämikä diýip, şu günem seni ýatlap otyrdy. Häzir ony çagyraýyn.

Keýik daýza şeý diýip, mal ýataga tarap gitdi. Birsalymdan ýatagyň agzynda eli çarşakly Aýnur göründi. Gyzyň ýüzünde uçursyz şatlyk möwç urýardy. Ol elindäki çarşagy taşlap, bärligine tarap haýdaşlap gaýtdy. Gele-gelmäne-de ejesi ýaly, ikelläp görüşdi.

— Halyň niçik, talyp?

Juwanlaryň ikisem özleri duýmazdan, hemişeki oturýanja ýerlerine tarap ýöneldiler. Garry tuduň astyndaky oturgyçda ýanaşyk oturdylar. Aýnur birsyhly ýylgyryp, Azadyň ýüzüne garanjaklaýardy. Ol häzir üst-başynyň o diýen ýaraşykly däldiginden ejap edip duranokdy.

— Sen eýýäm üýtgäpsiň.

Azat sesini çykarman, ýylgyrmak bilen oňdy. Häzir onuň kelam agyz dil ýarasy gelenokdy. Ýigit ýakymly pursaty başdan geçirýärdi. Onuň kalbyny ýene şol tanyş imi-salalyk gurşap aldy. Özüne eziz bolan bu imi-salalygy Azat ýüregi bilen syzýardy. Mawy asmandaky lemmer-lemmer ak bulutlar ýene öňküleri ýaly, kerwen gurap göç edýärdi. Güýzüň tämiz howasynda bulutlaryň ýalkymy has-da ýitelen ýalydy. Ýigit birden kalbyndakyny aýdyp goýberdi.

— Seni göresim geldi, Aýnur!

Gyz geňirgenmek bilen gözlerini tegeledi. Bu oslagsyz aýdylan sözler Aýnuryň kalbyny gozgalaňa salanlygy görnüp durdy. Aýnur tolgunjyna ýüzüni bir aňryk sowup, birdenem bärsine öwrülip, ýigide tarap nazaryny aýlady. Azat ýene şol sözlerini gaýtalady.

— Aýnur, hakykatdanam, seni göresim geldi.

Gyz indi sesini çykarman, dogrusyna garap otyrdy. Birden onuň gözleriniň owasy nemlendi-de, hünji ýaly ýaş ýaňaklaryndan syrygyp gaýtdy. Bu ýagdaýy golaýjakdan synlap oturan Azadyň ýüregi gobsunyp gitdi. Ol janyndan syzdyryp gürledi.

— Aýnur, seni söýýän ekenim, muňa diňe indi düşünip galdym. Maňa ömürlik ýar bol! Ykbalymda bagt ýyldyzym bolup, nur saç!

Gyz ýagşydan-ýamandan sesini çykarmady. Diňe gözýaşyny syldy-da, uzaklara nazaryny aýlady. Soňam Aý dek, öwşün atýan jemalyny nurlandyryp, bärsine bakdy. Intizar garaýan sada göreçlerde çäksiz söýgi hem-de wepadarlyk bardy.



# ARÇALARDAKY TÄZE ÝYL ÖWÜŞGINLERI
## (Hekaýa)

Synagdan üstünlikli geçse-de, Röwşeniň keýpi ýokdy. Ol synagda Azatça jogap berip bilmedi. Azadyň bu günem zehini daş ýardy. Mugallymyň goşmaça beren soraglaryna-da Azadyň jogap gaýtaryşyny diýsene! Goja professor kanagatlanmak bilen başyny atdy oturdy.

Röwşen Azat bilen bir otagda ýaşaýardy. Azat sagdyn bedenli, görmegeý ýigitdi. Ol hemişe şähdaçyk bolup, sport bilen yzygiderli meşgullanýardy. Gysga aralyga ylgamakda ýokary netije gazanýardy. Azat örän owadan gyzyňam göwnüni awlamagy başardy. Edep-ekramly Mähri uniwersitetde höwes edilýän gyzlaryň biridi. Aşyk-magşuklar söýgülerini ýaşyrybam duranokdylar. Biri-birine mynasyp bu iki juwana hemmeler guwanýardy.

Otagdaş dostunyň gazanýan üstünlikleri Röwşeni biparh goýanokdy. Ol syr bildirmezlige çalyşsa-da, hyruç bilen içini hümledenini duýman galýardy. Röwşen buýsançly ýigitdi. Onuň hiç kimden pes oturasy gelenokdy. Azat bilen-ä hasam ekjeşesi gelip dur. Ýöne bu bahyllyk däldi. Ol Azadyň özünden ökdeligi üçin däl-de, özüniň Azatça bolup bilmeýänligi üçin örtenýärdi. Röwşen ähli güýjüni okuwa tijedi. Gije-gündiz diýmän, synaglara taýynlyk gördi. Ol şeýtmek bilen öz rüstemligini görkezmekçidi. Emma Azat ýene ökde geldi.

Keýpi bozuk Röwşen otaglaryna gelip sus otyrdy. Onuň ýüzi barha gamaşýardy. Röwşeniň bolşuny aşaklyk bilen synlaýan Azat dostunyň halyndan habar aldy.

— Röwşen, keýpiň ýok-la?

Röwşenden jogap bolmady. Azat dostuny ýene erkine goýmady.

— Röwşen, näme üçin gyssanaňok? Otludan gijä galsaň, Täze ýyly öýüňizde garşylap bilmersiň.

— Men oba gitjek däl.

Howlukmaç ýol şaýyny tutýan Azadyň gözleri tegelendi.

— Ýeke galyp, bu ýerde näme işlemekçi?

Röwşen kitüwli jogap gaýtardy.

— Geçilen sapaklary täzeden gaýtalajak.

Azat esli salym böwrüne diň salyp durdy, soň dostunyň garşysyna geçip oturdy.

— Röwşen, sen okuwa taýynlyk göreňde, juda kän güýç sarp edýäň. Elbetde, bu gowy zat, ýöne arasynda dynjam almaly. Okan zatlaryňy mazaly özleşdirmek üçin, zehiniň dury bolmagy gerek.

Emma Azadyň bu janykmasyna Röwşen parh etmedi. Onuň ýüzi açylanokdy. Dostunyň bolşundan göwni suw içmedik Azat, lapykeçlik bilen goşlaryny eline aldy.

— Täze ýylda görüşýänçäk, sag bol, dost!

Azat şeý diýip, çykyp gitdi. Onuň gitmegi bilen hemme zat birden üýtgedi. Hemişeki gelim-gidimli, şadyýan otaga susluk aralaşdy. Röwşeniň bada-bat gylawy ýatdy. Ol diňe Azada bäsdeşlik etmekden hyjuw alýan ekeni. Indi onuň eline kitap alasy gelenok.

Röwşeniň ýeke özi öýde oturasy gelmän, köçä çykdy. Howa birneme sowapdyr. Garalyp duran asmandan maýdaja gar sepeleýärdi. Töwerek çal dona bürenip başlapdyr. Gyşyň tämiz howasyndan dem almak ýakymlydy. Dumly-duşda baýramçylyk ruhy höküm sürýärdi. Ýol ýakalaryndaky arçalarda Täze ýyl yşyklary öwşün atýardy.

Röwşen henize çenli, Täze ýyly şäherde garşylap görmändi. Şonuň üçin, ol töweregine bilesigelijilik bilen seredýärdi. Täze ýyl baýramçylygynyň dabarasy hemme ýerde-de birmeňzeş ekeni. Onuň özboluşly lezzeti eýýäm ýigidiň kalbyny gaplap aldy. Röwşeniň göwni nirädir bir ýere atygsaýardy. Ýakymly duýgular gozgap, ýürek şirin hyýallara meýillenýärdi.

Ýigit birden özi duýmazdan, duralga tarap ýöneldi. Röwşeniň münen ulagynda adam kändi. Emma oňaýsyzlyk duýlanokdy. Keýpiçag adamlaryň ýüz-gözleri gülüp durdy. Ýolagçylar ulagyň eltutaryna el uzatjagam bolman, göýä, ysnyşaslary gelýän dek, biri-birlerinden ýapyşyp durdylar. Röwşenden ýapyşan ellerem gyt bolmady. Ýaşy birçene baran, çal saçly aýal wagtyhoş degişdi.

— Hanym, berkje ýapyşaweri, eliň sypdyrdygyň, biziň barymyz ýere ýazylarys.

Garrynyň aýdan bu sözlerine hemmeler gülüşdi. Röwşeniň çep tirseginden bir gyz emaý bilen tutup durdy. Gyz golaýjakda bolansoň, Röwşen onuň dem alşynam duýýardy. Gyz birsyhly ýylgyryp, ýigidiň ýüzüne şadyýan garanjaklaýardy. Belki, adaty günler bolanlygynda, bu ýagdaý geňräk görülmegem mümkin. Ýöne häzir welin, ýagdaý başgaçady.

Şäheriň merkezindäki duralgada adamlaryň köpüsi düşermen boldy. Ýigit ilki düşdi. Ol yzyndan gelýän gyza-da kömek etmek üçin, elini uzadanyny duýman galdy. Gyz birenaýy ýylgyryp, mylaýym seslendi.

— Sag boluň!

Bu ýagdaý duýdansyz bolup geçdi. Minnetdar bolan gyz Röwşeniň öň ýanjagazyndan assa basyp barýardy. Emma ýigidiň oňa habar gatmaga bogny ysmady.

Nepis bezelen Täze ýyl arçasynyň töweregi jemendeden doludy. Onuň golaýyna barar ýaly däldi. At gaýtarym meýdançany dolduryp duran keýpiçag adamlar bagşylaryň ýerine ýetirýän aýdym-sazyna üýtgeşik lezzet bilen diň salýardy. Duran ýerlerinde üýşüp, tans edýänlerem bardy. Baýramçylygyň şüweleňine köpleriň boýunlaryna ýaldyrawuk gurşun bezegjikler oralgydy.

Tebigatyňam bu baýramçylygy goldasy gelýän ýaly, howanyň ýüzündäki gar tozgajyklary täsin öwrümjikler edip, ýere emaý bilen düşýärdi.

Köpçüligiň içinde hälki gyz ýene Röwşeniň gözüne kaklyşdy. Gyzam ýigidi gördi. Gyz göýä, ozaldan tanyş ýaly ýylgyrdy-da, bärligine gaýdyberdi.

— Arçanyň ýanyna baryp bolmazmyka? Şo ýerini görüp bilmesem, gaty gynanjak-da.

— Synanyp göräýeliň — diýip, Röwşen ilgezik jogap berdi. Ol gyzyň öňüne düşüp, hümer bolup duran märekäniň arasyndan arça tarap gyýalap ugrady. Arça barmak o diýen kynam düşmedi. Adamlar hoşgylawlyk bilen geçjege sowlup ýol berýärdiler.

Başy asmana diräp duran baýramçylyk arçasynyň töweregi çagadan doludy. Gözleri şatlyk bilen uçganaklaýan çagalaryň bar ünsi Aýazbaba bilen Garpamykdady.

Bu görnüşi synlaýan gyzyň begenjiniň çägi ýokdy. Ol ýetişibildiginden töweregi surata düşürýärdi.

— Bu suratlary görüp, ejem jan hezil eder.

Olar yzlaryna-da bile çykdylar. Böwşeňräk ýere ýetensoňlar, gyz hoşamaý ýylgyryp minnetdarlyk bildirdi.

— Eden kömegiňiz üçin, sag boluň! Ýeke özüm bolan bolsam, arçaň ýanyna ýetip bilmezdim. Täze ýyly ilkinji gezek şäherde garşylap görşüm. Ejem Arçany görmän, gaýdaýmagyn diýensoň, bu ýerde bu gün galmaly boldum.

— Meniňem Täze ýyl agşamynda şäherde ilkinji gezek bolşum. Ýöne göreniňe-de degýän ekeni. Töwerek nähili owadan!

Röwşeniň bu sözlerine gyz dolup-daşdy.

— Edil ertekilerdäki ýaly diýsene. Akylym haýran galýa!

Röwşen birden nähili aýgyt edenligini duýman galdy.

— Bagyşlaň, eger garşy bolmasaňyz, bile gezelenç edäýeliň. Meňem ýeke özüm.

Bu garaşylmadyk teklibe gyzyň gözleri tegelenip gitdi.

— Görýän welin, siz batyrja ýigit ýaly. Maňa henize çenli, hiç kim beýle teklip edip bilmändi.

— Men başa gelenini göräýjek.

Gyz durup bilmän, gülüp goýberdi.

— Siz minneti bu günüň üýtgeşikliginden çekäýiň.

Gyzyň ady Güljan ekeni. Ol Ykdysadyýet institutynyň ilkinji ýyl talyby bolup çykdy. Güljan obada önüp-ösüpdir. Gürlände janygyp gürleýän, diňlände-de ünsli gözlerini giň açýan gyz bilen söhbet etmek ýakymlydy. Ol örän bilesigelijidi. Ony hemme zat gyzyklandyrýardy. Röwşeniň agronomçylyk bölüminde okaýanlygyny bilensoň-a, onuň soraglarynyň yzy gutarmady. Ol seýilgähiň ugrundaky arçalaryň düýplerine çekilen damarsowlary görkezdi.

— Agronom bolsaňyz, hany onda düşündiriň. Şu inçejik damarsowlar bilen nädip, şu giden baglary suwaryp bilýäler?

Röwşeniň tüýs diýeni boldy. Gürrüň gozgamaga gepbaşy tapylypdy. Ýogsam, gyz bilen näme hakda gürleşjeginem biljek däldi. Indi ýigit nutuk sözleýän ýaly, sesini barha zarplandyrýardy. Ýöne tükeniksiz ylmy jümleler gyzyň dessine ýüregine düşdi.

— Gysgajyk sözler bilen düşündiräýsene. Işigimizdäki güller ytygsamaz ýaly, olara nähili ideg etmeli? Tomsuň jöwzasynda düýpleri basym kepeýär.

— Damja usuly tüýs topragyň yzgaryny saklamak üçin, oýlanyp tapylan usul-da.

Geň zat, juwanlar örän tiz öwrenişdiler. Olar indi ýadyrganyşyp duranokdylar. Özlerini gyzyklandyrýan meseleler dogrusynda, arkaýyn pikir alyşýardylar. Röwşeniň geçisi daga ýaýrapdy. Gyz bilen seýil etmeklik beýle çylşyrymly däl ekeni.

Ýaşlar seýilgähiň ahyryna ýetenlerini duýman galdylar. Mundan aňyrda uly ýol keserip durdy. Sag gapdaldaky çaklaňja çaýhanadan kofäniň ýakymly ysy gelýärdi.

Röwşen uýala-gorka teklip etdi.

— Güljan, çaýhana girip, gyzgynjak kofe içäýsek nähili bolar?

Güljan şatlyk bilen ylalaşdy.

— Şol-a, kem bolmazdy.

Olaryň bagtyna boş ornam tapyldy. Oňaýlyja çaýhananyň içinde eslije oturdylar. Gyzgynjak kofäniň başynda söhbet hasam gyzdy.

Röwşen indi garşysynda oturan Güljany birkemsiz synlap bilýärdi. Gyzyň edep-ekramynyň zyýadalygy görnüp durdy. Ýüzi yşnaklyja, mylaýymzada gözel, her bir zada ýarym sözde düşünýärdi. Ýöne gyz söhbete çyny bilen berilse-de, aradaky çägi pugta saklaýardy. Nähilidir bir ýol bilen, özleriniň diňe, tötänleýin duş gelen söhbetdeşdiklerini duýduryp durdy. Röwşen gürrüňdeş gyzynyň elýetmez näzeninligine kemsiz göz ýetirdi. Beýle zyba gözeliň özüne hemdem bolmagyny diňe, Täze ýyl baýramynyň täsirinden gördi.

Juwanlar çaýhanadan çykanlarynda, garyň ýagmasy gürelen ekeni. Ýollary gar basansoň, ulaglar haýaljak ýöreýärdi. Şonuň üçin bu wagt ulag peýlemek kyndy. Güljan garamyk gözlerini tegeledi.

— Indi höwürtgejigime nädip aşsamkam?!

Röwşen sypaýyçylyk bilen teklip etdi.

— Howsala düşmäň, Güljan, pyýadalap haýdabermeli. Bu wagt nähili ajaýyp pursat! Gör, hiç kimem ulag küýsäp duranok ahyryn. Isleseň, menem ýoldaş bolaýyn.

Dogrudanam, bu wagt hemmeler şadyýan gadam urýardy. Ýanýodalaryň ugrunyň şowhuny ýetikdi. Töwerek gündizlik ýaly ýagty bolansoň, gaýmalap düşýän gar tozgalary örän belentden görünýärdi.

Güljanyň ýaşaýan ýeri onçakly uzagam däl ekeni. Ol öňi belent basgançakly, uly jaýyň deňinde aýak çekdi.

— Ynha, men-ä geläýdim. Ýöne, indi sen nädip aşarkaň, Röwşen? — diýip, gyz alada etdi.

Röwşen wagtyhoş halda uludan dem aldy.

— Meni birjigem gaýgy etme, Güljan. Umumy ýaşaýyş jaýymyza iki ädemde ýeterin.

Dogrudanam, ýigidiň ökjesi ýeňläpdi. Gyzyň ajaýyp husny ony jadylapdy. Kalby göçgün Röwşen birden nähili aýgyt edenligini duýman galdy.

— Güljan, seň bilen eden söhbetim mende uly täsir döretdi. Belki, bize ýene şeýle söhbet etmeklik miýesser eder. Eger mümkin bolsa, telefon belgiňi bersene.

Gyzyň mylaýym garaýan gözleri käse ýaly tegelendi. Onuň bu garaşylmadyk sözlere tolgunanlygy görnüp durdy. Birbada ikirjiňlenip duran Güljan, birden ýantorbasyndan kagyzdyr galam çykardy-da, telefon belgisini ýazyp, Röwşeniň eline tutdurdy. Soňam çalt jaýa girip gitdi.

Ak gara bürenen şäheriň giň köçesinden başyny belent tutup barýan Röwşen, bu wagt özüni düýşde ýaly duýýardy. Bu baýramçylyk agşamyndaky bolup geçen ahwalat ony haýran galdyrýardy. Ýigidiň indi ýüregi bat bilen urýardy. Duýdansyz kalbyna kürsäp giren Güljanyň şuglazar keşbi göz öňünden aýrylanokdy. Ol mahal-mahal bagtyýar ýylgyranyny duýman galýardy.

Ýigidiň durmuşynda uly özgerişlik bolup geçdi. Onuň üçin eziz adam peýda boldy. Röwşen indi bu bagty aýamalydy. Ýüreginiň örküni alan şol näzenine hemme babatda mynasyp bolmak üçin, elde baryny etmelidi.

Röwşen bir zada akyl ýetirjek bolup çalyşýardy. Olam dosty Azadyň gazanýan üstünlikleriniň syrydy. Azadyň jan-dilden söýýän gyzy bar. Ýüreginde köräp duran yşk ataşy bar. Diýmek, ony üstünliklerden-üstünliklere ruhlandyrýan güýjüň egsilmez çeşmesi söýgi bolmaly.

Röwşeniň öňki etsem-petsemleriniň hemmesi üýtgedi. Ýigit geçilen sapaklary täzeden bişirmek hyýalyndan el çekip, oba tarap ýola düşdi. Mähribanlarynyň ýanyna howlukdy. Gyş rugsady tamamlanandanam, ýene şähere gyssandy.

Röwşen indi öňki Röwşen däldi. Ol aýnaň öňünden aýrylanokdy. Egin-eşigine yhlas bilen timar berip, saçyny gaýta-gaýta bejertdi. Ýigit Güljan bilen boljak duşuşyga taýynlanýardy. Taýynlyk ahyrsoňy tamamlananda, tolgunma bilen Güljana jaň etmekçi boldy. Emma onuň beren telefon belgisini tapmady. Ýer ýyksa-da, belgi ýazylgy şol kagyzjyk ýokdy.

Ýigidiň lapykeçlikden ýaňa, dünýesi başyna ýumrulana döndi. Ol näderini bilmän, gyssanjyna Güljanyň girip giden jaýynyň töwereginde köwlenjireýärdi. Ýöne hiç hili netije çykaryp bilmedi. Sebäbi o jaýa girip-çykýan gyzlaryň hetdi-hasaby ýokdy. Güljan diýlen gyzy tapyp beriň diýip, boýnuny burup durmaga-da bogny ysmady. «Güljan atly gyz kän, olaň haýsysy gerek?» diýenlerinde, näme jogap bersin? Onsoňam beýdip ili örüzip ýörse, Güljanyň nähili görjegi belli däldi.

Ýigit hiç wagt beýle gynanyp görmändi. Ol ahmyr bilen hyrçyny dişleýärdi. Ýöne Güljany hemişelik ýitirendirin öýdenokdy. Onuň bilen ýene görüşjegine ynanýardy. Indiki Täze ýyl baýramynda gyz ýene öňküje ýerinde garaşyp duran ýalydy.

Röwşen kalbyny sarsdyran bu wakadan soň, mesaňa-mälim üýtgedi. Ýigit indi özüni örän saýhally alyp barýardy. Azat bilenem öňküsi ýaly, ekjeşip ýörmän, okuwyny örän gowy okaýardy. Üst-başyna yhlas bilen esewan edýärdi. Ýigit hiç bir babatda nädürslige ýol bermejek bolýardy. Ol kalbyndaky Güljana mynasyp bolmak üçin jan çekýärdi.

Otagdaş dostundaky bolup geçen üýtgeşiklikler Azady haýran galdyrýardy. Öňki yzgydy bolmadyk, gyňyr ýigidi indi tanar ýaly däldi. Röwşen mylaýym häsiýetli, jana-jan dosta öwrülipdi. Ol bir gezek iki sany petegi kisesinden çykaryp, Azadyň öňünde goýdy.

— Şu günüň özünde Mährini teatra oýun görmäge çagyr.

Wagt haýalam bolsa, geçip durdy. Ynha, ahyrsoňy güýz geldi. Howalar sowap başlady. Täze ýyl golaýlaşdygyça, ýigidiň ýüregi bat bilen urýardy. Arçalarda Täze ýyl yşyklary peýda boldy. Ýöne bu entek Täze ýyl agşamynyň ýetip gelenligini aňladanokdy. Adamlar ýakymly baýramy hasam uzaltmak üçin, gitdigiçe ir taýynlyk görüp başlaýardylar.

Ýene dostlar ahyrky synagdan üstünlikli geçdiler. Olar şatlyk bilen otaglaryna gaýdyp geldiler. Azat ýene ýol şaýyny tutmaga başlady. Ýöne ol bu gezek dosty bilen sowuk-sala hoşlaşmady. Gözüni bir nokada dikip, sarsman oturan Röwşeniň ýanynda esli salym sesini çykarman oturdy. Soň dostunyň egninde elini goýdy.

— Dostum, bu Täze ýyl agşamynda seniň hemme islegleriň hasyl bolmagyny arzuw edýän!

Azat goşlaryny alyp, çykyp gitdi. Röwşeniň gözleri sagadyň dilinden aýrylanokdy. Öňküje wagt bolanda, tolgunma bilen otagdan çykdy. Ol bu gezek has eserdeň gadam urýardy.

Ýigit öňküje duralgadan öňküje ulaga mündi. Ulagyň içi ýene ýolagçylardan hyryn-dykyndy. Ýene şol baýramçylyk keýpiçaglygydy. Adamlar sähel zada hezil edip gülüşýärdiler. Ýöne Röwşeniň welin, bu wagt gülki ýadyna düşenokdy. Onuň gözleri diňe Güljany agtarýardy.

Röwşen şäheriň merkezindäki öňki duralgada düşüp, başy asmana diräp duran Täze ýyl arçasynyň töweregindäki jemendä goşuldy. Ýene şol öňki görnüşdi. Baýramçylyk lybasyndaky adamlar at gaýtarym meýdany tutup dur. Röwşen alňasaklyk bilen bu adamlaryň arasyndan Güljany gözledi. Emma hiç ýerden ony tapyp bilmedi.

Röwşeniň birden howsalasy artdy. Seýilgähiň ugrunda iki-baka alakjap ýörşüne, göwnüne her zatlar gelýärdi. Wagt bolsa duýdansyz geçip dur. Eger Röwşen bu agşam Güljany tapyp bilmese, özüniň nähili ýagdaýa düşjegini göz öňüne-de getirip bilenokdy.

Röwşen iň soňunda çaýhana girdi. Öňküje oturan ýerlerinde ynjalyksyz ornaşdy. Iki adamlyk gyzgynjak kofe buýurdy. Töweregine naýynjar garanjaklaýan ýigidiň göreçlerinde iň soňky umyt uçguny köreýärdi.

Sus oturan ýigit birden gözlerine ynanmady. Ol ýerinden laňňa galanyny duýman galdy. Onuň garşysynda Güljan durdy. Güljanyň jeren gözleri kineli bakýardy.

— Näme üçin jaň etmediň?

Ýigit jogabam berjek bolmady. Boýdaş bolup duran Güljanyň ellerini mähir bilen gysymyna gysdy. Juwanlar seslerini çykarman, çykalga tarap ýöneldiler. Ýene hemme zat edil geçen ýyldaky ýalydy. Arçalar Täze ýyl yşyklary bilen dumly-duşda öwşün atýardy. Örän belentden görünýän gar tozgajyklary emaý bilen gaýmalap ýere düşýärdi.

Juwanlar giň ýanýodadan emaý bilen gadam urýardylar. Bir göwrä öwrülip, deň gadam urýardylar.



## BAHARYŇ ELWAN GÜLLERI
## (Hekaýa)

Bu bahar ygally geldi. Aram-aram dünýäni suw-sil edip gidýän ak çagbalar topragyň mährini gandyrdy. Tebigatyň gudratyna haýran galaýmaly. Howanyň maýlamagy bilen ter otlar hem ýaz gülleri ören meýdanlarda görmäge göz gerekdi. Läle getiren düzler gyzyl-çog bolup durdy. Bu gözellikden lezzet almak üçin, obanyň adamlary maşgalalary bolup meýdana çykýardylar.

Mekdebiň ýokary synpynda okaýan okuwçylar hem üýşüp gezelenje gitmekligi maslahat etdiler. Okuwçylar bilen birlikde Bike mugallymam gidermen boldy. Belleşilen wagtdan öň, Daýanç hemme işlerini bitirip goýdy. Sapaklaryna birkemsiz taýynlandy. Mekdep döwrüniň tamamlap gelýänligi sebäpli, Daýanç okuwa hasam yhlasly ýapyşýardy. Onuň niýeti ýokary mekdebe synanyp görmekdi.

Daýanç belleşilen ýere baranda, eýýäm synpdaşlarynyň köpüsi jemlenen ekeni. Şonuň üçin wagt ýitirmän, ugrabermekligi makul gördüler.

— Gijä galanlar bizi nähili taparkalar? — diýip, Sülgün ünjüli dillendi.

Deşli göwreli Ýolaman bälçikligini etdi.

— Tozanymyzdan taparlar.

Sada gylykly Sülgün düşünmän, gözlerini tegeledi.

— Gyw, oglan, aýdýanyň näme? Günde-günaşa ýagyş ýagyp dur, tozan nireden tursun?

Gyzlaryň biri Sülgüniň ýeňinden çekdi.

— Sülgün, sen Ýolamana näbeletmi, gyz? Ol tozany dilinde turuzýa.

— Şu oglanyň oýnuna-çynyna düşünip bilemok-da men.

Ýokarky iki synpyň hem okuwçylary birigensoň, jemende ýetikdi. Şonuň üçin, şowhun bilen gadam urulýardy. Obadan çalt daşlaşdylar. Ilerki baýryň ýapysyna nähili ýetendiklerini duýman galdylar. Bu ýerleri tüýs, gezelenç edäýmeli ýerlerdi.

Töwerege syn salanlar haýran galdylar. Hatda, dagyň belent çiňňelerine-de gülälekler ören eken. Täsin galdyrýan ýeri, gülleriň juda känligidi. Tä gözýetime çenli, bu ajaýyp görnüşiň ýazylyp ýatanlygydy.

Birbada dumly-duşa ýaýraldy. Her kim özüçe lezzet alýardy. Bike mugallym ýany bilen getiren epleme oturgyjyny açyp, ynjalykly ornaşdy. Ony häzir diňe tebigatyň gözelligi tolgundyranokdy. Ol gözüniň alnynda ulalyp, kemala gelen okuwçylaryna guwanç bilen bakýardy. Halypa mugallym, gör, nijeme ösdürimleri şeýdip, durmuş ýoluna ugradyp goýberipdi.

Birsalymdan ýene hemmeler mugallymyň töwereginde jemlenişdiler. Her kim öz alan täsirini beýan etjek bolup derdazardy. Eli gül desseli Sülgün jibrinip başlady.

— Şu owadan güllere nebsim-janym agyrýa. Bular şeýle bir näzik, şeýle bir garawsuz. Sähel öwüsginjige-de berbat bolup gidiberýäler. Ynha, serediň.

Sülgün elindäki gül dessesini çala silkdi welin, gülleriň köpüsiniň tilleri döküldi.

— Gördüňizmi, üstesine-de görgülijikleriň idili atlaram ýok.

Ýolaman ýene hemmelerden öň gürledi.

— O näme üçin idili atlary ýok?! Ogulmy-gyz näme, erbet atmy?

— Gowy bolsa, özüň dakyn-aý şol ady.

— Dakynardym welin, ejem maňa has gowy at dakypdyr-a.

Bälçik Ýolaman söz tapman durjaklardan däldi. Onuň her bir sözüne gülüp oturmalydy. Ýöne Sülgüniň bu wagt gülki ýadyna düşenokdy.

— Men-ä şu güllere owadan at dakjak. Elwan güller diýjek.

— Elwan sözi gyzyl manyny berýä. Ondan-a gyzyl gül diý-äý.

— Ýok, elwan sözi gowy eşidilýä.

Ýaşlar tegelenip, woleýbol oýnamaga başladylar. Hemmeleriň bu wagt bökjekläsi gelip durdy. Ýöne ýene hemmesini Ýolaman bozdy. Ol gödekligini edip, pökgüni bat bilen urup goýberdi welin, düz ýerde togalanyp giden pökgi bäri-bärde

durmady. Ýolamanyň bu bolşuna janlary ýanan gyzlar, ýerli-ýerden onuň daşyna geçdiler.

— Bar, indi uranja pökgiňi özüň alyp gel.

Ýöne Ýolaman ýeň bererli däldi.

— Pökgüni uran däl-de, kim duşundan geçiren bolsa, şol getirmeli. Pökgüni Göwher alyp gelsin.

Dawa gyzyşyp gitdi. Beýle ýagdaý Ýolamanyň bar ýerinde geň-taň däldi. Ol ters dawa tutagandy. Çekeleşikler şüweleňlem bolýardy. Bike mugallym häzirem sesini çykarman, ýylgyryp tomaşa edýärdi. Göwher bolsa, çekeleşige-de goşulman, pökgüni getirmek üçin, ümsüm köpçülikden saýlanyberdi. Ýolaman muňa birjigem müýn etmän, gaýtam gyjalat berdi.

— A gyz, sülmüräp barma-da, pökgüni çaltrak getir. Ýogsam, öýli-öýümize dagaýas.

Dogrudanam, Göwheriň ýöreýşi haýaldy. Ol heniz orta ýola-da ýetmändi. Gyz ýylgyrýanam bolsa, köpçüligiň öňünde gysynýanlygy görnüp durdy. Birden garaşylmadyk ýagdaý ýüze çykdy. Duran oglanlaryň biri pökgä tarap okdurylyp gitdi. Onuň aýaklary göýä, ýere degmeýän ýalydy. Daýanç salymyny bermän, pökgüni getirip, Göwheriň eline berdi. Şu ýerde-de duranlaryň öňünde täsin görnüş janlandy. Aňyrsyna-bärsine göz ýetmeýän lälezarlygyň içinden iki juwan ýanaşyk ýöräp gelýärdi. Olary bu wagt görmäge göz gerekdi. Ýaşlaryň ikisi-de görmegeýdiler. Ikisi-de biri-birine ýaraşyp durdylar. Hemmeler aňk bolup galdylar. Hatda Bike mugallym hem ör turanyny duýman galdy.

Oýun ýene dowam etdi. Emma indi hälki şagalaň-şowhun ýokdy. Her kim jadylanan ýaly, ýaňky görnüşiň täsirindedi. Oglandyr gyzlaryň hemmesi ogrynça Daýanç bilen Göwhere garanjaklaşýardylar. Daýanç bilen Göwher bolsa, hiç zatdan habarsyz oýun bilen başagaýdylar. Uzyn boýly, çalasyn Daýanç Göwhere gelen pökgünem ezberlik bilen yzyna gaýtarýardy.

Daýanç mundan öň, Göwher bilen nätanyş diýen ýalydy. Olar aýry synpda okaýardylar. Bu günem ýaşlar tötänleýin duş gelipdiler. Ýöne geň zat, ikisi-de biri-birine çalt öwrenişip gitdiler. Olar eýýäm, ozaldan tanyş ýaly bolup durdylar. Bu ýagdaý juwanlaryň özlerinem geňirgendirdi.

Wagtyň öýläne sanmagy bilen, howa birden üýtgedi. Ilerki dagyň gerşinden çal bulut göründi. Bulut örän çalt göçýärdi. Sähel salymyň içinde tutuş asmanyň ýüzi garaldy-da, ýagyş çisňäp başlady. Ýagşa ezilen toprakdan meýdan ot-çöpleriniň hoşboý ysy göterilýärdi. Oba tarap gyssanmaç gadam urýan ýaşlar şatlyk bilen bökjekleşýärdiler. Baharyň bu joşgunly pursaty kalplarda hemişelik galýan pursatdy.

Daýanç şol gije wagty bilen uklap bilmän, ýüregi atygsap durdy. Bu günki gezelenç onda uly täsir galdyrypdy. Ýigidiň göz öňünden Göwheriň şuglazar keşbi, sada gylykly gyzyň ajaýyp husny ony jadylapdy. Ýigit beýle duýgyny öň hiç wagt başdan geçirip görmändi.

Göwher göze ilip ýören gyz däldi. Ýöne joşgunly ýaşlyk döwründe hemme zat ösüp-özgerip dur ekeni. Göwher ter açylan bägül ýaly, duýdansyz görk-görmekli gyza öwrülip duruberdi. Ol özüniň mylaýym tebigaty bilen maýyl edýärdi.

Daýanjyň indi ynjalygy ýokdy. Ol mekdepde, sapak döwründe-de, töweregine garanjaklanyny duýman galýardy. Arakesme wagty ýanaşyk synpyň okuw otagynyň

öňünde köwlenjireýärdi. Daýanjyň ýüreginiň syzyşy ýaly hem boldy. Göwher birden okuw otaglaryndan ýyljyraklap çykaýdy.

— Daýanç, düýnki eden kömegiň üçin sag bol! Dadyma ýetişäýdiň.

— Minnetdarlyk bildirip oturasy zat ýok-la. Men ylgamadyk bolsam, oglanlaň ýene biri ylgardy.

— Her niçik-de bolsa, sen ilki ylgadyň.

Gyzyň edil düýnki bolşudy. Edil Daýanjyň kalbynda galyşy ýalydy. Garamyk gözleri aýdyň bakýardy. Ol gözlerde jinnek ýalam ünji duýlanokdy. Gyz ajap husny bilen ýene-de ýigidi jadylap goýdy. Daýanç indi Göwheriň ýylgyryşy ýaly ýylgyryp, gürleýşi ýaly gürleýärdi. Gyz bilen gürleşip durmaklyk diýseň ýakymlydy. Bu pursadyň Göwhere-de hoş ýakýanlygy görnüp durdy.

Daýanjyň Göwher bilen söhbet edip duranyny hemmeler gördi. Bu ýagdaý köplere öz täsirini ýetirdi. Ylaýta-da, Daýanjyň synpdaş gyzlary ynjalykdan düşüpdiler. Syratly hem görmegeý Daýanja synpdaş gyzlarynyň köpüsi biparh däldi. Daýanja dessine «habarjagaz» ýetirildi. Özem deşli göwresine garamazdan, sada ýürekli Ýolamanyň üstünden ýetirildi.

— Dost jan, sen Göwhere ymsynyp ýörme. Onuň eýýäm dony biçilgi.

Daýanç birbada nämäniň-nämedigine düşünmedi.

— Ýolaman, o näme diýdigiň boldy?

— Mekdebi tamamladygy, Göwheri şäherde ýaşaýan daýzasynyň ogluna durmuşa çykarýalar.

Bu habar Daýanjy serpmeden gaýdan ýaly etdi. Ol syr bildirmezlige çalyşsa-da, terzi mesaňa-mälim üýtgedi. Daýanç okuwyň ahyrlaryna zordan kanagat etdi. Göwheriň ýoluny garawullap durşuna, gyzy görenden, kalbyny dyrçanaklaýan soragy mälim etdi.

— Göwher, seniň üçin eýýäm guda bolundymy?

Bu sorag gyza o diýen täsir edip durmady. Ol göwnübir ýaly jogap gaýtardy.

— Meni şäherde ýaşaýan daýzam öz ogluna alyp berjek bolýa.

Daýanç ýuwdunanyny duýman galdy.

— Sen razylyk berdiňmi?

— Men daýzamy gowy görýän. Ony biziň hemmämizem gowy görýäs.

— Ogluny nähili görýäň?

— Nazaram hiç neneň däl, gowy oglan. Ýokary mekdebi tamamlap, golaýda işe başlapdyr.

Daýanç esli salym sesini çykarman gitdi. Göwher onuň ýüzüne soragly garady.

— Daýanç, bu zatlary näme üçin soraýaň?

Ýigit syr saklap durman, gönüsinden geldi.

— Göwher, düýnki gezelençden soň, sen hiç göz öňümden gideňok. Diňe sen hakda oýlanýan. Men beýle duýgyny ilkinji gezek başdan geçirýän.

Gyz birgeňsi ýylgyrdy.

— Bu baharyň edýän täsiri bolaýmasyn? Düýnki gün üýtgeşik boldy.

— Bilemok, Göwher, ýöne men çynymy aýdýan.

— Onda menem çynym aýdaýyn. Düýn senem maňa üýtgeşik göründiň. Men howandarymy tapan ýaly boldum. Belki, bu-da baharyň oýny bolmagy mümkin. Ýöne, Daýanç, bu duýgular nähili duýgy bolanda-da, men barybir daýzamyň ýüzüne gelip bilmen. O görgüliň yhlasy üýtgeşik. Sen umyt baglap ýörme.

Göwher şeý diýip, gaty-gaty ýöräp gitdi. Daýanç bialaç töweregine garanjaklap galdy.

Gyzdan belli-külli jogap eşidensoň, Daýanjyň mazasy gaçdy. Ýaş ýigit henize çenli, beýle awunyp görmändi. Oňa golaý görnen bagt örän alysda bolup çykdy. Ýowuz bir duýgy ýigdekçäniň kanagatyny aldym-berdime salýardy. Ol indi hiç özüni raslap bilenokdy. Daýanç ýene Göwheriň ýanyna barasy gelýärdi. Onuň bilen sagatlarça gürleşip durasy gelýärdi. Ýöne indi muňa hukugy ýokdy.

Kalby galagoply Daýanç näme edýänini özem bilmän, ilerki baýyrlyga tarap tutduryp, şol gülälekli meýdançany göresi geldi. Göwher bilen ýüzbe-ýüz bolan ýerlerine ýene nazar salasy gelýärdi. Şol aňyrsyna-bärsine göz ýetmeýän gülzarlyk ýazylyp ýatyrdy. Gyzyl-çog elwan güller ýene öňküleri ýaly, ülpüldeşip otyrdy. Ýöne diňe, Göwher ýokdy.

Agşamara öýde oturmaga kanagaty ýetmedik Daýanç oba içine gezelenje çykdy. Bahar gijeleri obada aýratyn görnüşe eýe bolýar. Howa aýdyp-diýip bolmajak tämiz haldady. Asmandaky ýyldyzlar patrak ýaly ýalkym saçýardy. Şeýle gözel çagda ýürek şirin hyýallara beslenýär.

Daýanç gije ýeke aýlanyp ýörmeklige ejap edip, Ýolamanyň üstüne barmaklygy ýüregine düwdi. Ýolamanlar obanyň aňry çetinde ýaşaýardy. Olaryň maşgalasy köpçülikdi. Bu şadyýan maşgalada hemişe şatlyk-şowhun höküm sürýärdi. Ýolaman Daýanjy görüp, nirede oturtjagyny bilmedi. Emma dostunyň ynjalyksyzlyk bilen töweregine garanjaklaýanyny görüp, ýagdaýa düşünip, dessine geýnip, daş çykdy.

Daýanç Ýolaman bilen içgin gürrüňler edişýänem bolsa, pynhan syryny açyp ýörenokdy. Ýöne bu gezek ol Ýolamana kalbyndaky ynjalyk bermeýän duýgularynyň hemmesini aýan etdi. Ýolaman üns bilen diňledi.

— Dost jan, aşyk bolan bolsaň, hiç kanagatyň bolmaz. Menem şeýle boldum. Birhili bolup ýörensiň-läý.

Ýolamany indi gürletjek bolmagyň zerurlygy ýokdy. Ol öz içini dökýärdi.

— Agşamlaryna menem şeýdip aýlanýardym.

Daýanç gönümel sowal berdi.

— Sen kimi söýýäň?

— Men Sülgüni gowy görýän welin, söýgimi duýduryp bilemok. Meniň bilen mydama ekjeşip ýörensoň, ör-gökden geläýermikä diýýän.

Birden Ýolaman oýlandy-da, Daýanjyň ýüzüne çalt nazaryny aýlady.

— Dogrudanam, ýör Sülgünlere baraly. Ondan Göwher barada soraşdyraly.

— Olar seniň baranyňy halaman duranoklarmy?

— Ýok, gaýtam ejesi meni görse begenýä. Dünýägözel daýza gaty gowy adam.

Ýolaman şeý diýip, Sülgünlere tarap tutduryp ugrady. Sülgünleriň howlusy gündizlik ýaly ýagtydy. Ýolaman barşyna gapyny kakdy.

— Dünýägözel daýza.

Içerden jogap sözi eşidilip-eşidilmänkä, gapy bat bilen açyldy-da, Sülgün atylyp çykdy.

— Ýene ejeme ýaranjaklamaga geldiňmi?

— Ýok, men-ä senden öý işini soramaga geldim.

— Ondanam bir bahana bolarmy. Gyzly öýe gelmäge utanaňokmy?

— A gyz, sen nähili bolaýypsyň? Gelen myhmanlary indi, şeýdip garşylaýaňmy?

Birden Sülgüniň gözi Daýanja düşdi.

— Wiý, Daýanç, bagyşlaweri. Şu oglan bilen ýaňkalaşmaga halys endik edipdirin. Giriberiň öýe. Ynha, dessinjek çaý demläýin.

— Ýok, Sülgün, azar edinmäweri. Biz Ýolaman bilen geçip barýadyk-da, salamlaşaly diýip sowlaýdyk.

— Gaty oňarypsyňyzda. Hany, onda şujagaz ýerde bir ornaşyň. Men size süýtli kofe taýynlaýyn.

Sülgün gadyr bilen eýwandaky diwany görkezdi. Ýolaman mürähet edilen ýerde göwünjeň ornaşdy.

— Daýanç, senem ýaýdanyp durma-da, geç. Gadyr açan wagty bir arkaýyn oturaly. A gyz, kofäň gandyny gysganman, köpräk atgyn.

Sähel wagtyň içinde gyzgynjak kofe geldi. Dogrudanam, täze sagylan süýdüň tagamy başgady. Ýolaman agras görnüşe geçdi-de, çynlakaý söz açdy.

— Sülgün, Daýanç Göwhere aşyk bolupdyr. Indem janyna jaý tapman ýör.

Sülgün birbada sesini çykarman oturdy.

— Göwher söýgä mynasyp gyz. Ýöne ol razylyk bermez. Daýzasynyň ýüzünden geçip bilmez. Sebäbi ony örän gowy görýä.

— Gepem şonda-da. Sen nämäni maslahat berýäň?

— Men Daýanja Göwheri unudyp, diňe bagtyna guwanmaklygy maslahat berýän. Mähriban adamyňy şeýdibem ezizläp bolýar ahyryn. Ýagşy niýet ýürek awusyny has gowy ýeňledýär.

Sülgüniň aýdan bu sözleri Daýanjyň ýüregine jüňk boldy. Ol dogrudanam, başgaça ýaşar. Göwheriň bagtyna dalaş etmez. Onuň üçin, iň gowy arzuwlary göwnünde beslär. Onuň bagtyna hemişe guwanyp gezer.

Daýanjyň göwnüne giňlik aralaşan ýaly boldy. Bitakat kalby rahat tapdy. Ol indi Göwheri unutmaklyga çalyşýardy. Ýigit diňe okuw bilen mübtelady. Gije-gündiz diýmän, kitaplaryň gatyny dörýärdi. Kitapdan gözüni aýyrdygym, beden maşklaryny ýerine ýetirýärdi. Melleklerinde ýer depýärdi.

Emma wagtal-wagtal welin, ýigidiň biline taýak bilen urlan ýaly bolýardy. Ol özüne eziz bolan hoşlabyz Göwheriň başga birine ýar boljaklygyny göz öňüne getirip bilenokdy. Özüniň Göwherden ömürlik jyda düşjekligine ynanyp bilenokdy.

Daýanç tanalmaz derejede özgerdi. Hemişeki uçganaklap ýören ýigidi, indi tanar ýaly däldi. Mekdepde ol ýerinden butnaman oturyp, hatda dälize-de çykmazlyga çalyşýardy. Penjirä sus garap oturan ýigide seretseň, nebsiň agyrýardy.

Ýolaman dözümsizlik bilen Daýanjyň töwereginde pelesaň urýardy.

— Daýanç, özüňi ele aljak bolsana. Beýdip gamlanyp oturmasana. Durmuş entek öňümizde ahyryn.

Irimçik göwreli, mydama töweregindäkiler bilen ala-ýaz bolup ýören, bälçik Ýolamandan beýle ýürekdeş sözleriň çykmagy geňdi.

— Göwherden has owadan gyzlaram bar. Marala näme üçin göz galdyraňok? Ol duranja bir peri-peýker ahyryn.

Dogrudanam, beýleki gyzlara näme üçin üns bermeýänligine Daýanjyň özem düşünenokdy. Öz synplarynda-da örän owadan gyzlar bardy. Maraly bolsa, görmäge göz gerekdi. Ol gözelligine buýsançly gyzdy. Ýöne şeýle görmekli gyzyň hem

Göwheriň ýanynda täsirsizligine haýran galaýmalydy. Göwher diňe owadan däldi. Ol mähribandy.

Bahar diňe meýdanda däl, obada-da höküm sürýär. Baglar güle basyrynyp, pyntyk ýaryp çykan terje ýapraklar gözüňi dokundyrýar. Patrak ýaly açylan bägülleriň melul ediji ysy kalbyňy heýjana salýar.

Daýanjyň Göwheri ýüreginden çykarjak bolup edýän synanyşyklary puç boldy. Sebäbi garaşylmadyk ýagdaý ýüze çykdy. Arakesme wagty, sus oturan Daýanjyň ýanyna Göwheriň özi geldi. Ýigit beýle gapyllyga garaşmandy. Ol ör turanlygynam duýman galdy. Göwheriň öňküligi ýokdy. Gözleri gussa bilen bakýardy. Mesaňa-mälim agaran meňzinde ünji duýulýardy. Ol kän gürleşibem durmady.

— Daýanç, görneňok-la. Janyň bir sagmy?

Daýanç näme jogap berjegini bilmän, gümmi-sümmi etdi.

— Janym sag-la. Okuw bilen gümra bolup ýörün.

— Bolýa-la, janyň sag bolsa. Men habar tutaýyn diýip gaýdyberdim.

Göwher şeý diýip, sus halda çykyp gitdi. Daýanjyň ýürek heseri ýene lowlap galdy. Ol okuwyň ahyrlaryna zordan çydam etdi. Mekdepden gaýdyp gelýärkäler, Göwheriň ýene şol tukatlygydy. Birsyhly uzaklara nazaryny dikýän gyz geplemeýär diýen ýalydy. Diňe hoşlaşmaly bolanlarynda, kalbyndakysyny aýan etdi.

— Daýanç, ertir daýzam gelýä.

Daýanç birden wawwasyna basylan ýaly, ýangynly gürläp başlady.

— Göwher, men saňa nireden duşupdyryn. Şol günki gezelenje gitmesem bolmaýamy. Pökgiň yzyndan ylgamadyk bolsam bolmaýamy. Men indi, diňe seni unutjak bolýan. Saňa bolan söýgimi ýüregimden öçürjek bolýan. Emma bu maňa hiç wagtam başartmaz.

Bu otlukly sözleri gyz parahat diňledi. Diňe ilkinji gezek görýän ýaly, Daýanja içgin nazar saldy. Soň sesini çykarman, öz ýoly bilen gitdi.

Ertesi, dynç güni Göwherleriň öýi toý-baýramçylyga beslenen ýalydy. Göwheriň jigileriniň ökjeleri ýeňläpdi. Gülendam daýzalarynyň gelýänligi baradaky habar olaryň hemmesini şatlandyrýardy.

Gülendam daýzalary ýene hemişeki gelýän wagty gelip düşdi. Onuň mawy reňkli, naşyja ulagy howla girenden, hemmeler ylgaşyp daş çykdylar. Mähriban daýzalary bilen görüşmeklik köp wagty aldy. Kyrk bäş ýaşlaryndaky, sypaýy geýnüwli daýzalary mähir-muhabbetden ýasalan ýalydy. Ol çagalaryň her haýsysy bilen aýratyn hal-ahwal soraşýardy. Gezek Göwhere ýetende, Gülendam daýzanyň ýüzi hasam ýagtyldy. Ol sesini çykarman, esli salym Göwheri bagryna basyp durdy.

Hemişekileri ýaly, bu günem saçak giňden ýazyldy. Ejeleri bilen daýzalary golaýjak oturyp, uzak wagtlap söhbet etdiler. Olaryň mylaýym söhbetine diň salmak çagalaryň hemmesine hoş ýakýardy. Şonuň üçin olar üýnlerini çykarman, daýzalarynyň daşynda üýşüp otyrdylar.

Gülendam daýzalary ejeleriniň daşkyrak garyndaşydy. Ol şäherde lukman bolup işleýärdi. Göwher käwagt daýzalarynyňka myhmançylyga gidýärdi. Daýzasynyň şäher merkezinde zereňli jaýlary bardy. Giň otaglar edil, köşki-eýwan ýalydy. Ýedinji gatdan daş-töwerek eliň aýasynda ýaly görünýärdi.

Gülendam daýzasynyň ýeke dikrary Nazar bilen Göwher gowy gatnaşyk edýärdi. Nazar ümsüm häsiýetli, salyhatly ýigitdi. Onuň bilen gürleşip oturmak

ýakymlydy. Nazar golaýda ýokary mekdebi tamamlap, işe başlapdy. Ol şäherde guruljak täze jaýlaryň taslamalaryny çyzýardy.

Şähere soňky gezek gidenlerinde, daýzasy Göwheri hasam mähir bilen gurşap aldy. Ony ýekeje minudam ünsden düşürmedi. Gaýtjak günlerem elinden tutup, otaglarynyň hemmesine aýlap çykdy.

— Göwher jan, biziň bagtymyz bolup gel, balam. Nazar janam seni gowy görýä. Ynha, şu zatlaryň hemmesine özüň eýelik et. Gelnimiz bolup, içerimize nur saç, dünýäm!

Göwher şonda bagtyýar nurlanan ýüzüni mähriban daýzasynyň gursagynda gizläpdi.

Gülendam daýzasy bu gezek gelende-de, Göwherden gözüni aýyrmady. Ara böwşeňlik düşende, ony ýanyna çagyrdy. Ýanjagazynda tutulan guş ýaly bolup oturan Göwheriň ýüzünden-gözünden mähir bilen sypady.

— Göwher jan, öňküligiň ýok-la. Näme aladaň bar?

Göwher müýn bilen başyny aşak saldy.

— Aýd-aý, balam, çekinme.

Gyz birden çalaja dillenip goýberdi.

— Daýza, meniň halaşýanym bar.

Bu sözler top atylan ýaly bolup eşidildi. Daýzasynyň ýüzi üýtgäp gitdi. Ol birbada näme diýjegini bilmän, äm-säm bolup oturdy. Bu garaşylmadyk sözlerden soň, ara dartgynly ümsümlik aralaşdy. Göwheriň ejesi gözlerini tegeläp, doňan ýaly bolup galdy. Hemmesine özi günäkär ýaly, görgüliniň ýüzi boz-ýazdy. Daýzasy ahyrsoňy, ysgynsyz dil ýardy.

— Sen nädäýdiň ahyryn?! Biz saňa umyt baglap otyrdyk-da gyzym.

Daýzasy birden kemşerip, aglajak boldy. Eginleri silkinip gitdi. Kine bilen öz-özünden gürledi.

— Nazar janam seni gowy görýädi. Seni her gezek görende şatlanýardy. Eje, Göwherem okap, seniň ýaly lukman bolsun diýýädi. Indi oňa näme diýsemkäm?!

Dartgynlyk dowam edýärdi. Bir ýakymsyzlygy duýan dek, çagalaryň sesine-de suw sepilen ýaly boldy. Ýazykly gyz bolsa, daýzasynyň öňünde gymyldap bilmän, barha ýygrylyp bir gysyma döndi. Onuň tutuş süňňünde galpyldy duýulýardy. Lapykeçlik bilen ýüzüni egşiden daýzasynyň eli birden, gyzyň ýagyrnysyna degdi. Gülendam daýza allaniçiksi tisginip gitdi. Gyzyň derden ýaňa endam-jany öl-myžžykdy. Ör-gökden gelen daýzasy alňasaklyk bilen Göwheriň başyny göterdi.

— Garasuw bolupsyň-la!.. Ýüzüň ak esgä dönüpdir-le!.. Men zerarly gysyndyňmy, çaga?!

Daýzasynyň gözleri howsala bilen tegelenipdi. Indi onuň aladasy başgady. Ol elleri bilen pugta ýüzüni tutup oturan Göwhere haýpygelijilik bilen bakýardy. Onuň üstünde kökenek gerýärdi.

— Göwher jan, menden çekindiňmi? Men zerarly özüňe zor saldyňmy? Saňa gyýk eden bolsam, dillem gurasyn! Sen näme, adam dälmi? Ildäki bar ýürek, sende bolmaly dälmi? Ildäki arzuw-isleg, sende bolmaly dälmi? Müň kerem ötünç soraýan, balam!

Gülendam daýza indi, Göwheri bagryna basyp, ýüzünden-gözünden öpýärdi.

— Arzuwlaryňa döneýin, balam! Ak niýetiňe döneýin, balam! Bagtyňa özüm gowşuraryn. Bagtyňa guwanyp gezerin, balam...

Gülendam daýza birden, sen-men ýok, gidermen boldy. Ol hoşlaşmakçy bolup, daş çykansoňam, Göwheri gujagyndan goýberenokdy.

— Müýn etmegin, Göwher jan. Men nägile bolup gidýän däldirin. Sen bagtyňa gowuşsaň bolýa. Bizem öz nesibämizdäkini göreris.

Her niçik-de bolsa, gelşiksiz bolupdy. Mähriban adamyňy ynjytmak ýaly, ejirli duýgy ýok ekeni. Daýzasy gidensoň, Göwher ejesiniň ýüzüne garap bilmedi. Ejesi bolsa, ýagşydan-ýamandan sesini çykarman, zerurlygy bolmasa-da, üzümli pellere tarap gitdi.

Göwher nirä, näme üçin barýanlygyny aň etmän, köçä çykdy. Mekdebe gatnaýanja ýolundan gadam urup başlady. Häzir onuň intizar göwni haraý isleýärdi. Göreçleri delmuryp bakýardy. Birden gyzyň ýüzi ýagtylyp gitdi. Ýol ýakasyndaky söwüdiň astyndan tanyş göwre böküp çykdy. Tolgunmadan, aladadan ýaňa, ýüzi inçelen ýaly bolup görünýän Daýanç köçäniň ortasynda üşerilip durdy. Soň bärligine tarap aýagaldygyna ylgap gaýtdy.

Göwheriň kalbyndaky ejirli oýlar zym-zyýat boldy. Ol bagtyýar ýylgyranyny duýman galdy.



## GÖWÜN SÖÝLÄNI
**(Hekaýa)**

Ýokary mekdebi ahyrlap ýören Meýlis bu günem, agşamky gezelenjine gitmek üçin, şaýyny tutup başlady. Ol oňaýly görýän sport eşigini geýdi. Syratly hem uzyn boýly Meýlis sport eşikde hasam gözegelüwli görünýärdi. Otagdaş dosty Arslan şadyýan ýylgyryp, hemişeki henegini atdy.

— Gezende, ýola rowanamy?

Meýlis şatlyk bilen ýene şol bir jogaby gaýtardy.

— Ýoly ýörän ýeňer.

Hoşwagt dostlar raýdaşlyk bilen ýumruklaryny çakyşdyran boldylar.

Meýlis ýeňil ädimler bilen ylgap diýen ýaly, köçä çykdy. Hemişeki ýöreýänje ýoly bilen başyny dik tutup, haýdap başlady. Sähel salymdan süňňi gyzyşan talyp ýigit hereketleriniň endiganlaşýandygyny lezzet bilen duýdy. Aýaklar öz-özünden ädilýärdi. Pyýada ýöremeklik bedeni berkitmegiň iň dürs usulydyr diýen düşünje kalbyna pugta ornan Meýlis her gün ýoňsuz aralygy ýöräp geçýärdi. Tä şäheriň merkezindäki kerkawly seýilgähe çenli ilgezik gadam urýardy. Peýwagtyna edilýän

bu gezelençler oňa diýseň hoş ýakýardy. Arzuwçyl ýigit ham-hyýalda bolmaklygy gowy görýärdi. Ýekelikdäki edilýän ýakymly oý-pikirler, yzy gutarmaýan şirin arzuwlar juwan göwni telwaslandyrýardy. Şeýle pursatlar onuň üçin gymmatlydy.

Kyn, gyssag görmän, saýhally gadam urýan Meýlis üçin, daş-töwerek gözel görnüşdedi. Şäheriň bu künjegi ir döwürden oturymly bolansoň, baglaryň başy asmana diräp durdy. Ýol ýakalary bezeg ösümliklerden, gül-gunçalardan ýaňa al-ýaşyl öwüsýärdi. Golaýda timarlanan belent jaýlaryň diwardyr üçekleri ýiti reňkleri bilen gözüňi dokundyrýardy.

Indi telim ýyllap galyň kitaplaryň gatyny dörüp, agronomçylyk ylmyndan mazaly ýüküni tutan talyp ýigidiň bu günler kalby joşgunlydy. Ol ýene sähel wagtdan arzuwly käriniň eýesi bolýardy. Mähriban obalaryna alym agronom bolup gaýdyp barýardy. Onsoň onuň öňünde aňyrsyna-bärsine göz ýetmeýän ekinzarlyklaryň hysyrdyly hem sapaly dünýäsi öz gujagyny açýardy.

Meýlis howlukman ýörese-de, kerkawly seýilgähe nähili ýetenini duýman galdy. Seýilgäh bu günem adatdakylary ýaly, toý märekesini ýada salýardy. Kelleleri oýna gyzan çagalaryň gohundan ýaňa, üýn alşar ýaly däldi. Ýöne az-kem sabyr edäýmelidi. Iňrik garalandan, çagalar öýli-öýüne çagyrylyp başlanýardy. Onsoň seýilgähe ümsümlik aralaşýardy.

Meýlis bu seýilgähi gowy görýärdi. Esli meýdany tutup duran seýilgäh ertekilerdäki erem bagyny ýada salýardy. Idegi ýetik del agaçlaryň çyrmaşyp giden baldaklary, möwç urýan ownukly-irili gülleriň ümürsin bolup oturan atyzlary jana şypaly serginlik döredýärdi. Has göwne hoş ýakýan ýerem, sansyz köp suw çüwdürimleriniň howany jybarladyp durmagydy. Meýlis bu ýerde hezil edip dynç alýardy. Onuň öz oturýanja ýerem bardy.

Ýöne talyp ýigidiň bu gün ornaşyp-ornaşmanka, gözi töwereginde boldy. Onuň ýiti nazary köpçüligiň içinden kimi-de bolsa, birini irginsizlik bilen agtarýardy. Ol ahyrsoňy öz ýitigini tapdy. Bir çetdäki oturgyçlaryň birinde başyny galdyrman, göterme kompýuterine güýmenip oturan gyzy görüp ynjaldy.

Her gün gelip duransoň, bu ýerdäkileriň köpüsiniň ýüz-keşbi Meýlise tanyşdy. Seýil edýänleriň hemmesi diýen ýaly, şu töweregiň ýaşaýjylarydy. Ýöne bu gyz welin, täzeden bäri göze ilýärdi. Ilki görnenden hem ýigidiň ünsüni özüne çekdi. Gyzyň üýtgeşik gylygy bardy. Ol diýseň işjeň görünýärdi. Ähli küýi-köçesi bolan kompýuterinden başyny galdyrman, uzak wagtlap dümtünip oturýan gyzda nähilidir bir dogum duýulýardy. Gyz durmuşyň ýaňy çetinden giren gögele näzeninjik däldi. Ol birkemsiz kemala gelen ajap jenandy. Belli bir maksadyň ugrunda tagalla baryny edýän akylly-başly sahypjemaldy.

Meýlisiň nätanyş gyza ünsüniň bölünmegi yşkbazlykdan däldi. Ol heniz öýlenmedigem bolsa, gyzlaryň yşgynda awara bolup ýörmekligi özüne uslyp bilenokdy. Onda pugta edep-ekram bardy. Mertebesini sarpalaýan, arymsy ýigitde gyzyklanma döredýän zat gyzyň işine yhlaslygy hem-de bütin durky bilen zähmete berlenligidi. Gyz diňe kompýuteri bilen mübtelady. Töweregine nazar salaýynam diýenokdy. Mahal-mahal arakesme edip, seýilgähiň içinde gezelenç edende-de, ýene öz küýi bilendi.

Nätanyş gyza habar gatmasa, ynjalmajagyna gözi ýeten Meýlis indi pursat agtarýardy. Ol gyzyň töwereginde köwlenjiräp ýörşüne, ahyrsoňy gabadynda aýak çekdi.

— Agşamyňyz haýyrly bolsun!

Gyz aňk-taňk bolup başyny galdyrdy. Habar gatylyp, ünsüniň bölünenligini halamadyk gyz, her niçikde bolsa, kelç-külçüň ýoklugyna göz ýetirensoň, salamy kabul etdi.

— Salam!

— Kämahal dynjam alyň ahyryn. Juda köp işleýäňiz.

Bu hoşamaý sözlere gyz egnini ýygryp goýberdi.

— Kompýutere güýmenmeklige halys endik edipdirin. Gije-gündiz elimden düşüresim gelenok.

— Bagyşlaň, näme bilen gyzyklanýaňyz? Özüňiz-ä tutumly bir işiň küýünde bolarly.

— Men binagärçilik ugrundan okaýan. Halaýan pişämem ýaşaýyş jaýlarynyň taslamasyny çyzmak.

— Binagär diýseňizläň. Örän gowy kär saýlapsyňyz. Siz dogram edýäňiz, ýaşalýan jaýlaryň taslamasyny, hakykatdan hem, zenanlara çyzdyrmaly. Sebäbi olar nädeňde maşgala üçin, has oňaýly boljagyny gowy bilýäler. Eger mümkin bolsa, işleriňiziň käbirini görkezseňiz-le. Menem öz pikirimi aýdaýyn.

Bu teklip bilen gyz göwünjeň razylaşdy. Ol gerekli sahypalaryny tapyp, kompýuterini Meýlise uzatdy.

— Ynha, görüberiň, öz çyzan taslamalarym. Oba üçin niýetläpdim.

Meýlis kompýuteri eline alyp, çyzgylary üns bilen synlady.

— Jaýlaryň daşky görnüşi örän owadan. Ýöne ýaşalýan otaglar gereginden artygrakmyka diýýän. Hojalyk hajatlary üçin zerur jaýlar bolsa, kemterlik edýär. Obany hojalyksyz göz öňüne getirmek mümkin däl. Jaýlaryň üçegi pes bolupdyr. Bu biziň howa şertimize laýyk däl.

Bu bellikler gyza zor täsir etdi. Ol sen-men ýok, özünden nadyl jibrinip başlady.

— Menden idili binägär çykasy ýok. Şular ýaly ýönekeýje zatlara-da parh goýmandyryn.

Meýlis aýdan sözlerini ýuwmarlamaga çalyşdy.

— Hemme zady birden bilip bolanok ahyryn. Kem-kemden ökdelärsiňiz.

— Siz binagär bolmasaňyzam, menden gowy baş çykarýaňyz.

— Sebäbi men gelejekki agronom. Agronomyňam bilmeli zatlary azdyr öýtmäň.

Gyz geňirgenmek bilen gözlerini tegeledi.

— Siz Oba hojalyk uniwersitetinde okaýan bolsaňyz, bu ýerlere nähili düşýäňiz? Siz her gün şu ýerde ahyryn.

— Sapaklam gutaran badyna, bärligine gaýdyberýän. Pyýada ýöremeklik saglygyň üçin örän peýdaly.

— Her gün şunça ýoly ýöräp geçýäňizmi? Siz täsin gylykly talyp ekeniňiz.

Şondan soň, gyzyň dili açylyp gitdi. Gyzyň ady Dünýä ekeni. Dünýä obada önüp-ösüpdir. Ol özüni gyzyklandyrýan her bir zat dogrusynda janygyp gürrüň berýärdi. Onuň bilen söhbet edip oturmak ýakymlydy.

Hemaýyn söhbete gyzan juwanlar wagtyň nähili geçenligini duýmadylar. Bir görseler, töwerek çolaryp galypdyr. Ör-gökden gelen Dünýä alada bilen dillendi.

— Meýlis, wagt gijigipdir, indi öýüňe nädip aşjak? Men seni gürrüňe güýmäp oturypdyryn.

— Birjigem alada etme, Dünýä. Men ýola düşdügim bes, umumy ýaşaýyş jaýymyza iki ädemde ýetýän.

— Her niçik-de bolsa, ulaga münäýmeli ekeniň. Eslije aralyk bar ahyryn.

— Ulaga hezil edip münerdim welin, ýöne oňa nähili münülýänini bilemok.

Ýigidiň bu degişmesine gyz gülüp goýberdi.

— Onda sag-aman bar!

— Ertire çenli sag bol, Dünýä!

Dogrudan-da, Meýlis ýoly nähili geçenini duýman galdy. Ol ýol ugruna birsyhly ýylgyryp barýardy. Dünýä bilen tanyşlyk onda uly täsir galdyrypdy. Gyzyň şähdaçyk tebigaty bardy. Onuň edýän gürrüňleriniň hemmesi Meýlise ýarap durdy. Ol heniz hiç kim bilen beýle ýakymly söhbet edip görmändi.

Ertesi Meýlis ýene Dünýäniň ýanyna gyssandy. Emma seýilgähe baranda dünýäni unudyp, kompýuterine güýmenip oturan gyza päsgel bermäge bogny ysmady. Ýöne kän wagt geçmänkä, Dünýäň özi ýylgyryp, bärligine gaýdyberdi.

— Salamlaşmaga barmasaň, özüm geläýerin.

— Seni bimaza etmejek boldum, Dünýä.

— Gaýtam, bimaza etseler, kem bolmajak ekeni. Düýnki söhbetimizden soň, hezil edip dynç alypdyryn.

Gyz şeý diýip, Meýlisiň oturan oturgyjynda ornaşdy. Gyzyň bu bolşy geňräk görünýärdi. Sen-men ýok, ýap-ýaňyja başlanan tanyşlykdan soň, eýýäm beýle içgin gatnaşyk gelşiksizräk ýalydy. Emma, näme üçindir, hemme zat tebigy halda duýulýardy. Gyzda özüne bolan üýtgeşik bir ynam bardy. Ol şol ynam bilenem özgelere nazar salýardy. Meýlisiň Dünýä bilen häzirki gatnaşygynda jinnek ýaly-da, kölegeli ýer ýokdy. Diňe ýoldaşlyk duýgusy, päk göwün bilen edilýän ynsanlar arasyndaky söhbetdi.

Hemaýyn söhbet ýene gyzyp gitdi. Gyz indi hiç zatdan çekinmän, özüni tolgundyrýan oý-pikirlerini aýan edýärdi. Söhbetdeşi bilen göwünjeň ugur gopýan Meýlisiň kalbyny ýene düýnki ýakymly duýgular gurşap aldy. Gyzy hemme zat gyzyklandyrýardy. Ol agronomçylyk ylmynyň iň inçe ugurlaryndan hem tükeniksiz soraglar berýärdi. Onuňky ýöne gury bilesigelijilik däldi. Eşiden zatlarynyň hemmesiniň durmuşdaky ähmiýetini öz ýanyndan saldarlap görýärdi.

Wagtyň nähili geçenligi ýene duýulmady. Gyz allaniçigsi bolup ör turdy.

— Sen ýene gijä galdyň!

Meýlis howlukman ýerinden turdy.

— Dogrudanam, maňa gaýdara çen boldy. Ýöne seni ýeke goýup gitmäýin, Dünýä. Senem gaýt, men öýüňize çenli ugradaýyn.

Dünýä garşy bolup durmady. Kompýuterini ýygnap, Meýlisiň yzyna düşdi. Juwanlar birbada seslerini çykarman gitdiler. Ýigit häzir geň duýgyny başdan geçirýärdi. Hoşgylyk Dünýäniň gapdalyndan deň gadam urup gelmegi, onuň kalbyny heýjana getirýärdi. Bu üýtgeşik ahwalat boldy. Meýlis duýdansyz özüne ýakyn ynsanyň aýdyň dünýäsini duýdy.

Dünýäniň bolýan ýeri golaýjakda ekeni. Seýilgähe bakyp duran jaýyň arka ýüzündäki belent ymaratyň üçünji gatyndaky güljagaz goýlan penjiräni görkezip, gyz şatlyk bilen dillendi.

— Han-ha, meniň bolýan otagym. Güljagazymam gözüni ýoluma dikip oturandyr. Bu ýerde mähriban daýzam ýaşaýar. Men ony diýseň gowy görýän. Olam meni ýanyndan aýrasy gelenok.

Dünýäsi goşalanana dönen Meýlisiň häzir aýrylyşyp gidiberesi gelenokdy. Ýöne her niçikde bolsa, edebini saklap, tiz hoşlaşdy.

— Sag bol, Dünýä!

— Sag-aman bar, Meýlis!

Bu gezek Meýlis agyr oýlar bilen başyny aşak salyp gaýtdy. Bu günki duşuşykdan alan täsiri ony oýlanmaga mejbur edýärdi. Näme üçin, ol Dünýä bilen ýakynlygy duýdyka? Näme üçin, ol şu wagta çenli şeýle näzik duýgyny başdan geçirip görmedikä? Ýogsam, onuň ykbalyny birikdirjek bolup ýören gelinligem bardy ahyryn. Saýlap-seçen obadaş gyzy Gülşirin bilen ol ýokary bilim almak üçin, paýtagta bileje gelipdiler. Görk-görmekden iki paý berlen ýaly, Gülşirine Meýlis az höwes edenokdy. Ýöne. näme üçindir, olar örän seýrek görüşýärdiler. Bardy-geldi duşuşaýanlarynda hem diňe guraksy hal-ahwal soraşmak bilen oňup, tizräk hoşlaşmaga gyssanýardylar. Meýlis bu ýagdaýa hiç wagt ähmiýet berip durmandy. Gülşiriniň tutuklygyny asylly gyzlara mahsusdy. Indi welin, ýigit oýlanýardy. Ömrüni bile ötürmeli gelinligi bilen aradaky sowuk-salalygyň sebäbi nämedenkä?

Gülşirin obada iň görmekli gyzlaryň biridi. Meýlis hem naýbaşy ýigitleriň biridi. Onsoň olaryň biri-birine mynasyplygyna şek-şübhe ýok ýalydy. Onuň üstesine-de, olaryň maşgalalary örän gowy gatnaşyk edýärdiler. Ejeleri jora kimin, gara-gadyrdylar. Kakalary hem her gezek duşuşanlarynda, küşt tagtasynyň başyndan turmazdylar. Hemme zat öz-özünden çözülipdi. Juwanlaryň ýokary mekdebi tamamlan batlaryna, durmuş toýlary tutulmalydy.

Ertesi Meýlis özüne diýseň ýakymly bolan agşamky gezelenjinden hem hoşlabyz Dünýä bilen edýän şirin söhbetinden ýüz öwrüp, Gülşiriniň ýanyna gitmekligi ýüregine düwdi. Onuň niýeti geljekki ykbaldaşyna täzeden nazar salmakdy. Onuň bilen ýürekdeş gürrüň edip, gyzyň näzik kalbyna diň salmakdy. Belki, ol şu wagta çenli Gülşirine ýeterlikçe üns beren däldir.

Gülşiriniň okaýan instituty onçakly uzakda bolmansoň, ýigit oňa salymyny bermän ýetdi. Wagt heniz irdi, ýagtygözinlikdi. Ýöne Gülşirini çagyryp bermeklerini towakga eden ýigit ýoňsuz wagtlap garaşyp durmaly boldy. Gyz çykar ýerde çykmady. Ahyrsoňy görnende bolsa, ony görmäge göz gerekdi. Gülşiriniň özüne zynat berenligi mesaňa-mälim bildirip durdy. Egninde owadan lybas, ýüz-gözi timar berilgidi. Ýöne gyzyň hemişeki sowuk-salalygydy. Ol näme üçin geldiň diýen manyda ýüzüni kese-kese sowup, hol aňyrda aýak çekdi. Oňaýsyz halda galan ýigit näme diýjegini bilmän, gowuşgynsyz gürledi.

— Gülşirin, salamlaşaýyn diýip geläýdim.

— Sag bol!

Gyz şeý diýip, ýigidiň indiki aýtjak sözlerine garaşdy. Özem nämedir bir zatdan göwni galan ýaly, ýüzüni egşidýärdi. Hasam oňaýsyz ýagdaýa düşen Meýlis başga näme diýjegini bilmän, göwnüne düwüp gelen sözlerini aýdyp goýberdi.

— Gülşirin, ýör, baga çykyp, az-kem oturaly.

Gyz gözlerini alartdy.

— Näme üçin?

— Hal-ýagdaý soraşarys. Senem okuwyň hakda gürrüň berersiň.

— Utanaňokmy, gören-eşiden näme diýer?

— Munuň näme aýby bar? Hanha, oglan-gyzlaň hemmesi gürleşip otyr ahyryn.

— Men olar ýaly däl.

— Gülşirin, biz indi uly adamlar. Ene-atalarymyz toýumyzyň tutularyna garaşýarlar. Durmuş gurmak bolsa, ykbaly kesgitleýän wajyp pursat. Onuň bagta tarap alyp gitmegi-de, tersine bişowluklaryň ýüze çykmagy-da mümkin.

— Sen näme diýjek bolýaň?

— Diýjek bolýan zadym, ykbal toýuny toýlamakak, birek-biregi gowy tanamagymyz gerek.

— Näme, şu wagta çenli tanamadyňmy?

— Gülşirin, näme üçin biz ysnyşyp, ine-gana gürleşip bilemzok? Hatda didarlaşasymyzam gelenok. Ynha, häzirem iki agyz söz alşyp bilmän durus. Sen şu babatda, heý, oýlanyp göreňokmy?

Gyz birbada näme diýjegini bilmedi. Ýigit bu amatly pursaty goldan gidermedi.

— Gülşirin, ýör, az-kem bagyň içinde gezelenç edeli. Idili hal-ahwal bir soraşaly ahyryn.

Gülşirin bialaç ýigidiň yzyna düşmeli boldy. Ýöne öýkeli halda demini haşlap alýardy. Özem deň gadam urman, yzrakdan ökje ogurlap ýöreýärdi. Meýlis esli salym sesini çykarman gitdi. Ol häzir durky bilen böwrüne diň salýardy. Gülşiriniň ýanynda Dünýä bilen başdan geçirýän ýakymly pursatynyň peýda bolaryna garaşýardy.

— Siziň bagyňyz hem sergin ekeni. Güller terje, nemli topragyňam ysy gelip dur. Bu ys meniň iň gowy görýän ysym.

Şeýle diýip, Meýlis ahyrsoňy, gyz bilen ara düşen dartgynly ümsümligi bozdy. Ýöne gyz kineli dymmagyny dowam etdi. Meýlis ýene oňaýsyz halda galdy. Ol indi nämeden söz açjagyny bilenokdy. Ýigide ýazyklyk duýgusy azap berýärdi. Bu duýgy oňa ozaldan tanyşdy. Gülşirin bilen didarlaşan her pursatynda başdan geçirýän ýakymsyz duýgydy. Özüniň näme etmişiniň barlygyny bilmese-de, kalbynda gutulgysyz peýda bolýan duýgydy.

Ýigit birden aýak çekdi-de, sen-men ýok, janyndan syzdyryp gürläp başlady.

— Gülşirin, gel, hakykatyň ýüzüne dogry garaly. Bize bagtly maşgala ojagyny döretmeklik başardarmyka? Göwnüme bolmasa, biz keseki ýaly bolup durus.

Meýlis ýüregine daş baglap aýdan bu sözleri, gyza zor täsir eder öýtdi. Emma Gülşiriniň göwni bir ýalydy. Ol hemişeki sowuk äheňi bilen kesgin gürledi.

— Häliden bäri başymy kes-kellä goýup, diýjegiňem şumi?

Ýigit müýn bilen ýüzüni sapajak-supajak etdi.

— Maňa dogry düşün, Gülşirin. Men ýalňyşmaly diýjek bolýan. Ykbal meselesindäki ýalňyşy soň düzetmek kyn düşer.

— Ýalňyşaryn öýdüp gorkýan bolsaň, ýasy ýanyň ýerde bolsun. Saňa zor bilen durmuşa çykjak bolýan ýok. Ejem özelenip duransoň, bolýa diýäýdim. Görmedigim sen bol!

Gülşirin şeýle diýibem eglenmän, tekepbirlik bilen siltenjiräp, gaty-gaty ýöräp gitdi. Onuň beren jogaby Meýlisiň üstünden gaýnag suw guýlana döndi. Ýigidiň kalbyny sarsdyran zat bu ykbaly kesgitleýän sözleriň şeýle ýeňillik bilen aýdylyp goýberilmegidi. Şu wagta çenli göwnünde besläp gelen şirin arzuwlarynyň bir zarbada berbat bolmagydy.

Meýlis giň köçäniň ýanýolundan alňasak gadam urýardy. Güýçli tolgunmadan ýaňa, ýüz-gözi lowlaýan ýigit hiç özüni dürsäp bilenokdy. Ýowuz bir duýgy kalbyndan daş bolup basýan Meýlis özi duýmazdan, kerkawly seýilgähe nazaryny dikipdi. Ol haraý isleýän dek, hoşlabyz Dünýäniň ýanyna gyssanýardy. Emma seýilgähden Dünýäni tapyp bilmedi. Wagt giç bolansoň, Dünýä bilen oturanja ýerleri boş durdy. Demi-demine ýetişmeýän, kalby galagop ýigit gyzyň ýaşaýan ýerine tarap ýüwürdi. Jaýyň penjireleriniň köpüsinde eýýäm yşk lowurdaşyp durdy. Täsin ahwalat ýüze çykdy. Göýä, Meýlisiň gelenligini duýan dek, penjiräniň öňünde Dünýä peýda boldy. Ol aşaklygyna çalt nazar saldy-da, gözden gaýyp boldy. Birsalymdan gyssanmaç aşak düşüp gelýän gyzyň aýak sesleri eşidildi.

Ýüregi gürsüldäp urýan Meýlis sabyrsyzlyk bilen Dünýäniň gelerine garaşdy. Hemişeki sowukganly, nazarkerde ýigidi indi tanar ýaly däldi. Onuň meňzi agaryp, inçelen ýaly bolan ýüzünde aljyraňňylyk duýulýardy. Dünýä eserdeň ädimler bilen ýeňil basyp, Meýlisiň golaýjagyna gelip durdy. Gyzyň intizar bakýan garamyk gözleri aladalydy.

— Bu gün näme üçin gelmediň?

Meýlisiň bu mylaýym sese kalby giňäp gitdi. Oňa hupbat ýamanyny berýän dartgynly oý-pikirler zym-zyýat boldy. Ýigit ýene özüne diýseň ýakymly bolan şol täsin dünýäni duýdy. Bu dünýä onuň üçin mähribandy.



## AKJA GARLY ALAŇLAR
## (Hekaýa)

Bu ýyl gyşyň başyndan howa sowady. Ýere duýdansyz gar düşdi. Ak dona bürenen obany tanar ýaly bolmady. Ýöne tebigatyň gazabyna tutmagy oba adamlaryny darykdyryp durmady. Meýdan işleri böwşeňläpdi. Adamlar kileň oba içindediler. Ýyly jaýlarda arly ýylky çekilen zähmetiň höziri görülýärdi. Hemme ýerde bolçulyk hem ine-ganalyk höküm sürýärdi.

Ertirlik naharyny edinip bolan Döwran, gyssanmaç geýinmäge durdy. Näzik alada bilen ogluna ýüzlendi.

— Oglum, bu gün dynç güni ahyryn? Okuw bolmasa, sowukda nirä gitjek bolýaň?

— Eje, meýdana çykyp göresim gelýä. Tämiz gar ýagan meýdan enaýy bolup durandyr.

— Uzaga gitmän, çalt dolangyn, balam. Süňňüňden sowuk geçäýmesin.

— Bolýa, eje!

Döwran daş çykanda oba mazaly ören ekeni. Töwerekde jemende köp görünýärdi. Hemmeleriň ýüzünde şatlyk möwç urýardy. Goňşy-golamlar biri-birlerine şelaýyn habar gatyşyp, jaýlarynyň töweregini gardan arassalaýardylar. Döwran özüne ýoldaş agtarman, obanyň ilersindäki baýyrlyga tarap tutduryp başlady. Onuň niýeti ýekelikde tebigatyň gözelligine syn etmekdi. Näme üçindir, ýigdekçe soňky döwürde ýekelige ýykgyn edýärdi. Öz içki dünýäsi bilen mübtela bolanyny kem görenokdy.

Mekdebiň ýokary synpynda okaýan Döwranda garaşylmadyk özgerişlikler bolup geçdi. Onuň kalbyna nähilidir bir adatdan daşary işjeňlik aralaşdy. Bikarar göwün hyjuw bilen dolup-daşýardy. Döwran indi bir pursatlyk hem wagtyny bihuda geçirmezlige çalyşýardy. Okuwa jany-teni bilen ýapyşýan ýetginjek, geçilýän sapaklary ilik-düwme özleşdirýärdi.

Durmuşyndaky bolup geçen bu özgerişlige Döwranyň özem akyl ýetirip bilenokdy. Göwnüne bolmasa, birden ukyby artan ýaly bolupdy. Indi oňa iň çylşyrymly dersleri özleşdirmek hem ýeňillik bilen başardýardy.

Emma, Döwranyň okuwdaky gazanýan üstünlikleri hemme kişä ýarap barmady. Ilki bilen, Azadyň ýüzi könelip başlady. Azat bilen Döwran ýegre dostdular. Olar çagalykdan bile oýnap ulalypdylar. Azat sagdyn bedenli bolansoň, Döwrandan ekabyr görünýärdi. Häsiýetem gedem bolup, iki ýigdekçäniň arasyndaky dostluk diňe, Döwranyň ýumşak gylygy sebäpli saklanýardy.

Döwranyň sen-men ýok, ezberläp gidibermegi Azadyň petine gar ýagan ýaly etdi. Başga biriniň öňe düşmegi onuň üçin geçirimsiz ýagdaýdy. Azatda bäsdeşlik etmäge ukyp ýokdy, ol diňe bökdäp bilýärdi. Diş-dyrnak bolup, ökdäniň synyndan aslyşmaga gaýymdy. Azat Döwran üçin, ýegre dostlukdan barlyşyksyz garşydaşa öwrülip, ol özüniň kitüwli meýlini ýaşyrjagam bolmady. Synpyň beýleki oglanlaryna-da meçew berýärdi. Geň halda onuňky ugruna-da bolýardy. Azada nähilidir bir ýol bilen, synpdaş oglanlaryna täsir etmeklik başardýardy. Indi olaryň hemmesi diýen

ýaly, Döwrana gyýa göz bilen bakýardylar. Hatda gyzlaryň hem gatnaşygy üýtgäp, olaryň terzindäki peýda bolan sowuklyk mesaňa-mälimdi.

Döwranyň gögele kalby jan ýalyjak synpdaşlarynyň hyltly nazaryna bäs gelip bilenokdy. Bimähremlik bilen oklanýan her bir towly söz, ýüregine çümüp durdy. Essiňi aýyp barýan sowuk susluk, öçli garaýan güjükli nazarlar, otdan alyp suwa atýardy. Sada ýigdekçe özünde näme günäň barlygyna düşünenokdy. Asylam aýlawly pikirlerden daşda bolan Döwran çaga ýaly garawsyzdy. Onuň kir-kimirsiz tebigaty diňe ýagşy niýetlere ýugrulandy. Onsoň otly halka bolup, başyndan ilen bu dartgynly ýagdaý Döwrana diýseň ýokuş degýärdi. Janyna jaý tapman, çolalygy küýsäp meýdana çykmagyna-da, belki, şu galagoplugyň özi sebäp bolan bolmagy mümkin.

Dagy etekläp oturan obadan ilerligine ýöredigiňçe belende galýardyň. Ýowşanly düzlük kem-kemden alaňlyga öwrülýärdi. Baýyrlaryň dowamy bolan bu ak alaňlaryň arasy hemişe seleňdi. Dag tarapdan öwüsýän aramja şemal göwün taryňa kakyp durdy. Hol, aşakda ýazylyp ýatan oba gözüňe allaowarrada ýaly bolup görünýärdi. Döwran bu çolalyga gelende, her gezek geň duýgyny başdan geçirýärdi. Göýä, göwrümi giňäp, bedenine güýç gelip gowşan ýaly bolýardy. Häzirem, gar basan alaňlaryň arasynda güýjüniň baryndan ylgaşlap ýördi. Aýazlyja howa garamazdan, mazaly derlän ýigit kalbyndaky ýakymsyz duýgulardan halas boljak bolýan ýalydy.

Ertesi Döwran mekdebe barýarka, ýene Azatlara sowuldy. Emma Azat eýýäm giden ekeni. Oňaýsyz ýagdaýa düşen Döwrana Azadyň oglan jigisiniň hetjikläp aýdan sözleri hasam agyr degdi.

— Azat okuwa häli gitdi. Ol indi saňa garaşanok.

Okuw otaglarynyň gapysyndan giren Döwranyň endamy jümşüldäp başlady. Ol özüne kynlyk bilen erk edip, zordan ornuna geçip oturdy. Synpdaşlarynyň hiç biri hem onuň gelenine ähmiýet bermedi. Bu göz-görtele äsgermezçilige Döwran hiç öwrenişip bilenokdy. Tolgunmadan ýaňa, ýigdekçäniň ýüzi agyp-dönýärdi.

Ýamany ikinji sapagyň başlanýanlygyny duýdurýan jaň kakylandan soň boldy. Arakesmede daş çykyp gelen Döwran ornuna geçip oturan badyna, okuw esbaplarynyň ýerinde ýoklugyny gördi. Bu garaşylmadyk ýagdaýa ör-gökden gelen ýigdekçe, birbada näderini bilmedi. Munuň bilgeşleýin şeýdilenligi bes-bellidi. Döwran sussubasyk halda ýüzüni aşak salyp oturmakdan başga alaç tapmady. Emma sapak heniz başlanmanka, Döwranyň ýiten okuw esbaplaryny eline alyp, ýanaşyk synpda okaýan Bahar geläýdi. Ol gele-gelmäne, okuw esbaplary Döwranyň öňünde patladyp goýdy.

— Zatlaryňa eýelik etseň bolmaýamy, oglan?! Bulaň biziň okuw otagymyzda çaşyp ýatyr.

Ozalam sussubasyk halda başyny göterip bilmän oturan Döwran, hasam aljyrady. Ol zöwwe ýerinden galyp, alaçsyz ýagdaýda gazarylyp duruberdi. Okuw otagyndakylar bu «hezillige» gyzyl-gyran gülüşdiler.

— Bahar, zatlaryny getirip berip, sen gury azap edipsiň. Ol okuw esbapsyz hem okap bilýär ahyryn.

— Onuň zehininiň daş ýarýanlygyndan Baharyň habary ýokdur.

Bahar Döwranyň synpdaşlaryndan beýle şady-horramlyga garaşmandy. Ol geňirgenmek bilen gözlerini tegeläp, birsalym oýlanyp durdy. Soň utanjyndan ýere giräýjek bolýan Döwrana täzeden nazar aýlap, sessiz-üýnsüz çykyp gitdi.

Ýanaşyk synpda okaýan Bahar görmeklidi hem tüýs, dogumyň öýi diýilýänlerdendi. Ýörände saldamly hereket bilen batly gadam urýan gyzdan, näme üçindir, ýigitleriň sussy basylýardy. Oňa habar gatmaga hiç kim milt edenokdy. Bahar bilen şu wagta çenli Döwranyň hiç hili gatnaşygy ýokdy. Beýle elýetmez gyz hakda ýigit hatda oýlanybam görmändi. Okuw esbaply bolup geçen oňaýsyz wakadan soň, Döwran bu gyzdan utanýardy. Ondan başardygyça gaçgalaklap gezýärdi.

Bir gezek olar däliziň ugrunda pete-pet gabat geldiler. Bu gezek gaçgalaklamaga maý bolmady. Ýigit bialaç halda ýüzüni aşak salyp duruberdi. Ol gyzdan gyjytly sözlere garaşdy, emma onuň çaklaýşy ýaly bolmady. Gyz oslagsyz ýerden duýgudaşlyk bilen habar gatdy.

— Döwran, saňa görübilmezçilik edýälermi?

Bu mylaýym sözlere Döwranyň ýüzi ýagtylyp gitdi, emma ýagşydan-ýamandan sesini çykarmady. Gyz ýygra ýigitden wagty bilen jogap almajagyna gözi ýetensoň, her sözüne agram berip sözledi.

— Döwran, bilip goý, okuw esbaplaryňy dostuň Azat getirip gitdi.

Şondan soň, Bahar Döwranyň gözüne üýtgeşik görnüp başlady. Her gezek gyza gözi düşende, howandaryny gören ýaly dünýesi giňäp gidýärdi. Baharyň hem Döwrana bolan gatnaşygy mesaňa-mälim üýtgedi. Ol indi açyk ýüz bilen salamlaşýardy. Gadyrly hal-ahwal soraşýardy. Özem näme üçindir, Döwranyň okuw otagyna ýygy-ýygy gelip başlady. Her gezek gelende-de, sus oturan Döwrana tarap assyryn nazaryny aýlap, haýpygelijilik bilen başyny ýaýkaýardy.

Bir gün hemmeleri haýran galdyran waka bolup geçdi. Sapak heniz başlanaýmanka, okuw otagyna duýdansyz Bahar gelip girdi. Ynamly gadam urýan dogumly gyz, özüne dikilen nazarlardan birjik-de gypynç etmän, Döwranyň ýanyna geldi. Ol elindäki kitaby ýigidiň öňünde goýdy-da, mylaýymlyk bilen ýüzlendi.

— Döwran, şu kitaby okap görsene, örän gowy goşgular bar ekeni.

Bu garaşylmadyk ýagdaýa äm-säm bolan Döwran, birbada näme diýjegini bilmedi. Ýygra ýigit minnetdarlyk bildirmäge ýetişmänkä, gyz eglenmän, çalt çykyp gitdi. Sähel salymyň içinde bolup geçen bu oslagsyz waka, Döwranyň synpdaşlaryna üýtgeşik täsir etdi. Olar indi geňirgenmek bilen Döwrana seredişýärdiler.

Şol gün okuwdan soň, Azat Döwran bilen bile gaýtdy. Bu ýagdaý Döwran üçin örän geňdi. Azat näme sebäpdendir, sesini çykarman gitdi. Diňe öýleriniň deňine ýetensoň, kalbyndaky ynjalyk bermeýän soragy berdi.

— Döwran, Bahar bilen araňyzda näme bar?

— Hiç zadam ýok.

— Onda seni idemesi näme?

— Şoňa özümem düşünemok.

Dogrudanam, Döwran Baharyň bolşuna düşünenokdy. Öňki tekepbir gyzy, indi tanar ýaly däldi. Onuň Döwrana gözi düşdügi, ýüzünde mylakat peýda bolýardy. Arakesme wagtlary bir bahanajyk bilen ýigidiň ýanyna gelip, köpçüligiň içinde onuň bilen ýakyn durup söhbet edýärdi. Gyzyň ýşnakly ýüzünde Döwran hakda alada duýulýardy. Ol bir gezek oslanmadyk ýerden ýigide göwünlik beriji sözler aýtdy.

— Döwran, başga hiç zada üns berme-de, diňe okuwyň bilen bolubergin.

Ahyrsoňy, Döwran Baharyň ýüregine düwen matlabyna azda-kände düşünmeklik başartdy. Gyz özüniň belent mertebesi bilen kyn ýagdaýa düşen sada ýigide, medet bermek islän ekeni. Ýeri, görsene, bu ýadyňa-oýuňa düşmejek

merhemetliligi! Hakykatdan-da, Baharyň göwnüniň isleýşi ýaly hem boldy. Döwranyň göýä, elinden çekilene döndi. Bahar ýaly elýetmez sahypjemal tarapyndan hormatlanmak, onuň üçin uly abraý boldy. Synpdaşlary indi Döwrana başgaça garap, öňki basdaşlyklaryndan nam-nyşan galmandy. Göýä, öz hatalaryna düşünip, indem günälerini ýuwmarlamak isleýän ýaly hemmesi garagadyrdy.

Göräýmäge, hemme zat gülala-güllük bolan ýalydy. Emma Döwranyň kalbyna täzeden galagopluk aralaşdy. Baharyň eden ýakymly gatnaşygy Döwranyň ýüregini gobsundyrypdy. Gyzyň mylakatly sözleri kalpda öçmejek yz goýupdy. Ýigit indi bikarardy. Ol birsyhly Bahar hakda oýlanýardy. Gyzyň şuglazar keşbi, bir pursatlyk hem göz öňünden aýrylanokdy. Döwran çykgynsyz ýagdaýa düşenligine göz ýetirdi. Sebäbi beýle elýetmez näzenine mynasyp bolardan özüni egsik saýýardy. Onuň pikiriçe, mekdepde başga has mynasyp, naýbaşy ýigitler gyt däldi.

Janyna jaý tapmaýan Döwran, ýene şol alaňlaryň arasyna çykdy. Obadan ýoňsuz uzaklykda bolansoň, töwerekde janly-jemende görnenokdy. Bolluk bilen düşen gar eýýäm eräp ýetişipdir. Diňe guzaý ýerlerde saklanyp galan bölejik garlar, gunduz ýaly agaryp görünýärdi.

Bu ýerlerde geň asudalyk höküm sürýärdi. Göýä, daş-töwerek syrly dymýan ýalydy. Geçmişde, bu jelegaýlarda ýaşaýyş gaýnap-joşupdyr. Şäherler döräp, ekinzarlyk giden düzlügi tutupdyr. Uzak ülkelerden gelýän hatar-hatar kerwenler goş ýazdyryp geçipdir. Hanha, taryhda ady belli senetçileriň şäheri Altyndepe, ýoňsuz meýdany tutup ýatyr. Küýze döwüklerinden ýaňa, onuň gerişleri gyzaryp görünýär. Aňyrda Garrygalanyň kert gaýalary asmana direnişip dur. Sol egniňe baksaň, Mäne babanyň syrçaly kümmedi howalanyp otyr. Bu ýerler keramatly ýerler. Gadym eýýamlarda ýaşap geçen ata-babalaryň ruhlarynyň siňen ýerleri.

Döwran birden geçmişiň sedasyny syzan ýaly boldy. Kalbynda ýaňlanan owaz ýüreginiň urgusy bilen goşulyşyp gitdi. Oslagsyz ýerden peýda bolan buýsanç duýgusy ýigidi ganatlandyran ýaly etdi. Ol özüniň şu ajaýyp ülkede kemala gelenligine, şonuň üçin hem, hiç bir babatda ýöwsellik etmäge hakynyň ýoklugyna aýdyň göz ýetirdi. Kalbyna aralaşan täsin ukyp bolsa, taryhyň gatlarynda öçmejek yz goýan pederleriň paýhasynyň dowamy bolmalydy.

Döwran şol gije hemişekilerinden has köp okady. Özem näme üçindir, taryh kitabyna ürç etdi. Ertesi mekdebe ugran Döwranyň gadam urşy üýtgeşikdi. Edýän işinden göwni hoş ýigidiň özüne ynamy artan ýalydy.

Mekdebe golaýlan Döwranyň birden ady tutulan ýaly boldy. Töweregine garanjaklan ýigidiň Bahara gözi düşdi. Bahar egni uzyn paltoly, aýagy naşyja ädikli, gyssanmaç ýöräp gelýärdi.

— Birden gözüme kaklyşaýdyň.

Gyz uludan dem alyp, şadyýan ýylgyrdy. Döwranyň hem bu oslagsyz duşuşyga ýüzi nurlanyp gitdi.

— Bahar, goşguly kitabyňyz üçin sag boluň. Hezil edip okadym. Tüýs ýüregimden turdy.

Baharyň gözleri uçganaklap gitdi.

— Dogrudanam, gowy gördüňmi?! Men o goşgulary hezil edip okaýan, okadygymça-da okasym gelýä.

— Beýle bolsa, indi bir saklap ýörmäýin.

Döwran okuw esbaplarynyň arasyndan kitaby çykaryp, Bahara uzatdy. Emma gyz kitaby almady.

— Döwran, isleseň kitap özüňde durubersin. Men barybir o goşgulary ýatdan bilýän.

— Sag bol, Bahar, menem goşgulary hökman ýat tutaryn.

Gyzyň Aý dek husnuna ogrynça nazar salan ýigit, müýnli dillendi.

— Bahar, eden kömegiň üçin, sag bol!

Gyz geňirgenmek bilen gözlerini tegeledi.

— Men näme kömek edipmişim?

— Kalbymdakynyň hemmesini düşündirip bilemok. Ýöne, Bahar, sen durmuşymda uly özgerişlik döretdiň. Maňa özümi hormatlamagy öwretdiň. Indi saňa gözüm düşse, ruhum galkynan ýaly bolýar.

Bahar syrly ýylgyrdy.

— Indi bir müzzerýän dälsiň-dä, hernä?!

Ýigit gyzyň degişme bilen aýdan sözlerini göwnüne almady.

— Ýok, Bahar, sen şeýdip arkamy tutsaň, hiç wagt müzzermen.

— Haçan dogumlanjak?! Haçana çenli seni çaga ýaly, goldap ýörmeli?!

— Men dogumlanamda-da, barybir, goldawyňa mätäç bolarmykam diýýän, Bahar, ömürboýy mätäç bolaryn!

Ýigit birden öte geçenligini aňdy. Duýdansyz agzyndan çykan sözlere puşman etdi. Emma indi giçdi. Döwran müýn bilen başyny aşak saldy. Ýigitden beýle aýgytly sözlere garaşmadyk gyz, birbada, näme jogap berjegini bilmedi. Ýöne tiz çynlakaý görnüşe geçip, kesgin gürledi.

— Döwran, dogrusyny aýtsam, ilki saňa nebsim agyrdy. Soň näme üçindir, ýüregimde geň duýgy peýda boldy. Maňa seniň hemme zatdan ileri sadalygyň ýaraýar. Galanynam ykbal görkezer.

Bahar şeý diýip, çalt-çalt ýöräp gitdi. Onuň yzyndan mähir bilen garap galan Döwran, elindäki kitaby bagryna basanyny duýman galdy.



## ESGER ÝÖRELGESI
## (Hekaýa)

Kemal bu günem okalgadan keýpiçag halda çykyp gaýtdy. Güýzüň jana şypaly günleri bolansoň, birsyhly ýylgyrasy gelip durdy. Agşamaralygyna garamazdan, henizem töwerekde jemende köp görünýärdi. Talyp ýigit şeýle ajaýyp çagda bolýan otagyna barmaga gyssanmady. Golaýjakdaky seýilgähiň güle beslenip oturan ýodajyklarynda gezelenç etmek üçin sowuldy.

Harby gullukda bolup gelen Kemal bu günler ýakymly pursaty başdan geçirýärdi. Ýap-ýaňyja başlanan talyp durmuşynyň ine-ganalygy onuň üçin, durşuna eşret bolup görünýärdi. Kemal bu ine-ganalygyň gadyr-gymmatyny bilýärdi. Sebäbi iki ýyllap bu asudalygyň goragynda boldy. Polat ýaly berk düzgün-nyzamly gullukda kemsiz bekän ýigit, indi durmuşa has hyrydar göz bilen garaýardy.

Kemalyň gulluk eden serhet galasynyň baş serkerdesi Hojamyrat aganyň esgerlerden talaby uludy. Halypa serhetçiniň ilkinji göz öňünde tutýan zady beden sagdynlygydy. Gündizki türgenleşiklerden soňam, esgerler agşamara sap-sap bolup, ýöriş edýärdiler. Bu mizemez kada endik bolup gidipdi. Ilkagşamyň imi-salalygynda ädimlerini deň urýan syrdam boýly esgerler, batly ses bilen aýdym aýdýardylar. Watan hakda aýdylýan joşgunly aýdymlar uzaklardan-uzaklara ýaňlanyp gidýärdi.

Merdana esgerlikden galan endikler ýat edilenokdy. Kemal özüne salýan zoruny birjik-de egsenokdy. Her gün irden sport meýdançasyna çykyp, ýoňsuz aralygy ylgap geçýärdi. Agşamlaryna bolsa, bolýan otagynyň eýwanynda daş göterýärdi. Gara suw bolup derleýän talyp ýigit, iň soňky güýjüne çenli elindäki daşy düşürenokdy.

Beden sagdynlygy Kemal üçin aýratyn mana eýe. Türgen ýigit çigin-çigin göwresindäki möwç urýan güýji lezzet bilen duýýardy. Güýçli talybyň başarnygam başga hili geläýýärdi. Saýhally, hereketli, hemişe sowukganlylygyny saklamagy başarýan Kemal armany-ýadamany bilenokdy. Geçilýän sapaklary ilik-düwme özleşdirýärdi. Ilki göreniňde, ýakymly täsir döredýän nazarkerde ýigidiň topardaşlarynyň arasynda abraýy uludy.

Ýöne özünden şeýle göwnühoş ýigidi bimaza edýän zadam bardy. Olam otagdaş ýoldaşyndan göwni suw içmezligidi. Kemalyň Sadyk bilen mäşi bişişenokdy. Sadyk turuwbaşdan Kemal bilen ekjeşip başlady. Onuň gonjuna gor guýýan zat, Kemalyň özüni örän dürs alyp barmagydy. Kemaldaky pugta häsiýetiň özünde bolmazlygydy. Bu basdaşlykdy. Otagdaş ýoldaşy bilen gowulykda bäsleşip bilmejegine gözi ýetensoň, Sadyk güýji bilen haýbat atýardy. Güýç bolsa onda ýeterlikdi. Uzyn boýly, sagdyn ýigidiň bedeninde bimöçber güýç dyňzap durdy. Ýöne bu güýç gazanylan güýç däldi. Ol tebigat tarapyndan berlen güýçdi. Şonuň üçin, onuň ähmiýetine-de düşünip duranokdy. Sadyk bir gezek göz edip, eýwanda daş göterýän Kemalyň elinden putluk daşy kakyp aldy-da, güýjünde baryny edip, galdyrmaga başlady. Zor görmekden ýaňa, ýigidiň boýun damarlary saňgaty bolýardy.

Otagdaş ýoldaşynyň gödekligi Kemalyň degnasyna degýärdi. Emma sabyr-takat bilen çydam edýärdi. Başyna otly halka bolup ilen bu gedemiň petigulusyny berjek bolup duranokdy. Ýigit heniz ýaşdy, tejribesizdi. Durmuş akymynda özbaşdak ýüzüp görmedikdi. Ýigitde men-menlik duýgusy bardy. Bedeni güýçli bolansoň, howalasy belentdi. Ýöne, durmuşda hemme zadyň güýje bagly däldigine welin, heniz düşünip ýetişmändi.

Bir gün Kemal otaglarynda kitaba kän güýmendi. Otagdaş ýoldaşynyň irginsizlik bilen, kitaplaryň gatyny dörmegi, ýene Sadygyň myrryhyny atlandyrdy. Ol garşy-garşy Kemala tarap gözüni alardyp seredýärdi. Özüne dikilen hyltly nazary Kemal dessine duýdy. Ol howlukman başyny galdyrdy-da, dersine sygman oturan Sadygyň ýüzüne soragly garady.

— Sadyk, bir zat diýjek bolýaňmy?

Sadyk ajan ýüzüni bir gapdala sowdy.

— Seňki düşnükli. Köp okan bolup, ala-böle tapawutlanjak bolýaň.

— Sadyk, birinjiden-ä men ilden tapawutlanmak üçin däl-de, bilimimi artdyrjak bolup okaýan. Ikinjiden, sen näme üçin biagyrylyk edýäň. Geçilýän sapaklary häzirden özleşdirmeseň, soň dersler gitdigiçe çylşyrymlaşar. Şuňa pugta düşün.

Sadyk sen-men ýok, morta sözüni atyp goýberdi.

— Akyl öwretjek bolmasan-aý. Ýuwulmadyk çemçe ýaly, ýigrendigim sen!

Otagdaş ýoldaşyndan beýle sözlere garaşmadyk Kemalyň tolgunmakdan ýaňa, çekgesi gyzyp gitdi. Ol nähili ör turanyny bilmedi.

— Sadyk, sylagyňy bil! Men seniň hormatyňy saklaýan.

Sadygyň tüýs diýeni boldy. Ol yrsaramaga bahana tapanokdy.

— Ýeri, sylagymy bilmän ekenim-dä, şonda nädersiň?!

— Onda saňa emel görkezmeli bolaryn.

— Hany, görkez, nähili emeliň bolsa!

— Bolýa, ýönekeýjesini görkezäýeýin onda, ynha, seret!

Kemal Sadygyň ýanyna gelip, döşünden çala itip goýberdi. Entirekläp giden Sadygyň gahardan ýaňa, gözleri hanasyndan çykaýjak boldy. Ol gazap bilen Kemalyň üstüne topuldy. Emma eline ilen zat bolmady. Howany sermäp galan öçli ýigit, birden ämert güýji duýdy. Güýç ony agramsyz ýaly ýokaryk göterdi-de, ornuna oklap goýberdi. Sadyk aňyna-maňyna garalman, berdaşly gollarda oýunjak ýaly silterlenýärdi. Hemme zat göz açyp-ýumasy salymyň içinde bolup geçdi. Garşylyk görkezmäge ýetişmedik Sadyk, eýýäm ornunda düşegine çolanyp ýatyrdy. Düşegiň künjünde Kemalyň oturmagy bolsa, Sadyga gymyldamaga maý berenokdy.

— Emeli nähili gördüň?

Sadyk ýagşydan-ýamandan sesini çykarmady. Boşanjak bolup, dyzanybam durmady. Ökdäniň eline düşenligine bada-bat göz ýetiren ýigit, eýýäm mugyra gelen kysmydy.

— Emeli gaýtalabam görkezeýinmi ýa ýeterlikmi?

Sadykdan ýene ses çykmady.

— Goýberäýjek onda.

Kemal çala ýerinden gozganandan, Sadyk ok ýaly atylyp, otagdan çykyp gitdi. Ýöne basga düşen ýigidiň wagty bilen yzyna köwlenmezligi Kemaly alada goýdy. Ol ynjalyksyzlyk bilen, ýoňsuz wagtlap otagdaşyny agtarmaly boldy. Sadyk umumy

ýaşaýyş jaýynyň arka ýüzündäki bagyň içinde ekeni. Uzyn oturgyçda bir gysym bolup oturan ýigidiň bu wagt haly meňki bolsun diýer ýaly däldi. Otagdaşynyň ýanynda ornaşan Kemal hoşamaýlyk bilen elini egninde goýdy.

— Öte geçen bolsam, bagyşla, dost!

Sadygyň bu wagt dil ýarmajagyna gözi ýetik Kemal howlukman söze başlady.

— Sadyk, tebigat saňa eçilip bilen baýlygyny eçilipdir. Sagdyn beden, egsilmez güýç-kuwwat beripdir. Sen bu zatlaryň gadyr-gymmatyny bilmelisiň. Häzirkiň ýaly, artykmaç güýjüňe baýrynyp, men-menlik etmäge hakyň ýokdur. Sen sahawatly ýüregiň emri bilen ýaşamalysyň. Özüňdäki bar bolan bu baýlygy il-günüňe bagyş etmelisiň. Diňe şeýle etmek bilen maksadyňa ýetip bilersiň. Ynsan ýagşy niýet bilen bagta duşýandyr.

Kemal gözlerini bir nokada dikip oturan Sadygyň ýüzüne soragly garady.

— Düşündiňmi, dost?

Sadyk esli wagtdan soň, düşünýän diýen manyda çala baş atdy. Otagdaş ýoldaşynyň poladynyň ýumşak bolup çykanlygyna begenen Kemal, ýeňillik bilen dem aldy.

Okuw gitdigiçe gyzyşýardy. Topardakylar barha tijenmäge mejbur bolýardy. Topardaşlaryň arasynda geň dartgynlyk höküm sürýärdi. Hiç kimiň birek-birekden kem oturasy gelenokdy. Her kimiň ümzügi öňedi. Ýöne her niçik-de bolsa, çapuwa goýberlen atlaryň aýaklarynyň deň bolmaýşy ýaly, talyplaryň arasynda-da tapawut ýüze çykýardy. Guýmagursak zehinliler bardy. Ähli ünsüni okuwa jemläp, irginsiz zähmet bilen öňe dyzaýanlar  hem-de batly depgini eýerip bilmän, aljyraňňy halda töweregine garanjaklaýanlaram bardy. Garaz, kimiň-kimligi aýan bolup barýardy.

Kemal öňe saýlanýanlaryň arasyndady. Ol hergiz badyny gowşadanokdy. Bu erjellik esgerlikden galan synmaz erkdi. Ýöne Kemalda beýleki öňdebaryjylardaky ýaly hondanbärsilik ýokdy. Ol goltgy isläp, ýüz tutýan topardaşlaryna elden gelen kömegini gaýgyranokdy. Olaryň kynçylyk çekýän ýerlerini janyndan syzdyryp düşündirýärdi. Bu ýönekeýje arkalaşyk soňabaka, uly tutuma öwrüldi. Kemalyň daşynda barha köp jemende ýygnanýardy. Ýöne sähel wagtyň geçmegi bilen, Kemal janserek bolubam ýörmeli bolmady. Sebäbi beýlekilerem ýerli-ýerden geçilýän sapaklar dogrusynda, öz pikirlerini aýdýardylar. Şeýlelikde, köp bolnup ara alynýan dersler ýeňil özleşdirilip başlandy. Toparyň içinde hemmäň egni deňleşdi-de, aýakbagy bolýanam galmady.

Ýöne toparda emele gelen bu hoşniýetli gatnaşyk hemmä ýarap barmady. Öňe saýlanýan talyplaryň käbiri ynjalykdan düşdi.

— Kemal, näme üçin beýdýäň? — diýip, Merjen nägileligini aýan etdi. — Her öňýetene tekge berjek bolup ýörmän, öz okuwyň bilen bolubereňde bolmadymy?

Kemal topardaş gyzyň teýeneli sözlerine birbada jogap bermedi. Başyny aşak salyp, oýlanyp duran ýigit birhaýukdan soň gürledi:

— Merjen, atyňy ýeke çapyp, ýoldaşlyk borjuňy unudyp bolmaz ahyryn.

Merjen şol bir heňine tutup:

— Hemmeler bilen aýakdaş ýörejek bolsak, onda biziň näme tapawudymyz bolar?

— Tapawutlanjak bolmagyň nämä geregi bar, Merjen? Gaýtam, köpçülik bolup gadam ursaň, hezillik dälmi?

— Men üstünlik gazanmagy gowy görýän. Üstünliksiz ýaşap bilemok. Hemmeler bilen özümi deň tutjak bolsam, onda üstünligi kimiň üstünden gazanaýyn?

— Üstünligi okuwda gazan. Köp oka, köp öwren. Munuň üçin köpçülik bolup tagalla etseň, has gowy netije berer.

— Kemal, sen haýsy akyla gulluk edýäň? Saňa gep düşündirip bilmedim-le.

— Merjen, men Watan goragynda bolup geldim. Bu düşünjelerim esger ýörelgesi. Esgerler bir jan, bir ten bolup, ýoldaşlaryny kyn günde goýanoklar.

Özi bilen ugur gopmansoň, Merjen Kemalyň ýanyndan öýkeli gitdi. Bu ýagdaý ýigidi az gynandyrmady. Ynsanlaryň arasyndaky ýakymsyz gatnaşyk, megerem, durmuşyň görküni gaçyrýan iň esasy zat bolsa gerek.

Gyzgalaňly okuw günleri çalt geçýärdi. Topardaky talyplar edep-ekramlydy hem-de oglan-gyz diýmän, birek-biregiň hormaty pugta saklanylýardy. Kemal bu ýerde-de özüni gullukdaky ýaly wagtyhoş duýýardy. Sebäbi ýene köpçülik bolup gadam urulýardy. Ýene howa ýaly zerur jebislik öz erkini ýöredýärdi.

Otagdaş ýoldaşy Sadygyň gylygynyň üýtgemegi Kemaly has-da begendirýärdi. Gedemjigiň indi men-menlik etmäge eli degenokdy. Okuw bilen başagaý ýigit mumly ýüplüge dönen kysmydy. Durmuş isleseň-islemeseň, öz akabasyna tabyn edýär.

Howanyň çigremegi bilen hereketler has janlandy. Kalplarynda joşgun möwç urýan talyplar uçganaklaşyp ýördüler. Her kimiň başardygyça köp hereket edesleri, şelaýyn sözleri has köp aýdaslary gelýärdi. Topardaky bu ruhubelentlige Kemal gadyr-gymmat goýýardy. Ýigidi, ilki bilen, gyzyklandyrýan zat topardaşlarynyň beden taýdan sagdynlygydy. Bu nukdaýnazardan garamak oňa endik bolup gidipdi. Idisi ýetik ýaşlar inlerini-boýlaryny kemsiz alýardylar. Bedendäki güýç-kuwwat kämilligi kesgitlemeýärmi, eýsem?! Oglan bol, gyz bol tapawudy ýok, ilki bilen, şol esasda ynsan tebigaty kemala gelýär.

Topardaşlarynyň köpüsiniň beden taýdan sagdynlygy Kemaly guwandyrýan bolsa-da, Tawusyň bolşy ünjä goýýardy. Tawus beýleki gyzlardan ala-böle tapawutlanýardy. Diýseň çepiksije gyzyň gylyk-häsiýetem durnuksyzdy. Her gün okuwa uly hyjuw bilen gelýän Tawus, ilki hemmeler bilen gara-gadyrdy. Joşgun bilen nämedir bar zatlar hakda gürrüň berýärdi. Sapaklaryna gowy jogap berýärdi. Emma soňabaka welin, näme üçindir, yzgyty gaçýardy. Sähel zady göwnüne alyp, lapykeç halda öýe gaýdýardy.

Tawusyň gylyksyzlygynyň sebäbine Kemal düşünip durdy. Onuň saly gowşajykdy. Beýle egsiklik bilen köpçüligiň yzyna eýermek kyndy. Gyzy häzirki çylşyrymly ýagdaýyndan diňe, beden taýdan kämilleşmeklik halas edip biljekdi. Emma muny oňa nähili düşündirmeli? Bu ýeke-täk dürs ýola janyň-teniň bilen uýmalydy. Sebäbi bu ýol ummasyz köp zähmeti talap edýär.

Kemal bir gün okuw ahyrlap barýarka, Tawusyň halyndan habar aldy. Tawus gysgajyk arakesmede keýpsiz oturdy.

— Tawus, mazaň ýok-la?

Tawus birden sen-men ýok, ýangynly gürläp başlady.

— Meňki hiç bolanok. Taryh sapagyndan şu gün gowy jogap bereýin diýip, agşam uzak gije taýynlandym. Emma beren jogabymdan göwnüm suw içenok.

— Jogabyň hiç neneň bolmady ahyryn. Men-ä hezil edip diňledim.

— Meň göwnüm üçin şeý diýen bolaýýaň, Kemal. Men pahyry goldajak bolýaň. Ýöne meň hiç wagtam gezim galasy ýok-la.

— Tawus, näme üçin sussupes gürleýäň? Beýle ejizlik saňa gelşenok.

Tawus jogap berjek bolmady-da, sus nazaryny bir nokada dikdi. Gyzyň almaň sapagy ýaly, inçejik boýny hasam mejalsyz göründi. Kemal indi aýtmakçy bolýan sözlerini gizläp durmady. Çynlakaý görnüşe geçip, howlukman söze başlady.

— Tawus, seň bilen ozaldan bäri gürleşmekçi bolup ýördüm. Seniň halyňa haýpym gelýär. Sen örän ejizje. Şonuň üçin beýlekiler bilen aýakdaş ýöräp bileňok. Durmuşyňdaky bişowluklaryň hemmesiniň sebäbi şu ýerde.

Gyz geňirgenmek bilen gözlerini tegeledi.

— Sen näme diýmekçi bolýaň, Kemal? O nähili bişowlugym, ejizligim bilen bagly bolýar?!

— Tawus, meniň bu aýdýanlarym dogrudan-da, saňa geňräk görünmegi mümkin. Sebäbi bu çylşyrymly ýagdaý. Sen sagdynlyk babatda beýlekilerden yza galýaň. Durmuşda bolsa, beden sagdynlygy uly ähmiýete eýe bolýar. Seniň şuňa pugta düşünmegiň gerek.

Tawus sabyr-takatsyz Kemalyň sözüni böldi.

— Aýdaly, düşünenem ekenim-dä. Onsoň, men näme etmeli? Nädip beýlekiler ýaly güýçli bolmaly?

— Pyýada ýöremeli. Irginsizlik bilen menziller aşmaly. Bu ýalňyz dogry çykalga. Seniň ýaşaýan ýeriň uniwersitetden näçeräk uzaklykda?

— Men şäheriň günbatar çetinde ýaşaýan.

— Örän gowy, diýmek, sen her gün şu aralygy ýöräp geçmeli. Ulaga münmeli däl-de, okuwa pyýada gatnamaly.

— Şu aralygy men her gün ýöremelimi?!

— Birem däl-de, iki ýöremeli, hem gelşin, hem gaýdyşyn. Elbetde, janyňa dözmeli bolarsyň, Tawus. Maksadyňa diňe şeýdip ýetmeli.

Tawus şondan soň, ýagşydan-ýamandan sesini çykarmady. Diňe akylly gözlerini bir nokada dikip oturdy. Ertesi bolsa Kemalyň ýanyna gelip, keýpsiz habaryny berdi.

— Düýn okuwdan soň, öýümize pyýadalap gaýtdym. Aýagym gan-gabarçyk boldy. Köwşümiňem ökjesi döwüldi.

Kemalyň şatlykdan ýaňa, gözleri uçganaklap gitdi.

— Dogrudanam, pyýada gaýtdyňmy, Tawus?! Sen örän dogry edipsiň. Zyýany ýok, indikiňde oňaýly aýakgap geýersiň. Ýöne haýyş edýän, şu kesbiňi indi hiç wagt goýma.

Gyz ynamsyzlyk bilen ikirjiňlenýänligini duýdurdy.

— Bilmedim-dä, netije çyksa ne ýagşy.

— Netije çykar, Tawus, hökman çykar!

Şondan soň, Tawusyň sapaklarda barlygy-ýoklugy bildirmedi. Gyz ornunda sesini çykarman oturýardy. Öňki joşgunly keýpiçaglygam, tiz üýtgeýän gylygam ýitip gitdi. Okuw tamamlandygy gyz öýlerine howlugýardy. Kemal Tawusyň öýlerine nähili gaýdýanlygyny biljek bolup, azara galýardy. Şonuň üçin bir gezek duralga çenli yzyndan garama-garama gitdi. Gyz ulaga münmedi. Kitapdyr depderli torbasyny arkasyna ykjamlap atan gyz ýanýol bilen haýdap başlady. Bu ýagdaýa ýigidiň dünýesi giňäp gitdi.

Sanlyja günüň içinde Tawusyň ýüzi ýagtylyp başlady. Gyz indi birsyhly ýylgyrýardy. Özem öňküleri ýaly, keýpi bozulman, şatlyk bilen öýlerine gaýdýardy. Kemal Tawusdaky bolup geçen bu üýtgeşiklige seslenmän durup bilmedi.

— Tawus, ýol ýöremeklik saňa oňyn täsir edýär. Tüweleme, eýýäm şähdiň açylaýdy.

Şatlykdan ýaňa bökjekläsi gelip duran Tawus içki tolgunjyna bäs gelip bilmedi.

— Dogrudanam, ruhum ýeňlän ýaly boldy. Indi ertire çykmaga howlugýan. Ýöredigimçe-de, ýöräsim gelýär.

Kemalyň ýüzüne minnetdar garaýan gyz, birden sesini ejap bilen pessaýlatdy.

— Ýöne, Kemal, işdäm açylyp, ýalmawuza dönäýdim. Ejem nahardan doýrup bilenok.

— Bu gowulykdan nyşan, Tawus. Häzir saňa ýokumly iýmit zerur. Berekella, sen dogry netije çykarmagy başardyň. Men muňa diýseň begenýän. Üstünlik hemraň bolsun!

— Beren maslahatyň üçin sag bol, Kemal!

Tawusyň bagtyýarlyk bilen gül-gül açylmagy, dogrudanam, Kemaly begendirýärdi. Ýigit göýä, uly ýeňiş gazanana dönüpdi. Merjeniňem uzak garaşdyrman, köpçülige goşulmagy uly ahwalat boldy. Gyzyň ýiti zehini indi topardaşlarynyň geçilýän sapaklary has-da gowy özleşdirmegine ýardam edýärdi.

Bir gün topardaşlar üýşüp, taryhy muzeýe gitmekligi maslahat etdiler. Bu ilkinji gezek jem bolup çykylyşydy. Bu gezegem Kemalyň yzyna eýerilýärdi. Bu sylag-hormat islese-islemese, ýigidi ganatlandyrýardy. Ony has-da beter tolgundyrýan zat hemmeler bilen birlikde Merjeniň hem özüni sarpalamagydy. Kemalyň näme üçindir, bu gyza bolan garaýşy üýtgeşikdi. Merjen dogumlydy. Özüne göwnüýetik gyzyň polat deýin berk erklidigi bildirip durdy. Bäsleşikde ol hiç kimiň öňünde ýan berjege meňzänokdy. Şeýle gaýratly gyz tarapyndan hormatlanmak, elbetde, islendik ýigit üçin uly bagtdy.

Merjen bütin gezelenjiň dowamynda Kemalyň ýanyndan aýrylmady. Ol birsyhly özüni tolgundyrýan zatlar dogrusynda janygyp gürrüň berýärdi. Gyzyň akylly-başly nazaryýeti bardy. Muzeýiň baý eksponatlarynyň arasynda aýlanyp ýörşüne täsin netijeleri çykarýardy. Onuň ýeňillik bilen öwürýän pikir ýordumlary göwne makuldy. Gyz durky bilen öz matlaby, ýürek höwesi bilen ýaşaýardy.

Kemal şol gije wagty bilen uklap bilmedi. Topardaş gyzyň nepis tebigaty ony jadylapdy. Ýigit Merjen hakda oýlandygyça, oňa hormaty artýardy. Gyzyň kämil dünýäsinden başga-da, ajap husny bardy. Zenanlyk güýji möwç urýan tagaşykly göwresi, damarynda gyzgyn gany dyňzaýan juwan ýigidiň ýüregini gobsundyrypdy. Bu şeksiz ajaýyp sahypjemaldy. Eger bagtyň çüwüp, ykbalyňy birikdirip bilseň, ömrüňe nur saçjak bagt ýyldyzydy.

Kemal birden özüniň öte geçýänligini duýdy. Süýji hyýallara beslenip, tas erkini elden gideren ekeni. Ýigidiň başga näzenine gaş galdyrmaga haky ýokdy. Onuň öz arzylysy bardy. Dogduk depesinde gözüni ýoluna dikip oturan, wadaly dilberi bardy. Kemalyň atygsaýan göwni birden mähriban obasyny küýsedi. Dogup-dörän diýary oňa gol bulaýan ýalydy.

Daňyň ataryna gyssanýan ýigit säher bilen ýola düşdi. Eliň aýasy ýaly tekiz ýoldan ok ýaly süýnüp barýan ulagyň tizligi häzir oňa haýal görünýärdi. Obalaryna golaýlaşdygyça, Kemalyň ýüregi bat bilen urup başlady. Ýoluň iki gyrasyndaky

aňyrsyna-bärsine göz ýetmeýän ekinzarlyga tolgunma bilen bakýardy. Içinde zähmet gaýnap-joşýan bu bereketli atyzlar, onuň kemala gelen dünýäsi ahyryn.

Kemal oba gelip düşende, ýygymçylar günorta naharyna çykyp başlan ekenler. Şonuň üçin ol öýlerine-de barman, Aýsonanyň ýoluny saklamaly boldy. Kowçum-kowçum bolup, deňinden geçýän ýygymçy gelin-gyzlar Kemala tarap ýylgyryp seredişýärdiler. Kemal birden Aýsonany oňaýsyz halda goýýandygyna göz ýetirdi. Bu jemendäniň içinden ala-böle saýlanyp, aýak çekmäge Aýsona het edip bilermikä? Bu ýagdaý heniz durmuşa çykmadyk gyzyň abraýyna kes etmezmi? Emma gyz aýak çekdi. Kemala gözi düşen Aýsonanyň ýüzünde uçursyz şatlyk möwç urýardy. Eda bilen ýylgyryp, joralarynyň arasyndan saýlanyp gaýdan Aýsona, Kemalyň golaýjagyna gelip durdy.

— Kemal, salam!

— Salam, Aýsona!

Aljyraňňy ýigit birbada näme diýjegini bilmedi. Diňe elindäki sowgadyny gyssanmaç uzatdy. Ünjüsiz ýylgyrýan Aýsona sowgady minnetdarlyk bilen kabul etdi.

— Sag bol!

Kemal birneme özüni dürsäp, Aýsona içgin nazaryny aýlady. Gyz mesaňa-mälim daýanypdyr. Terezilenip duran eginleri, çyzgalan berdaşly gollary zähmetde bişişenliginden habar berýärdi. Sada göreçleri bolsa, şol öňki duýgudaşlygy bilen garaýardy.

— Aýsona, göresim gelip gaýdyberdim. Indi aýra gezmeris, tiz toý ederis.

Gyzyň birenaýy nurlanan ýüzi aý dek öwşün atdy. Ejap bilen başyny aşak salan gyz, näzli ýylgyrdy. Aýsona şondan soň eglenmedi. Süňňüýeňillik bilen çalt ädimläp, joralarynyň yzyndan ýetmäge gyssandy.

Bu gysgajyk duşuşykdan soň, Kemalyň eginleri ýazylan ýaly boldy. Ol häzir mähriban obasynyň köçesinden emaý bilen gadam urýardy. Ýigit özüne diýseň tanyş bolan oba imi-salalygyny lezzet bilen duýýardy. Kalbynda mäkäm orun alan bu imi-salalyk onuň üçin mukaddesdi.



## ÇIGILDEM GÜLÜNIŇ DESSESI
## (Hekaýa)

Annamyrat bu günem hemişekileri ýaly ir turup, mellekde güýmenýärdi. Gyş ýeňse berip, topraga ýyly gidensoň, bagyň içi hasam sapalydy. Gyş ukusyndan oýanan agaçlara jan girip, hä diýmän, erikler gülläp başlar. Yzgary ýetik toprakdan jana şypaly serginlik göterilip, şeýle ajaýyp çagda tebigatyň ýüzi täzelenen ýaly bolup duýulýardy.

Elindäki gaýçysy bilen baglary pürdeýän Annamyrat keýwanysynyň nähili ýanyna gelenini duýmady. Alyn saçlarynda ak görnüp başlan Aknur daýzanyň bu günler süňňi ýeňlän ýalydy. Ol häzirem, näme üçindir, şatlyk bilen ýylgyrýardy. Adamsynyň golaýjagyna baryp duran Aknur daýza elindäki suraty görkezdi.

— Kakasy, şu surat ýadyňa düşýämi?

Pälwan göwreli Annamyrat işini togtadyp, surata ünsli garady. Soňam çala ýylgyryp, müýnli dillendi.

— Ony henizem saklap ýörmüň?

— Men muny hemişe-de aýap saklaryn. Bu biziň bagtymyzyň gözbaşy ahyryn. Şu suraty sowgat eden pursatyň henizem göz öňümde dur. Şol gün Zenanlar baýramydy.

Annamyrat böwrüne diň salyp durdy.

— Bu suraty satyn almak üçin, ýörite etrap merkezine gidipdim. Saýlajak bolup durkam, ak çagba gelip dünýäni suw-sil etdi. Surat eziler öýdüp, azara galýadym.

— Her niçik-de bolsa, gowy surat saýlapsyň, kakasy. Surat näme üçindir, maňa üýtgeşik täsir etdi. Terje çigildem gülüniň şekili saňa bolan garaýşymy üýtgetdi oturyberdi. Menden hoş söz eşideniň üçin, şu suratdan minnetdar bolaýgyn.

Annamyrat ýüzüni nurlandyryp, gözlerini bir nokada dikdi.

— Şo pursat gözüme düýş ýaly bolup görünýär. Juwanlygymyzyň mowç urýan döwri dünýä lälezar ýalydy. Ýadyňa düşýän bolsa, seniň gyrmyzy reňkli köýnegiň bardy, şo köýnek saňa diýseň ýaraşýady. Şol gezekki Zenanlar baýramy biziň bagtymyzy açdy.

Adamsynyň ýakymly sözlerine gül-gül açylan Aknur birden dillenenini duýman galdy.

— Biziň bagtymyzyň açylyşy ýaly, Gülşat jana-da baýramlar bagt getirsin!

Keýwanysynyň bu sözlerine Annamyrat ýagşydan-ýamandan sesini çykarman, nowçagül gyzynyň adynyň tutulmagy hamrak atanyň ýüzüni ýagtyldyp gitdi. Aknur birden öýe gyssandy.

— Huşum gursun! Gülşat jan, bu gün ir turuz diýipdi ahyryn.

Gele-gelmäne içki otaga kürsäp giren Aknur daýza gyzynyň üstüne howala boldy. Çymylgan ýaly ýüpek düşekçede süýji ukuda ýatan balasynyň maňlaýyndan emaý bilen sypady.

— Gyzym, tur-aý indi, mekdebe bu gün ir gitmeli diýýädiň.

— Hawa, eje, häzir turjak. Sona-da basym gelmelidir.

Oýaly-ukuly başyny galdyran Gülşat ejesiniň elini garbap tutdy.

— Eje jan, ýetip gelýän baýramyň gutly bolsun!
— Özüňkem gutly bolsun, balam!
Tolgunan enäniň sesi sandyrap çykdy.
Sähel wagtdan Gülşat jorasy Sona bilen mekdebe tarap haýdap barýardy. Olaryň synpdaşlary bu gün mekdebe ir ýygnanyp, baýramçylyk çykyşyny taýýnlamaklygy maslahat edipdiler. Boýdaşlar gyssagly gadam ursalaram, kalplaryndaky duýgularyny ýaşyryp bilmän, hasam Sonaň göwni bitakatdy.
— Ýene goşgy baryny goşup ugradypdyr. Men-ä indi olary okabam ýetişemok.
Jorasynyň sözlerine myssa ýylgyran Gülşat şadyýan dillendi.
— Yşgyňda köýüp, däli-diwana bolup ýörse, başga näme etsin-dä, görgüli.
— A gyz, köpçüligiň içinde-de habar gatyberýä, men-ä utanýanam.
— Siziňki päk söýgi jora jan, sag-aman bir-biriňize gowuşyň.
Birden Sona jorasynyň ýüzüne çalt nazaryny aýlady.
— Gülşat, jorajygym, siziňkem tizräk belli bolsady. Mekdep döwrümizem tamamlanyp barýa.
Gülşat syr bildlirmezlige çalyşsa-da, ugrunyň gaçanlygy mälimdi. Gyzyň owadan gözlerinde gussa göründi. Jorasynyň ýagşy-ýamandan dil ýarman, uludan dem almagy Sonaň peltesine ýag damdyrylan ýaly etdi.
— Şo hondanbärsijäni başyňdan aýlap goýbersene, görmedigim sen bol diý. Meň-ä indi şoňa gözüm düşse, myrryhym atlanyberýä.
Sona gyzyp barşyna gaty-gaty gürleýärdi.
— Bagtyňy başga ýerden gözle, joram. Bes, sylagy ýetdi! Indi şo diýip ýekeje-de göwnüňi bölme, eşidýämiň, Gülşat?!
Gülşat jogap gaýtarman, ýene uludan dem almak bilen oňdy. Sona ahmyr bilen başyny ýaýkady.
— Sesiňi çykarman, içimi ýakýaň-da.
Joralar mekdebe baranlarynda, synpdaşlary wadalaşylyşy ýaly, jem bolup, baýramçylyk mynasybetli çykyş höwes bilen taýýnlanylýardy. Şadyýan sahna oýunjyklary biri-birinden enaýydy. Ýene hemme babatda Şöhrat öňbaşçylyk edýärdi. Şöhrat janyny aýaman tagalla edip ýörensoň, synpdakylaryň hemmesi onuň tabşyryklaryny gulagasyjylyk bilen ýerine ýetirilýärdi. Agzybirlik bilen başy tutulan işiň hörpi ýokarydy.
Synpdaşlarynyň arasynda Şöhradyň abraýy uludy. Zehinli ýigit okuwyny gowy okaýardy. Diňe öz okuwy bilenem çäklenmän, beýlekileriň okaýşyna-da gözegçilik edýärdi. Jandurmaz Şöhrat sähel bigeleňlik edilse, durup bilmän igeniberýärdi. Hoşniýetlik bilen edilýän bu igençlere hemmeler boýundy.
Şöhrada gyzlaryň köpüsi biparh däldi. Emma näme üçindir, bu naýbaşy ýigide diňe Gülşat mynasyp görülýärdi. Gülşat görmegeý gyzdy. Hemişe aýdyň nazar bilen garaýan, edep-ekramly gyza guwanç bilen bakýardylar. Ýöne biri-birine mynasyp bu juwanlaryň arasyndaky gatnaşyk nämälimligine galýardy. Sebäbi ýigit ilkinji ädimi ätmeklige aýgyt edenokdy. Gaýtam onda Gülşada bolan nähilidir bir, basdaşlyk duýulýardy. Ol beýlekilere garanda, gyza has köp talap bildirýärdi.
Bu gezegem şeýle boldy. Gülşadyň sahnada özüni alyp barşy ýene Şöhrada ýaramady.
— Gülşat, sülmüreme-de, janlyrak hereket etsene. Sen sagymçy gyzyň edebi keşbini döredýäň. Sagymçylar beýdip süýnüşip-sarkyşyp ýörenok ahyryn.

Köpçüligiň öňünde howy basylan Gülşat hasam aljyrady. Aýtmaly sözlerinem dürs aýdyp bilmedi. Lapykeç bolan gyz bir gyra çekilip, ýüzüni sallap duruberdi. Şöhrat azgyrylanyny duýman galdy.

— Ýene taýynlyksyz gelipsiň, Gülşat!

Gülşat ýagşydan-ýamandan sesini çykarmady. Sona jorasynyň tarapyny tutdy.

— Bolmanda-da beýdip, azgyrylyp dursaň, hiç kimem dogry çykyş edip bilmez. Hemmesine özüň päsgel berýäň.

Şöhrat gaharyna bäs gelip bilmedi.

— Näme diýseňem, Gülşat bigeleňlik edýä!

Gülşat mundan artyk durup bilmedi. Öýkeli halda otagdan çykyp gitdi. Synpdakylaryň hemmesi oňaýsyz halda galyp, Gülşadyň ýersiz ýere ýazgarylmagy hiç kime ýaramady.

Şol gün Gülşadyň mazasy bolmady. Asuda gylykly gyz öýkeli haldady. Synpdaş gyzlar Gülşadyň daşyna egele bolup, ýerli-ýerden göwünlik bermäge çalyşýardylar.

Uly arakesmede Gülşadyň garaşmadyk wakasy ýüze çykdy. Mekdebiň howlusyna çykandan, ýanaşyk synpda okaýan Mekan edep bilen ýanyna geldi.

— Gülşat, Zenanlar baýramy mynasybetli şujagaz sowgadymy kabul etsene.

Mekan şeý diýip, Gülşada suratly bukja uzatdy. Bu oslanmadyk ýagdaýa äm-säm bolan gyz birbada näderini bilmedi. Owadan gözlerini tegeläp, geňirgenmek bilen ýigidiň ýüzüne garady. Şol bada hem bukja el uzadanlygyny duýman galdy. Sebäbi Mekan diýseň, mylakatly ýylgyryp durdy.

Mekan ýanaşyk synpda okaýardy. Bu şähdaçyk oglany hemmeler gowy görýärdi. Uzyn boýly, mylaýym häsiýetli ýigit ilki nazaryň düşenden ýakymly täsir galdyrýardy.

— Gülşat, baýramyň gutly bolsun, hemişe üstünlik gazan!

Gutlag üçin Gülşat minnetdarlyk bildirdi.

— Sag bol, Mekan!

Ýigit mundan artyk eglenmedi. Şol şähdaçyklygy bilen şadyýan ýylgyryp, çalt-çalt ýöräp gitdi. Sähel wagtyň içinde bolup geçen bu duýdansyz wakadan soň, Gülşadyň kalbyna şatlyk gelip gowşan ýaly boldy.

Şondan soň Gülşat Mekana gözi düşdügi açyk ýüz bilen habarlaşýardy. Çaga mahsus sada gylykly ýigit bilen emele gelen täsin gatnaşykdan Gülşat ejap edip duranokdy. Sebäbi gyzyň päkize kalby bu gatnaşygyň kölegeli tarapyny görenokdy. Dostana duýgudaşlyk her bir ýürege hoş ýakýar.

Gülşat bilen Mekanyň arasyndaky bu geň gatnaşyk bada-bat Sonaň gözüne ildi.

— Tüýs oňarýaň, jora jan. Mekan bilen şeýt-de, mylakatlyja gürleşiber.

Gülşat geňirgenmek bilen gözlerini tegeledi.

— A gyz, o näme diýdigiň boldy, men näme üçin Mekan bilen mylakatly gürleşmelimişim?

Sona syrly ýylgyrdy.

— Sebäbine soň düşünersiň.

Dogrudanam, Sonaň çaklaýşy ýaly, tiz wagtyň içinde, garaşylmadyk ýagdaý ýüze çykdy. Arakesmeleriň biriniň jaňy kakylandan, Gülşadyň ýanyna Şöhrat geldi. Şöhrat näme üçindir, aljyraňňy haldady. Oňa Gülşat bilen Mekanyň arasyndaky

dostana gatnaşyk mazalyja täsir eden bolarly. Ýigit tolgunjyny ýaşyryp bilmän, üzlem-saplam gürleýärdi.

— Gülşat, men gyzmalyk edipdirin, bagyşla!

Gülşat asuda häsiýetine eýerip, ýene ýagşydan-ýamandan sesini çykarmady.

— Gülşat, näme üçin sesiňi çykaraňok? Men senden ötünç soraýan, bagyşlaýaňmy?

Gülşat ýene sesini çykarmady. Sona oturyp bilmedi.

— Gülşat bagyşlanok.

— Näme üçin?

— Sen ala-böle Gülşadyň üstüne gygyrýaň? Köpçüligiň öňünde utandyrýaň.

— Men ötünç soraýan ahyryn.

— Ötünç soranyň bilen ýürekdäki kinäni aýryp bolanok. Gülşadyň kalby näzik.

Şöhradyň birden ýüzi üýtgäp gitdi. Hemişekileri ýaly, ýene gyzyp başlady.

— Gülşat bigeleňlik edýä, tabşyrylan işe taýynlyksyz gelýä.

Şöhrat gahar bilen iki ýana zowzullaýardy, ýüzi hasam gamaşypdy.

— Gülşat, indi bir wagty ýitirmäli-le, çykyşymyzyň taýynlygy gijä galýa. Eşidýämiň, Gülşat, men saňa diýýän!

Şöhrat birden ýalňyşanlygyna düşündi. Ol Gülşadyň ýanyna ötünç sorap gelipdi ahyryn. Aljyraňňy ýigit näderini bilmän, boz-ýaz halda ýerine geçip oturdy. Şöhradyň bu bolşuna gülüp goýberen Sona ýene jorasynyň daşyna geçdi.

— Näme üçin, alpetinden alaňok? Agzyňa öwrenişdiripsiň, diňe saňa ökde. Heý, beýlekileň adyny tutýamy?

Gülşadyň bolsa, bu wagt jorasynyň aýdýan sözleri gulagyna ilenokdy. Tolgunmadan ýaňa, ýüzi lap-lap gyzýan Gülşat oturyp bilmän dälize çykdy. Ýüregi arassa howa küýseýän gyz uly pejiräniň ýanyna bardy. Öňi güljagazalardan doly penjire açykdy. Daşardan gelýän arassa howadan kükregini dolduryp dem alýan Gülşat nepesini dürsejek bolýardy.

Gyza ýakymsyz duýgy azap berýärdi. Göz öňünden Şöhradyň naýynjar keşbi aýrylanokdy. Ýigit göýä, haraý isleýän dek, delmuryp bakýardy. Birden gyz duýdansyz çykan sese tisginip gitdi.

— Gülşat, näme hakda oýlanýaň? Seni bir zad-a biynjalyk edýä.

Bu Mekanyň sesidi. Mekan göýä, pursat agtaryp duran ýaly, duýdansyz peýda bolupdy. Ýöne bu gezek ýigidiň gelmegi gyza ýakymsyz täsir etdi. Mekan indi oňa başga hili bolup görünýärdi. Öňki sada Mekan däl-de, ýat hem bimähremdi.

— Gülşat, saňa oýlanmak hasam gowy ýaraşýa, hasam owadanlanan ýaly bolýaň.

Mekanyň bu sözleri Gülşada hasam çylkasyz bolup eşidildi. Nebsi-jany agyryp duran Gülşat üçin, Mekanyň häzirki suwjarmasy juda artykmaçdy. Birden synp otagynyň gapysy batly açyldy-da, Şöhrat atylyp çykdy. Şöhradyň ýüzünde gan-pet ýokdy. Ol durky bilen saňňyldap durşuna Gülşada azgyryldy.

— Beýdip durma-da, ýeriňe geç!

Şöhradyň ganyny gaçyryp, üstüne gygyrmagy Gülşady birjigem gatyrgandyrmady. Gaýtam, gyzyň gözlerinde şatlyk göründi. Gülşat çalaja ýylgyryp, sessiz-üýnsüz okuw otagyna girip gitdi. Şöhrat bolsa, tolgunmadan ýaňa, henizem süňňüni saklap bilenokdy. Ol garşysyndaky Mekana gözüni alardyp seretdi-de, yra-dara ornuna tarap ýöneldi.

Synp otagyna dartgynly ümsümlik aralaşdy. Şöhradyň birden özüne erkini ýitirmegi hemmeleri haýykdyrypdy. Synpdaşlary indi Şöhrada howsala bilen seredişýärdiler.

Birden garaşylmadyk ýagdaý ýüze çykdy. Gülşat eda bilen gadam urup, Şöhradyň ýanyna bardy.

— Şöhrat, gaharlanmasana, tabşyryşyň ýaly, çykyşa hökman taýynlanyp gelerin.

Bu mylaýym ses bilen aýdylan sözler diýseň ýakymly eşidildi. Ýigidiň biygtyýar eginleri ýazylaýdy. Ol nähili ör turanlygyny bilmedi. Şöhrat oslanmadyk ýerden, oturýan ornunyň tahylyndan bir desse çigildem gülüni çykardy. Köz ýaly gyzarýan çigildemler terjedi.

— Gülşat, baýramyň bilen gutlaýan! Zenanlar baýramyň gutly bolsun!
Şöhrat şeý diýip, gül dessesini Gülşada gowşurdy. Gülşat özüne sowgat berlen güllere haýran galyp seredýärdi. Ol hoşboý ysly näzik gülleriň nähili peýda bolanlygyna düşünip bilenokdy. Oňa okuw otagyndaky beýleki synpdaşlaram düşünmedi.



## PÄKIZE KALBYŇ OWAZY
## (Hekaýa)

Ýaran irden mekdebe gitmek üçin, öýlerinden hemişeki wagtynda çykdy. Ol köçä düşüp, sähelçe ýörände Jahan hem edil dilleşen ýaly, öýleriniň deňinde peýda boldy. Gyz çala baş atyp salamlaşdy-da, köçäniň o tarapyna geçip, yzrakdan ýöräp ugrady. Bu ýagdaý her gün gaýtalanyp duransoň, endik bolup gidipdi.

Ýaran goňşy gyz Jahan bilen çagalykdan bile oýnap ulalypdy. Jahan gözleri dogum bilen uçganaklaýan, görmekli gyzdy. Ýigidiň her gezek oňa gözi düşende, ýüregi jigläp gidýärdi. Näme üçindir, ýumşak häsiýetli Ýaranyň ondan sussy basylyp, gyz hakda köp oýlanýardy. Çagalygyň şirin arzuwlarynyň hemmesi goňşy gyz bilen baglanyşyklydy.

Ýöne welin, Ýaranyň göwni ahmyrlydy. Gyz oňa elýetmez şaha bolup görünýärdi. Gyz owadandy, owadanlygy ýaly hem howalasy belentdi. Onuň tekepbir nazarynyň talaby uludy. O talaby ödemek üçin, ýigitleriň seresi bolmalydyň. Ýaran bolsa, hiç bir babatda öz deň-duşlaryndan tapawutlanyp bilenokdy. Synpdaşlarynyň arasynda ol naýbaşy ýigitleriň hataryna girenokdy. Inçemikden uzyn boýly Ýaran tagaşyksyzrak görünýärdi. Tebigaty susdy. Barlygy-ýoklugy bildirip durmansoň, oňa kän ähmiýetem berlip durlanokdy. Onsoň beýle görnüksiz ýigide tekepbir bakyşly gyzyň synynyň oturmajagy bellidi.

Ýaran birnäçe gezek öňdelik üçin, darkaş gurup gördi. Emma şonça-da paltasy daşa degdi. Synpyň oglanlarynyň hiç biri ýan berer ýaly däldi. Olaryň hersiniň öz rüstem taraplary bardy. Kuwwat okumyşdy. Ýanynda küt-küt kitaplary göterip ýören zehinli ýigidiň bilim gory çuňdy. Göwresi buýrulyp ýasalan ýaly, türgen Meýlis güýç-gaýraty bilen haýran galdyrýardy. Bälçik Ýolaman synpyň şahandazlykdaky göz-guwanjydy. Onuň bar ýerinde gülki öz-özünden döreýärdi. Beýleki oglanlary hem hiç babatda peslär ýaly däldi. Onsoň Ýarana öz hetdini bilip, sus oturmakdan başga alaç galanokdy.

Ýarana ýene bir zat azap berýärdi. Olam ýygralygydy. Ýüpek ýaly ýumşak tebigatly ýigidiň şagalaň-şowhun bilen kän mazasy ýokdy. Ylaýta-da, Ýolaman bälçikligini edip başlanda, ugry gaçýardy. Ýolamanyň bolsa, diline düşen özüň bolma. Ýygralyk etdigiň dat günüňe! Onsoň köpçüligiň öňünde ýüzüňi gyzardyp durmalydy. Polady ýumşak bolansoň, köplenjem Ýaranyň üstünden düşülýärdi. Neresse kähalatlarda hut, gaçyp gitmäge razydy.

Bir synpda okansoňlar, Ýaranyň bolşuny Jahan görüp ýördi. Gyzyň talapkär nazaryndan ýigide gaçyp-gutulma ýokdy. Ýaran ahyrsoňy, öz bolşuny üýtgedip bilmejegine göz ýetirdi. Sadalygy bilen ylalaşyp, öňe dyzamak, şöhrat gazanmak meýlinden el çekmäge mejbur boldy. Bu bolsa, şuglazar keşbi köňül mülkünde hemişelik orun alan arzyly dilberden tamaňy üzmek diýmekdi.

Alaçsyzlygyňy duýmaklyk ejirli. Ynsan höwes bilen ýaşamaly ahyryn. Duýdansyz ýüze çykan bir waka Ýaranyň durmuşyny has-da suslandyrdy. Garaşylmadyk ýerden oňa Kuwwat hoşamaýlyk edip başlady. Ençeme gezek ýanyna gelip, dostana söhbet etdi. Bu ýagdaý Ýarany geňirgendirdi. Sebäbi Kuwwat özüni

derejeli tutýardy. Her kim bilen dostsurap ýörmezdi. Ahyrsoňy onuň matlaby aýan boldy. Kuwwat uly arakesmede Ýarana garaşylmadyk soragy berdi.

— Ýaran, senden bir zat soramakçy. Jahan bilen araňyzda näme bar?

Ýaran äm-säm bolsa-da, bada-bat jogap gaýtardy.

— Hiç zadam ýok, diňe goňşy gatnaşygy.

Kuwwat Ýaranyň ýüzüne müýnli garady.

— Dost, bagyşla welin, seniňem Jahanda hyýalyň bar bolmagy mümkin. Ýöne men-ä şo gyz diýip hut, kararymy ýitirdim. Şonuň üçin saňa maslahat salmagy ýüregime düwdüm.

Ýaranyň birden ini tikenekläp gitdi. Ýigit göýä, şu wagta çenli göwnünde besläp ýören şirin arzuwlaryndan jyda düşen ýaly boldy. Kuwwat bilen bäsleşik etmäge onuň mümkinçiligi ýokdy. Ýaran boýnuny sallap, keýpsiz gürledi.

— Söýýän bolsaň, duýgyňy mälim et, dost. Seniň abraýyň uly, belki, gyz oňyn jogap berer.

— Diýmek, sen garşy däl-dä?

— Meniň garşydygym ýa garşy däldigimiň hiç hili manysy ýok. Hemmesi gyza bagly.

Kuwwat kanagatlanmak bilen uludan dem aldy. Göýä, işi bitip, gyzdan hoş söz eşidene döndi.

Kuwwadyň tüýs ýürekden kalbyny açanlygyna Ýaran şübhelenenokdy. Aşyk ýigit umyt bilen galpyldaýardy. Oňa duýgudaşlyk bilen garanyny Ýaranyň özem duýman galdy. Ýaranyň birden Kuwwada haýpy gelip, näme üçin oňa medet bermeli dälmiş? Ol Jahana hakykatdanam, mynasyp ahyryn. Ýaran dillenenini duýman galdy.

— Dostum, sen arkaýyn göwnüňdäkini ediber. Gyz seni söýer. Siz bagtly bolarsyňyz. Siziň bagtyňyz üçin, menem elden gelen kömegimi gaýgyrman.

Ýaranyň garaşylmadyk ýerden dilinden çykan bu sözler ýöne ýere aýdylmandy. O sözler tükeniksiz bişowluklaryň netijesidi. Ýürekde beslenip ýörlen näzik söýginiň diňe salgym ekenligine düşünilmegidi. Jahan ýaly belent mertebeli sahypjemala hiç wagt özüniň mynasyp ýar bolup bilmejeginiň armanydy.

Hoşal bolan Kuwwat minnetdarlyk bilen Ýaranyň arakasyna kakdy.

— Sag bol, dost, tüýs ýüregimden turduň!

Şondan soň tiz wagtyň içinde, Jahanyň özüni alyp barşy üýtgedi. Ol indi öňküsi ýaly, hondanbärsi däldi. Irden mekdebe barýarkalar, golaý-golaý ýöreýärdi. Nämedir bir zat diýmekçi bolýanlygy bildirip, ahyrsoňy gyz mekdepden gaýdyp gelýärkäler habaryny berdi.

— Ýaran, menden näme üçin öýkelediň?

Bu garaşylmadyk soraga Ýaran birbada näme jogap berjegini bilmedi.

— Meniň öýkelänlgimi nireden bilýäň, Jahan?

Gyz Ýaranyň ýüzüne garamyk gözlerini aýlady. Ol göreçlerde howsala duýulýardy. Ýaran birden bir zat ýadyna düşen ýaly, gaty-gaty gürläp başlady.

— Jahan, Kuwwat gowy oglan. Ol saňa mynasyp. Siz bagtly bolarsyňyz. Men çynymy aýdýan, Jahan, ynanaý.

Bu garaşylmadyk sözlere gyz ör-gökden geldi. Ýüzi allaniçiksi üýtgäp gitdi. Kalbyndakyny duýdansyz döküp başlan Ýaran bolsa, indi saklanyp bilenokdy.

— Kuwwat seni hakykatdan hem söýýän ekeni. Onuňky päk söýgi, Jahan. Sen birjigem ýaýdanma, bagtyňy duşuňdan geçirme.

Jahanyň birden ýüzi çytyldy.

— O zatlaň aladasy saňa galanok. Il bilen işiň bolmasyn-da, özüňi oňar.

Otlukly jabjynan gyz gahar bilen aňyrsyna bakdy. Onuň aşa tolgunýanlygy bildirip durdy. Esli salym dymşyp gidensoňlar, Ýaran müýn bilen gürledi.

— Jahan, bagyşla, azda-kände özümi mynasyp görýän bolsam, menem saňa habar gatardym. Öz bagtymy synap görerdim. Ýöne men hiç wagt saňa mynasyp ýar bolup bilmen. Sen gowy gyz Jahan, sen diňe, özüňe mynasyp gerçek bilen bagtly bolup bilersiň.

Bu sözler gyza zor täsir etdi. Ol durky bilen bärsine döndi. Jahanyň Aý dek jemaly täsin görnüşde öwşün atyp, käse ýaly balkyldaýan maral gözleri tolgunma bilen bakýardy. Göreçlerde aýdylmaly sözleriň känligi bildiripdi. Ýöne gyz ýagşydan-ýamandan sesini çykarman, diňe uzaklara nazaryny aýlady-da, çalt-çalt ýöräp gitdi.

Ýigit gyzyň yzyndan ahmyrly garap galdy.

Şondan soň, Jahan Ýaran bilen mekdebe bile gatnamady. Ol öňki wagtyndan has ir öýlerinden çykýardy. Okuwdan soňam yzyna garaman gaýdýardy. Ýaranyň Kuwwat bilenem gatnaşygy üýtgedi. Ozalky dostsuraýan ýigidi indi tanar ýaly däldi. Aşyk ýigidiň habary alynmadyk bolarly. Kuwwat bişowlugy Ýarandan görýän ýaly, ýüzüni kese-kese sowýardy.

— Dost jan, senden beýle namartlyga garaşmandym! Ýaman sözler bilen arabozarlyk edersiň öýtmändim.

Kuwwadyň gylygynyň üýtgemegi Ýarana ýakymsyz täsir etdi. Ol öň nähilidi ahyryn?! Içgin ýüregini dökende, Ýaran aşyk ýigidiň halyna gyýylypdy. Oňa çyn ýürekden duýgudaşlyk edipdi. Emma adam beýle üýtgäp biljek ekeni. Indi Ýaranyň Kuwwatdan göwni geçipdi. Ony Jahanyň ýanynda tüýs ýüreginden taryplanlygyna ökünýärdi.

Mekdep döwri tamamlanyp barýardy. Gyş ahyrlap, baharyň ýyly demi dumly-duşda öz erkini ýöredýärdi. Dünýäniň ýüzi täzelenen ýalydy. Baharyň bu ajaýyp çagy ýokary synpyň okuwçylaryna, ylaýta-da, ýakymly täsir etdi. Durmuş ýolundan gadam urmaly pursatyň ýetip gelenligini duýýan ýaşlaryň gylygy üýtgäpdi. Biri-birine bolan gatnaşyklary mylaýym häsiýete eýe bolup, maý tapdyklary üýşüp oturýardylar. Gürrüňlerem köplenç şirin göwünýüwürtmelerden ybaratdy.

Bir gün şeýdip otyrkalar gyzlaryň biri çalaja aýdyma hiňlendi. Näzijek ses bilen aýdylan bu aýdym, näme üçindir, oturanlara güýçli täsir etdi. Her kim oýa batyp, sesini çykarman otyrdy. Şondan soň synpdaşlaryň arasyna, nähildidir bir, gozgalaň aralaşdy. Göwünleri joşup duran juwanlaryň indi tutumly bir işiň başyny tutaslary gelýärdi. Kimsi üýşüp sahna oýunjagazyny taýynlalyň, aýdym aýdalyň diýse, kimsi tans edermendi. Soňky teklip hemmelere makul göründi. Synpdaşlaryň hemmesi oda düşen ýaly boldy. Ýerli-ýerden tagalla edilensoň, ähli zat sähelçe wagtyň içinde ugrugyp gitdi. Mekdebiň aýdym-saza niýetlenen otagy höweskerleriň iň köp barýan ýerine öwrüldi.

Ýokary synpyň okuwçylarynyň agzybirlik bilen başlan bu işine aýdym-saz öwredýän Bagty mugallym şatlanyp, iki bolup bilenokdy. Ol ykjam taýynlyk görüp, ene-atalaryň öňünde çykyş etmekligi teklip edýärdi. Bu çynlakaý işdi. Şonuň üçin işe ýapyşylyşy hem çynlakaý boldy.

Ýöne bir ýerde durup bilmän, bökjekleşýän oglan-gyzlar özleriçe tans edip, toýlarda edilýän tansyň hereketini gaýtalaýardylar. Bagty mugallym bolsa, olary çeper tansa gözükdirjek bolup, hödürleýän tans sazlary hem üýtgeşikdi. Bu sazlara birbada hereketini goşup bilmedikler, ýuwaş-ýuwaşdan ram edilýärdi.

Sazlar ýürek taryňa kakýan belent heňdäki öwüşginlerden ybarat bolup, nepis owazlar biygtyýar öz goýnuna dolap alýardy. Öz içki dünýäň bilen ýüzbe-ýüz galyp, kalbyňdaky besläp ýören umyt-arzuwlaryň, şirin göwünýüwürtmeleriň ör-boýuna galýardy-da, hyýalyň möwç urýan ummanynda gulaçlap ýüzdürýärdi.

Bu şirin sazlaryň heňi Ýarany-da bada-bat özüne imrindirdi. Ýigit birden jadylanana dönüp, öň hiç wagt tans edip görmedik ýygra ýigidi indi tanar ýaly däldi. Ýüreginiň urgusyna deň goşulyşyp duran täsin owazlaryň astynda dünýäni duýman tans edýärdi. Hereketler öz-özünden döräp, içdäki joş alyp duran näzik duýgular gitdigiçe dabaralanýardy.

Ýarandaky bolup geçen bu özgerişligi hemmeler bada-bat duýdy. Ylaýta-da, Bagty mugallym haýran galdy. Ol indi Ýarana gözüni aýyrman syn edýärdi. Sazyň arasy kesilende Ýaran birjigem gysynmady. Diňe demini dürsäp, indiki saza garaşdy. Ýigidiň henizem şol tans edýän wagtyndaky belent ruhdalygydy.

Ýaran ikinji tansa-da ilgezik çykdy. Bu tansyň sazy öňküden tapawutlanyp, munda has janlyrak hereket etmelidi. Uly ruhubelentlik bilen maksadyňa tarap okdurylmalydy. Ýaran geň halda bu tansyň hem tiz ruhuna girdi. Saýhally hereket bilen ýeňiljek gopýan ýigit tansçylaryň hemmesiniň öňbaşçysy ýaly bolup durdy.

Bagty mugallym Ýarany öň hatarda goýdy. Oňa hemralyk üçinem ýanaşyk synpda okaýan Güljany alyp geldi. Güljan hemişe ýylgyryp ýören şadyýan gyzdy. Ol nepis aýlawlar bilen diýseň gowy tans edýärdi. Ýaran bilen bu gyzyň tans hereketleri birenaýy sazlaşyp gidiberdi.

Tans edip başlansoň, Ýaranyň durmuşy birden özgerdi. Özem bu özgerişlik örän çalt bolup geçdi. Ýigidi indi tanar ýaly däldi. Birden görke gelen ýaly bolan Ýaranyň özüne bolan ynamy artypdy. Ol indi hemmelerden ezber tansçydy. Ol bu babatda öz ussatlygyny äşgär duýup, onuň göwnünde besläp ýören arzyly pursaty! Onuň hem beýlekilerden rüstem tarapy bar ekeni. Diýmek, ol hem beýlekiler bilen deň hatardaky naýbaşy ýigit ekeni.

Ýaranyň ussatlygynyň gözbaşy kalbynyň päkizeligi, kir-kimirsiz sada ýüregi bolmadyk bolsa, ýigit beýdip hyjuw bilen dolup-daşmazdy. Ylham bilen joşup, töweregindäkileri özüne maýyl etmezdi. Päk niýetiňem güýji bar ahyryn.

Ýürek joşgunyna bäs gelip bilmeýän ýigit alaň-açyk meýdana çykýardy. Obanyň ilersindäki alaňlaryň arasynda güýjünde baryny edip towsup, çola ýerde-de ol kalbyndaky şirin owazlary eşidip durdy. Ezberlik bilen edilýän näzik hereketler ýürekdäki joşguny gaýtalaýardy. Tebigatyň aýdyp-diýip bolmajak päkizeliginde ýigit göýä, howanyň ýüzünde agramsyz gaýyp ýören ýalydy.

Edilmeli çykyş tiz taýynlandy. Ýaşlar hyjuw bilen dolup-daşdylar. Şonuň üçin haýal-ýagallyk etmezligi maslahat bilindi. Mekdebiň direktory Abadan mugallym hemmelerden beter gyssanýardy. Ol hormatly ene-atalaryň hersine aýratyn çakylyk ýollaýardy.

Çykyş edilmeli gün toý-baýram ýaly boldy. Ene-atalaryň hemmesi şatlyk bilen üýşüp geldiler. Mekdebiň aýdym-saz otagy mähelleden ýaňa hyň berýärdi. Ilki aýdymçylara nobat berlip, joşgun bilen aýdylýan aýdymlar tansçylaryň şowhun bilen

orta çykmaklaryna ýardam etdi. Tansçylaryň hijisem gysynyşyp duranokdy. Gulaga diýseň hoş ýakýan mylaýym sazyň astynda ezberlik bilen tans edýärdiler. Tomaşaçylaryň göwnüni awlaýan zat, ilki bilen, tans edýän ýaşlaryň kalbynyň joşgunydy. Bu sazlaşykly hereket edýän toparyň jümmüşinde bolsa, belent boýly Ýaran ala-böle tapawutlanyp durdy. Onuň başyndaky akja telpegi, egnindäki nagyş salnan ezýaka köýnegi diýseň ýaraşykly görünýärdi. Özüni ynamly alyp barşy, saza utgaşyp duran sypaýy hereketi, hemmesinden beteri hem çalaja gülümsireýän hoşroý ýüzi oňa nowjuwan gerçegiň görnüşini berýärdi.

Çykyş üstünlikli tamamlandy. Tomaşa etmäge gelen ene-atalar şatlyklaryny ýaşyryp bilmän, dowamly wagt el çarpyp durdylar.

Çykyş tamamlanan badyna, Ýaran ejesiniň ýanyna gyssandy. Häliden bäri oglunyň tans edişine demini alman diýen ýaly syn eden enäniň ýüzi bagtyýar nurlanypdy. Ol tolgunjyna bäs gelip bilmän, eziz perzendiniň ýüzünden-gözünden mähir bilen sypaýardy.

Ýaranyň birden ejesiniň ýanynda duran Jahana gözi düşdi. Ýeri, ony başda görmeýşini, diýsene! Gyzy häzir görmäge göz gerekdi. Ol ýap-ýaňyja açylan bägüle meňzeýärdi. Birmahalky tekepbir garaýan garamyk gözler indi guwanç bilen balkyldaýardy. Başyny belent tutýan tansçy ýigit gyza ilkinji gezek buýsançly nazar saldy.



## MUGALLYM
## (Hekaýa)

Bike mugallym bu günem mekdebe ir geldi. Ol ilkinji sapagyň jaňy kakylmazdan öň, ýaş kärdeşi Akpamyk bilen çaý başynda söhbet etmeklige endik edipdi. Şäherde önüp-ösen, mylaýym häsiýetli Akpamyk bilen gürleşip oturmak ýakymlydy. Inçejik, ak ýüzi Aý dek öwşün atýan, hoşhulk Akpamygyň nepis dünýäsi bardy. Ol geň halda, durmuşyň täsin taraplaryny saýgarýardy. Gürlände käse ýaly, gara gözlerini giň açyp, janygyp gürleýän ýaş mugallymyň gürrüňlerini gyzyklanman diňlemek, çaganyňky deý, näzik kalbynyň gözelligini duýmazlyk mümkin däldi.

Akpamygyň ilkinji gezek işe çykyşyny ýatlanda, Bike mugallym henizlerem ýylgyraýýardy. Beýle näzik gylykly gyzy halypa mugallym henize çenli görmändi. Ýokary mekdebi tamamlap, ýaňy işe başlajak bolýan gyzyň bolşy durşuna tomaşady.

Görgülijik okuw otagyna girmäge ýaýdanyp, reňkini agdaryp durdy. Bu juda eýjejik, mylaýymzadany Bike mugallym turuwbaşdan öz ganatynyň astyna alyp, enelerçe oňa hossarlyk etdi. Akpamygyň ilkinji sapaklaryna özi gatnaşyp, ýaş mugallymanyň işe ezberlemegine ýardam etdi. Şondan soň, olar eneli-gyz ýaly, hasam ysnyşyp gitdiler.

Soň görlüp oturylsa, Akpamygyň bu oba işe gelmegi ýöne ýerden däl ekeni. Salym geçmänkä, obada agronom bolup işleýän Söhbet bilen onuň durmuş toýy tutuldy. Obada bu iki juwanyň ykbalynyň birikdirilmegini hemmeler oňlady. Ýöne şäherde önüp-ösen, näzik gylykly gelinligiň obada uzak durjaklygyna hiç kimiň ynamy ýokdy. Gaýtam, negözel ýokary bilimli ýigidi hem ýany bilen alyp gidibermeginiň mümkinliginden ätiýaç edilýärdi. Emma bu çaklamalaryň hemmesi esassyz bolup çykdy. Ýaş mugallyma gelin oba öwrenişip gitdi. Oba-da oňa öwrenişdi. Akpamyk hemmeleriň göz-guwanjyna öwrüldi. Oba adamlarynyň uludan-kiçä hemmesi oňa söýünç bilen garaýardylar.

Bike mugallym çäýnekdir käseleri yhlas bilen çaýkaşdyryp, çaý demledi. Ýany bilen getiren behi mürebbesi bilen ýagly gatlaklyny çykaryp goýdy. Indi Akpamygyň geler wagty bolupdy. Ol oguljygyny çagalar bagyna eltip gaýdýardy.

Akpamyk hemişeki gelýän wagtynda geldi. Ýöne hemişekisi ýaly ýylgyryp gelmedi. Ol uly aladanyň astynda galan ýaly, aljyraňňy haldady. Durşuna göz bolup, balkyldaýan Akpamyk Bike mugallyma arzyny aýtmaga gyssandy.

— Söhbet Nurýagdy bilen tersleşipdir. Şoň bilen bir obada-da işlejek däl diýýä. Indi biz başga oba göçmeli bolarysmy, Bike daýza?

Bike mugallym sowukganlylyk bilen ýagdaýy anyklamaga çalyşdy.

— Olar näme üstünde ylalaşmandyrlar?

— Ekinleri zyýanly möjejiklerden goraýan täze usulyň üstünde sözleri azaşypdyr. Söhbet gaty kineli. Nurýagdy arçynsyrap, sözüni gögertjek bolýa diýýä.

Akpamygyň garaçynydy. Görgülijik aglaýmakdan zordan saklanýardy. Mazasy gaçan Bike mugallym iňkise gitdi. Obanyň arçyny bilen agronomynyň arasynda ýöne ýere sene-mene bolmaly däldi. Olaryň ikisem Bike mugallymyň okadan okuwçylarydy. Ikisi-de bir synpda okap, ýegre dostdular.

Bike mugallym obada sylaglydy. Halypa mugallym gör, nijeme össürimleri ýetişdirip, durmuş ýoluna ugradyp goýberipdi. Obada oňa epeý-epeý adamlar hem «mugallym» diýip, ýüzlenýärdiler. Sada eginbaşly, hemişe çagalaryň terbiýesi bilen mübtela bolup ýören, janypkeş mugallyma hemmeler mylakatly garaýardy. Bike mugallymyň hemişe bir bolşudy. Onuň gaty-gaýrym gürlänine hiç kim duş gelenokdy. Ýöne kiçigöwünli mugallym özi duýmazdan, berk talaplary keserdip goýýardy. Şol talaplara-da hemmeler boýundy. Çünki, olar ynsanperwerlige ýugrulan, hoşniýetli talaplardy.

Bir gün Bike mugallym agtyjagyny çagalar bagyna belletmek üçin, alyp gitmeli boldy. Ol agtyjagynyň elinden tutup, bärden baranda, müdiriň otagynyň öňünde jemende ýetik ekeni. Hemmeleriň ahyrynda, nobatyna garaşmaga duran Bike mugallym birden, töwerekdäkileriň özüne seredişip, ýylgyryşýandyklaryny duýdy. Görüp otursa, olaryň hemmesi öz okadan okuwçylary ekeni. Ýanlary çagaly, biri-birinden uz görünýän ýaş eneler, mugallymlaryny mähir bilen gujaklaýardylar. Oturan otagynyň gapysyny bat bilen açyp, ylgap gelen müdir gelin bolsa, Bike mugallymy bagryna basyp, wagty bilen goýbermedi. Sarpaly mugallymyň işi şol bada düzedilip, hormat bilen öýüne getirilip gidilipdi.

Şondan soň, Bike mugallym başarsa, köpçülige barmajak bolýardy. Ol özüniň sarpalanmagyndan ejap edýärdi. Ýöne bu gün welin, halypa mugallym oýlanyp, Akpamygyň halyna gyýylýardy. Sözleri azaşan iki dostuň aladasyny edýärdi.

Aýgytly pikire gelen Bike mugallym iş wagty tamamlanandan, Akpamyga tabşyryk berdi.

— Häzir, öýe baran badyňa, börek büküp goý.

Perişan haldaky Akpamygyň ýüzi açylyp gitdi. Gözlerinde umyt uçguny körän ýaş mugallymyň ökjesi ýeňläpdi.

— Bolýa, Bike daýza.

Halypa mugallym ýaglygyny başyna atyp, aýgytly görnüşde arçynlygyň jaýyny nazarlap ugrady. Bu wagt arçynyň ýany böwşeňräk bolmalydy. Mugallym başardygyndan gadamyny batly basjak bolýardy. Ýöne garrylyk basmarlan, çepiksi göwre mesaňa-mälim egbarlapdy. Maňlaýa düşen gasynlar joýa-joýa bolup durdy. Saçynyň garasyndan agy köp görünýän, kalby päk, janypkeş mugallyma ýaş durgunlygy perişdäniň nurana keşbini berýärdi.

Bike mugallym arçynyň otagyna girenden, epeý görnüşde oturan Nurýagdy laňňa ýerinden galdy. Ol aljyraňňy halda, mugalymyny nirede oturtjagyny bilenokdy.

— Mugallym, şujagaz ýerde ornaşaýyň.

Arçynyň häzir hojaýynsyramak ýadyna düşenokdy. Ol äpet göwresine garamazdan, mugallymynyň öňünde ýazykly oglanjyk ýaly hozanaklaýardy.

Bike mugallym ornaşyp-ornaşmanka, gönümel sorag berdi.

— Söhbet bilen näme dawaňyz bar? Näme üstünde oňuşmadyňyz?

Haşlap demini alan arçyn, mugallymyna arzyny aýtmaga gyssandy.

— Mugallym, şo kejeňege gep düşündirip bilemok. Şol özüniňkini tutup otyr. Menem düşünýän, «altyn gözlüjeleri» peýdalanyp bilsek, amatly boljagyna. Ýöne onuň netijesi nähili boljak? Bu ýerde bir ýylyň hasylynyň ykbaly çözülýä. Men göz ýumup, töwekgelçilik edip bilmen ahyryn.

Mugallym okuwçysynyň «altyn gözlüjeler» diýýäniniň nämedigine düşünmedi. Ýöne, onda-da, artykmaç sorag berip durmady.

— Söhbediň yndarma häsiýetine beled-ä sen, Nurýagdy. Gaty-gaýrym diýişmeli däl ekeniň.

— Nädeýin-dä, mugallym, üstüme daş döküp dursa. Duzluja sözlerdenem ýükümi ýetirdi.

— Bolmasa, ýene ýagdaýy düşündir-äý.

— Ýok, mugallym, indi şoňa gep düşündirjek däl.

Bike mugallym bu kesgin jogapdan soň, darygyp durmady. Ol okuwçysynyň häsiýetine beletdi. Nurýagdy durumsyzdy, polady ýumşakdy. Ýalbar-ýakar etseň, raýyndan gaýtaryp bolýardy. Şonuň üçin, mugallym bu gezek sesini has ýumşudyp gürledi.

— Nurýagdy, sen eglişik edäýsene. Dostuň ýanyna baryp, ýene maslahatlaş-aý. Öýkeleşip ýörmäň. Menem ýanyň bilen gideýin.

Bike mugallym okuwçysynyň «ýok» diýmejegine umyt baglaýardy. Hatda, hoşgylaw Nurýagdynyň nähili hereket bilen jogap gaýtarjagyny aňýardy. Çagalara ýaşlykdan terbiýe berip, gözüniň alnynda ulaldan tejribeli mugallym ýalňyşmandy. Edil onuň çaklaýşy ýaly, Nurýagdy ýüzüni çytyp, böwrüne diň saldy. Soň sag elini silkip goýberdi.

— Ýöne öýüne girmen, mugallym.

Bike mugallym ýeňillik bilen dem aldy. Işiň ýarysy bitirilipdi.

Ulagy emaý bilen sürüp barýan Nurýagdynyň bar aladasy mugallymyny ynjytmazlykdy. Ol gara der bolup barşyna, Söhbetleriň deňesinde ulagyny saklady. Bike mugallym ýene hoşamaýlyk bilen ýüzlendi.

— Nurýagdy, bu ýerik gelip, beýdip durmasana. Öýüne girmeseňem, eýwanlarynda oturyber.

Okuwçysy ýene ýüzüni çytdy-da, elini silkip goýberdi. Ulagdan düşüp, göwünli-göwünsiz mugallymynyň yzyna düşdi. Howlynyň gapysy kakylyp-kakylmanka, Akpamyk ylgap çykdy. Görgülijik Nurýagdyny görüp, gözlerine ynanmady. Ol diňe, Bike mugallym eşider ýaly çalaja dillendi.

— Böregi atybereýinmi?

«Atyber» diýen manyda başyny atan Bike mugallym ýüzüniň ugruna öýe girip gitdi. Içki otagda dommarylyp oturan Söhbet gapyllykda üstüni basdyransoň, oňaýsyz haldady. Bike mugallym Söhbedi içgin synlady. Onuň başyny galdyrman, bir nokada gözüni dikip oturyşyny görüp, ýagdaýyň hakykatdan-da, çylşyrymlydygyna göz ýetirdi. Söhbede ýalbaryp, raýyndan gaýtarjak gümanyň ýokdy. Mugallym başga köçeden gopdy.

— Söhbet, sen ekinleri mör-möjekden goraýan täze usul girizmekçi bolýamyşyň. Ol nähili usul?

Söhbediň bada-bat ýüzi açyldy.

— Mugallym, şol işi amala aşyryp bilsek, biz ummasyz utuş gazanýas. Ekinlere zyýan salýan mör-möjekleriň garşysyna tebigy usulda göreşip bilýäs. Himiýa serişdelerini peýdalanmazlygyň çäresini tapýas. «Altyn gözlüje» diýen uçýan möjejikler bar. Şolary emeli usulda köpeldip, ekinzarlyga goýberseň, ekinleriň bire-bir goragçysy bolýan eken.

— Sen bu zatlary Nurýagda düşündirdiňmi?

Nurýagdyň adyny eşidenden, Söhbet wawwasyna basylan ýaly, ýüzüni çytdy.

— Ol düşünme kemini goýanok. Ýöne bu işiň hötdesinden geljegime ynam etmedik bolýa.

— Arçynyňam ýagdaýyna düşünmek gerek. Töwekgelçiligem aňsat däl ahyryn.

— Mugallym, bu ýerde töwekgelçilik ýok. Bu usul köpden bäri ulanylyp ýör. Men ürç edip «altyn gözlüjeleri» köpeldýän biokärhananyň işleýşi bilen tanyşdym. Şeýle kärhanany öz obamyzda-da gurup boljak.

Söhbet birden dymdy-da, gahar bilen sözüni dowam etdi.

— Men näçeler zähmet etdim. Hemme zady ilik-düwme özleşdirip goýdym. Olam arkan-ýüzin gaýşyp, aýagyny diräp dur.

Bike mugallym mundan artyk oturyp bilmedi, çekinjeňlik bilen towakga etdi.

— Söhbet, Nurýagda ýene düşündirip göräýsene. Ol daşarda garaşyp otyr.

Nämäniň-nämedigine düşünen Söhbediň birden gylygy üýtgedi. Ol kölege inen ýüzüni bir gapdala sowup, ýene gözlerini bir nokada dikdi. Bu gowulygyň alamaty däldi. Ynjalyksyzlyk bilen gozganjyran Bike mugallym aýgytly pursatyň ýetip gelenligine göz ýetirdi. Häzir Söhbediň haýsy tarapa ýykgyn etjegi belli däldi. Gan bilen giren ýowuz kesirlik öz hökümini ýöretmegi mümkin. Emma bu ýanbermez güýjüň garşysyna-da, güýç tapyldy. Söhbet garşysynda boýnuny burup oturan

mähriban mugallymynyň ýüzünden geçip bilmedi. Sesini çykarman, otagdan çykyp gitdi.

Bike mugallym esli salym, ýerinden gozganman oturdy. Soň seresaplyk bilen daş çykdy. Dostlar eýýäm, ylalaşyga gelen kysmydylar. Öýke-kinäni ýatlaryndan çykaryp, hemaýyn söhbet edip otyrdylar. Uçganaklap ýören Akpamyk salymyny bermän, orta saçak ýazdy. Ýanynyň gatygy bilen äberilen pökgüje börekler keýpleri hasam çaglady. Nahar şüweleň bilen iýilýärdi. Aýdyp-diýip bolmajak şatlyk oturanlaryň hemmesiniň kalbyny gaplapdy. Ýöne dostlaryň bu gezekki şatlygy üýtgeşikdi. Olar mugallymlarynyň ýanynda özlerini henizem oglanjykdyrys öýdýärdiler.



## SÜÝJI ARZUWLARDAKY SÖWER ÝAR
### (Hekaýa)

Agşam şamlygyny edinip bolan Guwanç assyrynlyk bilen töweregine garanjaklady. Onuň bu hereketine düşüş ejesi parahat dillendi.

— Bar, oglum, gezmeläsiň gelse, arkaýyn gidiber. Ýöne gaty gijä galmagyn.

Üns bilen telewizora seredip oturan kakasy bu sözlere nägilelik bilen ardynjyrady. Ýöne ýesini çykarmady.

Ýeňillik bilen dem alan Guwanç çalt geýnip, daş çykdy. Ol her gün agşamara gezelenç etmeklige endik edipdi. Obanyň çola köçelerinde ýeke özi aýlanyp ýörmeklige müýn etse-de, bu endiginden el üzüp bilenokdy. Guwanç çagalygyndan arzuwçyldy. Ümsüm häsiýetli ýigdekçe hemişe içki dünýäsi bilendi. Onuň kalbynda besleýän şirin göwünýüwürtmeleri diýseň imrindirijidi. Durmuşyň gündelik ahwalatlary hem onuň üçin, edil içki dünýäsindäki hyýallar ýaly, nepis görnüşde öwşün atýardy.

Agşamlaryna obanyň keşbi aýratyn görnüşe eýe bolýar. Göz baglanansoň, köçede kän jemende bolanok. Hemmeler öz rahatja ojaklarynda jemlenişýärler. Jaýlaryň ähli penjirelerinden yşyklar lowurdaşyp dur. Dumly-duşdan agşam

şamlygynyň tamşandyryjy ysy gelýär. Göwnüňe diýseň, hoş ýakýan bu ýakymly çagda, nirededir bir ýerde hökman, tüssejik burugsaýandyr.

Guwanç öz köçeleri bilen esli ýöräp, saga öwrüldi-de, uly köçäniň ýanýoluna düşdi. Bu ýerleri hasam gowy yşyklandyrylandy. Indiki çatrygyň aňyrsyndaky ak jaýa golaýlaşdygyça, ýigdekçäniň ýüregi bat bilen urup başlady. Bu jaý Begmyrat lukmanlaryň jaýydy. Begmyrat lukmanyň keýwanysy Maýa daýza-da lukmançylyk edýärdi. Işlerine yhlasly bu maşgalany obada tanamaýan ýokdy. Uludan-kiçä hemmeleriň derdine em edip ýörensoňlar, olaryň abraýy uludy. Şeýle abraýly maşgalanyň hem başlaryna deňäp oturan mähekdaşy ýaly gyzlary bardy. Ine, ýigdekçäniň ýüreginiň batly urmagyna sebäp bolýan zat şudy.

Guwanç Begmyrat lukmanlaryň jaýynyň deňinden çalt geçip, hatda şo tarapa seretmäge-de çekindi. Indiki kesimden aňyrda gülälekli seýilgäh başlanýardy. Bu seýilgähi görmäge göz gerekdi. Esli meýdança gül-pürçük bolup otyrdy. Idegi ýetik, mes toprakda boýnap biten gül-gunçalaryň hoşboý ysy tutuş töweregi tutup durdy. Onuň bu ýere gelmegi gowy görýärdi. Arzuwçyl ýigit gülzarlygyň içinde hyýal kölüne batyp oturýardy. Bu ýeriniň täsin görnüşi onuň içki dünýäsindäki gözellik bilen birgeňsi sazlaşýardy.

Elbetde, Guwanç bu günem hemişekileri ýaly, seýilgähiň jümmüşindäki oturgyçlaryň birinde oturdy. Bu ýerini ol oňaýly görýärdi. Çemenzarlygyň iň naýbaşy gülleri bu ýerde ümürsin bolup, melul ediji yslary bolan mahmal bägüllerine eliňi uzadyp gysymlaýmalydy. Bu ýerden Begmyrat lukmanlaryň ak jaýy hem eliň aýasynda ýaly görünýärdi. Arzuwçyl ýigdekçäniň ähli ünsi şo tarapa jemlenýärdi. Elbetde, biriniň öýüne tiňkäňi dikip oturmak gelşiksiz. Ýöne aşyk ýigidiň kalbynda diňe ýakymly duýgular möwç urýardy. Jadyly ertekilerdäki ýaly, täsin görnüşde howalanyp duran bu jaýdan göwün telwaslandyryjy ýylylyk aralaşýan ýalydy.

Guwanç Gülşada çagalykdan bäri maýyldy. Çagalygyň päkize arzuwlarynyň hemmesi gözleri şadyýanlyk bilen uçganaklaýan gyzjagaz bilen baglanyşyklydy. Ýöründe hemişe bökjekläp ýöreýän, gujurlyja Gülşatjyga biparh garap durmak mümkin däldi. Ol hemmeleriň göz-guwanjydy. Hemmeler tarapyndan eý görülýärdi.

Gülşat çagalykdan bäri aýdym aýdýardy. Onuň näzijek sesi diýseň täsirlidi. Her aýdym sapagynda Aýmämmet mugallym oňa aýdym aýtdyrardy. Aýmämmet mugallymyň çalýan sazyna goşup aýdylýan labyzlyja heňler, göwün guşuňy ganatlandyryberýärdi.

Duýdansyz ýetip gelen ýetginjekligiň heserli pursatlarynda, çagalygyň şol şirin göwünýüwürtmeleri ýiti häsiýete eýe boldy. Arzuwçyl ýigit indi diňe, näzik duýgular bilen dem alýardy. Guwanç gyzy kän görüp bilenokdy. Sebäbi Gülşat ýanaşyk synpda okaýardy. Guwanç gyz bilen nätanyş diýen ýalydy. Ol gyza hiç wagtam golaýlaşmaga het edip bilmändi. Ýygra ýigit gaçgalaklap gezýärdi. Gyz bolsa Guwanja bardyram öýdenokdy.

Guwanç Gülşadyň özi bilen däl-de, onuň hyýaly keşbi bilen köp mübtela bolýardy. Kalbynda ony birsyhly süýji arzuwlar bilen besleýärdi. Hyýaldaky Gülşadyň hakyky Gülşatdan tapawutly bolmagy-da mümkin.

Baharyň ajaýyp günlerinde Guwanjyň yşky has-da ýitileşdi. Bägülleriň açylyp, dumly-duşa müşki-anbar ysyny saçýan döwri ýigdekçe üçin aýratyn pursatdy. Guwanç indi kalbyndaky joş urýan näzik duýgulara bäs gelip bilmän, barha köp böwrüne diň salýardy. Ol ýanaşyk synpyň okuw otagynyň öňünde köwlenjireýärdi.

Ýöne aşyk ýigit alaçsyz ýagdaýda bolup, gyzyň ünsüni özüne çekmegiň ebeteýini tapanokdy.

Şol aralykda-da, Guwanjyň kalbyny heýjana salan waka ýüze çykdy. Gülşat täze aýdym aýdyp başlady. Ol aýdymy ýeke özi däl-de, synpdaş oglanlarynyň biri bilen goşulyşyp ýerine ýetirýärdi. Aşyk-magşuklygyň ruhundaky bu örän sazlaşykly aýdylýan aýdymyň ýakymly owazy hemmeleri maýyl etdi. Ýöne Guwanjyň welin, ýüregi ýiti neşter bilen dilinýän ýaly, gabanjaňlyk duýgusy alaw bolup çyrpyndy.

Gülşat bilen aýdym aýdýan oglanyň ady Mekandy. Mekan birden ers-mers boldy-da, syratly ýigitleriň biri bolup ýetişäýdi. Onuň akmeňiz ýüzi, seçelenip duran şar gara saçy diýseň gözegelüwlidi. Gülşat Mekan bilen mylaýym gatnaşyk edýärdi. Ony özgelerden tapawutly saýýardy. Elbetde, bu bile aýdym aýdýanlyklaryndan bolmagy-da mümkin. Ýöne gyzyň oňa bolan garaýşynda näziklik mesaňa-mälim duýulýardy.

Guwanjyň indi her gezek Mekana gözi düşende, ini tikenekläp gidýärdi. Onuň bu ýigide gözi gidýärdi. Ýowuz bir duýgy Guwanjyň kanagadyny aldym-berdime salýardy. Ynsanlaryň durmuşdaky bagt paýy dürli-dürli bolýarmyka?

Päk göwün bilen edilen set-müň arzuwlaryň hemmesi indi puç bolaýmalymy? Ýigit belli-külli karara gelip, gyza hat ýazmaly diýen netije çykardy. Ähli duýgylaryňy aýan etsem, kalbymdaky bolup geçýän ahwalatlary duýsa, gyz belki, oýlanar.

Guwanjyň söýgi hatyny ilkinji gezek ýazyşydy. Şonuň üçin, ol diýseň tolgunyp, kalbyndaky näzik duýgulary örän pynhan saklaýardy. Haty ýazyp gutarmak üçin, ýoňsuz wagt gerek boldy. Telim gezek göçürip, täzeden ýazdy. Tä göwnüne jaýlaýança ynjalmady. Geň zat, bu iş oňa kem ýaramanam durmady. Ol derdini egsen ýaly boldy. Hupbat ýamanyny berýän alasarmyk duýgular ýeňsä çekildi. Guwanç indi işiniň şow aljaklygyna berk ynanýardy. Sada gylykly ýigdekçä hemme zat edil göwnüniň isleýşiçe bolaýjak ýalydy.

Ýürek bilen ýazylan haty salgysyna gowşurmaklygyň hem bir alajy boldy. Guwanja ýanaşyk synpyň okuw otagyna girip, Gülşadyň okuw esbaplarynyň arasynda haty goýmaklyk kyn düşmedi.

Iş bitirildi. Indi diňe netijä garaşaýmalydy. Ýöne bu işiň soňy Guwanjyň çaklaýşy ýaly bolmady. Mojugy boldy. Okuw esbaplarynyň arasyndan hatly bukja çykandan Gülşadyň bolmajysy boldy. Ol ýarym-ýaş aglap, hatly bukja bolsa, elden-ele geçýärdi. Ony kimiň ýazanlygy dessine anyklanyldy. Ýürek syry bilen ýazylan pynhan setirler batly ses bilen okalyp, dumly-duşa peçan edilýärdi. Gülşat gahar-gazap bilen hatly bukjany eline alyp, Guwanjyň üstüne sürnüp geldi.

— Maňa hat bererçe, sen kim bolupsyň!

Beýle-beýle zatlara garaşmadyk Guwanç dilden-agyzdan galyp, söm bolup durdy. Utançdan ýaňa ýygra ýigidiň haýýaty göçüpdi.

Sapak geçip oturan Annagül mugallym ýagdaýy dessine aňdy. Ol pursady elden gidermän, höre-köşe edip, Gülşady okuw otagyndan çykaryp goýberdi. Tolgunmadan ýaňa, durky bilen saňňyldaýan Guwanjyň bolsa, elinden tutup, mugallymlar otagyna alyp gitdi. Kürsüleriň birinde oturdyp, suwjagaz owurtlatdy. Ýigdekçäniň hakykatdan-da, haly harapdy, ýüzi ak-tamdy.

Annagül mugallym mylaýym sesi bilen Guwanja duýgudaşlyk etdi.

— Guwanç, beýdip darykma ahyryn. Sen diňe, öz duýgyňy mälim etdiň. Munuň hiç hili aýby ýok.

Lal-jim bolup oturan Guwanjyň özüni dürsemegi üçin, ýoňsuz wagt gerek boldy. Ol yra-dara ýerinden turandan, Annagül mugallymyň özi gidip, okuw esbaplaryny getirip berdi.

— Bar, bu gün gaýdyber. Ýöne, Guwanç, ertir hökman okuwa gelmelisiň. Gülşat bilenem özüm gürleşerin.

Guwanç mekdepden nähili çykyp gaýdanyny bilmedi.

Gülşat bolsa, henizem köşeşerli däldi. Onuň barha bujurugy artýardy. Aýnak gyz göýä, turuzýan gohundan lezzet alýan ýalydy.

Gülşat okuwdan çykyp, öýlerine gelende, ejesi sabyrsyzlyk bilen garaşyp otyr ekeni. Maýa daýza eýýäm, hemme zatdan habarlydy. Ejesine gözi düşen gyzyň ýene bolmajysy boldy.

— Eje, meni ile ryswa etdiler. Hat ýazyp, diýjeklerini diýip durlar.

Ene bada-bat gyzynyňkyny oňlamaýanlygyny duýdurdy.

— Gyzym, göze görneňsoň, ýigitler bolmanda-da, habar gatarlar. Beýdip, gopgun turzup ýörmän, düşünşäýmeli ekeniň.

— Men o ýoknasyza gep düşündirerinmi?! Bu edenjesi üçin, ony puşmana getirerin. Kime hat bermelidigini gözüne görkezerin.

— Gyzym, Guwanç ýoknasyz däl. Ol asylly oglan.

Maýa daýza esli salym sesini çykarman oturdy. Soň uly alada bilen dillendi.

— O neressäni sen ne güne salansyň, balam!..

Guwanjyň kalbyny sarsdyran bu ýakymsyz waka tiz unudyldy. Bu barada soň, hiç kimiň dil ýarasy gelmedi. Belki, bu ýaşlaryň hemmesinde bolup biläýjek adaty ýagdaý bolanlygyndan bolsa gerek. Tekepbir Gülşadam gaýdyp, ody ölçerip durmady. Gyz öte geçenligine düşündi. Sebäbi, dumly-duşdan ýazgaryjy nazarlary duýýardy.

Ýöne Guwanç welin, kyn ýagdaýda galypdy. Onuň gursagynda besläp ýören şirin arzuwlarynyň hemmesi puja çykypdy. Sada göwünli, aşyk ýigdekçe janyndan ezizläp ýöreninden beýle bimähremlige garaşmandy. Dünýäsi boşap galana dönen Guwanjyň sulhy öçükdi. Ýowuz bir duýgy kalbyndan daş bolup basýardy.

Mekdep döwri ahyrlap barýardy. Bu ýagdaý ýokarky synpyň okuwçylarynyň gylygyny üýtgetdi. Olar birden ulalan ýaly bolup, biri-birleri bilen has mähirli gatnaşyk edip başladylar. Bigam ýaşlyk döwri bilen hoşlaşyp, durmuşyň bosagasyndan ätlemeklik hemmeleri tolgundyrýardy.

Gülşadam indi, öňki Gülşat däldi. Onuň ilkinji höwesi şowsuz tamamlanypdy. Özi bilen ýakymly heňde aýdym aýdýan Mekan edilen umydy ödemedi. Ol gylyksyz bolup, özüni gerekletmek islän Mekan bir gezek aýdym aýtmaly bolanda boýun gaçyrdy. Tekepbir gyzyň ýigitden belli-külli ýüz öwürmegine şujagaz sebäbiň özem ýeterlik boldy.

Gülşat ýygy-ýygydan özi duýmazdan, böwrüne diň salýardy. Intizar göwünli gyz assyrynlyk bilen şazadasyny agtarýardy. Şol günleriň birinde-de, ony çynlakaý oýlanmaga mejbur eden garaşylmadyk waka ýüze çykdy. Gülşat duýdansyz halda, mekdebiň dälizinde Guwanç bilen pete-pet gabat geldi. Bu oslagsyz duşuşyk ýigidi diýseň tolgundyrdy. Onuň ýüzi allaniçiksi üýtgedi. Guwanç näme edýänini özem bilmän, birden düýrmegi bilen bükülip gitdi. Bu ahwalat gyzyň gözüniň alnynda

bolup geçdi. Gülşat ýigidiň kalbyny sarsdyran galagoplugy äşgär duýdy. Ol howsala bilen yzyna garanjaklap-garanjaklap gitdi.

Şondan soň, Gülşadyň bu ýigide syny düşüp, bilesigeliji nazaryny erjellik bilen yzarlaýardy. Yzarladygyça-da, barha köp oýlanyp, bu ýigit beýlekiler ýaly däl. Oňa gözi düşenden, Gülşat geň bir duýgyny başdan geçirýärdi. Belki, aşyk ýigidiň gursagynda möwç urýan inçe duýgular bir ýol bilen gyzyň kalbyna aralaşýandyr.

Mekdep bilen hoşlaşmaly pursat ýetip geldi. Mekdebi tamamlan uçurymlary durmuş ýoluna ugratmaklyk dabarasy bu ýyl has-da şowhunly boldy. Hemmeleriň ýüregi bat bilen urýardy. Töwerekde bimöçber şatlyk bilen birlikde ýeňiljek gussa-da höküm sürýärdi. Hemişe öň hatarda gadam urmaga endik eden Gülşat, ýene öňe saýlandy. Ony iň göreldeli uçurym hökmünde tarypladylar. Dumly-duşdan gutlaglar ýagyp, üstünliklere beslenen nowçagül gyzyň kalby göçgündi.

Gülşadyň durmuşyndaky bolup geçen indiki özgerişler hasam zereňli boldy. Onuň göwnünde besläp ýören arzuwy amala aşdy. Ol hemme synaglardan üstünlikli geçip, konserwatoriýanyň talyplygyna kabul edildi.

Gülşat özüni täsin düýşde ýaly duýýardy. Ol indi belent ymaratlardan girip-çykýardy. Tanymal ussatlardan tälim alyp, paýtagtyň gözel keşbi obadan gelen gyzyň göwün guşuny ganatlandyrýardy. Gülşadyň özem has gözelleşen ýaly, ýyldaşlarynyň arasynda iň owadan gyz bolup çykdy. Ýene hemme zat edil mekdepdäki ýaly, üstünlikli barýardy. Ýöne bu üstünlikler Gülşady o diýen şatlandyryp duranokdy. Sebäbi beýle ýagdaýa endik edipdi. Ol başgaça bolaram öýdenokdy.

Emma başgaça-da bolýar eken. Ýokary mekdepdäki edilýän talap has düýpli bolup çykdy. Munuň üçin ähli ukybyňy jemläp, irginsiz zähmet çekmelidi. Gülşat birbada öňe saýlanmaklyg-a däl, aýakbagy bolmasa-da kaýyl geldi. Ol çyr-çytyr okuwa ýapyşýan topardaşlaryndan hiç bir babatda tapawutlanyp bilenokdy. Bu ýagdaý gyza diýseň ýokuş degdi.

Gülşat üçin, has çylşyrymly ýeri, otagdaş jorasy Laçyn bilen gatnaşygy boldy. Laçyn turuwbaşdan Gülşatdan özüni owadan hasap etdi. Onuň boýy uzyndy, hereketleri-de çalasyndy. Ol Gülşada belentden nazar salýardy. Bu ýagdaý bilen Gülşat hergiz ylalaşyp biljek däldi. Ol hemme babatda ilkinji bolmalydy ahyryn.

Laçynyň halaşýan ýigidi bar eken. Laçyn ony bir gün ýöriteläp, Gülşat bilen tanyşdyrdy. Kuwwadyň gylyk-häsiýeti hem edil Laçynyňky ýaly ekeni. Olaryň ikisiniň-de howalasy belentdi.

Ýaşlar şol duşuşykdan soň, başlaryny bozman, teatra gitmekligi miwessa bildiler. Teatrdaky goýulýan oýunlara tomaşa etmekligi Gülşat gowy görýärdi. Ýöne bu gezek onuň tomaşa bilen mazasy bolmady. Sebäbi Laçyn bilen Kuwwat gylyksyz häsiýetlerini halys ýüze çykaraýdylar. Olar öz aralarynda towly henek atyşyp, birsyhly gülüşýärdiler. Bu çylkasyz gülküler Gülşadyň etinden ötdi. Ol ýekeligi üçin, üstünden gülünýän ýaly boldy.

Gülşadyň jorasyndan göwni galypdy. Ýöne gylyksyz jorasyndan ar almagyň çäresini tapanokdy. Ol özüni alaçsyz duýýardy. Öz mertebäňi goramak üçin hem, maýaň-maňzyň bolmagy zerur ekeni. Gülşat indi diňe jorasyndan däl, özünden hem nadyldy. Özüňden göwnüň hoş bolmagy üçin, azda-kände gazanýan üstünligiň bolmaly. Şol üstünlik Gülşatda ýokdy.

Durmuş isleseň-islemeseň, öz mümkinçiliklerine kaýyl edýär. Öz mynasyp ornuňy tapyp berýär. Durmuşyň bu polat ýaly, berk düzgünine Gülşadam ýuwaş-

ýuwaşdan boýun bolýardy. Ýöne egsikligiňi aňmak, ejirlidi. Wagtal-wagtal gyzyň göwnüne gubar inýärdi. Ejizlän göwün delalat isleýärdi. Goltgy berjek, gaýratly gerçegi küýseýärdi. Gerçek hökmünde-de diňe, şol ýüzi ownujak meňli, uzyn oglan göz öňünde tutulýardy.

Gülşat ýadyna-oýuna gelmejek işini etdi. Şol oglanyň gözlegine çykdy. Gyzy beýle aýgytly ädim ätmäge mejbur edýän sebäp örän derwaýys bolmalydy. Gülşat Guwanjy nireden agtarmalydygyny bilýärdi. Ol Oba hojalyk uniwersitetiniň agronomçylyk bölüminiň umumy ýaşaýyş jaýyna maňlaýyny diredi. Tolgunmadan ýaňa, zordan süňňüni saklaýan Gülşat ýüregini bire baglap, Guwanjy çagyryp bermeklerini towakga etdi.

Çakylygy Guwanja ýetirenlerinde, ol açyk penjiräniň öňünde oýa batyp otyrdy. Bu duýdansyz habardan soň, Guwanjyň üstünden gaýnag suw guýlana döndi. Ol zöwwe ýerinden galyp, doňan ýaly, habar getiren oglan Guwanjy gyssady.

— Guwanç, gyzy garaşdyryp durmasana.

Guwanç gelen oglanyň ýüzüne naýynjar garady.

— O gyz nähili gyz-aý?

Gelen oglan başam barmagyny çommaltdy.

— Ynha, şunuň ýaly owadan gyz!

Guwanç otagyň içinde ters öwrülip ýörşüne, näme işleýänini bilenokdy. Ol manysyz hereketler edýärdi. Bir geýim asylýanyň ýanyna barýardy, bir aýakgabyny çalşyrjak bolýardy. Gelen oglanyň haýran galmakdan ýaňa, gözleri tegelendi.

— Guwanç, saňa näme bolýa, how?

Guwanç ahyrsoňy entirekläp, otagdan çykdy. Basgançaklar bilen aşak düşüp başlady. Ony hakykatdan-da, duýgusy aldaman ekeni. Girelgedäki otag ösümlikleriniň arasynda, ýüzüni bir gapdala sowup duran, egni ak penjekli gyz dogrudan-da Gülşatdy.

Guwanjyň salamlaşmaga-da mejaly bolman, gyzyň golaýyna baryp, ýuwdunyp duruberdi. Gülşadyň haly hem Guwanjyňkydan enaýy däldi. Ol ýigide nazar salyp bilmän, henizem ýüzüni bir gapdala sowup durdy. Gyz ahyrsoňy, eda bilen çykalga tarap ýöneldi. Gülşat yzyndan uýala-gorka gadam urýan Guwanjyň ýürek urgusyny duýup barýardy. Ol daş çykyp, hatara oturan arçalaryň ugry bilen sesini çykarman, iň soňky arçanyň deňinde aýak çekdi. Gülşadyň birden gözlerinde ýaş göründi. Bu ýagdaý ýigidi ekezlenmäge mejbur etdi.

— Gülşat, kim göwnüňe degdi?

— Hiç kim.

— Onda näme üçin aglaýaň?

— Içim gysýa. Oba gidesim gelýä.

Ýigit bada-bat teklip etdi.

— Ertiriň özünde oba gideli. Menem ýoldaş bolaýyn.

Emma gyz ikirjiňlenip durdy.

— Oba soň gideris. Häzirlikçe başga bir iş bar.

— Gülşat, aýdaý, men näme etmelem bolsa, ederin.

— Meniň bilen teatra gidip bilmezmiň?

Bu garaşylmadyk teklibe ýigidiň huşy başyndan uçdy.

— Giderin, Gülşat.

— Ertir yzymdan gelermiň?

— Gelerin, Gülşat.

— Meniň ýanymda otagdaş joram bar. Olam biz bilen gidäýsin.

— Gidäýsin, Gülşat.

Gyz ynjaldy, birenaýy ýylgyrdy. Soň ýigidiň ýüzüne mylaýym nazaryny aýlady. Ilkinji gezek adyny tutup ýüzlendi.

— Guwanç, şol edenjämi bagyşla!

Gyzyň jeren gözleri golaýjakdan garady. Ýigidiň endam-jany tikenekläp gitdi. Bu şol göreçlerdi. Set-müň arzuwlarynda besläp gelen mähriban göreçlerdi.

## TER GÜLJAGAZ
## (Hekaýa)

Ýokary mekdebiň ilkinji okuw güni Şöhrat üçin toý-baýram ýaly boldy. Onuň okamaly okuw jaýynyň ymaratyny görmäge göz gerekdi. Dumly-duşda päkizelik hem gözellik höküm sürýärdi. Hatar-hatar ekilen baglar, gül-gunçalar, göýä, el bilen goýlan ýalydy. Bu ýere ýygnanan jemendäniň şähdaçyklygy bu gözelligi has-da artdyrýardy. Kalby joşgunly Şöhrat özüni al-asmanda gaýyp ýören ýaly duýýardy.

Şöhrat ençeme ýyllap bileje okamaly talyp topardaşlary bilen ilkinji gezek didarlaşdy. Olaryň hemmesi hem Şöhradyň özi ýaly tolgunyşyp durdylar. Oglan-gyz diýmän, dessine öwrenişip gitdiler. Ýüzler açykdy, gözler höweseklik bilen uçganaklaşýardy. Täze topardaş talyplar birenaýy abzallaşdyrylan otagda ilkinji okuw sapaklaryna girişdiler.

Bu umumy şatlygy hiç zat bozup bilmejek ýalydy. Emma bir zat tapylsa, tapylyp duruberýän ekeni. Topardaky gyzlaryň biri gedem bolup çykdy. Gurgun maşgalanyň lälijegidigi bildirip duran uzyn boýly gyz hiç kim bilen habarlaşman, hondanbärsi bolup otyrdy. Onuň bolşy, hamana, beýlekilerden tapawudy bar ýalydy.

Ilki Aýsoltan bilen Şirin içki tolgunjyny ýüze çykardylar.

— Bolup oturyşy dagy näteňet gyz, Aýdan düşen ýaly. Köpçüligi öň görmedimikä?

— Akyl-huşy bir ýerindemikä? Men habar gatyp göreýinmi?

— Adyny tutmasana, kimdigi dessine belli bolar-la.

Bu gelşiksiz ýagdaý topardakylaryň mazasyny alyp, hiç kim ine-gana söz alşyp bilenokdy. Birsyhly dartgynlyk degnaňa degip durdy. Emma köpçülik-köpçülik bolýar. Soňabaka bu tekepbirje gyza ähmiýetem bermän, gaýtam, beýlekileriň agzybirligi has-da artan ýaly boldy.

Gyzyň ady Bahar ekeni. Baharyň şol bir bolşudy. Ol her gün okuwa gelende hiç kim bilen hal-ahwal soraşman, ulumsylyk bilen ýerine geçip oturýardy. Onuň bu bolşuna hiç kim düşünip bilenokdy. Köpçülikden ala-böle saýlanyp oturmaklyk gülkünç ahyryn.

Ýöne welin, Bahar okuwyny gowy okaýardy. Onuň zehin gorunyň çuňlugy bildirýärdi. Sapak döwründe gyz özüni ynamly alyp barýardy. Birsydyrgyn endigan ses bilen mugallymlaryň berýän sowallaryna gaýtarýan jogaplary diýseň ýerliklidi. Bahar diňe okuwda däl, eýsem, hemme babatda kämildi. Çet ýurt dilinde suwara gürläp, hereketleri saýhallydy. Üst-başynda sähelçe säwlige gözüň düşjek gümany

ýok. Belent kaddyna aýratyn görk berýän egin-eşigi inçelik bilen saýlanyp-seçilendi. Gyzyň töwerekdäkilerde basdaşlyk duýgusyny oýarmagyna diňe ulumsy häsiýeti dälde, aşa sypaýylygy hem sebäp bolýan bolmagy mümkin.

Topardakylar Bahar bilen turuwbaşdan ekjeşip, onda göýä, arlary köýen ýaly boldy. Ýerli-ýerden hyltly nazarlar dikilýärdi. Ylaýta-da, Şirin bilen Aýsoltan tapawutlanýardy. Olaryň isleg-arzuwy hiç kimi pitiwa etmeýän bu gedemjäni mugyra getirmekdi. Elbetde, Baharyň özüne dikanlap hiç zat diýlenokdy. Diňe çetine degäýjek towly sözler eşidiler-eşidilmez oklanýardy.

Göräýmäge, Baharyň güni meniňki bolsun diýer ýaly däldi. Emma gyz ýan bermän, özüne edilýän basdaşlygyň öňünde mertlerçe durýardy. Ejizlik ýadyna-oýuna düşmeýän Bahar kyn pursatda gaýtam tijenýän ýalydy. Beýlekilere göz edip, okuwyny has gowy okaýardy. Sapak döwründe hyjuw bilen dolup-daşýan Baharyň ezberligine höwes edip oturmalydy.

Şöhrat gyzyň gaýratyna haýran galýardy. Bahar tüýs dogumyň öýi diýilýänlerden ekeni. Ýöne şeýle asylly gyzyň tekepbirlik etmegine ýigit hiç düşünip bilenokdy. Bahar kesir gyzlara meňzänokdy. Kalby sada, tebigaty ýumşak, ynanjaň gözleri aýdyň garaýardy.

Harby gullukda bolup gelensoň, Şöhrat durmuş ýörelgelerine werziş bolupdy. Ýerliksiz, badyhowa meýilleriň köpük ýaly synyp gidýänliginiň ençeme gezek şaýady bolupdy. Jemgyýetiň içinde ýaşajak bolsaň, baş şygaryň pespällik bolmaly. Bu giden jemendäniň diňe birgidigiňe pugta düşünmegiň gerek.

Bir gün topardakylara okuw otagynyň wagtlaýyn üýtgedilýändigini habar berdiler. Bu amatly pursaty elden gidermezlik üçin, Şirin bilen Aýsoltan ellerinde baryny etdiler. Olar başga otaga geçilýänligini Bahara duýdurmazlygy hemmelere ýekän-ýekän tabşyrdylar. Arakesme wagty bolsa, pursat agtaryp, duýdansyz ýerlerini üýtgetdiler. Topardakylar gülkülerini zordan saklap, heşelle kakýardylar.

— Gedemje, indi nädýäkä?! Ýekeje özi oturandyr hüwi ýaly bolup.

— Bolup oturyşyny bir jyklap görsediň!

Emma bu galdyr-basdyrlyk Şöhrada ýaramady. Ol ýerinden tarsa turdy-da, ýüzugra çykyp gitdi. Birsalymdan hem Bahary yzyna tirkäp geldi. Şöhradyň bu garaşylmadyk hereketi topardakylaryň ýüzüne urlan ýaly etdi. Emma hiç kim ýagşydan-ýamandan sesini çykarmady.

Şondan soň, Baharyň Şöhrada bolan gatnaşygy üýtgedi. Gyz indi ala-böle Şöhrada salam berýärdi. Bir bahanajyk bilen habar gatýardy. Ýigit gyzyň özünden haraý isleýänini aňýardy. Şonuň üçin, gaýra goýman, ýekesireýän Baharyň halyndan habar almaklygy ýüregine düwdi.

— Bahar, sen biziň hemmämizden gowy okaýaň. Beýle üstünlik saňa nähili eýgerdýä?

Hälki bir gepbaşy üçin, oklanan bu soraga Bahar jogap berjek bolup durmady. Onuň başga aladasynyň barlygy görnüp durdy. Gyz gözlerini müýnli tegeläp, çekinjeňlik bilen haýyş etdi.

— Şöhrat, kyn görmeseň, ýanyňda oturaýyn-la?

Gyzyň bu garaşylmadyk sözlerine ýigidiň ýüregi gobsunyp gitdi.

— Baş üstüne, Bahar!

Ol şeýle diýip, gyssanmaç gyzyň okuw esbaplaryny öz ýanyna geçirişmäge kömek etdi.

Bahar bilen bile oturmaklyk ýigidiň gezini galdyran ýaly etdi. Gyzyň pugta edep-ekramy, kämil dünýäsi öz täsirini ýetirýärdi. Bahar kän gürleşjek bolup duranokdy. Ýigit hem başardygyça gyzy bimaza etmezlige çalyşýardy. Emma bir gün ýüregine daş baglap, Bahara okuwdan soň, duralga çenli ugratmaklygy teklip etdi. Bu teklip gyzy geňirgendirdi. Ol gözlerini giň açyp, ýigide tiňkesini dikip durdy.

— Näme üçin?

— Senden sorajak zatlarym bar.

Bahar ikirjiňlenmek bilen razylyk berdi.

— Bolýa.

Güle beslenip oturan ýanýodadan haýaljak ýöräp barýarkalar, Şöhrat birbada söze başlap bilmedi. Onuň kalbyna duýdansyz tolgunma aralaşypdy. Ýigit ahyrsoňy kynlyk bilen hyýalyndakyny mälim etdi.

— Bahar, bagyşla, men gönümel gürrüň etmekçi. Ýüz görüp durmakçy däl. Sebäbi näme üçindir, seni öz ýakynym ýaly görýän. Bahar, tüýs ýüregim bilen soraýan, näme üçin tekepbirlik edýäň? Näme üçin, beýlekilere äsgermezçilik bilen garaýaň?

Şöhradyň kynlyk bilen beren bu soragy Bahara täsir etmedik ýaly boldy. Gyz şol bir bolşuny üýtgetmän, arkaýyn ýöräp, ýagşydan-ýamandan sesini çykarmady. Ýigit soragyny ýene gaýtalady.

— Bahar, jogap bermediň-le?

Birden Baharyň gylygy üýtgedi. Sesinde ýowuz äheň duýuldy.

— Olar bilen özümi hiç wagt deň tutman.

Gyzyň bu sowuk jogabyna ini tikenekläp giden Şöhrat, birden sesine bat berenini duýman galdy.

— Näme üçin, näme üçin ahyryn?!

— Hemmeler bilen özümi deň tutjak bolsam, ömrümiň manysy ýiterdi. Men hökman tapawutlanmaly. Özüme bolan buýsanjymy ýitirsem, ýekeje pursatlyk hem ýaşap bilerin öýdemok. Meniň tebigatym şeýle ýaradylan.

Şöhrat aýak çekenini duýman galdy. Garşysynda heýkel ýaly, sarsman duran gyza gönümel nazaryny dikdi.

— Iň bolmanda, bu päliňi gizläp bilerdiň ahyryn. Uly päl durmuşda uly kynçylyklara sezewar edýä.

— Men kynçylykdan gorkamok. Gaýtam isleýänim şol.

Gyzyň bu kesgin jogabyndan soň, ýigidiň howy basylan ýaly boldy. Indi ol näme diýjegini bilmän, demini sadalyk bilen alýardy. Gapdalyndan başyny dik tutup, batly gadam urýan gyzyň aýak sesine erksiz diň salýardy.

Ýigit üçin indi edere gürrüň galmandy. Muny aňan gyz Şöhrada minnetdarlyk bilen ýüzlendi.

— Şöhrat, sag bol! Mundan aňryk özüm giderin.

Bahar bilen bolan şol gürrüňden soň, Şöhrat telim günläp böwrüne diň salyp gezdi. Gyzyň aýdan sözleri gulagynda ýaňlanyp durdy. Ýigit bassyr-bussursyz aýdylan bu sözlere nähili garajagyny bilenokdy. Gyzy ulumsylykda aýplamalymy? Emma oýlanyp görseň, bu ýerde geňläre zat ýok ýaly. Baharyň hiç kimden pes oturmazlyk niýetini, eýsem, näme esasda ýazgarmaly?

Şöhrat gapdalynda oturan Baharyň her bir hereketini duýup, nähili göreşýänligini, nähili özüni tijenýänligini görýärdi. Gyz sapak döwründe

mugallymyň berýän soraglaryna sowukganlylyk bilen jogap bermek üçin, özüne gör, näçe agram salýan ekeni! Ýany bilen getiren kitapdyr depderleriniň gatyny gyssanmaç agtarýan gyzyň kalby hemişe erjeşiklidi.

Şöhradyň goňşusyna bolan hormaty barha artýardy. Özüniň bolsa, ondan köp babatda egsikligini erksiz duýýardy.

Bir gün Şöhrat Baharyň hemişekiliginiň ýoklugyny aňdy. Gyz ynjalyksyzlyk bilen töweregine garanjaklaýardy. Ýigit dessine gyzyň halyndan habar aldy.

— Bahar, näme aladaň bar? Seni bir zad-a biynjalyk edýä.

Gyz ýigitden syryny gizläp durmady.

— Öňümizdäki dynç güni kakamyň ýaş toýuny edýäs. Şoňa topardaşlarymyzyň hemmesini çagyrmaly diýdiler. Menem şo çakylygy aýdyp bilemok.

— Onuň işi haýyr-la.

Şöhrat şeý diýip, dogum bilen öňe çykdy. Batly ses bilen hemmeleriň ünsüni özüne çekdi.

— Hemmäňiz eşidiň, öňümizdäki ýekşenbe güni Baharlaň öýünde uly dabara boljak. Kakasynyň ýaş toýy tutuljak. Şol dabara biziň hemmämiz çagyrylýas. Agzybirlik bilen toýa gatnaşmagymyzy haýyş edýärler.

Birbada ümsümlik aralaşdy. Hiç kimden ses-seda çykmady. Ýöne soňky sagatlaryň dowamynda welin, hyşy-wyşy köpeldi. Hemmelerden beter Şirin bilen Aýsoltan ýüzlerini egşidýärdi.

— Biz-ä şol gedemjäniň çakylygyna barjak däl. Şu wagta çenli bizsiz oňdy, indem oňubersin.

— Adam şekilli gürleşmekligi özüne kiçilik bilýän halyna, nä ýüzüne çagyran bolýaka?

Şöhrat ikirjiňlenişip duran topardaşlarynyň öňünde janyndan syzdyryp gürledi.

— Çagyrylan ýerimize irinmäliň. Baharyň özi ýaly bolup durmalyň, hemmämiz gideliň. Belki, kömegimiz zerurdyr.

Dynç güni dogrudan-da, topardakylaryň hemmesi toýa gidermen boldylar. Baharlaryň öýi şäheriň täze gurlan belent ymaratlarynyň arasynda ekeni. Toýuň aladasy bilen başagaý bolup ýören Bahar topardaşlaryny açyk ýüz bilen garşylap, toý saçagynyň başyndan orun görkezdi. Emma bu wagt myhmansyraşyp oturmaklyga hiç kimiň bogny ysmady. Toýuň märekesi köpdi. Kowçum-kowçum bolup gelýän myhmanlaryň öňi-ardy görnenokdy. Baharyň kakasy köpleriň derdine em edip ýören tanymal lukman ekeni. Onuň ýaş toýy bilen mübäreklenişi üýtgeşikdi.

Topardaşlar aýtdyryp-diýdirip durman, ýerli-ýerden toýuň hyzmaty bilen boldylar. Gyzlar öňlük dakynyp, gap-gaçlary ýuwuşýardylar. Oglanlar bolsa myhmanlara nahar äberýärdiler. Niredendir bir ýerden duýdansyz peýda bolan akja köýnekli, salyhatly ýigitleriň çalasyn hereketleri toýuň dabarasyna has-da görk berdi.

Toýuň gyzgalaňy sowulşansoň, topardaşlar gaýdybermediler. Ilgeziklik bilen ähli zady ýygnaşdyrmaga kömek etdiler. Gyzlarynyň topardaşlaryndan göwünleri biten toý eýeleri minnetdarlyklaryny nähili bildirjeklerini bilenokdylar. Baharyň ejesi Gülnabat daýza gyzlary ýekän-ýekän gujaklap, ýüz-gözlerinden sypaýardy. Ýöne ene näme üçin gyzynyň talyp joralarynyň arasyna gelmeýänligine düşünenokdy.

— Bahar, Bahar jan, näme üçin bärik geleňok? Topardaşlaryň bitiren işlerini bir gör ahyryn!

Bahar ahyrsoňy ejesi gygyryp duransoň, göwünsiz bärligine gaýtdy. Gelibem ýüzüni galdyrman, söm bolup durdy. Ene bada-bat hemmesine düşündi. Gyzynyň bolşuna ýere girip bilmedik Gülnabat daýzanyň ähli şatlygy zym-zyýat boldy.

— Bahar jan, garasöýmezräk-dä, özi bilen deň bolup durmaweriň.

Ene hemmesine özi günäkär ýaly, müýn bilen sypaýyçylyk etdi.

— Indiki dynç güni myhmançylyga geliň, balalam! Çynym bilen towakga edýän, hemmäňiz geliň. Jüýjeli palaw bilen hezzetlejek. Hötjet gyzyňam şonda ýagşyja çetine degeris.

Mähir-muhabbetli Gülnabat daýzanyň süýji sözlerine hemmeleriň göwni bitdi. Topardaşlar toýdan üýtgeşik şatlyk bilen gaýtdylar.

Ertesi Baharyň ýene şo bolşudy. Hal-ahwal soraşmagyň ýerine ýüzüni sortduryp, gedemlik bilen ýerine geçip oturdy. Ýöne indi onuň bolşuna hiç kim ähmiýet berip duranokdy.

Şol gün agşam Şöhrat uniwersitetiň golaýjagyndaky seýilgähde uzak wagtlap gezelenç etdi. Başyny aşak salyp, böwrüne diň salýan ýigit birsyhly Bahar hakda oýlanýardy. Baharyň şuglazar keşbi kalbynda mäkäm orun alan ýigit, bitakatdy. Ol gyzyň belli-külli ýşgyna düşenligini aňýardy. Bu başbermezek sahypjemal indi oňa mähriban görünýärdi. Emma welin, damarynda gyzgyn gany dyňzap duran gerçegi häzirki tolgundyrýan zat aşyk bolan dilberiniň ajap husny däl-de, onuň geň gylygydy. Ýigit gyzyň bolşuna düşünip bilenokdy. Ol näme üçin özüni çetde tutup, beýlekiler bilen arada çäk goýýarka? Gyza bu ýekeligiň agyr düşýänligini Şöhrat görüp durdy. Bahar bile-göre özüni zabun alyp barýardy. Ýöne nämäniň hatyrasynadygy welin, belli däldi. Ýanbermez gylykly gyzyň dünýäsi ýigit üçin nämälimligine galyp, onuň ýürekdäki ataşy has-da artdyrýardy.

Hepdäniň ahyrynda täsin waka ýüze çykdy. Arakesme wagty okuw otagyna duýdansyz Gülnabat daýza geldi. Ümsüm okuw otagynda birden top atylana döndi. Gülnabat daýza gözleri düşenden gyzlaryň hemmesi şatlyk bilen topuldylar. Ýüz-gözi gülüp duran mährem aýal gyzlar bilen ýekän-ýekän gujaklap görüşýärdi. Diňe Bahar ýüzüni çytyp otyrdy. Ol ejesiniň bu ýere gelenligini halamandy. Emma Gülnabat daýza gyzynyň bolşuna ähmiýet bermän, otagdakylaryň hemmesine çakylyk bilen ýüzlendi.

— Ýene ýatladaýyn diýip geldim, balalar! Ertir hemmäňiz myhmançylyga gelmelisiňiz. Gazanymyň gulagy häzirden gyzyp dur.

— Bararys, Gülnabat daýza, hökman bararys! Hemmämiz üýşüp bararys.

Dogrudanam, ertesi Baharlaryň öýi toý-baýramçylyga öwrüldi. Yrylmaz döwletli içeriniň bol saçagynyň başynda şatlyk-şowhun möwç urýardy. Gülnabat daýza hemmeleriň üns merkezindedi. Ol indi topardakylaryň ählisiniň atlaryny birin-birin bilýärdi. Aşhanada biş-düşüň aladasy bilen bolup ýören Bahar kän görnenokdy. Diňe käwagt bir saçagyň o ýerine-bu ýerine serenjam berip gidýärdi. Öý eýesi Mergen aga bolsa, oglanlaryň arasynda gyzgalaňly söhbet edýärdi.

Saçaga äberilen datly naharlar üýşmeleňiň şowhunyny has-da artdyrdy. Gülnabat daýzanyň süýji dili işdäleri açýardy. Göräýmäge, bu şadyýan üýşmeleňde ýakymsyz ünji bolup bilmejek ýaly welin, ýöne ünji bardy. Ony saçagyň başynda oturanlaryň hemmesi bilip durdy. Ahyrsoňy şol wawwaly meseläniň hem üstünden gelindi. Nahar iýlip bolnansoň, hemmeleri ala-ýaz edip oturan Gülnabat daýzanyň birden mazasy gaçdy. Ol indi töwerekdäkilerden haraý isleýän ýaly, naýynjar gürledi.

— Balalam, sylap gelenligiňiz üçin, sag boluň! Begenjimize başymyz gök diredi, öýümiz toý-baýrama öwrüldi. Bahar janyň diýseň şadyýan topardaşlary bar ekeni. Daşyňyzdan guwanyp iki bolup bilemok. Ýöne maňa bir zat hiç ynjalyk berenok. Näme üçin Bahar jan siz bilen gatylyp-garylyp gidiberenok. Maňa şunuň sebäbini anyklap berseňizläň.

Gülnabat daýzanyň bu aladaly sözlerinden soň, ara dymyşlyk düşdi. Indi her kim böwrüne diň salyp, sesini çykarman otyrdy. Gülnabat daýza ýene özelenip, oturanlara ýüzlendi.

— Aýdyberiň, janlarym, açyk aýdyň. Sizden hiç zady gaty görmen. Gyzymyň bolşundan men gaty biynjalyk bolýan.

Söze ilki Aýsoltan başlady. Ol hemişeki bolşy ýaly, morta gürledi.

— Gülnabat daýza, Baharyň özi ulumsylyk edýä. Hiç kim bilen gürleşenok, köpçülige goşulanok. Özi şeýle bolsa, biz näme edeli ahyryn?

Aýsoltanyň bu sözlerinden soň, böwet böwsülen ýaly boldy. Indi her kim ýerli-ýerden Bahary ýazgarýardy.

— Irden gelende salamlaşanok. Iň bolmanda, hal-ahwal bir soraşsa-da. Beýdip ýörmek gelşiksiz-ä.

— Biz-ä şonuň bolşuna düşünemzok, Gülnabat daýza. Tekepbirligiň nämä haýry bar? Gury özi kösenip ýör.

— Arańda biri şeýle bolsa, hijiňem mazaň bolanok. Biz-ä hyň urşup ýörmekden bizar bolduk. Hondanbärsi maşgaladanmyka diýip ýördük welin, siz gowy adamlar ekeniz-ä, Gülnabat daýza.

Bu janygyp aýdylýan sözlerinden soň, Gülnabat daýza esli salym sesini çykarman oturdy. Ene üçin häzirki pursatyň agyrdygy bildirip durdy. Ol ahyrsoňy başyny galdyryp, aşhanada güýmenýän gyzyny çagyrdy.

— Bahar, bärik gel!

Bahar şol bada gapynyň öňünde häzir boldy.

— Näme, eje?

Gülnabat daýzanyň indi ýüzi agralypdy.

— Gyzym, näme üçin topardaşlaryňa äsgermezçilik edýäň?

Ejesiniň beren bu soragy gyza şarpyk bolup degdi. Ol duran ýerinde aşak oturdy.

— Eje, men hiç kime äsgermezçilik edemok.

Baharyň bu sözlerinden soň, gyzlar ala-gowurdy boldy.

— Beterem edýäň, özüňi ýeke tutýaň. Heý, birimiz bilen gürleşdiňmi?

— Hondanbärsi bolup, adama göwnüň ýetenok. Salam-heligiň ýok. Bizem özümizi sençe görýäs.

— Bahar, biderek özüňi horlaýaň. Ýeke oturanyňy görüp, nebsim-janym agyrýa. Köpçülik gowy ahyryn. Atyňy ýeke çapyp, alan galaň bolmaz.

Topardaş gyzlar ýerli-ýerden Bahary kötekleýärdi. Gyz bolsa, kelam agyz söz aýdyp bilmän, barha başyny aşak salýardy. Ol ahyrsoňy gyssanyp, kakasyna dat etdi.

— Ka-ka!

Häliden bäri sesini çykarman oturan Mergen aga ardynjyrady-da, howlukman söze başlady.

— Siz maňa dogry düşüniň, ýaşlar. Hakykatyň hatyrasyna men hiç kimden ýüz görüp durmakçy däl. Gyzym ekeni diýip, Baharyň gylyk-häsiýetinem

ýuwmarlamakçy däl. Siz Bahary gedemlikde aýyplaýaňyz. Emma men munuň bilen ylalaşasym gelenok. Sebäbi gedemlik basdaşlyk duýgusyny oýaranok. Ol diňe ýaňsyly gülki döredip bilýä. Esassyz gedemligi hiç kim piňine-de alyp duranok. Sizi alada goýan zat Baharyň gedemligi däl-de, onuň ezberligi. Özgäniň kämilligini ykrar edip bilmeklik hemmä eýgerdenok. Ökdäniň ökdeligine guwanyp, ondan görelde alyp bilmeklik uly gaýratlylygy talap edýär. Gynansagam, siz Bahar bilen hoşniýetli bäsdeşlik etmänsiňiz. Ondaky kämillik sizde höwes döretmändir. Gaýtam onuň bilen kitüwli gatnaşyk edipsiňiz. Men gyzymyň häsiýetine belet. Bahar jan gaýratly gyz. Ol okgunly ýaşaman oňup bilenok. Tutanýerlilik bilen üstünlik gazanmasa ynjalyp bilenok. Ol mertlerçe bäsdeşligi küýseýä. Eger siz onuň bilen bäsdeşlik edip, üstünlik gazanan bolsaňyz, onda gyzym äsgermezçilik etmezdi.

Mergen aganyň bu gönümel sözleri topardaşlar üçin garaşylmadyk ýagdaý boldy. Hemmeler bada-bat müýn bilen başlaryny aşak saldylar. Ara düşen dartgynly ümsümligi Gülnabat daýza bozdy.

— Kakasy, Bahar jan, salam berenokmyş ahyryn. Bu çagalar şonuň üçin örtenýä.

— Salam berilmeli. Ynsanlaryň arasyndaky hormat-sylag hökman saklanmaly. Ýöne hormat iki taraplaýyn bolmaly. Salam berenok diýip, üstüne sürünmeklik beter tekepbirlik bolýar ahyryn. Bahar salam bermeýän bolsa, siz näme üçin salam bermeli dälmişiňiz? Özüňiz hormat eden bolsaňyz, belki, gyzymam hormat bilen jogap bererdi. Bahar jan häzir ter açylan güljagaz, buýsançly güljagaz. Durmuş tejribesi ýeterlik bolmadyk güljagaz. Şondan ötrübem özüne gereginden artyk ähmiýet berýän güljagaz. Onuň häsiýetinde şeýle kemçilikler bar. Ýöne näme üçin, şol kemçilikler bagyşlanmaly däl? Hany, siziň ynsanperwerligiňiz?

Mergen aganyň bu sözlerinden soň, ara düşen dartgynlyk hasam artdy. Emele gelen oňaýsyzlyk sebäpli, Gülnabat daýza ynjalykdan gaçyp, adamsynyň gönümel sözlerini nähili ýuwmarlajagyny bilenokdy.

— Kakasy, sen nähak igäňi sürtýäň. Çagalaň bu ýerde günäsi ýok. Bahar jan tekepbirlik edipdir. Köpçüligiň içinde bolsaň, päliňi pes tutup gezmeli.

— Päliňi pes tutmaklyk metebäňi pes tutmaklygy aňladanok. Ynsan öz buýsanjy, matlaby, ynanjy bilen ýaşamaly. Üstünligi gaýduwsyzlyk döredýär.

Adamsynyň häsiýetine belet Gülnabat daýza bu gezegem hemişekije hilesine ýüz urmaly boldy. Ol Mergen aganyň wagty bilen köşeşmejegini bilip duransoň, ünsi başga ýana sowdy.

— Wah, huşum gursun, men ýürekleri sowadar ýaly, gaýmaklyja doňdurma taýynlapdym, ahyryn. Bahar jan, bar alyp gel, şolary basymjak. Kakaň öňünde-de goýaly, heý, azda-kände köşeşmezmikä.

Mergen aga keýwanysynyň teýeneli sözlerine gülüp goýberdi. Şonluk bilenem aradaky dartgynlyk göýä, el bilen syrylana döndi. Öýüň bikesi ýene mähir-muhabbeti bilen töwerekdäkileri maýyl edýärdi. Hezzet-hormatdan göwünleri biten myhmanlar gaýtmakçy bolanlarynda, tüýs ýürekden minnetdarlyk bildirdiler.

Ertesi Bahar okuwa hemişeki gelýän wagtynda geldi. Ýöne bu gün onuň keşbinde adatdaky gedemlik ýokdy. Başyny galdyrman, ýerine geçip oturan gyzyň ýüzünde ikirjiňlenme duýulýardy. Birden ol ýerinden turdy-da, ysgynsyz ses bilen naýynjar dillendi.

— Topardaşlar, meni bagyşlaň!

Çala eşidiler-eşidilmez aýdylan bu sözler okuw otagynda ýyldyrym çakan ýaly etdi. Topardakylar bada-bat Baharyň daşyna egele boldylar. Gyz ötünjini ýene gaýtalady.

— Meni bagyşlaň, topardaşlar!

Ara geň ümsümlik aralaşdy. Topardakylar şatlanmagyň ýerine, çekinjeňlik bilen dymýardylar. Aýsoltan deşli göwresi bilen Baharyň üstüne howala bolup, ýazykly äheňde gürledi.

— Bahar jan, gaýtam, sen bizi bagyşla! Biz saňa nähak basdaşlyk edipdiris.

Ýöne müýn bilen aýdylan bu sözler Bahara täsir etmedik ýaly boldy. Gyz henizem ýazykly görnüşde ýüzüni galdyryp bilenokdy. Onuň jogabam öňküsi ýaly naýynjar boldy.

— Men indiden beýläk salam bererin, topardaşlar. Siziň bilen gowy gatnaşyk ederin. Meni bagyşlaň!

Töwerekdäkiler göýä, uly ýeňiş gazanan ýaly, ýeňillik bilen dem aldylar. Ýöne olaryň ýüzündäki ünji aýrylyp gidiberenokdy. Her kim agyr oý bilen aşak bakýardy. Okuwdan soň, Şöhrat ýene Bahary duralga çenli ugratdy. Güle beslenen ýanýodadan haýaljak gadam urýan juwanlar gepleşenok diýen ýalydy. Ýöne ikisiniňem ýüzi bagtyýar nurlanyp, biri-birine mähir bilen garanjaklaşýardy. Örän golaýjak ýöräp barýandyklaryny bolsa, özlerem duýanokdy.



## MÄHIRDEN DOLY DIDELER
## (Hekaýa)

Çet obalaryň birinde önüp-ösen Nurmyradyň ýokary okuw jaýyna girmegi bilen, durmuşy uly özgerişliklerden pürepürlendi. Sada oba ýigidine şäheriň şowhunly ýaşaýşy ertekilerdäki ýaly täsin göründi. Ýaş ýürek oslagsyz peýda bolan şatlykdan ýaňa ornuna syganokdy.

Talyplygyň her güni toý-baýram ýalydy. Gözlüje ýaşyt juwanlar bir ýere jem bolupdy. Olaryň hemmesiniň ýüregi deň urýardy, deň dyzanýardy. Günler ýeňaşak gaýdan ýaly okgunlydy.

Köpçülik bolup, gadam urmak hezillikdi. Ýöne bu ýerde kimligiň dessine äşgär bolýar, agramyň belli bolup, häsiýet köpçülikde açylýar. Nurmyrat ýyldaşlarynyň arasynda hiç bir babatda tapawutlanyp bilmejekligine bada-bat göz ýetirdi. Ilkiler-ä aýakbagy bolmasa-da kaýyl geldi. Obanyň boz oglanyna ýyldyrym çaltlygynda öçüp-özgerip duran gyzgalaňly pursatlarda köpçüligiň yzyna eýermeklik kyn düşýärdi. Onda höwes eder ýaly artykmaçlyk ýokdy. Sypaýy geýinmekligi, köpçülikde özüni ynamly alyp barmaklygy başaranokdy. Geçilýän sapaklary özleşdirmekde-de, alyp barýan galasy ýokdy. Bolubilse orta gürpdedi. Görk-görmegini-hä agzabam oturmaly däl. Inçemik göwresine gelişmeýän, duluklary pökgerip duran boldumly ýüz... Öçügsi garaýan, arasy açygrak gyýkmak gözler... Has-da beteri gülkünç halda düwrerilip duran pontuk burun!..

Okuw ýylynyň ilkinji aýy Nurmyrat üçin alasarmyk halda geçdi. Gazanylyp barýan üstünlik ýokdy. Ýykma-ýykylma köpçüligiň içinde zordan mydar edýärdi. Sähelçe öňe gidişlik duýmasaň, ruhy deňagramlylygyňy saklamak hem kyn. Ýöne juwan ýigidiň ýüregi welin, bitakat urýardy. Beres ýüregiň howalasy belentdi, isleginiň çägi ýokdy. Ýorganyňa görä, aýak uzatmaklyk düşünjesi oňa ýatdy. Töwerek bolsa, enaýylyk! Nurmyradyň ýyldaşlarynyň köpüsi gyzdy. Sähra gülleri ýaly, biri-birinden uz görünýän gyzlara gözüň düşenden, göwün guşuň ganatlanyberýärdi. Olaryň birini alyp, beýlekisini goýar ýaly däldi. Her gün okuwa gelende, juwan ýigidiň ýüregi bat bilen urup başlaýardy. Nurmyrat ilki haýsy gyz üçin, ýüreginiň beýle bimaza bolýanlygyny anyklap bilmedi. Ahyrsoňy, alynky hatarda oturýan maral bakyşly, görmegeý gyzda gözüniň eglenenligini duýdy. Ýeri, görsene, muny: «Göwün Kap dagynda» diýleni-dä! Gyz gözelleriň iň naýbaşysydy. Ol barha-da gözelleşip, peri-peýkere öwrülip barýardy. Gyzda jadylaýjy bir güýç bar ýalydy. Onuň otlukly nazarynyň öňünde saklanmak mümkin däldi. Beýleki ýigitleriň hem bu gyza ogrynça garanjaklaşýandyklaryna Nurmyrat basym göz ýetirdi.

Nurmyrat ýürek höwesini pynhan saklaýardy. Bu barada hiç kimiň ýanynda dil ýarmaga milt edenokdy. Sebäbi bu hyýalynyň amala aşjaklygyna asla ynamy ýokdy. Ol ýöne bir şirin göwünýüwürtmelerdi, göwün guşunyň telwasydy. Emma ýigit kalbyndaky gopýan bu ahwalata ynamy bolmasa-da, gyz tarapa barha köp garanjaklaýardy. Ol bu näzik duýga barha, köp ten berýärdi. Indi gyzyň şuglazar keşbi onuň göz öňünden aýrylmaýar diýen ýalydy. Nirede bolsa-da, nerkes gözleriň otlukly bakyşyny duýup durdy. Gyzyň özüne golaýlaşdygy welin, özüni bütinleý

ýitirýärdi. Gyza habar gatmaklyg-a beýle-de dursun, oňa görünmeklige-de utanýardy. Öz ýanyndan basga galyp ýörşüne, näderini bilenokdy.

Nurmyrat oýun-oýunlyk bilen barha çynyrgap barýan bu näzik duýgynyň birden beýle örjemeginiň sebäbine düşünip bilenokdy. Beýle ýagdaýy öň başdan geçirip görmänsoň, hakykatdan hem, söýgümikä? Ýa çagalykdan saýlanyp, durmuş hakykatyna öz düşünjesi, öz gözi bilen garap başlan ýigdekçäniň kalbynda gutulgysyz peýda bolaýmaly azaly hesermikä? Özüne bolan çäksiz söýgüsi, buýsanjy bilen mümkinçilikleriniň arasyndaky ýüze çykan tapawudyň yzasymyka? Belki, içdäki şol dartgynlyk yşk ataşy bolup ýüze çykýandyr. Gyzyň husnuna maýyllyk, belki, şol zerurlykdan gelip çykýandyr?

Ýöne gyz welin, hakykatdan-da, ajap ýaradylan sahypjemaldy. Ondaky gözelligiň gözbaşy sagatlykdy. Gyzyň tagaşykly göwresindäki möwç urýan zenanlyk güýjüdi. Şol bimöçber güýjüň ähli kuwwaty garamyk göreçlerde jem bolupdy. Ýigitleriň kalbyny oda salýan otlukly bakyşlaryň egsilmez çeşmesi ynha, şundan ybaratdy.

Gyzyň ady Güljahandy. Güljahan şäheriň özünde ýaşaýardy. Ol okuw tamamlandygy öýlerine howlugýardy. Şagalaň-şowhuna kän goşulyp ýörmezdi. Ýyldaşlarynyň arasynda Güljahan gözellikde iň naýbaşy gyz hasaplanýardy. Muňa näme üçindir, hemmeler bada boýun bolupdy. Ol ümsüm gözellik patyşasy ýaly, beýleki gyzlaryň gözelligine agram salanokdy. Gaýtam sahawatlylyk bilen üstünligini deň paýlaşýardy. Gyzda nähilidir bir, merhemetlilik bardy. Ol uly adam ýaly saýhallydy. Oňa biygtyýar hormat döreýärdi.

Nurmyrat hele-müçe belentlikdäki şaha meýil bildirmänligine barha aýdyň göz ýetirýärdi. Ýöne ol ýüreginiň emrine alaç edip bilenokdy. Näme üçin ýüregiň hörpi belentkä? Näme üçin göwün isleginiň çägi ýokka?

Nurmyrat barha beter çoçgara çolaşýardy. Ne-hä ol maksadyna tarap ilerläp, ne-de umydyndan el üzüp, gaýra tesip bilýärdi.

Nurmyrat ýüregine daş baglap, gyz bilen tanyşmaklygy, oňa öwrenişmegi maksat edindi. Şeýtmek bilen ol gyzyň ünsüni özüne çekmek başardar öýdüp umyt edýärdi. Emma bu hyýaly amala aşyrmak ýygra ýigit üçin örän çetindi. Sebäbi gyzyň daşynda başga-da pelesaň urup ýören ýigitler gyt däldi. Olaryň hemmesiniňem Nurmyratdan döwi ökde bolup, görmeklidiler, geplemsekdiler. Olar gyz bilen eýýäm tanyşlygy ýola goýupdylar. Hatda äbe-jüýbe bolup ýörenleri hem bardy. Ylaýta-da, saçy kirpiň tikeni ýaly, bir ýigit öňe saýlanýardy. Juwanlaryň dostluk gatnaşygyna höwes edip oturmalydy. Ýigidiň ýadyňa-oýuňa düşmejek sözlerine gyz birsydyrgyn şadyýanlyk bilen goşulyşýardy.

Bagty getiren şol ýigit Nurmyradyň gözüne gahryman bolup görünýärdi. Oňa beýle üstünlik nähili eýgerdýärkä? Ynsanlaryň başarnygy, durmuşdaky paýlary dürli-dürli bolýar eken. Nurmyrat indi öz kemçiliklerini barha köp ýüze çykarýardy. Indi ol özüniň kim ekenligini aýdyň duýýardy. Öz çakyndan özüniň has egsikligine, başarnygynyň has pesligine göz ýetirýärdi. Näme üçin, ol şu wagta çenli göwnüne osup geldikä?

Okuw ýylynyň ahyrynda Nurmyrat üçin, ylaýta-da, ejirli boldy. Birsyhly ynamsyzlyk duýgusy ýigidi otdan alyp, suwa oklaýardy. Tomus dynç alşa çykylmagy bilen Nurmyrat kalbyny gozgalaňa salýan duýgular birneme egsiler öýdüp umyt etdi. Emma, onuň bu çaky tersine bolup çykdy. Gyzyň gözünden üýtgemegi bilen onuň

hyjuwy hasam beterledi. Ol indi bir ýerde kanagat tapyp bilenokdy. Intizar göwün şol otlukly bakyşly melegi küýsäp durdy. Ýigit ymykly söýgüniň toruna düşenligini aňdy.

Ikinji okuw ýylynyň başlanmagy bilen, Nurmyrada gyz bilen azda-kände öwrenişmek başartdy. Gyz turuwbaşdan açyk ýüz bilen gatnaşyk etdi. Her gün gadyrly hal-ahwal soraşýardy. Ýoldaşlarça arkalaşyk edýärdi. Ýöne gyzyň gatnaşygynda belli bir çäk bardy. Şondan aňryk ötmeklige ol hemmeler bilen birlikde Nurmyrada-da ejaza berenokdy. Nurmyrat basym özüniň bu tagallasynyň manysyzlygyna düşündi. Ýigit gyza öwrenişmek bilen gaýtam ondan daşlaşypdy. Golaýjagynda duran bagtyň örän alysdalygyna göz ýetiripdi. Gyz oňa biparhdy. Nerkes gözler diňe, ýoldaşlyk duýgusy bilen garaýardy.

Ähli umyt petige diredi. Bagta tarap hiç ýerden yş görnenokdy. Naumytlygyň yzasy kalpdan daş bolup basýardy. Içdäki hyruç bolsa, aýdyp-diýip bolmajak güýç bilen dyzynýardy. Dünýäsi gapyşan ýigit bir ýerde kanagat tapyp bilmän, janhowluna urunýan ýaly, çar ýana çawjaýardy. Adam gyssananda, oňa bimöçber kuwwatda, güýç gelip gowuşýar eken. Nurmyrat näme edip, näme goýýanynam bilmän, diňe beden maşklary bilen mübtelady. Ol günde ýoňsuz aralygy ylgap geçýärdi. Bir minutlyk hem özüne salýan zoruny egismän, diňe şeýtmek bilen içdäki aldajy hyrujy teňseledip bilýärdi. Bu onuň ýalňyz gaçybatalgasydy.

Nurmyradyň başyna düşen ahwalat örän çatakdy. Ol göýä düwlen ýumruga dönen kysmydy. Onuň üçin gije-gündiziň parhy ýitip, zabun haldady. Ynsan bedeniniň çekip-çydap bilmejek berk düzgünindedi. Ýöne ol kem-kemden bu ýowuz dartgynlyga öwrenişýärdi. Bu adatdan daşary ýagdaý onuň üçin zerurlyga öwrülipdi. Nurmyrat nähilidir bir, gudrat bilen özündäki bolup geçýän bu ahwalata aň ýetirdi. Ol durmuşda adatdakylardan has artyk güýç sarp edýänligine, şonuň üçinem, öz mümkinçilikleriniň artanlygyna düşünmegi başardy. Indiden beýläk bu polat ýaly, berk düzgünden hergiz çykmaly däldigine, göwnüniň küýseýän şol arzyly ýeňişlere sary ýoluň hut, şundan başlanýandygyna göz ýetirdi. Ähli üstünlikleriň açary şu ýerdedi. Ahmyrly kalbyň elýetmez şahasy bolan şol başbermezek näzeniniň erkini ele almaklygyň tilsimi hem şu ýerde bolmalydy.

Nurmyradyň içki dünýäsinde bolup geçen bu özgerişlikden soň, onuň töwerek-daşy hem özgeren ýaly boldy. Geň halda ähli zat birden aýdyňlaşdy duruberdi. Ozalky obadan gelen ýigidiň sussuny basýan, oňa elýetmez, aňýetmez bolup görünýän ýagdaýlar ýönekeýleşdi. Düşnüksizlik döredýän alasarmyklygyň tutusy göýä, el bilen syrylana döndi. Indi ýigit ederini bilip, üstünlige tarap alyp barýan ýodajygyň suduryny hergiz gözden sypdyranokdy. Ol özüniň egsik taraplaryny äşgär duýýardy we olary düzetmegiň tärlerini bilýärdi. Şeýle-de, öz bäsdeşleriniň hem kemçiliklerini, rüstem taraplaryny görýärdi. Oňa entek örän köp babatda kämilleşmek gerek eken. Diňe öňe saýlanmak däl, töweregindäkiler bilen egnini deňlemek üçin hem örän köp tagalla etmeli ekeni.

Gaýduwsyzlyk bilen alnyp barylýan göreş bihal geçmedi. Birsydyrgyn ýerine ýetirilýän beden maşklary, ýoňsuz aralyga ylgalyp durulmagy, geçilýän sapaklaryň ilik-düwme özleşdirilmegi ýigidiň elinden çekilen ýaly etdi. Nurmyrada gün-günden ýyldaşlarynyň garaýşy üýtgeýärdi. Oňa indi hormat bilen gatnaşyk edilýärdi. Barha artýan rüstemligi ykrar edilýärdi. Ýigit üçin iň uly üstünlik bolsa, yşkynda köýüp ýören sahypjemalynyň özüne assyrynlyk bilen garap başlanlygyny duýmagydy...

Hawa, gyz hakykatdan hem, Nurmyrada ogrynça garap başlapdy. Ýigitdäki bolup geçýän özgerişlikler gyzy haýran galdyrýardy. Indi Nurmyrat ýygy-ýygydan gyzyň ünsüni özüne çekýärdi. Ozal ol beýleki ýigitlerden hiç bir babatda tapawutlanmaýardy. Gaýtam gowuşgynsyz hereketli, tutuk häsiýetli, görmeksiz oglana seretseň nebsiň agyrýardy.

Gyz kalby ýigitleriň ýüregindäkisini syzyp dur. Näme üçindir, Nurmyrat ilki özüne ýitisiräp başlanda, Güljahan onuň raýyny ýykyp bilmän, erjellik bilen özüne teklip edýän dostluk gatnaşygyndan ýüz öwürmedi. Bu sada ýigidiň zandynda galplygyň ýoklugy äşgär görünýärdi. Onuň dogry garaýan göreçlerinde ygrar mesaňa-mälim duýulýardy. Obanyň boz oglanynyň güne-ýele gaýzygan garawsyz keşbinden sähranyň ot-çöpleriniň hoşboý ysy bark urup duran ýalydy. Bu gözüňe sürtäýmeli mukaddes ýönekeýlik gyz kalbyny erksiz gozgalaňa salýardy. Ýöne entek söýgi ataşy körärden irdi. Näzik gyz ýüreginiň sakasy butnawsyzdy. Täsin ýaradylan zenan dünýäsi tebilsizdi. Ol dünýä özüniň set-müň syrlary bilen hiç bir tagalla boýun synmaýar. Onuň öz höwesi, öz talaplary bar. Nurmyrat ýaly egsik ýigidiň şol talaplary ödäp bilmejekligi köre hasady.

Emma ähli zat birden özgerip başlady. Ýigit oslagsyz halda tijenip ugrady. Ondaky bolup geçýän özgerişlikler mese-mälimdi. Bu örän täsin ýagdaýdy. Öňki ynamsyzlyk bilen töweregine ýaltaklap oturan mön oglany indi tanar ýaly däldi. Onuň ümüdigi öňedi. Dişleri dogum bilen gysylyp, gözleri hyjuw bilen uçganaklaýardy. Gowuşgynsyz göwresi gün-günden çekdirilip, tutuş durky çugdamlanyp, görmeksiz ýüzi özboluşly bir röwüşde nurlanýardy.

Gyz gözüniň alnynda bolup geçýän bu özgerişlige tüýs ýürekden begenýärdi. Onuň kalby şatlykdan pürepürdi. Sada oba ýigidiniň üstünliklerine guwanmaklykdan ýaňa, gyz ýüregi daşgyndy. Ýigit indi saldamly bir ezbere öwrülipdi. Töwerege täsiri artyp, tebigaty barha gözelleşýärdi. Gyz alnynda birden söýülmäge mynasyp gerçegi görüp galdy. Zenan kalbyny biygtyýar özüne maýyl edýän belent mertebäni, kämil dünýäni görüp galdy.

Mukaddes yşk ataşy duýdansyz lowlap galdy. Dyňzap duran mähir-muhabbetiň bujagy çözüldi. Buýsançly baş biygtyýar boýun syndy. Indi bitakat urýan gyz ýüreginiň ujy ýiti neşter bilen dilinýän ýaly, datly awap durdy.

Intizar göwünli magşuk ilkinji ädimi özi ätdi. Uly dabara şaýlanýan ýaly, özüne mazaly serenjam berdi. Iň gowy görýän köýnegini geýip, saçyny yhlas bilen rejeledi. Uly tolgunma bilen özüne zordan erk edýän gyz, ýigide pete-pet geler ýaly ýagdaý döretdi. Ýigit garşysyndaky gül öwüsýän mahy-tabana gözi düşenden aşa tolgundy. Onuň tolgunjyny Güljahan äşgär duýdy. Ýigit mylaýym ses bilen salam berdi. Onuň salamy näz bilen kabul edildi. Gyz ýaşyryn ýigidiň garaçygyna seredýärdi. Ol öz ýüregini imrindiren şol ataşy görjek bolýardy. Hemmesini göreçler aýan edip dur. Hakykatdan-da, bu şoldy! Köňül mülküniň hökmürowan soltanydy! Gyz arzuwlarynyň apaly seždegähidi!

Bagt guşunyň golaýjakda pelpellemeginden bimar bolan magşuk gyzyň ýüzi aý dek öwşün atdy. Mähir-muhabbetden pürepür dideleri näz bilen süzüldi. Gyzyň nerkes gözlerinde ýigidiň ýeňşiniň şany bardy.

## MUKADDES GÜÝÇ
## (Hekaýa)

Ýakymsyz howaly dekabryň ortalarydy. Günüň dowamlylygy bir gysyma dönüp, gijeler çendenaşa uzansoň, wagtyň ilkagşamlygyna garamazdan, ymgyr gije ýaly duýulýardy. Talyp oglanlaryň ýatakhanasynyň içi gündizlik ýaly ýagtydy. Agşamyň hysyrdysy zerarly hemmeler aýak üstündedi. Otaglardaky däliziň ugrunda erewde-berewlik ýetjek derejesine ýetipdi. Daşarynyň aldajy sowugynda özüňi ýyly hem ygtybarly ýerde duýmaklyk ýakymlydy.

Şeýle gyzgalaňly çagda, ýatakhanadaky talyp ýigitleriň kalbyny gozgalaňa salan täsin bir waka ýüze çykdy. Garaşylmadyk ýagdaýda, jaýa sypaýy geýnüwli, örän owadan gyz gelip girdi. Gyz özüni mertebeli tutup, eda bilen gadam urýan gyza däliziň ugrundaky ýigitler hormat bilen sowlup ýol berýärdiler.

Nähilidir bir ýürekgopduryjy ýagdaý emele gelip, töwerek dym-dyrslykdy. Jadylanana dönen ýigitleriň kalplary ahmyrlydy. Beýle elýetmez näzenin kimiň yzyndan geldikä?

Hemmeler gyzyň haýsy otaga girýänligini biljek bolup, tolgunma bilen garaşdylar. Gyz bolsa, ynamly ädimler bilen ikinji gata çykdy-da, däliziň ahyryndaky gapylaryň birini kakdy. Aňyrdan jogap eşidilendenem, çekinjeňlik bilen jaýa girip gitdi.

Gyzyň oslagsyz peýda bolmagy otagdakylaram gozgalaňa saldy. Hatda gyzyň arzylysy hem beýle gapyllyga garaşmadyk bolara çemeli. Penjiräniň öňünde pugta basyrynyp ýatan nazarkerde ýigit ynjalyksyzlyk bilen gozganjyrady.

Edep bilen salam beren myhman gyz nepis ýylgyryp, ýigidiň golaýynda ornaşdy.

— Ýeri, hassa, halyň niçik?

Bokurdagy tüýjümek ýaglyk bilen oralan Hojaguly, oňaýsyzlyk bilen dikeljek boldy. Emma gyz oňa dikelmäge maý bermedi.

— Biynjalyk bolma, arkaýyn ýatyber. Men aýak üstünden soraýyn diýip gaýdyberdim. Nähoşlanyňy Hatyjadan eşitdim.

— Azara galyp ýörmeli däl ekeniň. Bokurdagym käwagt şeýdip galaýýar. Birbada gyzgyn gelýär-de, soň dessine açylyşyp gidýän. Ertir aýak üstüne galaryn-la.

Gyz bilen ýigit özara ümmüldeşip gitdiler. Olaryň assaja, hemaýyn söhbeti örän ýürekdeşdi. Juwanlaryň kemsiz düşünişýändikleri, biri-birine arzylydyklary görnüp durdy. Bir heňden gopýan hoşwagt söhbete otagdaky beýleki ýigitlerem maýyl boldylar. Gyz uzak oturman, tiz gidermen boldy. Ol turmazyndan öň, ýantorbasyndan yhlas bilen daşy dolangy pitini çykardy.

— Ynha, şu gyzgynjak unaş. Özüm kesdim. Sowamanka, iýjek bol.

Ýigit minnetdarlyk bilen ýylgyrdy.

— Alada edeniň üçin, sag bol, Şasenem!

Gyz sypaýylyk bilen hoşlaşyp, gelşi ýaly, çalt çykyp gitdi.

Sähel salymyň içinde bolup geçen bu täsin wakadan soň, ara dartgynly ümsümlik aralaşdy. Şasenemiň oslagsyz peýda bolmagy otagdaky ýigitleri tolgundyrypdy.

— Hojaguly, ýaňky gyz bilen nähili tanyşdyň-aý? — diýip, Öwezaly gözlerini gyrpyldadyp sorady.

Ýüzi hyýrsyzrak görünse-de, polady ýumşak Hojaguly:

— Gullukdaş ýoldaşymyňkyda täzeräk tanyşdyk — diýip, göwnaçyk jogap berdi.

— Öz-ä görmegeý gyz ekeni! — diýip, Öwezaly içki tolgunjyny daşyna çykardy. — Oňa öýlenmekçimiň?

— Häzirlikçe-hä diňe dostluk gatnaşygy, soňunam wagt görkezer.

Häliden bäri geplemän, böwrüne diň salyp oturan deşli Kakajan seresaplyk bilen söze goşuldy.

— Hojaguly, göwnüňe zat getirme welin, kellegyzgynlyk edip, hata goýberäýme. Meniň çakym bilen ýaňky gyz şäherde önüp-ösen, özerkli gyzlardan bolmaly. Şol tetellileriň aňsat-aňsat biziň ýaly, oba oglanlary bilen mäşleri bişişýän däldir.

Hojaguly otagdaş dostunyň sözlerini jogapsyz goýdy.

Ertesi Hojagulynyň çaklaýşy ýaly, gyzgyny kadalaşdy. Dertden saplanyp, aýak üstüne galan juwan ýigidiň dünýesi giňän ýaly. Ýyly geýnip, şäheriň gar basan köçeleriniň ugrunda gezmeläp ýörşüne, guş bolup uçaýsam diýýärdi. Onuň joşgunly ýüregi nirädir bir ýere atygsaýardy. Hojaguly göwnüniň näme küýseýänligini bilip durdy. Ol hoşlabyz Şasenemiň ýanyna dyzynýardy.

Hojaguly Şasenem bilen gullukdaş dosty Nepesiňkide tanşypdy. Şäheriň merkezinde ýaşaýan Nepesiňkä ol ýygy-ýygydan barýardy. Bu agzybir maşgala bilen öwrenişipdi. Nepesiň gelni Hatyja-da, gyzlary Gülşatjygam talyp Hojaguly bilen gadyrly gatnaşyk edýärdiler. Olar çaý başynda uzak wagtlap söhbet gurýardylar. Şeýle söhbetleriň birinde Nepesdir Hatyja Hojagulynyň daşyna geçdiler.

— Haçan öýlenjek?

Hojaguly şol gezegem özüne mahsus ýylgyryşyny edip:

— Gowy gelinlik tapdygym öýlenjek — diýdi.

— Dogrudanam, halaşýan gyzyň ýokmy? — diýip, Hatyja içgin gyzyklandy.

— Deň-duş gyzlarym gulluga gidip-gelýänçäm garaşyp oturmandyrlar.

Şondan soň, tiz wagtyň içinde Hojaguly oslagsyz myhmançylyga çagyryldy. Şol gezekki üýşmeleňiň düýpli sebäbi bolmasa-da, ýörite taýynlyk görlenligi duýulýardy. Saçaga yhlas bilen serenjam berlipdir. Sorag bilen dostunyň ýüzüne garanjaklan Hojagula basym hemmesi äşgär boldy. Şol gezek naz-nygmatly saçagyň başynda täze adam, Şasenem peýda boldy.

Hemişekilerinden has şadyýan geçen şol söhbetdeşlikden soň, Hojaguly Şasenemi öýlerine çenli ugratdy. Gepe-söze ökde, hoşlabyz Şasenem bilen Hojaguly dessine öwrenişip gitdi. Geň bir halda olaryň ümi alyşdy.

Şasenem özüne degişli ähli zady dem salymyň içinde gürrüň berip ýetişdi. Ol jorasy Hatyja bilen Lukmançylyk uniwersitetiniň ahyrky ýylynda okaýar eken. Ýer bilen gögüň arasynda-da diňe iki mähriban garrysy bar eken.

Hojaguly şondan soň, Şasenem bilen ýygy-ýygydan duşuşyp başlady. Olar köplenç şäheriň asuda köçelerinde ikiçäk gezelenç edip, imisalalykda hemaýyn söhbet olaryň ikisine-de hoş ýakýardy. Juwanlaryň ikisini hem şol bir zatlar gyzyklandyryp, öňi-ardy gelmeýän ýürekdeş gürrüňler irizmeýärdi. Köplenç Şasenem

gürleýärdi. Onuň mylaýym, endigan sesine diň salmak, Hojaguly üçin zerurlyga öwrülipdi.

Gyzyň birkemsiz kemala gelen, özboluşly dünýägaraýşy bardy. Ol nähilidir bir, özüne mahsus sypaýylyk bilen durmuşyň täsin taraplaryny saýgarýardy. Şasenemiň şähdaçyk tebigatynda sähelçe-de zeýrenç duýlanokdy. Gyz diňe hoş niýetler bilen, päk isleg-arzuwlar bilen dem alýardy. Onuň daşyndan hem Şasenemiň polat ýaly, berk edep-ekramy, görüm-göreldesi Hojagulyny kaýyllar goýýardy. Ol şunça intipis etse-de, gyzyň gepinde-sözünde, hereketinde sähelçe-de säwlik görüp bilenokdy. Bu ýagdaý ýigidi bialaç tijendirýärdi. Ol her bir babatda eserdeň gopmaklyga mejbur bolýardy.

Şaseneme hemdem bolmak bilen Hojaguly täsin dünýä düşen ýaly bolupdy. Nähilidir bir, del, nepis dünýä ony öz goýnuna dolapdy. Göýä jadylanana dönen ýigit ozal hiç haçan miýesser bolmadyk näzik duýgulary başdan geçirýärdi. Şasenemiň akylyňy haýran edýän şuglazar keşbi ony biygtyýar özüne bendi edipdi. Özüne inçelik bilen serenjam berýän anjaýyn gözeliň nepis zynaty sada ýigidiň ýüregini gopdurýardy. Zenanlyk mertebesini belent tutýan, edep-ekramyna buýsançly bu sahypjemal ýetilgisiz bagt bolup duýulýardy.

Golaýda düşen tämiz gara basyrynyp oturan arçalaryň arasynda gezmeleýän Hojagulynyň juwan kalby birden dolup-daşdy. Galdaw Hojaguly näme edýänini özem bilmän, Lukmançylyk uniwersitetini nazarlap, ilgezik gadam urup başlady. Göwün guşy ganat kakýan ýigit bu wagt ulag küýsäp duranokdy.

Ýokary mekdebiň jaýyna maňlaýyny dirän Hojaguly birbada kyn ýagdaýda galdy. Sapaklaryň dowam edýän wagty Şasenemi nähili agtarjagyny bilmedi. Iňlär siňeksiz, giň howlynyň içinde töweregine naýynjar garanjaklaýan Hojaguly alaçsyzdy. Ýöne birden arakesmäniň jaňy kakyldy-da, töwerek jemendeden dolaýdy. Hojagulynyň kalbynda inçe tama köredi. Ony hakykatdan hem, duýgusy aldaman eken. Sähel salymdan ýigit märekäniň içinden özüne tarap okdurylyp gelýän Şasenemi görüp galdy. Egni gunduz ýaly, ak ýektaýly gyzyň ýüzünde uçursyz şatlyk möwç urýardy. Ol aňyrdan ýüzin salyp gelşine, Hojagulynyň golaýyna gelip durdy.

— Penjireden gözüme kaklyşaýdyň. Gözlerime ynanmadym. Ýitiräýermikäm diýip, garajanym galmady. Nähili, sag-aman aýak üstüne galdyňmy? Gyzgynyň kadalaşdymy? Bokurdagyň indi bimaza edenokmy?

Şasenemiň soraglarynyň yzy tükener ýaly däldi. Ol birden ähli zady anyklap ýetişäýjek bolýardy. Hojaguly bolsa, özüne berilýän soraglaryň birine-de jogap gaýtarman, gyzyň aý dek jemalyna mähir bilen garap durdy.

— Alada edeniň üçin, sag bol! — diýip, Hojaguly minnetdarlyk bildirdi. — Indi hemmesi kadalaşdy.

Başy gulakjynly, ykjam geýnüwli Hojagulynyň bugdaýreňk ýüzi salyhatly ýigitlere mahsus merhemetlilik bilen nurlandy. Ol müýnli halda çalaja ýylgyrdy.

— Şasenem, bimaza edenligim üçin bagyşla! Göresim geldi-de, gaýdyberdim.

Bu mähirli sözlere tolgunan Şasenem birden:

— Isleseň, agşam teatra gideli. Biz heniz hiç ýerigem bile çykyp göremzok ahyryn — diýip, oslagsyz teklip etdi.

Gyzyň bu teklibi ýigidiň başyny asmana ýetirdi.

Hojaguly günüň ikinji ýarymyny sabyrsyzlyk bilen garaşyp geçirdi. Ol garaşmagy halanokdy. Ýöne häzir welin, mylaýym tolgunma kalbyny gaplady. Ýakymly zada garaşmaklygyň hem özboluşly lezzeti bar eken.

Duşuşyk ýerine Hojaguly wagtyndan has ir geldi. Onuň bu häsiýetine belet Şasenemem uzak garaşdyrmady. Bulutlaşyk gün bolansoň, töwerek has ir garaňkyrap başlady. Ýerde gar ýatanlygyna garamazdan, maýyl şemal öwüsýärdi.

Juwanlar teatryň jaýyna girenlerinde, oýnuň başlanmagyna ýoňsuz wagt bardy. Ýöne birkemsiz yşyklandyrylan jaýyň içinde jemende ýetikdi. Nepis bezegli balahanalarda, derejeleriň ugrunda adamlar peýwagtyna gezelenç edýärdiler.

Hojaguly üçin, häzirki ýagdaý täsin düýş ýaly duýulýardy. Ol her gezek Şasenem bilen hemdem bolanda üýtgeşik ahwalaty başdan geçirýärdi. Gyzyň ýanyndaka, näme üçindir, oňa töwerek bütinleý, başga mana eýe bolýardy. Öň asla ähmiýet bermeýän zatlaram duýdansyz uly täsir döredýärdi.

Hojaguly uly alada bilen dem alýardy. Ýanyndaky gözel jenana ähli babatda mynasyp gopmaklyga çalyşýardy. Hereketinde, gepinde-sözünde sähelçe hem säwlik goýbermezligiň gamyny iýýärdi. Üst-başynyň, aýakgabynyň birkemsizligine ýüzde-müň şükür edýärdi. Eger biagyrylyk edip, ujypsyzja näsazlyga ýol berenligine häzir örän gelşiksiz boljaklygyny howatyrlanmak bilen aňynda aýlaýardy.

Ýöne Hojagulynyň Şaseneme mynasyp hemdem bolmak niýeti uzak başa barmady. Sebäbi görüm-göreldeli Şasenemiň yzyny eýermek çetindi. Alçak gyza her ädimde diýen ýaly, tanyş-bilişleri sataşýardy. Olaryň hemmesi inçe gylykly, arymsy adamlardy. Şasenem olar bilen nähilidir bir özboluşly halda gatylyp-garylyp gidýärdi. Özüne nämälim bu geň gatnaşyklarda Hojaguly oňaýsyz halda kürtdürip duruberýärdi. Ol gürrüňe goşulyp bilmän, diňe synçy hökmünde gazarylyp durmak gelşiksizdi. Ylaýta-da, Şasenem ýaşlary birçene baran är-aýal bilen lukmançylygyň haýsydyr bir meselesi hakynda uzak wagtlap gürleşip duranda hupbatly boldy.

Buýsançly ýigit kyn pursaty başdan geçirip, nähilidir bir, erksizlik duýgusy azap berýärdi. Birhili ideklenýän ýalydy. San-gara bolup, hemdeminiň yzyna düşüp ýören ýalydy. Şasenem bolsa, ýigidiň kalbynda gopýan bu harasatdan bihabardy. Ol joşgun bilen özüni gurşap alan tanyş-bilişleri bilen mübtelady. Ýok, gyz Hojagulyny gözden salanokdy. Hemdeminiň öňündäki öz borçlaryny unudanokdy. Şasenem wagtal-wagtal ötünç soraýan ýaly, ýigidiň ýüzüne mylaýym nazaryny aýlaýardy. Ony hormatlap, söhbetdeşleri bilen tanyşdyrýardy. Bu babatda nadyl bolara esas ýokdy.

Hojagulyny başga bir ýagdaý aldym-berdime salýardy. Olam Şasenem bilen aralykdaky uly tapawudy syzanlygydy. Şasenem onuň görmäge endik eden sada gyzlaryna meňzänokdy. Ol mum-helim bolup, yzyňa düşüp ýörjeklerden däldi. Gaýtam öz yzyna eýerdýärdi. Özünem zenan özdiýenliligi bilen däl-de, zyýada görüm-göreldesi bilen öňbaşçylyk edýärdi. Anjaýyn gyz özi duýmazdan berk talaplary keserdip goýýardy. Ol talaplar ynsan ähliniň baky ymtylýan kämilliginden gelip çykýan göwnemakyl talaplardy. Onsoň olaryň eradasyna kaýyl bolmazlyk mümkin däldi.

Egsikligiňi duýmak ejirlidi. Ol isleseň-islemeseň, tekepbirlik duýgyňy gamçylaýar. Gömelteýligiňi kişi kimin boýun alyp, kämillige gol bermek hemmelere eýgerdenok. Kemiňi ýuwmarlamaga tutaryk gözläniňi duýman galýaň. Onsoň özgerişligi ret edýän hötjetlik hem uzakda däl.

Giň dünýäsi daralyp, eliň aýtymyna gelen Hojagulynyň kalby dartgynlydy. Ol indi şübhe bilen ýygy-ýygydan Şasenemiň ýüzüne garanjaklaýardy. Gyzyň şuglazar keşbi indi öňki ýaly täsir döredenokdy. Gaýtam kem-kem daşlaşyp, kesekä öwrülip barýan ýalydy. Ýigit ýat terbiýeli gyzyň mährine maýyl bolanlygyna barha aýdyň göz ýetirýärdi.

Teatrdan gaýdyp gelýärkäler Hojaguly keýpsizdi. Ol böwrüne diň salyp, içini hümledip barşyna, Şasenemiň gürrünlerini diňlemeýär diýen ýalydy. Gyz ýygy-ýygydan Hojagulynyň ýüzüne geňirgenmek bilen garanjaklaýardy. Ahyrsoňy olar Şasenemiň öýleriniň duşuna ýetip, hoşlaşmakçy bolanlyrynda, gyz ýigidiň halyndan habar aldy.

— Hojaguly, mazaň gaçdy-la?

Ýigit kölege inen ýüzüni kese-kese sowup, naumytlyk bilen gyzyň asla garaşmadyk sözlerini orta atdy.

— Şasenem, bagyşla welin, ikimiziň bu gatnaşygymyzyň hiç hili manysy ýok. Biz bütinleý ýat adamlar. Şonuň üçin, indiden beýläk birek-biregi kän bimaza edip durmasak, gowy bolarmyka diýýän.

Gyzyň gözleri haýran galmakdan ýaňa tegelendi.

— Sen näme diýmekçi bolýaň? Biz näme üçin ýat adamlar ahyryn?

Gyz görgüli birden bir ýakymsyzlygy syzan dek, allaniçiksi bolup, ýigidiň egninden penjeledi.

— Biz näme üçin ýat bolýas, Hojaguly?!

Şasenemden beýle aýgytly herekete garaşmadyk Hojaguly birbada näderini bilmän, emaý bilen gyzyň elini egninden aýyrdy.

— Soň hemmesini düşündirerin — diýip, gaty-gaty ýöräp gitdi.

Hojaguly dargursaklyk edenligine az müýnürgemedi. Ýazyklyk duýgusy kalbyndan daş bolup basýardy. Ynjalygyny it iýene dönen Hojaguly ertire zordan çykdy. Beýle ýagdaýda ol dostuny görmän, oňup biljek däldi.

Ylmy-barlag institutynda çylşyrymly enjamlara gözegçilik edýän Nepes dosty yzyndan barandan, ahmyr bilen başyny ýaýkady. Ol eýýäm hemme zatdan habarly bolara çemeli.

— Örkünden boşan öküzçe ýaly, hemme zady bulaşdyryp, indem arzyňy aýtmaga geldiňmi?

Müýnli Hojaguly näme diýjegini bilmän, gümmi-sümmi etdi. Nepes her bir jümlesine agram berip, paýhas bilen söze başlady.

— Dostum, gönüläp aýtsam, häzirki ýüze çykan ýagdaý tötänleýin däl. Belki, ol öz-özünden döremeli tükeniksiz düşünişmezlikleriň başy bolmagam mümkin. Sebäbi siz aýry terbiýeli adamlar ahyryn. Şasenem arymsy maşgalada önüp-ösen, erkin gylykly gyz. Sen bolsaň, sada düşünjeli oglan. Onsoň siziň araňyzda nähili gatnaşyk bolup biler? Size bagtly maşgala ojagyny döretmek kyn düşer. Sen gürrüňsiz, geljekki ykbaldaşyňy öz yzyňa eýertmekçi, has dogrusy, öz çygryňda saklamakçy bolarsyň. Emma Şasenem muňa kaýyl bolarmy? Oňa seniň öriň dar görünmezmi? Ynha, ähli belaň körügi şu ýerde. Seniň, heý, bagta tarap yş ýokmuka diýip, oýlanýan bolmagyň mümkin. Hawa, elbetde bar. Ýöne munuň üçin, seniň çäksiz söýgiň gerek. Mähir-muhabbetden doly, sahawatly ýüregiň gerek. Sen birbada Şasenemiň dünýäsini birkemsiz özleşdirmeli bolarsyň. Bagta diňe sabyr-takat bilen

ýetip bilersiň. Onsoň sen şeýle ýola gadam urmaga taýynmyň? Onuň synaglaryna döz gelmäge taýynmyň? Seniň bu hakda pugta oýlanmagyň gerek.

Sözüne dyngy beren Nepes dostunyň ýüzüne gözüniň gytagyny aýlady. Onuň çuň oýa batanlygyny görüp, hoşamaýlyk bilen elini egninde goýdy.

— Beýle diýsem, dostum, gama batma. Sen bihal ýigit däl ekeniň. Muny saňa Şasenem ýaly, elýetmez gyzyň göwnüni awlap bileniň üçin aýdýan. Ol saňa biparh däl. Görgülijik düýnki bolşuňy janygyp-janygyp gürrüň berýä. Hem aglaýa, hem gülýä. Dogrusyny aýtsam, ony beýle ýagdaýda hiç wagt görmändim. Şaseneme göwün beren ýigitler az bolmady. Men diýen buýsançly gerçekler öňünde dyza çökdüler. Emma gyzyň ýüregini imrindirmek hiç kime başartmady. Biz Şasenemiň tekepbirlik edip, bagty duşundan ötürýänligini oňlamandyk. Ýöne men Şaseneme diňe, indi düşünjek bolýan. Ol hemme zatdan ileri ýönekeýlige, tebigylyga parh goýýan eken. Şol sarpalaýan gylyklaryny hem senden tapan bolarly. Gyz saňa umyt bilen bakýa. Men seniň şol umydy ödemegiňi isleýän, dost.

Hojaguly dostunyň ýanyndan agyr oýlar bilen gaýtdy. Nepes ähli zady aý dogan ýaly edipdi. Hojaguly üçin aýgytly pursat emele gelen eken. Bu ykbaly kesgitleýän jygba-jyglykdy. Şasenem ýigidiň kalbyna uly ahwalat bolup, kürsäp giripdir. Bu geldi-geçer yşkbazlyk däldi. Bu duýdansyz çakan ýyldyrym kimin, bimöçber kuwwatdaky duýgynyň ýňdarylmagydy, ýürek ataşydy. Ýöne ýigit bu näzik duýga ten berse, gelejekde özüne nämäniň garaşýanlygyna kemsiz göz ýetirýärdi. Nepes entegem ýuwmarlamaga çalyşýardy. Kemala gelen dünýäňden örüňi üýtgedip, ýat terbiýeli durmuşa endik etmeklik... Ýok, bu juda çökder bolmaýarmy? Ala gözli bir melegiň hatyrasyna munça pida gala bolmaýarmy?

Telim günläp şäheriň üstünde sowuk ýel güwledi durdy. Kiçi çilläniň duýdansyz inen harasady diňer ýerde diňmedi. Tebigatyň bu hupbatly pursaty Hojagulynyň kalbynda gopýan harasat bilen sepleşip, çydamsyz ýagdaý emele getirdi. Ikirjiňlenmelere ýüregini tüýtmeledýän ýigit ne alaç ederini bilenokdy. Birnäçe günüň ejirli oýlary ony halys surnukdyrdy. Paýhas ýürege basalyk berýärdi. Emma alaw bolup, çyrpynýan duýgy welin, aman-zamanyny berenokdy. Şasenemiň perişan haly göz öňüne gelende, Hojaguly biygtyýar lowlap galyberýärdi. Ynha, birdenem ol gijäniň bir wagty gözüne urlan dek, ylgap köçä çykdy. Çapgyn ýele kükregini gerip, ýürek örküni aldyran arzylysyna tarap ýüzin salyp başlady. Ony ýanbermez bir güýç idenekledip barýardy. Ol mukaddes güýjüň öňünde, belent söýginiň öňünde ynsan balasy çäresiz!



# ÝÜREK ÖRKI
**(Hekaýa)**

Ýagmyr bu günem okalga hemişeki wagtynda geldi. Ýöne ol heniz ornaşyp-ornaşmanka, täsin waka ýüze çykdy. Talyp ýigidiň ýanyna mylaýym ýylgyryp, örän görmekli bir gyz geldi.

— Ýagmyr, salam!

Aňk-taňk bolan Ýagmyr aljyraňňyllyk bilen gözlerini tegeledi.

— Salam!.. Bagyşlaň, men sizi tanamadym-la.

Birsyhly ýylgyrýan gyz şadyýan dillendi.

— Men obadaşyňyz, Akmyrat dükançynyň gyzy.

— Obadaş diýseňizläň, örän gowy! Ýöne sizi ozal näme üçin görmedimkäm?

— Üns bermeseňiz näme, men okalga her günem gelýän.

— Bagyşlaweriň, ünsüm diňe kitapda bolaýýa.

— O diýýäniňiz-ä dogry.

Gyz mundan artyk eglenmän, ornuna geçip oturdy. Obadaş gyzyň özüni örän sypaýy alyp barmagy Ýagmyrda ýakymly täsir döretdi. Saçy enaýy rejelenen gyz başyny geň halda dikje tutýardy. Hoşroý ýüzündäki uşajyk ýylgyryş şähdaçyk tebigatyndan habar berýärdi. Ýagmyryň birsyhly gyza habar gatasy gelip durdy. Ýigidiň ýygy-ýygydan özüne garanjaklamagyna gyz hoşamaý ýylgyryp jogap berýärdi.

Ýaşlar okalgadan bile çykyp gaýtdylar. Obadaş gyzyň ady Miwe ekeni. Ýagmyr şunça jan etse-de, özünden dört ýaş çemesi kiçi Miwäniň mekdep döwrüni ýatlap bilmedi. Miwe welin, Ýagmyr hakda hemme zady bilýän ekeni.

— Mekdepde saňa iň ökde okuwçy hökmünde garaýardylar. Mydama ýanyňda köp kitap göterýädiň.

Sözüne çala dyngy beren gyzyň sesi ýene jaňjagazyňky ýaly täsin ýaňlandy.

— Uniwersitetde-de häzir sen iň ökde talyp hökmünde tanalýaň.

Obadaş gyzyň öwgüli sözlerine ýigidiň gezi galan ýaly boldy.

Ýagmyr şondan soň, okalgada Miwe bilen ýygy-ýygy görşüp başlady. Ýaşlar kämahal okalganyň eýwanyna çykyp söhbet edýärdiler. Söhbetlerem diňe mähriban obalary hakda bolýardy. Miwäniň özboluşly dünýäsi bardy, sadaja pikir öwrümleri örän täsindi. Oslanmadyk ýerden Ýagmyryň obadaş gyza göwni gitdi. Ýigidiň ýüregini imrindiren zat gyzyň çaga ýaly sadalygy, sähradaky ýalňyz oturan güljagaz ýaly garawsuzlygydy.

Ýagmyr uniwesiteti ahyrlap ýördi. Gelejekki agronom ýigit ylymlar dünýäsine baş-bütin berlendi. Ähli küýi-köçesi küt-küt kitaplarda jemlenipdi. Ýöne Ýagmyr basa oturyp, köp işlese-de, durmuşyň diňe kitaplardan ybarat däldigine düşünip durdy. Öýlenmelidi, maşgala ojagyny döretmelidi.

Geljekki durmuşy hakda Ýagmyr az oýlananokdy. Ykbaldaşy hökmünde bolsa diňe, Maraly göz öňünde tutýardy. Maral Ýagmyryň topardaşydy. Juwanlar birek-birek bilen kemsiz öwrenişipdiler. Maralam edil Ýagmyr ýaly, okuwa jany-teni bilen

berlendi. Gyz ýigidiň maslahatçysydy, pikirdeşidi. Juwanlar deň gadam urmak bilen ylymlar dünýäsine çuň aralaşýardylar.

Ýagmyr üçin Maral bilen gurjak durmuşy eliň aýasyndaky ýaly aýdyň görünýärdi. Olaryň ikisiniňem höwesi birdi. Ösüp-özgerip barýan ylmyň täze gazananlaryny iş ýüzünde barlap görmekçidiler. Juwanlar bir-birege badalga berip biljekdiler, iň kyn pursatlarda-da arkalaşjakdylar. Bu durmuşyň manyly boljaklygy görnüp durdy.

Emma Miwäniň peýda bolmagy bilen Ýagmyr bütinleý üýtgedi oturyberdi. Bu özgerişlige onuň özem haýran galyp, göýä, dünýäsi täzelenen ýaly boldy. Mähekdaşy ýaly gyz, onuň ähli erkini elinden aldy. Ýagmyr indi Miwäni görmese, bir pursatlyk hem oňup bilenokdy. Juwanlaryň okalgadan aýaklary kesilipdi diýen ýalydy. Bagyň jümmüşindäki saýaly oturgyç olaryň söýgüli ýerlerine öwrüldi. Ýanaşyk oturyp, edilýän şirin söhbetleriň yzy tükenenokdy.

Bu arzyly duşuşyklaryň soňy netijesiz bolmady. Dessine belli karara gelindi. Uzaklaşdyrman toýuň ugruna çykmaklyk maslahat edildi. Ýagmyr durmuşyndaky bolup geçen bu özgerişlige tüýs ýürekden begenýärdi. Hemme zat onuň üçin edil bolsady ekilen ýalydy. Toý duýdansyz hem zereňli geçdi. Obadaky giňden tutulan toýuň dabarasy dag aşdy.

Ýaş çatynjalaryň täze durmuşy hem ýeňil ugrugyp gitdi. Uniwersitetiň golaýynda wagtlaýyn ýaşamak üçin, oňaýlyja jaý tapyldy. Uniwersiteti üstünlik bilen tamamlan Ýagmyra, ýerli-ýerden iş teklip edildi. Emma Ýagmyr göwnünde besläp ýören arzuw-hyýallaryndan el çekip biljek däldi. Gatnamasy kynragam bolsa, uniwersitetiň okuw-önümçilik ekinzarlygynda işlemeklige höwesek boldy. Ýaş alym agronom ençe ýyllap kitap gatyny dörüp öwrenen bilimini iş ýüzünde barlap görmese oňup bilenokdy.

Ýagmyryň işe ýapyşyşy üýtgeşikdi. Ol kesbini ömrüniň manysy hasaplap, ýaş güýç başbermezek taý ýaly çarbaýlyk edýärdi. Tiz netije gazanmasa ýaş agronom kanagatlanyp biljek däldi. Emma gazanylan netije süwitli bolmady. Ekiniň idegi çakyndan has çylşyrymly bolup, bu ýerde badyhowa hyýallara bil baglap oturasy iş ýokdy. Tükeniksiz gözlegler zerur ekeni. Sabyr-takat bilen halypa alymlaryň edişi ýaly, ädimme-ädim öňe ilerlemelidi.

Ilkinji höwesi oňmadyk ýaş hünärmen aljyraňňy görünýärdi. Ol işden giç gaýdyp gelýärdi. Gelşine-de, çalak-çulak garbanyp, başyny ýassyga goýýardy. Baş goşan işiniň hele-müçe kynçylykdan ybarat däldigine göz ýetiren Ýagmyrda ikijiňlenme duýulýardy. Oňa häzir goldaw gerek, kalbyndakysyny paýlaşar ýaly syrdaş zerurdy. Emma şol syrdaş ýokdy. Onuň öýi hem işi bir aýrydy. Ykbaldaş diýip, saýlap-seçeniniň kesbi-käri bilen seri ýokdy. Işi baradaky janygyp berýän gürrüňleri asla diňlenenokdy.

Ýagmyr indi islese-islemese, Maral hakda oýlanýardy. Ýumşak häsiýetli şol topardaş gyzyň özi üçin örän wajyp ekenligine barha aýdyň göz ýetirýärdi. Maral hiç wagt özüne uly ähmiýet bermezdi. Onuň tebigaty parahatdy, hemişe kömege gaýymdy, duýgudaşlyk bilen garardy. Ýagmyr, megerem, arzysy bolmadyk şol goldawa öwrenişip giden bolmalydy. Ýogsam, özi üçin şeýle eziz ynsana beýdip biparhlyk etmezdi.

Başga ýary saýlap, Maraly nähili ynjydanlygyny Ýagmyr diňe indi aňdy. Dogry, juwanlaryň arasynda näzik duýgy barada hiç hili gürrüň bolmandy. Olar diňe

ýoldaşlarça gatnaşyk edipdiler. Ýigit gyzyň öňünde hiç bir babatda borçly däldi. Hemme zat diňe ýüregiň teýinde saklanýardy. Özüniň başga biri bilen durmuş gurjak bolýanlygyny eşiden Maralyň nähili derejede üýtgänligini Ýagmyr bilýärdi. Gyz görgüli uçurnyk bolupdy. Ýöne ýagşydan-ýamandan sesini çykarman, göz ýaşyny zordan saklap, durmuş toýuny toýlaýan juwanlara bagt arzuwlapdy.

Ýagmyr geçirimsizlik goýberenligine düşündi. Ýöne munuň bilen durmuş togtamaýar ahyryn. Ýaş agronomyň gursagynda arzuw-hyýallar möwç urýardy. Ol sabyrsyzlyk bilen gelniniň okuwyny tamamlaryna garaşýardy. Mähriban obalaryna baryp, täze-täze işleriň başyny tutmakçydy. Obanyň töweregindäki suw eltmesi kyn ýerleri täze usul bilen özleşdirmekçidi. Damja usuly, ýagyş usuly aýdyp-diýip bolmajak mümkinçilikler döredýärdi. Eşrepi ýaly görülýän suw ýene birnäçe esse tygşytlanyp, oba özgerjekdi. Gujur-gaýrat bilen gaýnap-joşýan ýigit maksadynyň hasyl boljagyna birjik-de, şübhelenenokdy.

Emma garaşylmadyk ýerden kynçylyk döredi. Ýokary okuw mekdebini tamamlan Miwe obada işlemeklige göwünjeň bolmady. Gelin adamsynyň ýalbar-ýakaryny diňlemegem islänokdy.

— Şunça okap, indi men obada ýaşamalymy?!

— Obamyzyň nämesi kem, Miwe? Şähere gaýra dur diýýär ahyryn. Biz ony hasam özgertmeli. Meň gelejek baradaky arzuwlarymyň hemmesi obamyz bilen baglanyşykly. Maňa ynanaý, Miwe, biziň obadaky gurjak durmuşymyz manyly bolar.

— Ýok, ýalbarybam oturma, men oba tarap bir ädimem ätjek däl!

Ýagmyr ýan bermedi, gönümelligini etdi. Miwe islese-islemese oba gaýtmaly boldy. Oba arçynlygynda hasapçy bolup işe başlan gelin adamsynyň özdiýenliligini hiç ýüregine sygdyryp bilenokdy. Şondan soň Miwäniň gylygy üýtgäp, Ýagmyra öçli garap başlady. Ýaş maşgalada dartgynlyk peýda boldy.

Dogup-dörän obasynda agronom bolup işleýän Ýagmyr maşgaladaky näsazlygyň durmuşa şeýle güýçli täsir edip biljegini oýuna-da getirmändi. Işden surnugyp gelen agronom öýde mylakat tapanokdy. Miwäň ýüzi açylanokdy. Birsyhly hyltly bakyşlar endik bolup galdy. Birmahalky hoşlabyz Miwäni indi tanar ýaly däldi. Onuň kesirligi gitdigiçe-de artýardy.

Her niçike bolsa, Ýagmyr Miwäniň berýän ezýetlerine çydam edýärdi. Oňly ýuwulmaýan eşiklere, wagtynda äberilmeýän owkatlara kaýyl bolýardy. Sebäbi ýigidiň göwün guşy ganatlydy. Obada uly işleriň başy tutulyp, şu wagta çenli ekine ýaramsyz hasaplanýan alaňlyk baga bürenip otyrdy. Dagyň daşly gaýalaryndan bat alyp, obanyň deňinden ok ýaly geçip gidýän sil suwlaryny peýdalanmaklygyň çäresi tapylypdy. Pürepür doldurylan suw howdanlary täsin görnüşde tolkunyşyp ýatyrdy. Ýagmyry has-da guwandyrýan zat ösüp-örňäp gelýän çagalarydy. Ol çagalaryna diýseň hamrakdy. Ilki ýüzi düşen oguljygyny bagryna basyp, mährini gandyryp bilenokdy. Soňkular gyz boldy. Biri-birine meňzäp duran, saçlajyk iki gyz kakalarynyň göwün hoşudy.

Birenaýy maşgala bolaýmalydy. Emma Miwäniň doňy çözülmän, ýigrenjiniň soňy gutaranokdy. Ýagmyra maşgalany terk etmekligi maslahat berýänler bardy. Dogrudan-da, göwni sowuk ýar bilen mydar etjek bolup oturasy iş ýokdy. Ynsan ömri zyýada bolmaly ahyryn. Emma Ýagmyr başyna deňäp oturan çagajyklaryndan ryzkyny aýyrmaklygy göz öňüne getirip bilenokdy. Ol maşgalany abat goýdy. Diňe özüne degişli goş-golamyny alyp, wagtlaýyn iş üstüne gitdi.

Obanyň ilersindäki ekinzarlyk ýaşaýjylydy. Üzňe oturan bagly obajykda mal-garaň bähbidini arap oturan hojalyk kändi. Ekin üstündäkilere niýetlenen düşelgede nahar bişirilip, çörek ýapylýardy. Garaz, ýekebaş durmuş üçin bu ýeri kem däldi. Ýagmyr diňe, işi hakda oýlanýardy. Gije-gündiz täze-täze hyýallar bilen dolup-daşýan başarjaň hünärmeniň töweregi hemişe jemendelidi. Ýagmyr Günüň nähili dogup-ýaşýanlygyny bilenokdy. Ol diňe aý aýagyna sabyrsyzlyk bilen garaşýardy. Sebäbi aý aýaklanda iş hakyny alyp öýüne barýardy. Her gezegem umyt bilen Miwäniň ýüzüne garaýardy. Emma bulut çöken ýüz açylanokdy.

Miwäniň bu bolşy hiç bir heňe gelenokdy. Öýke-kinäniňem çeni ýagşy ahyryn! Bu ýerde başga bir zat bardy. Miwe ykbaldaşyndaky belent mertebäni duýupdy. Onuň kämil dünýäsini, ynsan ähline muwapyk iň ýagşy gylyklaryny görüpdi. Şeýle asylzada gerçege mynasyp ýar bolardan öz gorunyň egsikliginem aňypdy. Ynha, göwni galan, howalasy belent zenany elden-aýakdan çykarýan zat şudy. Adamsyndaky kämillik onda ýigrenç döredýärdi.

Ýagmyr ömrüniň manysy hasaplaýan kesbi-käri bilen baş-bütin meşgullanýardy. Ýürek bilen çekilýän zähmet nähili sapaly! Eger şu nukdaýnazardan seretseň, Ýagmyr bagtyň çür başynda bolaýmalydy. Emma ol özüni bagtly saýanokdy. Bagt başga ýerde ekeni. Ynsany çyn bagta ýetirýän zürýat mähri ekeni.

Ýagmyr nirede bolsa-da, çagajyklary göz öňünden aýrylanokdy. Ata ýüregi hemişe eýjejiklerini küýsäp durdy. Aýralygyň zaryny çekýän hamrak ýürek ahyrsoňy arzyly günleriň ýetip geljekligine ynanýardy. Emma ol günler eglenýärdi. Wagt ýowuz gylygyny edip çalt geçýärdi. Oglunyň harby gulluga çagyrylýanyny eşidende, Ýagmyr gulaklaryna ynanmady. Kararyny ýitirip, zowzullap ýören ata janyna jaý tapanokdy. Emma ogly hoşlaşmak üçin kakasynyň ýanyna gelmedi.

Soňky ýyllar Ýagmyr üçin agyr geçdi. Gazanylýan üstünliklere garamazdan, agronom barha suslanýardy. Ýagmyr ýekelige ram edýärdi. Ukusyz gijelerde bolýanja tamynyň öňüne çykyp oturýardy. Gündizlerine bolsa, meýdana aýlanýardy. Güýzüň ahyrlarynda, ylaýta-da, tebigata ürç etdi. Bu pilleler tebigat aýratyn görnüşe eýe bolýar. Aramja öwüsýän çygly ýellere meýdan ot-çöplerine täzeden jan girene dönýär. Ýere degäýjek-degäýjek bolup, göç edýän gara bulutlar ygal ysyny getirýär.

Ýagmyr birsyhly ogly hakda oýlanýardy. Onuň harby gullukdan gaýdyp geljek gününe gözüni dikip garaşýardy. Egni esger lybasly Röwşen ýylgyryp, bir ýerden çykaýjak ýalydy. Ýagmyr oba tarap ýalta seredenini duýman galýardy.

Ahyrsoňy sabyrsyzlyk bilen garaşylan pursat ýetip geldi. Oglunyň harby gullukdan gaýdyp gelenligini eşiden Ýagmyryň tolgunmadan ýaňa, endamyna galpyldy aralaşdy. Bu şatlykly habary oňa ilki aşpezlik edýän Ogulbossan eje buşlady. Daňyň ümüş-tamşynda ulagdan düşen Ogulbossan eje ellerini galgadyp, Ýagmyryň ýanyna ýetmäge gyssanýardy.

— Ýagmyr, gözüň aýdyň, ogluň gelipdir!

Demini haşlap alýan dolmuş aýal tolgunjyna bäs gelip bilenokdy.

— Ynhajykga ýanyňa-da geler, görüşmäge geler ogluň!..

Ýagmyr begenjinden kararyny ýitiripdi. Ol indi öýe girip bilmän, jaýyň töwereginde köwlenjiräp ýördi. Ýola dikilen intizar göreçlerde umyt uçguny köreýärdi. Emma garaşylýan esger ogul gara berenokdy. Gün öýläne sananda, Ogulbossan eje hemmesine özi günäkär ýaly, müýnli dillendi.

— Ýagmyr, bolmasa, özüň gidäýsene görüşmäge. Çaga, belki, köpçülikden sypynyp bilýän däldir.

Sanlyja minutdan Ýagmyr oba tarap haýdap barýardy. Gadamyny barha güýçlendirse-de, onuň hälki gylawy ýokdy. Öýüne golaýlaşdygyça, Ýagmyryň tolgunmasy artdy. Ata ogly bilen nähili görüşjegini bilenokdy. Çünki, ogluň özüni nähili alyp barjagy belli däldi.

Ýagmyryň çaklaýşy ýaly, öýüň märekesi ýetik ekeni. Işikdäki dalbaryň asty düşeklenipdir. Gullukdan gaýdyp gelen esger bilen görüşmäge gelen goňşy-golamlar aý berip otyrdylar. Ýagmyr görnenden myhmanlaryň gowruna suw sepilen ýaly boldy. Ýagmyr başyny galdyryp bilmän, daş işikde ýaýdanyp durdy. Ýerli-ýerden Röwşeni çagyrdylar.

— Röwşen, kakaň bilen salamlaş.

Röwşen kakasyna tarap ýönelende, howlynyň içine dartgynly ümsümlik aralaşdy. Tolgunmadan ýaňa durky bilen saňňyldaýan Ýagmyr özüne zordan erk edip, bokurdagy tüýdük ýaly gurapdy. Aňyrdan kynlyk bilen ýöräp gelen Röwşen guraksy salam berdi.

— Salawmaleýkim!

Ýagmyr oglunyň ýüzüne garap bilmedi, oňa oglumam diýip bilmedi. Diňe ysgynsyz ses bilen adyny tutdy.

— Röwşen, geldiňmi sag-aman?

Kakasy bilen görşen Röwşen hal-ahwal soraşyp durmady. Tolgunýanlygy mesaňa-mälim bildirýän esger ýigidiň ýüzüniň reňki agyp-dönýärdi. Ol galagop halda aňyrsyna tiz öwrüldi-de, sessiz-üýnsüz öýe girip gitdi.

Düşege geçip, çekinjeňlik bilen bir gyrada ornaşan Ýagmyr özüne dikilen nazarlardan ejap edýärdi. Öz öýünde keseki ýaly, egnini gysyp oturan Ýagmyr myhmanlaryň ýanynda başyny galdyrmaga het edenokdy. Bu ýerde kethudalyk edýän Miwäniň erkek dogany Halsähetdi. Halsähediň Ýagmyra gözi düşenden terzi üýtgedi. Ol ortada eýemsiräp oturyşyna, Ýagmyra tarap alarlyp seredýärdi.

Ýagmyryň gelmegi bilen hemaýyn söhbetiň arasy kesilipdi. Goňşy-golamlar özlerini oňaýsyz duýýardylar. Her kim başyny aşak salyp, seslerini çykarman otyrdy. Göýä, bu maşgaladaky näsazlyga özleri günäkär ýaly, müýn bilen içlerini hümledýärdiler. Ýagmyr bada-bat bu ýerde uzak oturyp bilmejegine göz ýetirdi. Ony töweregiň dartgynlygy gysyp-gowrup barýardy. Has-da beteri, bu ýerde oglunyň nazaryny duýýanlygydy. Bu nazaryň öňünde durmak ejirlidi. Il deňindäki ata bolup bilmedigini, ýeri, ol nähili düşündirsin ahyryn?

Birden Ýagmyr näme edýänini özem bilmän, laňňa ýerinden galdy. Howlukmaç aýagyna köwşüni ildirip, howludan çykmaga gyssandy. Ilerdäki bagly obajygy nazarlap ugran Ýagmyryň gözleri ümezläp durdy. Ol häzir hiç zadyň pikirini edip bilenokdy. Diňe suwly salmanyň gyrasyndaky ýodajyk bilen manysyz gadam urýardy. Onuň durmuşynda hiç zat üýtgemändi. Kemala gelen ogly henizem sowuk nazar salýardy. Ýagmyra ýene ýalňyzlyk, üzňe oturan tamjagazyndaky ukusyz gijeler garaşýardy.

Obadan barha daşlaşýan Ýagmyr käwagt bir yzyna gaňyrlyp seredýärdi. Ol muny diňe endik boýunça şeýle edýärdi. Kalpdaky umyt uçguny indi köränokdy. Emma birden Ýagmyryň gözi obadan saýlanyp gaýdan garany saýgardy. Gara tiz

golaýlaşýardy. Ýagmyr egni esger eşikli ýüzin salyp gelýän ogluny dessine tanady. Ýere çüýlenen ýaly bolan atanyň batly urýan ýüregi agzyndan çykyp gelýärdi.

Aňyrdan atylan ok ýaly bolup gelen Röwşen kakasynyň golaýjagyna gelip durdy.

— Kaka, gitmesene, hemmämiz bile ýaşalyň-la.

Ýagmyr oýlanybam durman, bada-bat ylalaşdy.

— Bolýa, oglum, ýöne ejeňiz razy bolarmyka?

— Ejemem razy bolar, oňa özüm düşündirerin.

Esli aralygy ylgap geçen Röwşen demini haşlap alýardy. Onuň şar gara saçy ak ýüzüne ýaraşyp durdy. Röwşen görmegeý ýigit bolup ýetişip, ini-boýuny kemsiz alansoň, hereketlerem ynamlydy. Ol birden tolgunyp gürledi.

— Kaka, bagyşla, sen hakda ýalňyş pikir edipdirin!

— Zyýany ýok, oglum, indi agzybir ýaşasagam bolýa.

Çynar ýaly ogluň garşysynda bir gysym bolup duran Ýagmyr birden ejizledi.

— Oglum, seni göresim geldi!

Göýä, kakasynyň bu sözlerine garaşyp duran ýaly, Röwşeniňem sesi sandyrap çykdy.

— Kaka jan, meňem göresim geldi!

Ataly-ogul nähili gujaklaşanlaryny bilmedi. Didaryna zar bolan perzendini bagryna basan Ýagmyryň begençden ýaňa, gözlerinden ýaş syrygýardy.



## GÜLÄLEKLI ÝODALAR

**(Hekaýa)**

Gijara okalgadan gaýdyp gelen Jemal talyplaryň umumy ýaşaýyş jaýyndaky otagyna girip bilmedi. Otagdaş gyzy Dursunyň ýanyna ýene Laçyn gelen ekeni. Jemalyň Laçyn bilen kän mäşi bişişenokdy. Şonuň üçin tä, ol gidýänçä, girelgäniň öňündäki oturgyçlaryň birinde oturyp, garaşmaklygy ýüregine düwdi.

Ýokary okuw jaýynda höwes bilen okuwa başlan Jemalyň şatlygy uzaga çekmedi. Näme üçindir, onuň köpçülikden sussy basylyp, özüni erkin alyp baryp bilenokdy. Mekdepde diýseň gowy okaýan Jemal sapaklaryna-da oňly jogap berip bilmän, hemişe aljyraňňy haldady.

Jemal özündäki bolup geçýän bu ahwalata düşünip bilenokdy. Ol töwerekdäkilerden asgyn gelýärdi. Beýlekileriň ýeňillik bilen baş alyp çykýan ýerinde-de, uly kynçylyk görýärdi. Jemal topardaşlary bilenem öwrenişmänsoň, olaryň hemmesi ondan ekabyr görünýärdi. Özlerini köpçülikde diýseň ynamly duýýan şadyýan ýaşlar, geň halda gatylyp-garylyp gidýärdi. Hiç kim bilen oňly ümmüldeşip bilmeýän Jemal bolsa, barlygy-ýoklugy bildirmeýän sus haldady.

Jemala otagdaş bolup Dursun düşüpdi. Dursun eginleri terezilenip duran dogumly gyzdy. Ol Jemala kän ähmiýet bermän, näme üçindir, ondan özüni belent tutýardy. Otagdaşynyň özüne pisint etmezligi Jemala ýokuş degýärdi, emma edip bilýän alajy ýokdy.

Jemal hakykatdanam, özüniň Dursundan köp babatda egsikligini äşgär duýýardy. Dursun onuň ýanynda has edep-ekramly gelýärdi. Görk-görmekden iki paý berlen ýaly, agras häsiýetli gyz özgeler bilen özboluşly bir äheňde gürleşmegi başarýardy. Onuň hemmeler tarapyndan sarpasy tutulýardy. Jemal şunça esewan etse-de, akylly-başly bu sahypjemalyň hereketiniň köstüni görenokdy. Bu ýagdaý islese-islemese, oňa bolan hormatyny artdyrýardy. Özüne bolan ynamy bolsa, şonça egsilýärdi.

Jemal indi otagdaş gyzynyň igençlerine kaýyl bolupdy. Her bir babatda göwnüne görä gopmaklyga çalyşýardy. Dursunyň ýanyna Laçyn gelende bolsa, ejirli pursat emele gelýärdi. Laçynyň gylygy ýakymsyzdy. Ol Jemala sowuk nazaryny dikip, içýakgyç sözlerini atyp otyrdy. Laçyn göýä, Jemalyň üstünden gülmekden lezzet alýan ýalydy.

Jemal oturan ýerinde irkilenini duýman galdy. Birhaýukdan soň, ony yralap oýardylar. Äm-säm bolup gözüni açan Jemal üstüne abanyp duran Dursuny gördi.

— A gyz, bu ýerde näme işleýäň? Men saňa haçandan bäri garaşyp otyryn.

Aýak üstüne galan Jemal ýagşydan-ýamandan sesini çykarman, gulagasyjylyk bilen Dursunyň yzyna düşdi. Otaglaryna gelensoň, Dursun Jemala haýpygelijilik bilen garady.

— Jemal jan, Laçynyň gelenini halaňokmy? Ol indi saňa ýakymsyz söz aýtmaz. Göwnüňe degen bolsam, menem bagyşla!

Şondan soň, Dursunyň bolşy üýtgedi. Ol indi Jemal bilen bütinleý başgaça gatnaşyk edip, birsyhly aladalanyp, hossarlyk edýärdi. Emma beýle ýagdaý Jemaly kanagatlandyrmady. Ýeri, haýsy-haçana çenli töwerekden haraý gözläp ýaşamaly?! Gyz özündäki bolup geçýän ahwalata düşünjek bolýardy. Näme üçin, ol beýlekilerden sussupeslik edýärkä? Bu babatda bolsa, kimdir birini günälemäge esas ýokdy. Topardaşlarynyň hemmesi deň gadam urýardy, hemmeleriň ümüdigi öňedi. Her kim öňe saýlanmaklygyň arzuwyndady. Şeýle-de bolmalydy, sebäbi bu durmuş ýörelgesidi.

Birsyhly göwnüçökgünlik Jemalyň kalbyny aldym-berdime salyp, barha alaçsyzlygyň girdabyna düşýärdi. Jemala, ylaýta-da, ýygy-ýygydan jaň edip duran ejesi bilen gürleşmeklik ejirli bolýardy. Gyz mähriban käbesi bilen gürleşende,

zordan göz ýaşyny saklaýardy. Kalbyndaky gussany bildirmejek bolup azara galýardy. Emma ene ýüregi syzgyrdy, gyzyndaky näjaýlygy bada-bat aňýardy.

— Gyzym, näme aladaň bar, näme biynjalyk edýä? Ýa okuwyňy gowy okap bileňokmy? Ejeňden hiç zady gizleme, balam, bolmasa ýanyňa baryp-gaýdaýyn.

— Eje, meň hiç hili aladam ýok. Okuwymy birkemsiz okap ýörün.

— Näme diýseňem, gyzym, sesiň-ä halsyz eşidilýä.

Jemal sapaklaryndan boşadygy, okalga gyssanýardy. Dynç günlerem okalgadan çykman oturýardy. Ol diňe şeýdip, kalbyndaky galagoplukdan halas boljak bolýan ýalydy. Diňe ýalňyzlykda göwnüne aram gözleýärdi. Argynlyk aralaşanda bolsa, okalganyň eýwanyna çykyp dynç alýardy. Gözlerini bir nokada dikip oturan gyz örän perişan görünýärdi.

Bir gün Jemal şeýdip, eýwanda ýeke özi oturan wagty ýanyna topardaşy Kerwen geldi. Kerwen harby gullukda bolup gelen salyhatly ýigitdi. Oňa ilki nazaryň düşenden ýakymly täsir döreýärdi. Kerwen okuwyny yhlas bilen okaýardy, özem bedenini berkitmek üçin irginsiz türgenleşýärdi. Şähdaçyk tebigatly bu ýigidiň topardaky abraýy uludy.

— Jemal, ýene tukatlanyp otyrmyň? Hemişe-de şu bolşuň, seniň ala-ýaz bolup ýöreniňi hiç göremog-a men.

Jemal näme diýjegini bilmän, egnini gysmak bilen oňdy.

— Nädeýin, bolşum şeýle-dä.

Kerwen Jemalyň ýanynda ornaşykly oturdy-da, çynlakaý söze başlady.

— Jemal, dogrusyny aýtsam, seniň häzirki tukatlygyň sebäbini men bilip durun. Ozaldan bärem seniň bilen gürleşmekçi bolup ýördüm. Birbada meniň aýdýanlarymyň saňa düşnüksiz bolup görünmegi, käbir sözlerimi göwnüňe almagyňam mümkin. Ýöne sen üns bilen diňle-de, meniň aýtmakçy bolýan sözlerimden dogry netije çykarjak bol. Seniň häzirki tukatlygyň sebäbi, beýlekilere garanyňda, beden taýdan gowşaklygyňdyr. Has dogrusy, öz deň-duşlaryňdan güýjüň pesligidir. Güýjüň pes bolsa, sussuňam pes bolýa. Ynha, bar belaň körügi şundan ybarat.

Kerweniň bu sözlerinden soň, Jemal näme diýjegini bilmän, gözlerini tegeläp oturdy. Kerwen ýene sözüni dowam etdi.

— Jemal, häzirki kyn ýagdaýyňdan dessine halas bolmaly. Munuň üçin elde baryny edip göreşmeli.

Jemal çekinjeňlik bilen topardaş ýigidiň sözüni böldi.

— Men nähili göreşmeli? Ejizligimden nähili halas bolmaly? Munuň heý, çäresi barmy, Kerwen?

— Beden taýdan kämilleşip, güýjüňi artdyrmaly. Ynha, ýalňyz dogry ýol şundan ybarat. Ýöne bu ýol örän köp zähmeti talap edýä, çäksiz erjelligi talap edýä. Şonuň üçin ilki bilen onuň ähmiýetine pugta düşünmeli, ýüregiň bilen uýmaly.

Oýa batan Jemal ýagşydan-ýamandan sesini çykarmady. Ýöne gyzyň gözlerinde indi, umyt uçguny köreýärdi.

Kerwen gitmek üçin ýerinden turdy.

— Jemal, seniň häzirki halyňa nebsim agyrýa, ýardam edesim gelýä. Men beden sagdynlygynyň durmuşdaky ähmiýetine gowy düşünýän. Şonuň üçin, özüme salýan zorumy birjigem egsemok, her gün ýoňsuz aralygy ýöräp geçýän. Bu hereket

üýtgeşik lezzet berýä. Isleseň, senem yzyma düş, meniň aýdýanlarymyň dogrudygyna tiz göz ýetirersiň.

— Kerwen, sag bol, men seň aýdýanlaryňa ynanýan. Dogrudanam, men beýlekilerden egsiklik edýän. Her ädimde özümiň ejizligimi duýýan. Bu ýagdaýdan halas bolmak üçin, nähili göreşmelem bolsa göreşjek.

— Berekella, Jemal, seniň şeýle diýjegiňe ynanýadym. Onda gürleşdik, agşamara salkyn düşdügi sport eşikli taýyn bol.

— Bolýa, Kerwen.

Jemal şol gün okalgadan ir çykyp gaýtdy. Bolýan otagyna gelendenem, gezelenje taýynlanyp başlady. Gyz sport eşigini bir geýip, bir çykarýardy. Ol sport eşikde özüni oňaýsyz duýýardy, sebäbi beýle lybasda hasam çepiksi görünýän ýalydy.

Kerwen hakykatdanam, wadalaşyşlary ýaly, girelgäniň öňünde garaşyp duran ekeni. Sport eşiginde hasam gözegelüwli görünýän bu syratly ýigidiň ýanynda Jemal özüni arkaly ýaly duýdy. Kerwen ýanýodanyň ugrundan haýdap baryşlaryna, birsyhly maslahat berýärdi.

— Birbada özüňe kän agram salma, ýuwaş-ýuwaşdan werziş bolarsyň. Süňňüňi berkitmegiň iň dürs usuly pyýada ýöremeklik bolsa gerek. Sebäbi bu hereket ynsanyň tebigy hereketi, bedenimiz şu hereket esasynda kemala gelipdir. Näçe menzil aşsaň, şonça-da güýçli boljagyň görnüp duran zat.

Ynamsyz gadam urýan çepiksije Jemal, çalaja ýylgyrdy.

— Men näme üçin ejizjekäm? Ýa beýlekilerden az ýöredimmikäm?

— Ýok, Jemal, sagdyn bedenlilerem senden artyk ýörän däldir. Olar ozalynda sagdynja bolup dünýä inýäler. Bu tebigatyň syry. Biziň maksadymyz tebigatyň şol säwligini düzetmekden ybarat.

— Iş diňe pyýada ýöremeklige bagly bolsa, men hiç kimden pes oturman-la. Ýöne munuň bilen hemme zat gülala-güllük bolaýsa.

— Birjigem ikirjiňlenme, Jemal, gazanýan üstünligiňi dessine özüňem duýup başlarsyň. Harby gullukdakak biz köp türgenleşik ýörişlerini geçirýärdik. Şol ýörişlerem bizi taplady, lellim halymyza ers-mers bolduk. Durmuşda herki zadyň öz kanunalaýyklygy bolýa. Hiç zat tötänleýin ýüze çykanok. Kämilligiňem ýoly bir. Şol ýoldan näçe ilerläp bilseň, şonça-da maksadyň hasyl bolýa.

Jemal Kerweniň bu sözlerine düşünmedi. Ýöne bu sözleriň aňyrsynda uly manynyň ýatanlygyny aňdy. Kerwen giň ädimler bilen haýdap ýöreýärdi. Onuň yzyna eýermek üçin Jemal tijenmeli bolýardy. Ýaşlar uzaga gitjek bolup durman, golaýdaky seýilgähiň ýodalarynda gezelenç edýärdi. Seýilgäh ýoňsuz meýdany tutup ýatyrdy. Onuň ümürsin bolup oturan gülälekli atyzlary lälezar sährany ýada salýardy.

Gezelençden soň, Kerwen hoşamaý sözleri aýtdy.

— Jemal, berekella, ilkinji synagdan üstünlikli geçdiň.

Jemal çalaja ýylgyrdy-da, argyn ädimler bilen bolýan otagyna tarap ýöneldi.

— Sag bol, Kerwen!

Ertesi Jemal gezelençde sesini çykarmaýar diýen ýalydy. Düýnki gezelençden soň, onuň endam-jany soka salnan ýalydy. Gyz ýöremekligi sport hasabynda görmezdi, emma onuň bedene salýan agramy ýeňil-ýelpaý däl ekeni.

Kerwen göýä, Jemalyň halyndan habarly ýaly, göwünlik beriji sözleri aýtdy.

— Häzir saňa kyn düşýändir, Jemal. Ýöne gaýrat et, bir hepdejik çydasaň, soň öwrenişip gidersiň.

Seýilgähde bu günem jemende köpdi. Her kim ine-gana dynç alýardy. Birden Jemalyň kalbyna gubar inen ýaly boldy. Şeýle gözel çagda il deňinde aga-ýana seýil etmekligiň ýerine derini saçyp ýörenligine kemsinjek boldy. Gyzdaky bu üýtgeşikligi Kerwen dessine aňdy.

— Jemal, mazaň gaçdy-la, ýa ýadaýaňmy?

— Ýok, Kerwen, men ýadamok diňe, bolup ýörşümden utanýan.

Kerweniň ýüzi ünjüli çytyldy.

— Jemal, häzir diňe ümüdigiň öňe bolmaly. Başga hiç zada ähmiýet berme. Sen diňe, şeýdip özgeleň yzyndan ýetmeli. Deň-duşlaryň bilen egniňi deňlemek üçin, bu pursatdan peýdalanmaly. Soň saňa bagt gülüp bakar. Häzirki edýän yhlasyň birkemsiz ýerine düşer.

Ýigit birden aýak çekdi-de, janygyp gürläp başlady.

— Jemal, menem sagdynja bolup, eneden dogulmadym. Deň-duşlarymyň arasynda iň ejizi mendim. Ejizligim bolsa, her ädimde diýen ýaly, degnama degip durdy. Güýç diňe öz mertebäňi goramak üçin zerur däl. Güýç, sagdynlyk ynsanlyk derejäňi kesgitleýär. Muny bir söz bilen beýan etmek kyn. Menem seň häzirki kyn ýagdaýyňy başdan geçirdim. Ýöne men öz ykbalyma biperwaýlyk etmedim, ejizligime kaýyl bolmadym. Irginsizlik bilen göreşdim, bedenimi ösdürmek üçin, janyma dözdüm. Esgerlik döwrüm bolsa, meni birkemsiz taplady. Men ahyrsoňy şeýdip ynha, seň garşyňdaky Kerwene öwrüldim.

Kerweniň bu sözleri Jemaly haýran galdyrdy. Ol gözlerini giň açyp, garşysyndaky daýanykly ýigide ýiti-ýiti seredýärdi.

— Kerwen, dogrudanam, sen türgenleşip güýçli bolduňmy?

— Hut, şeýle Jemal. Meniň häzirki güýjüm tebigat tarapyndan berlen güýç däl, ol gazanylan güýç. Tutanýerlilik bilen öz gazanan güýjüm.

— Diýmek, isleseň ejizlikden halas bolýan ekeni-dä?!

— Elbetde, Jemal. Maksat tutunsaň, hasyl bolmaýan arzuw ýok.

Kerweniň bu sözlerinden soň, Jemalyň dünýäsi giňäp gitdi. Serindäki alasarmyklyk göýä, el bilen syrylana döndi. Gyz birden özüňçe ýaşap bolýanlygyna, durmuşda üýtgedip bolmaýan hiç hili çägiň ýoklugyna göz ýetirdi. Kalbynda uly özgerişlikler bolup geçýän Jemal, ädiminiň haýallanlygynam duýanokdy. Kerwenden yza galýanlygyny diňe, ýigidiň sesinden bilip galdy.

— Jemal, näme üçin yza galýaň?

Birden özüne gelen Jemal howlukmaç dillendi.

— Kerwen, maňa garaşma-da, ýöräber, men az-kem dynç aljak.

Jemal şeý diýip, seýilgähiň oturgyçlarynyň birinde ornaşdy. Gözlerini bir nokada dikip, agyr oýa batan gyz, göýä, dünýäni unudana çalym edýärdi.

Jemal gezelençden soň, bolýan otagyna üýtgeşik bir ruh bilen geldi. Otaglaryna ýene Laçyn gelen ekeni. Laçyn bu gezegem Jemala kinaýaly nazaryny dikdi.

— A gyz, ylgap geldiňmi?

Göräýmäge, bu ýönekeý sowalda degnaňa degiji söz ýok ýaly, ýöne aýdylyş äheňi welin, Jemalyň inini tikenekletdi. Ol her gezek şeýle ýagdaýda özüni ýitirýärdi, emma bu gün welin müzzermedi.

— Hawa, ylgap geldim. Ertirem ylgajak, meýliň bolsa, düş yzyma.

— Daş edewersin, bir ýetmeýän zadym şody-da!

— Näme, ylgamaklygy özüňe uslyp bileňokmy? Men-ä ylgaýan, jora, sen uslyp bilmeseňem ylgaýan.

— Ylgaweri, nireden adyňy tutupdyryn.

— Ylgarynam, oň üçin men hiç kimden rugsat soramaly däl.

Jemal barha sesini gataldyp, bilgeşleýin geýim asylýanyň gapysyny şakyrdadýardy. Onuň häzir ýaňsyly garap oturan Laçynyň petigulusyny beresi gelýärdi. Jemalyň birden beýle ekezlenmeginiň sebäbi, hälkije duýdansyz kalbyna gelen oýlardy. Ol indi öz ejizliginiň sebäbine düşünýärdi. Özgeleriň näme üçin güýçlüdiklerine, olar bilen nähili edeňde egniňi deňläp bolýanlygyna aň ýetiripdi. Gyzyň häzir ýüregi suwlujady. Onuň indiden beýläk hiç kimiň öňünde minnet çekesi gelenokdy.

Laçyn bu gezek öňküleri ýaly, Jemalyň üstünden gülüp bilmejegine göz ýetirdi. Şonuň üçin tiz garasyny saýlamak bilen boldy.

— Bu gün ne döw çaldy, gyz, muňa?!

— Maňa hiç döwem çalanok, öz bolşuň ýaly bolýan. Teýeneli söz eşitmejek bolsaň, teýeneli sözüňi atma.

Laçyn siltenjiräp turup gidensoň, Dursun ötünç soraýan dek, müýnli gürledi.

— Jemal, bagyşlaweri, Laçynyň häsiýeti şeýle-dä, çetiňe degmäni gowy görýä.

Gahardan ýaňa henizem özüni dürsäp bilmedik Jemal, dogum bilen dişlerini gyjady.

— Hany, ýene-de bir çetime degjek bolup görsün!

Dursun geňirgenmek bilen Jemalyň ýüzüne garady.

— A gyz, dogrudanam, saňa näme boldy? Iki gün ylgap geldiň-de, üýtgäýdiň-le.

— Maňa hiç zadam bolanok, diňe özümiňem beýlekiler bilen deň derejedäki adamdygyma göz ýetirdim.

Dursun birden sesini pessaýladyp, uýala-gorka garaşylmadyk soragy berdi.

— Sen dogrudanam, Kerwen bilen ylgaýaňmy, gyz?

Müýn bilen berlen bu sorag Jemaly bada-bat üýtgetdi. Ýap-ýaňyja-da dergazap bolup duran gyz birden şatlyk bilen ellerini çarpyp, bökjeklemäge başlady. Ol garşysynda boz-ýaz bolup duran jorasyny synlap, nämäniň-nämedigine düşündi.

— Bildim, sen Kerweni gowy görýän ekeniň!

Dursun uly tolgunma bilen, Jemalyň agzyna ýapyşdy.

— Goýsana gyz, biri eşidäýmesin.

Jemal indi garaçyny bilen jorasyna duýgudaşlyk edýärdi.

— Tüýs ýüregimden oňlaýan, jora jan, ikiňizem bir-birege mynasyp. Ertir bu habarjygy Kerwene duýduraryn welin, begenjinden iki bolup bilmez.

Dursun bu sözlere ör-gökden gelse-de, duýgusynyň Kerwene ýaňzydyljagyna o diýen garşy bolup durmady.

Ertesi seýilgähiň gülälekli ýodalarynda şatlyk bilen gadam urýan Jemal birsyhly ýylgyrýardy. Ol özüni sähranyň uç-gyraksyz lälezarlygynda ýaly duýýardy. Jemalyň bu wagtyhoşlugyny Kerwen dessine aňdy.

— Jemal, bu gün-ä keýpiň çaglanypdyr welin, ýöremeklige öwrenişýäň öýdýän?

— Häzir saňa bir habarjagaz aýdaryn welin, seňem keýpiň çaglanaýar.

— Oň ýaly bolsa tizräk aýtsana.
— Saňa diýseň owadan bir gyzyň syny düşüpdir.
— Meň ýaly sada ýigide höwes edýän owadan gyz kimkä?
— Hany, özüň biljek bol, toparymyzda iň owadan gyz kim?
— Toparymyzdaky gyzlaň hemmesem owadan, olaryň hiç birini aýratyn tapawutlandyryp biljek däl.
— Boýy hemmelerden saýlanyp dur, özem tawus ýörüşli. Kerwen, oýun etmesene, kimiň owadanlygyny ýürejigiň syzyp durandyr-la.
— Jemal, dogrudanam, seniň owadan diýýän gyzyň kimligini tanap bilemok. Sebäbi men tebigat tarapyndan görkli bolup, dünýä inen gyzlara ähmiýet berip duramok. Meniň höwes edýänim özi owadan bolup bilýän gyz. Gazanylan gözellik kalbyň gözelligi deýin, has nepis bolýa.
Ýigidiň bu sözlerinden soň, Jemal näme diýjegini bilmän, gözlerini tegeledi.
— Gyw oglan, men-ä bir sözüňe-de düşünmedim.
— Düşünmedik bolsaň, düşnükli edip aýdaýaýyn. Meň gözüm diňe, bir gyzda eglendi, olam ynha, garşymda dur.
Gulagy şaňlap giden Jemal ýigidiň ýüzüne dikanlap garady.
— Kerwen, oýun edýäňmi, ýa üstümden güljek bolýaňmy?
— Jemal, meň garaçynym, maňa seniň dünýäň aýdyň görünýä. Sen ýanymda bolsaň, özümi bagtyýar duýýan. Beýle duýgyny men ozal hiç wagt başdan geçirip göremok.
— Men özümi saňa mynasyp saýamok, Kerwen. Bu ejizligim bilen saňa taý bolup bilmen.
— Jemal, näme üçin öz bagtyňa ynanaňok, näme üçin göwnüňi pes tutýaň? Meni bendi edýän zat, seň ýüregiň näzikligi. Häzirki ejizligiňden bolsa, birjigem müýn etme, ony hökman ýeňip geçersiň. Ynanaý, dünýäde iň owadan gyza öwrülersiň. Munuň üçin meň bilen şeýdip, deň gadam urmagyň ýeterlik.
Gyz gözlerini bir nokada dikip, ýagşydan-ýamandan sesini çykarmady. Ýigit ýene erjellik bilen ýalbarmagyny dowam etdi.
— Çynym bilen ýalbarýan, Jemal, durmuşda-da bileje gadam ursak, bizi bagta tarap alyp gider. Bagtymyzyň hatyrasyna ýeňmejek kynçylygymyz bolmaz. Ykbaldaşym bolmaga razylyk ber.
Başyna bagt guşunyň gonanlygyna indi göz ýetiren gyz, ejap bilen baş atanlygyny duýman galdy.



## BAGT SERPAÝ DÄL
## (Hekaýa)

Gijagşam kitapdyr depderlerini goltuklap, okalgadan gaýdyp gelen Ogulnurda bir üýtgeşikligiň barlygyny otagdaş joralary bada-bat aňdylar. Bilesigelijilikden ýaňa, huşlary başyndan uçan gyzlar, gül öwüsýän Ogulnuryň daşyna egele boldular.

— Zygyr-zygyr okalga gatnaýadyň welin, bir emmasy bar ekeni. Aýt, näme hezilligiň üstünden baran bolsaň — diýip, deşli Döndi Ogulnuryň ellerini ýüzünden aýyrjak boldy.

Ogulnur sabyr-takatdan jyda düşen joralaryny uzak garaşdyrmady. Birgeňsi ýylgyryp, ejap bilen ýuwaşja dillendi.

— Şol oglan-la.

Bu habar gyzlara üýtgeşik täsir etdi. Olar haýran galmakdan ýaňa, gözlerini tegeläp, esli salym doňan ýaly bolup durdylar. Soň ýene uly gyzyklanma bilen täzeden hüjüme geçdiler.

— Nädip onuň ýaly ýigidiň gözüne ilip bildiň?

Emma gyzlar näçe janyksalaram, mundan artyk anyklap bilen zatlary bolmady. Özüni dürsäp ýetişen Ogulnur agras görnüşe geçdi-de, eline ilen jorapdyr desmallary alyp, kir ýuwulýan otaga gitdi.

Talyplaryň umumy ýaşaýyş jaýynyň kir ýuwulýan otagynda hiç kim ýok ekeni. Ogulnur bu ýere gelensoň, ýeňillik bilen dem aldy. Hemişe sabyndyr kir ýuwulýan serişdeleriň ysynyň bark urup, päkizeligiň höküm sürýän ýerinde, gyzyň kalby rahat tapýardy.

Obada önüp-ösen Ogulnura ýokary okuw jaýyna girmegiň özi uly bagt bolup duýuldy. Onuň okuwa yhlasy üýtgeşikdi. Ol geçilýän sapaklary ilik-düwme özleşdirýärdi. Ogulnur talyplaryň adatça dynç alýan wagty, agşamara hem okalgada oturmaklyga endik etdi. Onuň okalgada öz oturýanja ýeri bardy.

Birsyhly çekilýän irginsiz zähmet uzak garaşdyrman, öz miwesini eçilip başlady. Ogulnur okuwda özgelerden mesaňa-mälim tapawutlanýardy. Sada geýnüwli oba gyzyň iň kyn dersleriň hem köstüni goýman, çöp döwen ýaly edip oturmagy, institutyň mugallymlarynyň hoşuna gitdi.

Hemmesinden ilersi bolsa, zähmetden tapylýan göwün kanagadydy. Polat ýaly synmaz erk üstünligiň hemrasy. Ogulnur zähmetsiz durmuşy göz öňüne getirip bilmeýärdi. Zähmet, hemişe zähmet, ynha, onuň üçin ömrüň manysy.

Şeýle üýtgewsiz kada eýerip, Ogulnur indi talyplygyň üçünji ýylyny ahyrlap ýördi. Göräýmäge, gyzyň durmuşy birsydyrgyn hem içgysgynç ýalydy. Emma juwan ýürek inçe duýgulardan mahrum däldi. Intizar göreçler töwerege umyt bilen garanjaklaýardy. Kalbynyň çuň ýerinde şirin arzuwlary besleýän Ogulnur bagtly pursatyň iru-giç ýetip geljegine ynanýardy. Ýöne hemmesiniň şeýle tiz hem duýdansyz ýüze çykjagyna welin garaşmandy.

Bu ýylyň bahary ygally geldi. Günüň-gününe ýyldyrym çakyp, bedreden dökülýän ýaly, ak çabgalar dünýäni suw-sil edýärdi. Tämizlenen howadan dem almak ýakymlydy. Şeýle ajaýyp günleriň birinde, Ogulnuryň kalbyna oslanmadyk

galagopluk aralaşdy. Gyz uly tolgunma bilen özüni bir ýigidiň göz astyna alýanlygyny duýdy. Bu uzyn boýly, görmegeý ýigidi tanamaýan ýokdy. Mergen ökde woleýbolçydy. Ol institutyň ýygyndysynda çykyş edýärdi. Ýokary okuw jaýlarynyň arasynda geçirilýän ýaryşlarda Mergen hemmeleriň göz-guwanjyna öwrülýärdi. Ynha, şeýle naýbaşy ýigidiň syny Ogulnura düşüpdi.

Bu garaşylmadyk ýagdaýa Ogulnur birbada nähili garajagyny bilmedi. Gyz ýigide biparh däldigini erksiz boýun aldy. Mergen diňe, ökde oýunçylygy bilen özüne bendi etmän, onuň tebigatynda nähilidir bir içki gözellik duýulýardy.

Ýigit kalbynda peýda bolan pynhan duýgulardan uzak ejap edip ýörmedi. Gönümel häsiýetine eýerip, dogrulap geldi. Ogulnur hemişekileri ýaly, kitapdyr depderlerini goltuklap, okalgada peýda bolan badyna, Mergen edep bilen onuň ýanyndan orun sorady.

Tanyşlygyň ilkinji minutlaryndaky oňaýsyz dartgynlyk uzaga çekmedi. Juwanlaryň dessine ümi alşyp gitdi. Tiz wagtyň içinde bolup geçen bu täsin ysnyşma Ogulnury haýran galdyrdy.

Olar okalgadan bile çykyp gaýtdylar. Eýýäm köneden tanyş ýaly, ýigit bilen deň gadam urup gelýän Ogulnur ýakymly duýgyny başdan geçirýärdi. Ogulnury tä gapa çenli ugradan Mergen hoşlaşjak bolanda, hoşamaýlyk bilen towakga etdi.

— Ogulnur, seniň erjellik bilen sapaga taýynlyk görşüňe höwes edýän. Eger garşy bolmasaň, mundan beýläk okalga bile gatnaly.

Ýigidiň sözleri diýseň täsirlidi. Gyz ýüregi biygtyýar gobsundy. Içki tolgunjyna bäs gelip bilmedik Ogulnur otagdaş joralarynyň öňünde ýürek syryny nähili paş edenligini duýman galdy.

Ertesi uzakly gün Ogulnur joralarynyň üns merkezinde boldy. Gyzlar ähli zadyň änigine-şänigine ýetjek bolup azara galdylar. Ogulnur hemişekileri ýaly, okalga ugramakçy bolanda, garaşylmadyk ýagdaý ýüze çykdy. Döndi bilen Maralam kitapdyr depderlerini alyp, Ogulnuryň yzyna düşdüler. Bu ýagdaýa ör-gökden gelen Ogulnur birbada näderini bilmedi. Emma joralary şowhun bilen heserlenişip duransoňlar, umumy şatlyga goşulaýmakdan başga alaç galmady.

Giň kitaphananyň bir künjünde ülker ýaly bolup oturan gyzlar uly tolgunma bilen ýigidiň gelerine garaşdylar. Ogulnur utanjyndan ýere giräýjek bolýardy. Mergen ahyrsoňy girelgäniň öňünde peýda boldy. Ol gyzlara gözi düşenden, nämäniň-nämedigine bada-bat göz ýetirdi. Nazarkerde ýigit göwnaçyklyk bilen ýylgyrdy-da, gyzlaryň ýanyna gelip, edep bilen salam berdi.

— Salam, gyzlar!

Gep-gürrüň ýüzugra alşyp gitdi. Alçak Döndi oňaýsyzlyga ýer goýmady. Hiç kimiň kitap bilen seri bolmady. Şonuň üçin, ertiriň özünde teatra gitmekligi wadalaşyp, okalgadan çykyp gaýtdylar.

Ertesi gyzlaryň ökjeleri ýere degenokdy. Olar toýa şaýlanýan ýaly, uly tolgunma bilen bezenip-beslenýärdiler. Naýbaşy ýigidi hemra edinip, teatra gitmeklik hemmelere ýetdirenok ahyryn.

Belleşilen wagtda gyzlar kowçumyny bozman, süýnüşip-sarkyşyp ugranlarynda, Ogulnuryň kalbynda geň duýgy peýda boldy. Hälki şatlyk birden zym-zyýat boldy. Ogulnur özüniň gülkünç ýagdaýda galanlygyna diňe, şu wagt düşünip galdy. Mergen indi hemmeler üçin deňlikdi. Joralarynyň ikisem oňa hyrydar garaýandyklaryny aňmak kyn däldi. Asyl, olaryň her haýsysy öz ýanlaryndan ýigidi

beýlesine geçiren däldirin öýdenokdy. Ogulnura bolsa, bäsdeş hökmünde-de garanokdylar.

Ogulnur hakykatdan-da, olar bilen bäsleşip biljek däldi. Onuň boýam joralarynyňky ýaly belent däl, dilewarlykda-da duran ýeridi. Döndi bolmanda, geplemsiklikde öňüne adam geçirjekmi?! Onuň häzirki tapýan gürrüňlerine-hä haýran galyp oturmaly. Maraly bolsa, görmäge göz gerekdi! Ogulnur ony beýle ajap halda hiç wagt görmändi. Oňa özüne şeýle inçelik bilen timar bermeklik nähili eýgertdikä? Bili bogdakly, gülgüne köýnegi çeýe kaddyna ýaraşyp dur. Belent ökjeli köwşi boýuny hasam uzaldyp, anjaýyn gözel keşbine getirýär. Özüniň sadaja egin-başyndan utanan Ogulnur, zyba Maralyň Mergene has şaplaşyp duranlygyny erksiz boýun aldy.

Özünden göwni geçip, gylawy paýawlan Ogulnur barha, yza tesmek bilendi. Oýna tomaşa etmäge oturanlarynda-da, onuň orny bir gyradan düşdi.

Sahna manysyz gözüni dikip oturan Ogulnuryň bu wagt tomaşa bilen seri ýokdy. Ol gapdaldan çala eşidilýän şirin pyşyrdylara erksiz diň salýardy. Bagty çüwen boýdaşlarynyň Mergen bilen assaja ümmüldeşip oturyşlaryna gözi gidýärdi. Kemsinmek ýaly bir duýgy gyzyň demligini gysdy. Päki bilen dilinýän deý, kalbyň çydamsyz yzasy ýürege dökülip, gyzyň kanagadyny aldym-berdime salýardy.

Oýun ahyrsoňy tamamlap, arassa howa çykanlarynda, Ogulnur birneme özüni dürsedi. Ol indi aşaklyk bilen Maraly synlaýardy. Serwi boýly Maral gijeki yşyklaryň astynda hasam gözel görnüşdedi. Aý dek, öwşün atýan yşnakly ýüzi bagtyýar gülümsireýärdi. Nerkes gözleri näzli süzülipdir. Häzirki Marala gülüp bakýan bagt ýyldyzy Ogulnur üçin örän alysdady.

Ruhy ezýetlerden horluk çekýän Ogulnur birden, özünde Marala duşmançylyk meýliniň ýoklugyny syzdy. Köňül mülküne talaň salyp, ymsynan bagtyndan jyda düşüren jorasyna sähelçe hem hyltynyň ýoklugyna göz ýetirdi. Bu belent mertebelilikdi. Ogulnur ýersiz ýere odanmaz. Ol kanagat hem-de kir-kimirsiz sada ýüreginiň emri bilen ýaşar. Maral owadan bolup dünýä inenligi üçin ýazykly däl. Ogulnur jorasynyň bagtyna badak atmaz. Gaýtam, oňa rowaçlyk arzuw eder. Mynasyp juwanlaryň biri-birine gowuşmaklary üçin, elde baryny gaýgyrmaz.

Sähel salymyň içinde şeýle oýlary hakydasynda aýlan Ogulnur tanalmaz derejede özgerdi. Niredendir bir ýerden peýda bolan ruhubelentlik onuň ökjesini ýeňletdi. Ysgynsyz ädimler bilen yzda gybyrdyklap gelýän gyz öňe saýlandy. Ogulnurdaky bolup geçen bu duýdansyz özgerişlik Döndi bilen Maraly haýran galdyrdy. Olar indi eňegine jaň dakylan ýaly, dynman gürleýän Ogulnura ýiti-ýiti seredişýärdiler.

Talyplar şäherjiginiň bir çetinden girensoňlar-a, Ogulnur hasam hyjuwlandy. Onuň tow berlen ýaly, gujurlyja göwresi bir ýerde kanagat tapanokdy. Ogulnur duýdansyz Mergene çaý içmekligi mürähet etdi.

— Ýok, gyzlar, azar edinmäň. Çaýy nesip bolsa, ýene bir gün içeris.

— Çaýyňam bir azary bolarmy? Hemme aladany öz üstüme alýan.

Ogulnur ýeň berer ýaly däldi. Şonuň üçin, Mergen boýun gaçyrmagyň ebeteýini tapmady.

Elini çyzgap, durşuna hyzmat bolup hozanaklaýan Ogulnur, dogrudanam, çaýyň aladasyny hiç kime ýetirmedi. Onuň berdaşly, akja gollary täsin görnüşde howada pelpelleýärdi. Dem salymyň içinde hemme zady saçagyň üstünde häzirlän Ogulnur, Maral bilen Mergeni ýekeje minut hem ünsden düşürenokdy. Olary saçagyň

başynda-da ýanaşyk oturtdy. Biri-birinden görmekli iki juwanyň garşysynda oturyp, çaýlaryny özi guýup berdi.

Merhemetlilik bilen saçagyň başynda kethudalyk edýän torsuk ýalyjak, sarymeňiz Ogulnur perişde deýin, hoşhulk görünýärdi. Onuň kalbyndakysyny ýüzünden okap oturmaly, sada keşbi galawutsyzdy. Ýekeje ünji, ýekeje galagopluk gyzyň etagatyny bozanokdy. Ogulnur häzir sap ýürekli penakäriň, ýürekdeş hemaýatkäriň wezipesini berjaý edýärdi. Bu wezipe oňa diýseň ýaraşýardy.

— Hany, kökeleriň mürepbelisindenem dadyp görüň — diýip, hoşwagt ýylgyrýan Ogulnur hödür-kerem edýärdi. — Maral, senem myhmanyň çaýyny ahmal etme.

Ýigidiň gapdalynda uz sülmüreýän Maral näz bilen buýrugy berjaý etdi.

Saçagyň başynda dowam edýän bu nepis söhbetdeşlikde diňe, Döndi sowuk-salalyk edýärdi. Onuň irimçik ýüzüne kölege inipdi. Döndiniň mazasynyň gaçmagyna Ogulnur düşünip durdy. Onuň höwes eden ýigidi elden gidip barýardy.

Jorasynyň kalbynda gopýan harasatdan howatyr eden Ogulnur ýygy-ýygydan Döndiniň ýüzüne garanjaklaýardy. Bu garaýyşda ýazgarmaklygam, duýgudaşlygam bardy. Ogulnuryň häzir Döndä köp zatlary aýdasy gelýärdi. Maralyň özlerinden zyýadalygyny, Mergen ýaly asylly ýigide hut, şonuň mynasypdygyny gaýta-gaýta ýanjasy gelýärdi. Ýöne, arman, şeýle etmeklige häzir mümkinçilik ýokdy. Häzir diňe, bagt ýyldyzlary gowşan aşyk-magşuklary mübäreklemelidi. Olara bagt arzuwlamalydy.

Biri-birine mynasyp juwanlara guwanjy has-da artan Ogulnuryň birden, Mergene degnesi geldi. Ol şatlykdan doly nazaryny garşysyndaky ýigide aýlap, nämedir bir zat diýmekçi boldy. Emma gyzyň agzyndan ýekeje sözem çykmady. Ol göýä, jadylanan ýaly doňup galdy. Ogulnuryň ilkinji gezek ýigidiň ýüzüne dikanlap garaýşydy. Mergeniň nurana keşbi, näme üçindir, gyza ozaldan tanyş ýaly bolup duýuldy. Ýigidiň ýagtydan giň maňlaýy, berk ýumlan seňrikmen tumşugy, ylaýta-da, nämedir bir zada düşünjek bolup, ünsli garaýan gözleri tanyşdy, mähribandy.

Ogulnuryň birden ýüregi jigläp gitdi. Ýap-ýaňkyja şatlygy zym uçan ýaly bolan gyz, näme edýänini özem bilmän, saçagyň başyndan turdy. Yraň-daraň gapa tarap ýöneldi. Ol indi erksiz halda, kir ýuwulýan jaýy nazarlap ysgynsyz gadam urýardy.

Gyzyň eginleri sallanypdy. Onuň halynyň perişanlygyny soraman biläýmelidi. Ogulnuruň ýüregi birsyhly awap durdy. Ol göýä, özüniň iň eziz zadyny ýitiren ýalydy. «Bu şol, bu şol!» diýip, dynuwsyz gaýtalaýan owaz gulagynda ýaňlanýardy. Hawa, dogrudanam, bu şoldy. Ömrüne arzuwlap gelen, idegläp gelen gözleridi. Gyz bu gözleriň ugrunda niçeler awara boldy. Niçeler ony kalbynda besledi. Ynha, indi tapylanda bolsa, ol gözler oňa degişli däl bolup çykdy. Bu nähili ýowuzlyk, bu nähili adalatsyzlyk! Ýok, ol razy däl, müň kerem razy däl!

Hany, gyzyň hälkije merhemetli sözleri? Hany, onuň kanagat bilen urýan sahawatly ýüregi? Haýsy güýç gyzyň erkini elinden aldy? Haýsy güýç gyzyň gülden näzik kalbyny lerzana getirdi? Ol güýç, hökmürowan güýç — mukaddes söýgi! Ynsan bu belent duýgynyň öňünde çäresiz.

Ýüregine dowul düşen Ogulnur uludan dem alyp, özüni dürsemäge çalyşdy. Emma kükregini doldurmaga howa ýetmedi. Gyz gyssanyp, penjiräni açmakçy boldy.

Emma kir ýuwulýan jaýyň gapysy açyldy-da, jaýa Mergen girdi. Mergeniň belent kaddy gyzyň üstüne howala boldy.

— Samsyjak, joralaryňdanam gabanýamyň?

Bu mähirli sözler Ogulnuryň dartgynly kalbyny pagyş-para etdi. Gyz biygtyýar ýigidiň gursagynda başyny goýdy.



## GARAŞ, MÄHRIBAN
## (Hekaýa)

Iň soňky synag üstünlikli arka atyldy. Indi tomusky dynç alyş üçin, oba tarap ýola düşübermelidi. Emma ertirlik çaýyny içip oturan Güljemal bir zat tapdy oturyberdi.

— Sülgün, men bu gün ýene okalgada oturmakçy. Çigräk görýän ýerlerimi mazaly bişirmesem, göwnüme jaý däl. Senem gal-da, maňa ýoldaş bol.

Sülgün haýran galmakdan ýaňa, gözlerini tegeledi.

— Aýdýanyň näme, gyz? Kitaplardan ýadamadyňmy? Gör, hemmeler ýola howlugýalar. Indi ala-böle ikimiz galmalymy?

— Gaýrat etsene, jorajygym, meni ýeke goýup gitme. Ertir irdenkije otly bilen gidibereris.

Sülgün bialaç ylalaşmaly boldy.

— Galmaly bolsa, galaýaryn, joram. Seni ýeke goýup gidip bilmen. Gaýtam maňa-da bähbit boljak. Dükanlara arkaýyn aýlanyp, mähribanlaryma sowgat alaryn.

— Diýmek, gürleşdik!

Otagdaş joralar işli-işine örmekçi bolanlarynda, gapy çalaja kakyldy. Sülgün gapyny açan badyna, sesini gataldanyny duýman galdy.

— Gyw, oglan, sen henizem gideňokmy? Ejeň gözi ýoldadyr ahyryn.

— Ugrajak, häzir ugrajak... Men size kömek bermek üçin eglenäýdim.

— Bize näme üçin kömek etmekçi bolýaň?

— Agyr ýüküňiz bolsa, göterşäýjekdim.

— Gönüňden gelsene, Kerwen. Güljemalyň ýüküni göterişjek diý-de gutar.

Güljemalyň ady tutulandan ýüzi boz-ýaz bolan Kerwen birbada näme diýjegini bilmedi. Aljyraňňy ýigidiň halyna dözmedik Sülgün sesini ýumşadyp gürledi.

— Kerwen, sen arkaýyn gidiber, obaňa. Güljemal bu gün bärde galýa. Ony indiki okuw ýylynda görersiň.

Kerwen birsalym oýlanyp durdy-da, sesini çykarman, bolýan otagyna tarap gitdi. Onuň yzyndan haýpygelijilik bilen garap galan Sülgüniň ýüzi ünjüli çytyldy.

Kerwen gyzlar bilen bir toparda okaýardy. Ol örän zehinli talypdy. Höwes edýän zady çylşyrymly meseleleriň çözgüdini gözlemekdi. Telim günläp bir meseläni iş edinýän wagty hem bolýardy. Ahyrsoňy çözgüt tapylanda bolsa, talyp ýigidiň şatlygynyň çägi bolanokdy.

Toparda iň ökde talyp hasap edilýän Güljemal, turuwbaşdan Kerwene bäsdeş hökmünde garady. Kerweniň okuwa ezberligi gyza ynjalyk berenokdy. Ýöne Güljemalyň gözi ýetip durdy. Üstünlik zähmet bilen gazanylýar. Güljemal özüniň polat ýaly, berk tutanýerliligini hergiz ýat edenokdy. Onuň bileni-biteni geçilýän sapaklara ykjam taýynlyk görmekdi. Okalgada oturylýan dowamly wagtlar netijesiz geçenokdy. Güljemalyň hemme dersler boýunça gaýtarýan ýerlikli jogaplary mugallymlaryň hoşuna gelýärdi.

Zehini daş ýarýanam bolsa, Kerweniň ýyndamlygy uzaga çekmedi. Näme üçindir, orta ýolda badyny gowşatdy. Diýmek, ondaky tutanýerlilik Güljemalyňkydan pes bolup çykdy. Döwi ejiz gelen ýigit indi gyzdan ejap edýärdi. Agras häsiýetli, sowuk nazarly Güljemala gözi düşenden, ini jümşüldäp gidýärdi.

Emma welin, ezber ýigidi ýeňlişe sezewar eden zat bäsdeşiniň ýiti ukyby däldi. Kerweniň howalasy belent ýüregi bäsdeşlikde hiç kimden pes oturjak däldi. Ony gyzyň erjelligi haýran galdyrypdy. Ýanbermez güýç bilen göreşýän Güljemalyň gaýraty ýigidiň kalbynda çuň hormat döredipdi. Kerwen indi mynasyp bäsdeşine başgaça garaýardy. Tekepbir häsiýetine garamazdan, gyzda özüne bolan ýakynlygy duýan Kerweniň kalbyna duýdansyz galagopluk aralaşypdy. Bikarar göwünli ýigit bu edenli gyzyň yşkyna düşüpdi.

Kerwen özüniň näzik duýgusyny şunça pynhan saklaýamykam diýse-de, gizlin syr eýýäm hemmelere mälim bolupdy. Topardaşlary ýigidiň halyna gyýylýardylar. Sebäbi onuň baş uran ýoly köteldi. Güljemaldan duýgudaşlyga garaşmaklyk gury salgyma çapandan enaýy däldi. Göýä, düwlen ýumruk ýaly, hemişe ümzügi ileri bolan gyzyň kalbynda inçe duýgudan nam-nyşan bara meňzänokdy.

Wagtyň duýdansyz geçip durmagy bilen Kerwen barha howsala düşýärdi. Gyza näzik duýgusyny syzdyryp bilmänsoň, yşkynda köýýän dildaryny elden gidererin öýdüp az howatyr edenokdy. Güljemalyň bu gezekgi oba gitmegi hemme arzuwlaryň köküne palta urmagy mümkin. Ýigit şu günden aňry goýman, gyzyň öňünde öz kalbyny açmaklygy berk ýüregine düwdi.

Güljemal okalgada tutuş gününi geçirdi. Bu ýerde bolmaklyk oňa diýseň hoş ýakýardy. Hemme üstünlikleriň gözbaşy hut, şu ýerde ahyryn. Küt-küt kitaplaryň gatyny dörmeklik kämilligiň belent derejelerine göterýär. Özüňe bolan ynamyňy artdyrýar.

Güljemal howlukman, okalgalyk işleriniň hemmesini bitirdi. Synaglar gyssap durmansoň, indi ine-ganalykdy. Öz eden işinden göwnühoş gyz hemişekileri ýaly, bu günem okalgadan keýpiçag halda çykyp gaýtdy. Emma heniz iki ädimem ätmänkä, öňünde kibtini gysyp duran Kerweni görüp, ör-gökden geldi.

— Kerwen, bu ýerde näme işleýäň?

Ýigidiň özüne şunça erk etjek bolýanlygyna garamazdan, tolgunýanlygy bildirip durdy.

— Güljemal, men saňa garaşýan.

— Näme üçin?

— Saňa aýtjak zatlarym bar.

— Aýdyber, diňleýän.

Kerwen birbada nämeden başlajagyny bilmän, ýaýdanyp durdy.

— Güljemal, saňa bolan näzik duýgym hiç ynjalyk berenok. Sen gözüme hemmelerden üýtgeşik görünýäň. Eger ykbalymyzy birikdirmäge razylyk berseň, men dünýäde iň bagtly ynsan bolardym.

Güljemalyň ýüzi bada-bat üýtgedi.

— Sen öz akylyňdamy, Kerwen? Beýle sözler nähili diliňe gelýär? Men seniň deňiňmi?

— Biz näme üçin deň däl, Güljemal?

Gyz ýigidiň janygyp aýdýan sözlerini diňlemek hem islemän, gaty-gaty ýöräp gitdi. Beýle üzül-kesil jogaba garaşmadyk Kerwen haýýaty göçen ýaly, gyzyň yzyndan gygyryp galdy.

— Meniň aýdanlarym hakda oýlan, Güljemal. Yhlasymy ýere çalma.

Bolýan jaýyna dergazap bolup gelen Güljemal wagty bilen özüni dürsäp bilmedi. Gyzyň ýüzünde reňk-pet ýokdy. Jorasynyň halyndan elheder alan Sülgün nämäniň-nämedigini anyklajak bolup azara galdy.

— A gyz, ne bela uçradyň?

Güljemal gahar bilen ýüzüni egşitdi.

— Hetdini tanaman, göwni Kap dagynda bolsa nätjek!

— Kim, gyz, ol?

— Kerwen.

— Näme diýýä?

— Men oňa durmuşa çykmalymyşym.

Kerweniň adyny eşidenden, Sülgün ýeňillik bilen dem aldy. Ol indi parahat ses bilen dolup-daşyp oturan jorasyna kinaýaly söz oklady.

— Kerwen ýaly ýigit habar gatan bolsa, armanyň näme, gyz.

— Indi meni şoňa deňeýäňmi?

— Kerweniň nämesine synyň oturanok? Ol ýigitleriň seresi ahyryn!

— Ýagşam bir sere ýigit tapdyň?! Okuwyny oňly okap bilmeýän çöňňelere pisindimiň oturmaýanlygyndan habaryň bar ahyryn seniň.

— Kerwen çöňňe däl. Ol seniň ýanyňda sadasyran bolýa. Saňa dözmezçilikden şeýdýä. Zehininiň nähilidigini çözýän meseleleri görkezip dur-a.

— Diýmek, ony menden ökde hasap edýäň-dä onda?

— Onçasyny bilemok, Güljemal. Ýöne şol neressäniň seniň yşkyňda köýüp ýörenligine magat gözüm ýetýä. Oýlanyp görseň, kem bolmazdy.

— Sag bol, beren maslahatyň üçin. Ýöne meniň üçin-ä, Kerweniňem beýleki nalajedeýinlerden tapawudy ýok.

Jorasynyň aýdan sözleri, näme üçindir, bu gezek Sülgüniň degnasyna degdi. Ol kinesini ýaşyrjagam bolup durman, gönümel gürledi.

— Güljemal, men muny saňa ozaldan bäri aýtjak bolup ýördüm. Sen adamlara bir taraplaýyn baha berýäň. Özüňçe okap bilmeýänlere nalajedeýin hökmünde garaýaň. Elbetde, hemmelerde seňki ýaly ýiti ukyp ýok. Ýöne şol ukybyny pes görýänleriň hem özüň bilen deň derejedäki adamdyklaryny unutma. Olaryň belki,

başga ugurdan rüstem taraplary bardyr. Okuwa ökdeligiň hemme babatda seniň kämilligiňi aňladanok.

Jorasynyň birdenkä gylawynyň üýtgäp, tikenekli sözleri ýüzüne şapladyp goýbermegi Güljemaly oýlandyrdy. Ol ýagşydan-ýamandan sesini çykarman, uzak wagtlap gözlerini bir nokada dikip oturdy.

Ertesi Güljemaly obada şatlyk bilen garşy aldylar. Ejesi gözünden uçan balasyny bagryna basyp, wagty bilen goýbermedi. Kakasy nowçagül gyzyndan söýünçli gözlerini aýryp bilenokdy. Heşerlenişip duran oglan jigileri bolsa, arzyly uýalary bilen hal-ahwal soraşmaga gyssanýardylar. Maşgala uzak wagtlap jem bolup oturdy. Güljemal bu içeriň göz-guwanjydy. Oňa umyt bilen bakýardylar. Ortada mähekdaşy ýaly bolup oturan Güljemal pessaýja ses bilen okuwdaky gazanýan üstünliklerini birin-birin gürrüň berýärdi. Diňe ýokary bahalar bilen okaýanlygyny habar berende, öýdäkileriň gözleri guwanç bilen uçganaklady.

Söhbet birneme sabaşanda, öýe duýdansyz Keýik kürsäp girdi. Ol gelşine synpdaş jorasy Güljemaly garsa gujaklady.

— Oba geleniňi eşidip, duran ýerimden ylgap gaýtdym. Toýumyzyň ediljek üstüne geldiň. Oglumyň galpak toýuny edýäs. Agşam synpdaşlarymyzyň hemmesi üýşüp gelýäler. Senem hökman barmaly!

— Men oňaýaýyn-la, gyz. Göwün edip durmasana.

— Sen her gezek şeýdýäň, Güljemal. Synpdaşlarymyzyň üýşen wagty heniz bir gezegem baraňok. Eşitmedim diýme, bu gezek barmasaň, özümiz gelip alyp gideris.

— Bolýa, onda, birsalym oturyp gaýdaýaryn.

Güljemal boýun bolsa-da boldy welin, synpdaş jorasynyň çakylygyna barmaklygy kyn gördi. Sebäbi ol köpçüligi däl-de, ýekelikde kitaba güýmenip oturanyny kem görenokdy. Gyz şeýle pursatlary ömrüniň manysy diýip düşünýärdi.

Güljemal üýşmeleňe birneme gijiräk bardy. Şonuň üçin, gelmelileriň hemmesi ýygnanyşan ekeni. Uly otagyň içi jemendeden ýaňa hyň berýärdi. Güljemaly uly şowhun bilen garşyladylar. Synpdaş oglanlar ör turup, görüşmek üçin hatar gurap durdylar. In-boýlaryny kemsiz alan çynar ýaly, ýigitleri birbada tanaýmaklygam ýeňil düşmedi.

— Iň ökde okuwçymyzy göresimiz gelip gidipdir. Geleniň gowy boldy, Güljemal. Biz seni hemişe ýatlap ýörüs.

Güljemaly hormat bilen törde oturtdylar. Toýuň tutumyny görmäge göz gerekdi. Toý saçagy naz-nygmatdan doldurylypdyr. Zynatly içeri bol-telki durmuşdan habar berýärdi.

Güljemal ilki hemmeleriň üns merkezinde boldy. Bilesigelijilik bilen gözleri uçganaklaşýan synpdaş gyzlar sorag üstüne sorag ýagdyrýardylar.

— Haçan okuwyňy tamamlap oba gelýäň, gyz? Haçan bize birikjek?

— Hemmämizi birikdirip, ýene mekdebe gatnamak hyýalyň barmy?

— Akja mekdebimize gatnamaly bolsa, gatnaýarys. Okuwçy döwrümiz ýadyma düşse, kalbym joşuberýä.

— Güljemaly görüp, meniňem şo döwürler ýadyma düşýä. Güljemal hemmämizden gowy okaýardy.

— Güljemal häzirem gowy okaýar. Ol alymlyga ýetişendir-le indi.

Synpdaş gyzlaryň hemmesi durmuşa çykan ekenler. Olaryň ýanyndaky eýjejik çagalara gözi düşende, Güljemalyň ýüregi gobsunyp gidýärdi. Çagalar içki otagda

oýna güýmenýärdiler. Olaryň diňe, käwagt biri arzyny aýtmaga geläýmese, azarlary ýokdy.

Güljemal synpdaş gyzlaryny synlap, olardaky bolup geçen özgerişliklere haýran galdy. Olaryň hersi özüçe görke gelipdir. Ýüz-gözleri gülüp duran ýaş eneleriň mekdebiň öňki okuwçy gyzjagazlarydygyna asla ynanasyň gelenokdy.

Wagt geçdigisaýy Güljemaldan üns sowuldy. Synpdaş gyzlar indi özara hemaýyn söhbete gyzypdylar.

— Gyzlar, men palawa inçe tüwi garyp bişirip gördüm welin, iýip-doýup bilmedim. Däne-däne seçelenip dur.

Bilbiliň bu sözüne gülüşdiler.

— Ýagşam bir täzelik aýtdyň, biz haçandan bäri, palawy şeýdip bişirýäs.

— Diýmek, maňa aýtman, özüňiz hezil edip ýören ekeniňiz-dä.

Hersi bir içeriniň bikesi bolup oturan gyzlary gyzyklandyrýan zat köpdi. Olar täsinden-täsin gürrüň tapýardylar. Gürrüňleriň hemmesi hem maşgalanyň gündelik durmuşyna degişlidi. Gyzlaryň Güljemaldan ünsleriniň sowulmagy ýöne ýere däl ekeni. Ýeri, Güljemalyň haýsy berjek gürrüňi olary gyzyklandyrsyn? Talyp ýoldaşlaryndan nähili tapawutlanýanlygy baradaky gürrüňlerimi.

Güljemalyň birden dünýesi daralan ýaly boldy. Görüp otursa, onuň durmuşa bolan ynançlary ýöntemje ekeni. Onuň şu wagta çenli maksady diňe, öňe saýlanmak bolupdyr. Özüçe bolup bilmeýänleri bolsa, gömelteý hasaplap, göwnüni hoşlap ýörüpdir. Güljemal okuwçy döwründe-de synpdaşlaryna seňrigini ýygryp seredýärdi. Olaryň hemmesini özünden egsik saýýardy. Emma indi görüp otursa, onuň pikir edişi ýaly däl ekeni. Ýeri, ol häzirki garşysynda gül öwsüp oturan synpdaşlarynyň haýsy birinden özüni ileri tutup biljek?

Güljemalyň sussuny basýan zat diňe, bu ýagdaý hem däldi. Ol bu ýere gelip, özüniň ýalňyzlygyny duýdy. Bu ýerde täsin jebislik höküm sürýärdi. Synpdaş oglan-gyzlary biri-birine äsgermezçilik etjek bolup duranokdylar. Gaýtam bir adam ýaly, sadalyk bilen degşip-gülşüp otyrdylar. Jebislikleri üçin, uly güýje eýediklerini, göwünlerine-de getirenokdylar.

Güljemal indi aljyraňňy haldady. Tolgunmadan ýaňa ýüzi agyp-dönýärdi. Gyz jan ýaly synpdaşlaryndan ýadyrgaýardy. Ýaman ýerem, Güljemalyň gysynýanlygyny hemmeler aňyp, oňa geňirgenmek bilen seredişýärdiler.

Güljemal birden gidermen boldy. Ol mundan artyk oturyp biljek däldi.

— A gyz, nirä howlugýaň? Nahar bir iýip git, ahyryn.

Keýik Güljemaly goýbermejek bolup elbişirýärdi. Emma Güljemal diňläýinem diýenokdy.

— Ýok, men gaýtjak.

— Bolýa, onda ulagly oglanlaryň biri elinjek öýüňize düşürip gaýdar.

— Azar edinmäň, özüm giderin.

Güljemalyň sen-men ýok, birden turubermegi oňaýsyzlyk döretdi. Hemmeler ýaňy öňlerine alan naharyny goýup, ugratmak üçin daş çykmaly boldular.

Öýlerine gelen Güljemalyň jaýa girmäge karary ýetmedi. Ol eýwanlaryndaky diwanda uçjak guş ýaly bolup oturdy. Gyzyň tolgunmadan ýaňa, henizem ýüregi gürsüldäp durdy. Güljemalyň gelenligini bilip, daş çykan ejesi gyzynyň halyndan habar aldy.

— Güljemal, näme üçin öýe gireňok?

— Azajyk daşarda oturasym gelýä, eje.

Ejesi mundan artyk sorag berip durmady. Gyzynyň kalbyndaky gopýan harasady aňan dek, ene sesini çykarman öýe girip gitdi. Güljemal köşeşer ýerde köşeşenokdy. Gyz indi tolgunjyna bäs gelip bilmän, howlynyň içinde gezmeläp başlapdy. Oba agşamlaryny diýsene. Bu agşamlaryň ýat bolup gidenligini gyz diňe, şu wagt duýup galdy. Wagtyň ilkagşamlygyna garamazdan, Aýsyz asmandaky patrak ýaly ýalpyldaşýan ýyldyzlar jümle-jahany ýagtyldyp durdy. Diýseň päkize howa kalbyňy gorjaýardy. Bu päkizelik göýä, «Sen kim? Adamlaryň arasyndaky hatyraň nähili?» diýip, soraýan ýalydy.

Ezýetli duýgular gitdigiçe basmarlaýardy. Gyzyň şu wagta çenli ynanyp, bil baglap gelen ynançlarynyň hemmesi petige diräpdi. Bu örän ejirli pursatdy. Indiden beýläk başgaça ýaşamalydy. Öňki goýberilen ýalňyşlyklary düzedip, täze düşünjelerden ugur almalydy. Güljemalyň şu wagta çenli matlaby diňe, öňe saýlanmakdy. Yza galýanlaryň üstünden bolsa, heşelle kakyp gülmekdi. Öňe saýlanmaklygyň hebes ýeri ýok. Zähmetiň bilen üstünlik gazanmak bagt ahyryn. Emma köpçülikden araňy üzmeklik welin, ýolbermesiz hata ekeni.

Gyz ejizläp, birden haraý isläp, delmuryp, töweregine garanjaklady. Güljemal kime dadyny ýetirjegini bilmedi. Bil baglara kim bar? Birden Kerweniň şuglazar keşbi ör-boýuna galdy. Gyz ýigidiň ynamdar dünýäsini duýdy. Bu dünýä onuň üçin, ýalňyz howandar bolup göründi.

Güljemal näme edýänini özem bilmän, ýan telefonyndan Kerweniň belgisini aýlamaga durdy. Aňyrdan bada-bat jogap eşidildi. Tolgunýan Kerweniň demi-demine ýetenokdy.

— Güljemal, aýdyber, diňleýän! Dymmasana, bir zat diýsene. Men garaşýan, Güljemal. Seniň berjek jogabyňa garaşýan. Bagtym bolup, nur saçaryňa garaşýan! Aýtsana, Güljemal, meniň garaşmaga ygtyýarym barmy?

Ýüzi lap-lap gyzýan gyz dillenenini duýman galdy.

— Garaş, mähriban!



## GYZ BAGTY
## (Hekaýa)

Okuw gününiň ahyrky jaňy kakylandan däliziň ugry jemendeden doldy. Dartgynly geçýän sapaklardan soň, ýeňillik bilen dem alan talyplar kowçumy bilen çykalga tarap ýöneldiler. Göwher bu günem özi duýmazdan, Agamyrat bilen deň gadam urup barýardy. Olar daş çykansoňlaram esli wagt tirkeşip gitdiler. Hemişeki hoşlaşýan ýerlerine ýetensoňlar, gyz adatdakysy ýaly, hoşamaýlyk bilen ýigidiň ýüzüne ýylgyryp bakdy.

— Sag bol, Agamyrat!

— Sag bol, Göwher!

Talyp juwanlar her gün şeýdip hoşlaşýardylar. Göwher topardaşy Agamyrat bilen nähili öwrenişip gidenligini duýman galypdy. Agamyrat diýseň hoşgylawdy. Oňa ilki nazaryň düşenden ynam döreýärdi. Salyhatly, mylaýym ýylgyryp ýören sada ýigidiň tebigatynda galplykdan nam-nyşan duýlanokdy.

Göwher Agamyrat bilen emele gelen bu täsin gatnaşykdan ejap edip duranokdy. Sebäbi Agamyradyň sada tebigaty pugta edep-ekrama ýugrulandy. Gyzyň ýürekden gatnaşyk etmekligine, belki, şu ygtybarlygyň özi sebäp bolýan bolmagy mümkin.

Juwanlar käwagt dünýäni unudyp, hemaýyn söhbete gyzyşyp, ikisi-de, adaja ses bilen täsin zatlar barada gürrüň edýärdiler. Biri-biri bilen kemsiz ümmüldeşýän juwanlary şol bir zatlar gyzyklanyp, söhbetiň ahyry bolsa, hökman öz maşgalalary, obalary babatdaky şirin göwün ýüwürtmelere syrygýardy.

Bir gün Agamyrat Göwheriň bolýan otagyna myhmançylyga geldi. Bu garaşylmadyk ýagdaý gyzy diýseň begendirdi. Göwher hezzet-hormatyň aladasy bilen hozanaklaýardy. Çaý başynda gyzan söhbet esli wagta çekdi. Söhbetdeşlige Göwheriň otagdaş jorasy Gunça-da goşulyşyp gitdi. Gunça daşyndan tutugrak görünse-de, gepe-söze ökdedi. Şadyýan geçen bu söhbetdeşlikden soň, çaý başynda ýene duşuşyp durmaklygy wadalaşyldy.

Şondan soň, Agamyrat gyzlaryňka ýygy-ýygy gelip başlady. Sada häsiýetli ýigidiň gelmegi gyzlary birjik-de gysyndyranokdy. Gaýtam köp zatlar dogrusynda pikir alşylýardy. Agamyradyň berýän gürrüňlerleriniň köpüsi geçilýän sapaklara degişli bolansoň, bu söhbetdeşlikler diýseň peýdalydy.

Agamyrada synynyň oturýanlygyny Göwher öz ýanyndan belläp goýupdy. Megerem, söýgi diýilýän şu bolsa gerek. Ýöne welin, gyz kem-kemden Agamyradyň gylygynyň üýtgeýänligini aňyp başlady. Ol birhili syr saklaýan ýalydy. Önküleri ýaly, dostana gatnaşykdan çeke durýardy. Çaý başyndaky söhbetlerde-de ünsi diňe Gunçadady. Gunçany bolsa, görmäge göz gerekdi. Ol indi üst-başyna pugta timar berip, alyn zülplerine tow beripdi. Özem Agamyradyň myhmançylyga gelýän pursatlary nepis geýnüwlidi. Sada egin-başly Göwheriň ýanynda ol has uz görünýärdi.

Göwher hemdemleriniň ýanynda kem-kemden özüniň artykmaçlygyny duýup başlady. Söhbetdeşligiň dowamynda edilýän gürrüňleriň heňi barha üýtgeýärdi. Indi diňe Gunça gürleýärdi. Gunçanyň berýän gürrüňleri Göwhere ýaranokdy. Emma Agamyrat welin, üns bilen diňleýärdi.

Agamyrat bilen Gunça ahyrsoňy, Göwhersiz gatnaşyk edip başladylar. Olar bagyň bir künjünde ikiçäk oturmaklygy çykardylar. Gunça indi Göwhere ähmiýetem berip duranokdy. Özem müýn etmekligiň ýerine gaýtam, heşelle kakýan ýalydy.

Göwher utulanlygyna göz ýetirip, özüniň sadalygy zerarly bagtyny gideripdi. Durmuşda hemme zat öz göwnüňdäki ýaly bolanok ekeni. Başga düşünjeler, başga niýetler hem hüküm sürýän ekeni. Gyz görgüli indi perişan haldady. Ýüreginiň teýinde saklaýan iň näzik duýgularynyň üstünden naýynsaplyk bilen gülünmegi çydamsyz azap berýärdi. Göwher kemsinmeklikden ýaňa, çolaja ýerde oturyp aglaýardy.

Durmuşa bolan ynançlaryňdan göwnüň sowamagy ejirli pursat. Gyz indi nämä ynanjagyny, ýaman niýetlerden nädip goranjagyny bilenokdy. Ýamana ýamanlyk bilen jogap bermelimi?!

Emma gyz hiç bir babatda öz bolşuny üýtgedip bilmedi. Ýene öňküsi ýaly sadalygynda galyp, hoşniýetli ýylgyrdy. Wagt bolsa, duýdansyz geçip durdy. Ýürekdäki yzalar kem-kemden egsilýärdi. Dartgynly geçýän okuw sapaklary gam-gussa batyp oturmaga maýam berenokdy. Göwheri kyn günde halas edýän zat okuwa bolan yhlasydy. Ol indi öňkülerinden-de has erjel okaýardy.

«Ýiti gyzyl tiz solar» diýlişi ýaly, aşyk-magşuklaryň joşgunly söýgüsi uzaga çekmedi. Aralarynda tiz öýke-kine döräp, yşk heseri başlaýşy ýaly hem, bilinden şarta üzüldi. Indi Gunça Göwheriň ýanynda arzyny aýdyp gutaryp bilenokdy. Agamyrat bolsa, ejap etmekden ýaňa, başyny aşak salyp ýördi. Ýigit birnäçe gezek Göwhere tarap delmuryp garady. Emma döwlen gyz göwni butnawsyzdy hem ýigrenç duýgusy näzik duýgudan onçakly uzakda däl ekeni.

Ahyrsoňy talyplyk döwri hem tamamlandy. Göwher ençe ýyllap bilim alan ýokary okuw jaýy bilen yhlasly hoşlaşdy. Wagtyny gysganman, talyplyk döwrüniň geçenje ýerlerine aýlanyp gördi. Okuw otaglaryna ýekän-ýekän girip çykdy. Ýöränje ýodalaryndan emaý bilen gadam urdy. Goşjagazlaryny eline alandan soň, okuw jaýynyň belent ymaratynyň öňünde durup tagzym etdi. Sada göwünli gyz şeýdip, mähriban obalaryna tarap ýola düşdi.

Telim ýyllap şäherde bolup gelen gyz üçin, oba içgysgynç görünmedi. Gaýtam durmuşa bolan höwesi artan ýaly boldy. Göwher oba bilen gelen güni öwrenişdi. Ony hemmeler ýitirip tapan ýalydy. Ilki göreniňde, ýakymly täsir galdyrýan mylaýymzada gyz bilen her kim içgin gatnaşyk etjek bolýardy.

Işi üçin Göwher wagt gidermän, ertesi mekdebe bardy. Mekdebiň howlusyndan ätländen gyzyň kalbyny tolgunma gurşap aldy. Çagalyk döwri gün yrman, gatnanja mekdebi onuň üçin ezizdi. Okuwçylar häzir tomus dynç alşynda bolansoňlar, töwerek gum-guklukdy. Zähmet ýoluna ilkinji gezek gadam urýan Göwheri täsin galdyran zat mekdep howlusynyň gül-pürçükligidi. Başyny asmana diräp oturan mekdep arçasynyň terje görnüşi idisiniň ýetikliginden habar berýärdi. Kalby şatlykdan dolan Göwheriň iş babatda mekdebiň direktory bilen gürleşmek niýeti welin, bada-bat başa barmady. Direktor zerur iş bilen bir ýere giden ekeni. Haçan geljekligi hem belli däldi. Her niçikde bolsa, Göwher garaşmaklygy ýüregine düwdi.

Ençeme ýyl bäri mekdep direktory bolup işleýän Abadan mugallymdan Göwher dagy okuwçy wagtlary çekinýärdiler. Diýseň talapgär mugallymyň öňünde ýazykly özüň bolmaly däldi. Sabyr-takat bilen garaşyp oturan Göwheriň häzir hem kalby ünjülidi. Abadan mugallym eslije wagt eglenip geldi. Özem hemişekileri ýaly,

ýüzi çytyk geldi. Gelşine başyny galdyrman, iş otagyna geçip giden direktoryň huzuryna barmaklyk üçin, Göwher birneme ýaýdandy. Emma ýokary okuw jaýyny tamamlap gelen sada egin-başly Göwheri görüp, Abadan mugallymyň ýüzi açylan ýaly boldy. Ol Göwheriň uzadan resminamalaryna çalt gözüni aýlap, hoşamaýlyk bilen gürledi.

— Mekdebimiziň adyna abraý getireniň üçin sag bol, gyzym! Göreldeli talypdygyňy birnäçe gezek habar etdiler. Dogduk depäňe işe gelenligiň üçinem sag bol! Biz saňa islän işiňi bereris. Ýöne mekdebe ilkinji gezek gelýän çagalara mugallym ýetmezçilik edýär. Sen şoňa gaýrat etmeli bolarsyň.

— Hötdesinden gelip bilermikäm, mugallym?

— Hötdesinden gelersiň. Özüm kömek edip duraryn. Ýör, häzirem okuw otagyňy görkezeýin.

Abadan mugallym şeý diýip, golaýjakdaky okuw otaglarynyň biriniň gapysyny açyp berdi. Giň hem ýagty otagyň içini dolduryp duran çaga oturgyçlaryny gören Göwheriň ýüregi gobsunyp gitdi.

— Ynha, gyzym, seniň ilkinji iş ornuň. Käriňe yhlasly ýapyş!

Şondan soň, Göwheriň mekdepden aýagy kesilmedi. Tomus dynç alyş döwürligine garamazdan, her gün okuw otagynda güýmenýärdi. Otagyň içini tämizläp, gözüňe sürtübermeli etdi. Görkezme esbaplaryndan ýaňa diwaryň ýüzünde boş ýer goýmady. Iş edinip penjireleriň öňünde goýulýan güljagazlary, otag ösümliklerini ýetişdirdi.

Täze okuw ýylynyň başlanmagy bilen Göwheriň durmuşy bütinleý özgerip gitdi. Indi oňa her günde onlarça çaga nazarjyklary dikilip durdy. Ýaş mugallym okuw sapaklarynyň nähili başlanyp, nähili tamamlanýanlygyny bilenokdy. Ol ähli düýrmegi bilen işine berilýärdi. Ýöne gyz näçe işlese-de, armany-ýadamany bilenokdy. Sebäbi onuň tebigaty ýörite şu kär üçin ýaradylan ýalydy. Göwher eserdeňlik bilen her bir çagany ünsden düşürenokdy. Hatda aýakgap bagjyklarynyň gowşanlygyna çenli bilip durdy. Çagalar özleri barada edilýän aladany duýýardylar. Olaryň çaga kalplarynda üstlerinde kökenek bolup ganat gerýän mugallymlaryna bolan hormat artýardy.

Abadan mugallym Göwheriň synp otagyna ýygy-ýygydan gelýärdi. Ol her gezek çagalaryň hat ýazyşyna üns bilen syn edýärdi. Çagalaryň hemmesi hem hatlaryny Göwheriň hatyna meňzetjek bolýardylar. Umuman, okuw otagynda Göwheriň mylaýym tebigaty duýlup durdy. Çagalar edepli bolup, okuwlaryna yhlas bilen ýapyşýardylar. Bir gözleri Göwherde bolan ýaşajyk okuwçylar mugallymlarynyň raýyna görä, özlerini alyp barmaga çalyşýardylar.

Ýagşydan-ýamandan sesini çykarmasa-da, Abadan mugallym Göwheriň işleýşinden göwnühoşlugy bildirip durdy. Bir gezek ol okuw gününiň ahyrynda duýdansyz gapydan girdi. Göwher şol gün gowşagrak ýetişýän bäş-alty okuwçysyny alyp galyp, ýörite sapak geçýärdi. Ýaş mugallym bu gezek hem halypa mugallymyň öňünde hormat bilen ör turdy. Okuw otagyna birlaý aýlanyp çykan Abadan mugallymyň ýüzünde ýene kanagatlanma duýgusy peýda boldy. Ol bu gezek özi duýmazdan, Göwheriň ýanyna gelip, mähir bilen başyny sypady.

Göwher işine tiz ezberleýärdi. Okuw wagty indi öňküsi ýaly tolgunyp duranokdy. Mekdep durmuşy gyza diýseň gyzykly göründi. Sebäbi bu durmuş

özboluşly bir dünýädi. Bu ýere obanyň hemme çagalary jemlenýärdi. Gör, nijeme joşgunly umyt-arzuwlar dumly-duşda möwç urýardy.

Güýzüň aýaklarynda mekdep direktorynyň ogly harby gullukdan gaýdyp geldi. Bu ýagdaý mekdep durmuşyna belli-külli täsirini ýetirdi. Sebäbi Abadan mugallym indi öňküleri ýaly çytylyp ýörenokdy. Gül-gül açylan bagtly enäniň ýüzünden nur ýagýardy. Asyl esger ogul ejesine çytylyp ýörmäge maýam berenokdy. Esger lybasyny egninden aýyrmaga howlukmaýan Jeýhun her gün ejesi bilen mekdebe gelýärdi. Şadyýan häsiýetli Jeýhun uzakly gün ejesiniň ýanyndan aýrylanokdy. Eginleri terezilenip duran, diýseň, syratly ýigit oýun-henek bilen hemmeleriň ünsüni özüne çekýärdi. Oglunyň bu bolup ýörşüni Abadan mugallym oňlamasa-da, eziz perzendiniň ýanyndan aýrylmazlygyny kemem görenokdy.

Jeýhun iki ýaş çemesi kiçi bolansoň, Göwher onuň bilen nätanyş diýen ýalydy. Emma onda-da, Jeýhun Göwher bilen şadyýan gatnaşyk edýärdi. Bir gezek arakesme wagty synp otagyna gelip, çagalary gyzyl-gyran gülüşdirdi. Göwhere bolsa çynaberimsiz şelaýyn sözlerini oklady.

— Göwher, bu köpbilmiş körpejeleri nädip okadyp bilýäň?

Jeýhunyň şähdaçyklygy hemmeler bilen birlikde, Göwherde hem ýakymly täsir döredýärdi. Ýigidiň gylyk-häsiýetinde Agamyradyňka meňzeş ýerleri bardy. Belki, şonuň üçin bolsa gerek, gyzyň oňa gözi düşende, ýüregi jigläp gidýärdi. Emma näme üçindir, Göwher aradan wagt geçmänkä, Jeýhunyň özüne bolan gatnaşygynyň üzül-kesil üýtgänligini duýdy. Ýigit indi oňa gyýa bakýardy. Bir gün bolsa, Göwheriň ýeke özüniň oturan wagty synp otagyna kürsäp girdi. Dergazap bolup, durky bilen saňňyldaýan Jeýhunyň aýdan sözleri gapyl oturan Göwheri serpmeden gaýdan ýaly etdi.

— Göwher, sen gowy gyz ahyryn. Beýdip durmuşa çykjak bolmaňda-da, öz bagtyňy tapardyň. Meni öz günüme goýaý!

Ýerinden syçrap turan Göwher, wagty bilen özüni dürsäp bilmedi. Oňa dem almaga howa ýetenokdy. Gyz ahyrsoňy, zordan dil ýaryp bildi.

— Men kime durmuşa çykjak bolýamyşym?

— Ejeme gowy görünjek bolup, ýaranjaklamaň näme? Ol indi Göwherden başga hiç kimi almarsyň diýip, öz diýenini tutup otyr. Düşün ahyryn, meniňem göwnüm bar. Menem öz islänim bilen ýaşaşjak.

Göwheriň jogaby kesgin boldy.

— Sen isläniň bilen arkaýyn ýaşaşyber. Saňa zor bilen durmuşa çykjak bolýan ýok. Ejeňe-de şeýle diýip aýdaý. Özüňem indiden beýläk meniň ýanymda beýdip sesiňi gataltma. Sendäki göwün mende-de bar.

Göwher henizem özüni ele alyp bilenokdy. Ol tolgunjyna bäs gelip bilmän, duran ýerinde zowzalaýardy. Sada gylykly gyzyň gahar edişi üýtgeşikdi. Käse ýaly tegelenen gözleri kine bilen balkyldaýardy. Inçejik, hoşhulk ýüzüniň reňki agyp-dönýärdi. Jeýhun ýalňyşanlygyna göz ýetirdi. Ol indi başyny gutarsa kaýyldy. Ýöne gapyň öňüne nähili baranyny bilmedik aljyraňňy ýigit, näme üçindir, çykyp gidibermän, gyza tarap nazaryny dikip durdy.

Şondan soň telim günläp Göwheriň mazasy bolmady. Birden-birden kalbyna gubar inýän gyzyň gözleriniň owasy nemlenýärdi. Näzik göwün ýene ynjapdy. Bir gün oňa mekdebiň howlusynda Jeýhun gabat geldi. Ýigit müýnli bolansoň,

çekinjeňlik bilen salam berdi. Emma ýigidiň salamy kabul edilmedi. Gyz ýüzüni sowup geçdi.

Göwheriň tekepbirlik etmegi buýsançly ýigidiň degnasyna degäýjek ýalydy. Emma Jeýhun nähak ynjydan gyzynyň öňünde ötünç soramaklygy özüne kiçilik bilmedi. Göwheriň ýalňyz oturan wagtyny peýläp, edep bilen gapydan girdi. Çynar ýaly ýigit gyzyň öňünde baş egip durdy.

— Göwher, men ýalňyşypdyryn, bagyşla!

Dogry gelip, ötünç soralanlygy sebäpli, gyzyň öýke-kinesi syrylyp ugrady. Dessine-de özünden ýazyk gözläp jibrinip başlady.

— Jeýhun, men ýaranjaklyk edýän bolsam, belki, gorkujygyma edýändirin. Abadan mugallymy görsem, inim jümşüldäberýä.

Gyzyň bu sada sözlerine gülüp goýberen Jeýhunyň ýüzi ýagtylyp gitdi.

— Ejemem sözüni ýykar öýdüp, senden gorkýa.

Ýigidiň şelaýynsyramagyna garamazdan, Göwheriň henizem garaçynydy. Ol ýene janygyp sözledi.

— Jeýhun, meniň maslahatymy diňleseň, ykbaldaşyňy diňe özüň saýla. Bagta gezek gelende mähriban ejeňem ýalňyşmagy mümkin.

— Dogry aýdýaň, Göwher, ykbaldaşyňy diňe özüň saýlamaly. Şonuň üçinem, ynha, seniň ýanyňa geldim.

— Sen näme diýmekçi bolýaň, Jeýhun? Meniň ýanyma, eýsem, başga näme maksat bilen geldiň?

— Men senden durmuş toýuny tutmaklygymyz üçin, razylygyňy sorap geldim.

Ýigitden sen-men ýok, beýle sözlere garaşmadyk Göwheriň haýran galmakdan ýaňa, gözleri tegelendi.

— Bu sözleri çynyň bilen aýdýaňmy, Jeýhun? Pikiriň näme üçin, çalt üýtgedi?

— Men mähriban ejemden maslahatsyz hiç zat edemok. Hatda söýgi babatda-da şonuňkyny diňleýän. Emma ejem seni ilki maslahat berende welin, dogrusy unamandym. Sebäbi sen hakda gowy pikirde bolsamam, mende üýtgeşik täsir döredeňokdyň. Emma käbämiňki ahyrsoňy, dogry bolup çykdy. Ene ýüregi has duýgur ekeni. Munuň şeýledigine seniň bilen eden şol jedelimizde göz ýetirdim. Men şonda adatdan daşary ýagdaýy başdan geçirdim. Seniň ajaýyp dünýäňi duýup, tüýs ýürekden aşyk boldum. Muňa-da seniň gaharlananyňdaky bolşuň sebäp boldy. Bu örän täsin ýagdaý, Göwher! Şol tolgunyp durşuň hiç göz öňümden aýrylanok. Belki, adam tolgunanda, tebigaty has aýdyň ýüze çykýandyr.

— Diýmek, seni göremde men her gezek gaharlanmaly-da onda?

— Ýok, Göwher, maňa seniň bir gezek gaharlanmagyň ýeterlik boldy. Men ahyrsoňy gözleýänimi tapdym. Indi arzuwyma ýetip bilsem, armanym ýok. Tüýs ýüregimden haýyş edýän, Göwher, ykbaldaşym bolmaga razylyk ber. Biz bagtly durmuş gurarys.

Göwher birbada näme jogap berjegini bilmedi. Tolgunmadan ýaňa, ýüzi lap-lap gyzýan gyz ejap bilen başyny aşak saldy. Birdenem durup bilmän, çalaja ýylgyrdy. Gözleri bagtyýar süzülen gyzyň roýy Aý dek öwşün atdy. Bu mylakatly görnüş ýigide has ýaraşykly göründi.

## JIGER SÖÝGÜSI
## (Hekaýa)

Merdan çagalykdan sagdynja bolup kemala geldi. Onuň tagaşykly göwresi buýrulyp ýasalan ýalydy. Berdaşly gollary damar-damar bolup duran ýigdekçe öz deň-duşlaryndan ekabyr görnüp, ähli babatda öňbaşçylyk edýärdi. Oňa hemmeler hormat goýup, sypaýy ýüzlenýärdiler. Merdanyň gelen karary töweregindäkileriň hemmesine degişli bolýardy. Ýöne bedeninde agdyk güýç dyňzap duran Merdan hoşgylawdy hem hiç wagt girriklik etmezdi. Ýoldaşlary bilen özüni hemişe deň tutardy. Ýumşak häsiýetli Merdany deň-duşlarynyň hemmesi gowy görýärdiler. Onuň jana-jan dosty kändi. Hatda özünden uly oglanlar hem onuň bilen ýegre dost bolşup ýördüler.

Beden sagdynlygy durmuşda uly ähmiýete eýe bolýar. Muňa durmuş tejribesi ýetikdir. Seredip otursaň, käbir ýaşlar ir kemala gelip, kämillige ir gol ýapýarlar. Käbirleri bolsa, eginlerini gysyp, şol oglansyraşyp ýörendirler.

Merdanyň mekdep ýyllary talyplyk döwri bilen duýdansyz sepleşip gitdi. Hemmeleriň göz-guwanjy bolan ezber ýigit ýokary mekdebiň synaglaryndan üstünlikli geçdi. Onuň durmuşy ýene öňküsi ýaly, gyzgalaňly dowam etdi. Ýene ol öňbaşçydy, hemmeler tarapyndan sarpalanýan talypdy. Elbetde, munuň ilkinji sebäbi hem onuň beden taýdan sagdynlygydy. Ýigit çykan Merdana has-da kän güýç gelip gowşan ýaly, göwresi has-da gelşigine geldi.

Mugallymlary Merdana guwanç bilen garap, egnine kakyp, sportyň haýsam bolsa bir görnüşi bilen meşgullanmagy maslahat berýärdiler. Bedenterbiýe mugallym bir gün Merdany sport meýdançasyna alyp çykdy. Wagt tutup, onuň gysga hem uzak aralyga ylgaýşyny barlap gördi. Merdanyň görkezýän netijesi halypa mugallymyň kalbyny heýjana getirdi. Ynha, saňa tebigy gudrat bilen dörän taýyn türgen. Ol öz üstünde ýagşyja işläp, türgenleşik geçse dagy, üstünlik yzyna üstünlik gazanjakdy.

Merdan sport bilen çynlakaý meşgullanyp başlady. Ol bedeninde dyňzap duran ämert güýji, näme-de bolsa, bir zada sarp etmese oňup biljek däldi. Ýöne onuň saýlap alan sport görnüşi köpler üçin garaşylmadyk ýagdaý boldy. Merdan boks elligini geýdi. Boks, elbetde, sportyň görnükli görnüşleriniň biri bolsa-da, köpleriň pikiriçe, Merdanyň ýumşak häsiýetine gabat gelenokdy.

Merdany boksçylaryň türgenleşik merkezine höwes bilen kabul etdiler. Onuň diňe gara güýji göz öňünde tutulmady. Boks emellerini öwredýän tälimçileriň ilki bilen göwnünden turan zat Merdanyň zähmetsöýerligidi. Türgenleşiklerde garasuw bolup derleýän oba ýigidi ýadamany-ýaltanmany bilenokdy.

Ýaş talybyň indi artykmaç wagty ýokdy. Her minudy hasaplydy. Ýigit ähli güýjüni tijäp, belli bir maksada okdurylypdy. Onuň gazanýan üstünliklerem zyýada boldy. Boksuň inçe tilsimlerini ezberlik bilen ele alýan Merdan turuwbaşdan ýeňiljek ýaryşlarda çykyş edip başlady. Bu ýagdaý onuň özünden beter, topardaşlaryny has ýiti gyzyklandyrdy. Topardaşlary oglan-gyz diýmän, şowhun bilen üýşüp, Merdanyň çykyşyna janköýerlik etmäge gidýärdiler. Bu diýseň ýakymly tomaşa bolýardy.

Şöhrat duýdansyz geldi. Indi Merdany uniwersitetde tanamaýan ýokdy. Agyz-agyzdan ýel alar diýlişi ýaly, onuň gazanýan üstünlikleri has-da çişirilýärdi. Adygyp başlan ýigide göz astyndan garaýan gyzlar köpdi. Eginleri terezilenip duran,

nazarkerde Merdan, dogrudan-da, höwes ederçe bardy. Emma ýigidiň kalbynyň şol galawutsyzlygydy. Maral bakyşly, serwi boýly näzeninleriň zyba gözelligi oňa täsir etmeýän ýalydy. Bu adaty bolmadyk ýagdaýy diňe, Merdanyň pugta edep-ekramy hem sada tebigaty bilen düşündirmek mümkin.

Bir gezek uniwersitetiň boksçylary başga bir ýokary mekdebiň ýygyndy topary bilen duşuşyp, ýaryş diýseň dartgynly geçdi. Iki tarapyňam janköýerleri hyň berýärdi. Boksçylar gezekli-gezegine güýç synanyşyp, garşydaşlaryň taýynlygynyň örän güýçlüdigi bildirýärdi. Olar öňe omzap baryp, Umyt diňe Merdana diredi. Merdan haýbatly göwresi bilen ringe çykanda, tomaşaçylaryň şowhuny hasam artdy. Garşydaş göräýmäge, çepiksi ýalydy. Emma ol örän çalasyn bolup çykdy. Merdan güýjünde baryny etse-de, bitirip bilen zady bolmady. Ol gözsüz batyrlyk edýärdi. Oňa edilýän hüjüm bolsa, barha zarbyny artdyrýardy. Haýal hem gönümel hereketli Merdana degýän jaýdar urgularyň sany-sajagy galmady. Ýeňiş biragyzdan garşydaşa berildi.

Bu ýeňliş Merdana diýseň ýokuş degdi. Ol ertesi sapakda utanjyndan ýere giräýjek boldy. Göwnüne bolmasa, hemmeler üstünden gülýän ýalydy. Dogrudanam, onuň daşy çolaryp galypdy. Diňe Şirin daşynda pelesaň urýardy. Pessejik boýly, gujurlyja Şirin Merdanyň halyna gyýylmakdan ýaňa, aglaýjak bolýardy. Ol Merdanyň ýanjagazynda oturyp, haly teň topardaşyna duýgudaşlyk edýärdi.

Şondan soň olar ysnyşyp gitdiler. Irimçik göwreli Merdan bilen mähekdaşy ýalyjak Şirin biri-birini ýitirip-tapan ýalydy. Olar sapak döwründe-de bileje oturýardylar. Gyz ýigit babatda birsyhly aladalanýardy. Juwanlaryň bu boluşlaryny geňleseň geňläp oturmaly. Ýöne, näme üçindir, muny hemmeler adaty ýagdaý ýaly kabul etdiler. Hiç kim açyk göwün bilen edilýän bu gatnaşygyň kölegeli tarapyny görenokdy. Gyz bilen ýigidiň arasynda-da ynsanlarça duýgudaşlyk bolmaly ahyryn.

Merdanyň şondan soň, boksa bolan garaýşy düýpgöter üýtgedi. Ol indi diňe, gara güýje daýanman, sportyň bu görnüşiniň has inçe syrlaryny özleşdirmäge ýykgyn edýärdi. Türgen ýigit diňe sportda däl, eýsem, durmuşda-da howa ýaly derwaýys bolan ýeňiş gazandy. Özüniň men-menliginden üstün çykdy. Belki, muňa şol ahmyrly ýeňliş sebäp bolan bolmagy-da mümkin. Merdan indi tälimçilerini üns bilen diňläp, olaryň berýän öwütlerinden pespällik bilen ugur alýardy. Tälimçiler ýigidiň gelen bu akylly-başly netijesine mynasyp baha berdiler. Merdan bilen has çynlakaý işläp, ony ýokary derejeli ýaryşlara taýynlamagyň ugruna çykdylar.

Gyş aýlarynyň nähili geçenligi duýulmady. Merdan ähli durky bilen türgenleşiklere berlipdi. Zähmetiň bilen üstünlik gazanmak özüňden göwnühoşluk döredýär. Durmuş gözüňe gündizlik ýaly aýdyň görünýär. Güýçli bolup ýaşamak nähili ýakymly. Artyk güýjüňe baýrynman, belent mertebelik bilen özüňi sada alyp barmaklyk has-da ýakymlydy.

Baharyň gelmegi bilen, türgen ýigidiň kalbynda geň özgerişlikler ýüze çykyp başlady. Ol indi Şirine üýtgeşik nazar bilen seredip, özüne eziz ynsan hakda barha köp oýlanýardy. Merdan türgenleşikden gelen badyna, Şiriniň ýanyna gyssanýardy. Olaryň öz oturýanja ýerleri bardy. Girelgäniň öňündäki çyrmaşyk güllere basyrynyp oturan uzyn oturgyçda Şirin sabyrsyzlyk bilen garaşýardy. Merdan peýda bolan badyna-da, her günki gaýtalanýan şol bir sowallar ýagyp başlaýardy.

— Türgenleşikde gaty ýadadyňmy? Der siňen eşikleriňi ýuwduňmy? Öýe gelip, näme garbandyň?..

Hoşlabyz Şirin bilen söhbet edip oturmaklyk ýakymlydy. Gyzyň gürrüňe ökdeligi üçin her bir aýdan sözi jana ýarap durdy. Ol köplenç öz maşgalasy, dogduk depesi bolan obalary hakda söz açýardy. Onuň berýän gürrüňleriniň hemmesi ýigidiň kalbynda pugta orun alýardy.

Juwanlaryň oturýanja bu ýeri hemmelere mälim bolup, dessine jemende ýygnanýardy. Ýöne bu ýerde hemişe Şirin bilen Merdanyň edýän özara gürrüňi ileri tutulýardy. Şiriniň mylaýym sesine hemmeler maýyldy. Gyz gapdalynda birsyhly ýylgyryp oturan deşli Merdandan birjigem ünsüni sowanokdy. Akja elleri bilen onuň berdaşly gollaryny sypap, ýaglygy bilen ýüz-gözüni süpürişdirýärdi. Juwanlaryň arasyndaky bu açan-açan mähribanlygy hiç kim geňlänokdy. Bu ýerde başga bir syr bar ýaly bolup durdy.

Şirin bilen Merdanyň arasyndaky gatnaşyk pugta häsiýete eýe bolupdy. Ýöne bu gatnaşyk juwanlaryň arasyndaky döreýän adaty aşyk-magşuklyga meňzänokdy. Gyz özüniň tükeniksiz aladalary bilen ýigidiň daşynda kökenek bolup, ýyly mähir bilen gurşalan ýigit bolsa, geň ahwalaty başdan geçirýärdi. Onuň el-aýagy baglanan ýalydy. Merdan kalbyndaky möwç urýan näzik duýgularyny, saýlap-seçen näzenini bilen arany ap-aýdyň edip bilenokdy. Gyzyň ýürek bilen edýän yhlasy ötülmez bir çäk döredip, şol çäk mukaddeslik ýaly, söýgi ataşynyň alawlamagyna ýol berenokdy.

Wagt bolsa, duýdansyz geçip durdy. Juwanlaryň arasyndaky bu nämälim gatnaşyk şol durşundan üýtgänokdy. Emma günleriň birinde, Merdanyň kalbyny lerzana getiren garaşylmadyk ýagdaý ýüze çykdy duruberdi. Adatdakylary ýaly, türgenleşikden keýpi kök halda gaýdyp gelýän Merdan oturýanja ýerlerinde Şiriniň bir nätanyş ýigit bilen ýanaşyk oturanyny görüp, ör-gökden geldi. Üstünden gaýnag suw guýlana dönen ýigit Şiriniň ýanyna nähili ylgap baranyny bilmedi. Şirin Merdany görüp, şatlyk bilen ýanyndaky ýigidi tanyşdyrdy.

— Merdan, bu Şöhrat, synpdaşym. Obadan ýörite görme-görşe gelipdir.

Şöhrat edep bilen ör turup, açyk ýüz bilen salam berdi. Emma Merdanyň ýüzi gamaşyp durdy. Ol aýyň penjesi ýaly, güýçli gollary bilen göwünsiz elleşdi-de, sesini çykarman, ýatakhana girip gitdi. Merdanyň mesaňa-mälim ynjalygy gaçypdy. Ol aýagy bişen ýaly zowzalap ýörşüne, bir ýerde kanagat tapanokdy. Zol-zol aşak düşüp, assyrynlyk bilen Şirin dagynyň oturan ýerine syn edýärdi. Bu zatlardan Şiriniň habary ýokdy. Ol gijäniň birmahalyna çenli, Şöhrat bilen söhbet edip oturdy. Obadaş juwanlaryň biri-birine mähirlidikleri görnüp durdy.

Gijäni çirim etmän çykan Merdan ertesi tanalmaz derejede özgerdi. Ýüzi gahar bilen agyp-dönýän ýigit sapakda-da yzgytyny saklap bilenokdy. Merdanyň bolşundan elheder alan Şirin howsala bilen gözlerini tegeläp, okuw tamamlanyp, talyplar ýatakhana gelşip başlanlaryndan soň boldy. Şiriniň ýene obadaş ýigidi bilen gürleşip oturanyny gören Merdan mundan artyk özüne erk edip bilmedi. Dişlerini gyjap, Şöhradyň üstüne topuldy.

— Seniň şu ýerde näme işiň bar?

Oslagsyz edilen hüjüme haýýaty göçen Şöhrat zöwwe ýerinden galdy. Üstüne gaýa bolup abanan Merdanyň öňünde mumly ýüplüge döndi. Ýigit ýöwsel bolup çykdy. Bu wagt onuň garşylyk görkezmek ýadyna düşenokdy. Merdanyň bolsa, gylygy geň däldi. Ol janagyryly ýaly, Şöhradyň ýakasyndan pugta ebşitläp, dözümli silterleýärdi. Gowşajyk göwreli Şöhrat gözgyny halda girere deşik tapanokdy. Ýöne onuň dadyna Şirin ýetişäýdi. Şirin gaýduwsyzlyk bilen ara girip, Şöhrady penalady.

— Eliňi çek, ýigrenji!

Bu sözler Merdana top atylan ýaly bolup eşidildi. Şirinden beýle bimähremlige garaşmadyk ýigidiň bada-bat eginleri sallandy. Ýüzi neresse çaganyňky ýaly, naýynjar görnüşe geçdi. Ýap-ýaňyjada dergazap bolup sürünýän Merdan indi mejalsyz haldady. Ol zordan yra-dara ýöräp, bagyň jümmüşine tarap gitdi.

Howp sowlansoň, Şöhrat wagty bilen özüni dürsäp bilmedi. Reňkini agdaryp durşuna, birsyhly howsala bilen töweregine garanjaklady. Onuň daşynda pelesaň urýan Şirin ýigidiň üst-başyny düzedişdirip, hoşamaý sözler bilen göwünlik berdi. Juwanlaryň şondan soň, söhbet etmek mazalary bolmady. Şirin gyssagly hoşlaşyp, Şöhrady duralga çenli ugradyp geldi. Gyzyň göwnüniň gaty galanlygy görnüp durdy. Ol Merdanyň giden tarapyna nazar salaýynam diýmedi.

Merdan bolsa, bagyň jümmüşindäki oturgyçlaryň birinde sarsman otyrdy. Duýdansyz başyna düşen ruhy sarsgynlar ýigidi halys tapdan düşüripdi. Meňzi agaran, ýüzi halsyz, içine çöken ýaly bolan gözleriniň nury öçükdi. Ýigit Şiriniň özüne ýigrenç bilen azgyrylmagyny hiç ýüregine sygdyryp bilenokdy.

Merdanyň ýene näçe wagtlap şeýdip, sulhup oturjagy belli däldi. Onuň üçin indi hiç zadyň mazasy ýok ýalydy. Emma birden garaşylmadyk ýagdaý ýüze çykdy. Merdan özüne tarap ýetip gelýän Şirini görüp, tas zöwwe ýerinden galypdy. Gyz hemişekileri ýaly, eserdeň ädimler bilen çalt ýöräp gelip, bu gezegem Merdanyň golaýjagynda oturdy.

— Merdan, men ony söýýän! Ol meniň ilkinji söýgim.

Ýigitden birbada hiç hili jogap bolmady. Ol ahyrsoňy, özüniňkä asla meňzemeýän güňleç ses bilen dillendi.

— Ol saňa asla mynasyp däl.

— Belki, şeýledir. Emma munuň hiç hili ähmiýeti ýok. Meniň gelejekki ykbalym indi diňe, şonuň bilen bagly bolar.

Bu sözleriň ýigide güýçli täsir edenligi görnüp durdy. Onuň mesaňa-mälim üýtgän ýüzündäki damarlar çekdirilip gidýärdi.

— Diýmek, meni gowy göreňok ekeniň-dä?

Gyz birden durky bilen bärsine döndi.

— Men seni gowy görýän, Merdan. Ýöne öz doganym ýaly gowy görýän.

Şirin indi Merdanyň elini mähir bilen sypaýardy.

— Sen meniň doganjygym gerek, Merdan?

Bu garaşylmadyk sözler Merdany ör-gökden getirip, gözlerini tegeläp, Şiriniň ýüzüne mölterilip bakdy. Ýigitdäki ýüze çykan aljyraňňylyk wagty bilen düzelmedi. Gyz bolsa, erjellik bilen ýalbarmagyny dowam edýärdi.

— Ýylgyraýsana, mähriban, sen meniň hossarym gerek?

Merdan kelebiniň ujuny ýitiripdi. Ol zar-zelil özelenýän Şirine näme jogap berjegini bilenokdy. Gyzyň şol ýürekdeşligidi. Onuň garamyk ýaly gözleri aýdyp-diýip bolmajak mähir bilen balkyldaýardy. Ýigit uzak oturyp bilmän, birden ýylgyraýdy. Özüne diýseň ýaraşýan şol sada ýylgyryşy bilen mylaýym ýylgyrdy. Gaýratly boksçy pert sözledi.

— Şu günden beýläk sen meniň uýamsyň, Şirin!

**TOPRAKDAKY NEMJAGAZ**
**(Hekaýa)**

Ahyrsoňy sabyrsyzlyk bilen garaşylan arzyly pursat ýetip geldi. Bike mugallym ýokarky synpyň okuwçylaryny jemläp, sorag-jogap geçirip başlady. Her kim mekdebi tamamlanyndan soňky durmuşy baradaky arzuw-isleglerini beýan etmelidi. Bu pursat dogrudan-da, tolgundyryjydy. Nobatma-nobat söz alýanlar çynlakaýlyk bilen öz kalplaryny açýardylar. Hiç kimiň ýadyna oýun-henek düşmän, badyhowalyk duýlanokdy. Ýaşlaryň hemmesi uly durmuş ýoluna gadam urmaly pursatyň ýetip gelenligine düşünip durdular.

Söz alýan okuwçylaryň hemmesi mekdebi tamamlap, okuwlaryny dowam etdirmek üçin ýokary mekdeplere synanyşyp görmekçidiler. Olaryň obada galjagy ýokdy. Munuň üçin Bike mugallym hiç kimi ýazgaryp duranokdy. Gaýtam, juwan göwünlere badalga berýän şekilde oňlamak bilen başyny atyp otyrdy.

Ýöne ahyrsoňy obada işe galjak hem tapyldy. Guwanç öz nobatynda maksadyny gysgaça beýan etdi.

— Men obada bagban bolup işlejek. Täze nahallary oturdyp, bag ýetişdirjek.

Guwanjyň bu sözleri synpdaşlary üçin, garaşylmadyk ýagdaý boldy. Synpdaky iň ökde okuwçylaryň biriniň okuwyny dowam etdirmezligi, dogrudan-da geňdi. Her kim Guwanjyň bu pikirini unamaýandyklaryny duýdurmaga gyssandy.

— Guwanç, bagban bolmakçy bolsaň, ýokary bilim artykmaçlyk etmezdi. Men-ä saňa okamaklygy maslahat berýän.

— Guwanç, sende ýiti zehin bar. Diňe bagbançylygyň çygry seniň üçin dar bolar.

Emma Guwanç ýeň bererli däldi.

— Elbetde, ýokary mekdepde okasam, köp zat öwrenjegimi bilýän. Ýöne munuň üçin wagt gerek. Meniň bolsa, häziriň özünde işe başlasym gelýä. Baglara täzeçe ideg edesim gelýä. Bagbançylyk barada ýazylan kitaplaryň hetdi-hasaby ýok. Olary özbaşdak okap, bilimiňi artdyrybermeli.

Şondan soň, näme üçindir, Guwanja hiç kim maslahat berjek bolup durmady. Gaýtam beýlekileriň hem gylawy peselen ýaly boldy. Dogrudan-da, özbaşdak okamaklyk bilenem bilimiňi artdyryp boljak ahyryn.

Mekdepden gaýdyp gelýärkä, Guwanjyň gadam urşy ynamlydy. Onuň pikirini hiç inkär edip bilmändi. Diýmek, onuň ýüregine düwen matlabynyň jany bar bolmaly. Öýa batan Guwanç birden töweregine ýaltaklady. Gözleri bilen Güljany gözledi. Güljan hol, yzdan gelýän eken.

— Güljan, näme üçin yza galýaň?

Güljan diýýämiňem diýmän, haýaljak gadam urýardy. Gyzyň gözüni alardyp, ýüzüni kese-kese sowşundan kinelidigi bildirip durdy.

— Näme üçin mazaň gaçdy, Güljan, ýa aýdanlarymy unamadyňmy?

— Senem il deňinde okajak diýeňde bolmadymy?

— Men näme maksadymyň barlygyny düşündirip aýtdym ahyryn.

— Okamaga gitjegem dälmi, onda?!

— Güljan, düşünäý-dä, bagbançylyk diýseň gyzykly kär. Bagban bolmak üçinem okamaly, örän kän okamaly. Ýöne özbaşdak okamaly.

— Özbaşdak okamakçy bolsaň, okaber, şol baglaň içinde!

Güljan şeýle diýip çalt-çalt ýöräp gitdi. Gyzyň igençli sözlerini eşitmeklik ýigide ýokuş degdi. Ýöne ýagşydan-ýamandan sesini çykarmady.

Guwanç öýlerine gelip, çalt garbandy-da, enesiniň taýynlap goýan düwünçegini tigriniň şahyna ildirip, gyssanmaç ýola düşdi. Baharyň örküjem bolsa, bu günler howa gyzýardy. Guwanç obanyň çäginden tiz çykyp, gaýraky güzerden indi. Jaryň giňelýän ýerindäki bu güzeriň her bir daşyna çenli belet ýigdekçe durnaň gözi ýaly, suwuň ýalpak ýerinden emgenmän geçdi. Jardan çykan ýeriňde obanyň bagy başlanýardy. Guwanjyň borjy şu bagyň bagbany bolup işleýän atasyna nahar eltip gaýtmakdy. Emma Guwanç bu ýere gelensoň, wagty bilen yzyna dolanmazdy. Ol gününi şu ýerde ýaşyryp, atasynyň ýanynda ýumuşçy oglan bolup ýörmek oňa hoş ýakýardy.

Guwanjyň gözüne bagbanlyk üýtgeşik kär ýaly bolup görünýärdi. Ol atasynyň baglara edýän idegine üns bilen syn edýärdi. Üşüklije agtygyna Atanepes aganyň özem bagbançylygyň inçe tärlerini höwes bilen öwredýärdi.

Bagyň köp bölegi erikden ybarat bolup, olar birmeňzeş bolanok ekeni. Irbişerden başlap, tä giçki görnüşlerine çenli ýaşyl ýapraklaryň arasynda enaýyja bolup, özlerini güjeňleşip otyrdylar. Bagdaky miweleriň hemmesem atasynyň aýdyşy ýaly, behişdi nygmatlardy. Dadyp görseň, olaryň hersiniň tagamy üýtgeşikdi, lezzeti başgady. Bu baýlyklaryň nähili tagalla bilen ýetişdirilýändigini Guwanç çagalykdan bäri görüp ýördi. Atasy derini döküp zähmet çekip, beýlekilerem tijenmäge mejbur edýärdi. Sähel haýal-ýagallyk edilse, ýüzünden gar ýagyp başlaýan ýaşuly bagbanyň bir aýdanyny iki gaýtaladylanokdy. Guwanç hem bu hysyrdylardan çetde duranokdy. Atasynyň yzyndan galman, deň çörňeşip ýören ýigdekçe ýumşa gaýymdy. Guwanjyň işi, ylaýta-da, baharda köpelip, agaçlary pürdelemeli bolanda ýaňy endamy gatap başlan ýetginjek eline byçgy alyp, baga çykýardy. Ol atasynyň görkezen şahalaryny şol bada kesip taşlaýardy. Atasynyň bolsa, barmagyny çommaldyp, görkezýän şahalarynyň yzy gutaranokdy. Guwanç mahal-mahal ýognap giden şahalara byçgysyny urmaga dözmän, atasynyň ýüzüne naýynjar garaýardy. Emma goja bagbanyň hökmi güýçlüdi. Şaha ýaýradyp, öý ýaly bolup oturan ne gözel baglar bigörk halda sytyrap galýardy.

Guwanç atasynyň çyn bagbanlygyna birjik-de şübhelenenokdy. Baga edilmeli idegleriň hemmesi birkemsiz berjaý edilýärdi. Emma wagtyň geçmegi bilen Guwanç bagy suwarmaklyk üçin, suwuň örän köp sarp edilýänligini duýup başlady. Bu giden meýdana suwy endigan çaýmak üçin, gyzyldan gymmatly suwy telim günläp akdyrylýardy. Suw kesilenden soň, Günüň nury ýetik mes toprakdan ümürsin bolup otag örýärdi. Onsoň köp zähmeti talap edýän surnukdyryjy işler başlaýardy.

Guwanç baglary suwarmaklygyň damja usuly barada köp eşidýärdi. Bu täze usulyň oňaýly taraplary kän nygtalýardy. Iň bähbitli tarapy bolsa, suwuň esli derejede tygşytlanýanlygydy. Guwanç damja usulyny ilik-düwme öwrenmekligiň ugruna çykyp, bu barada ýazylan kitaplaryň ençemesini gözläp tapdy. Muňa-da kaýyl bolman, etrap merkezindäki uly okalga gatnap başlady. Ýigdekçe bagbançylyk käriniň yşgyna düşüpdi. Telim kitaplaryň gatyny agdaransoň, onda belli bir derejede bagbançylyk hakda düşünje peýda bolupdy. Indi ol baga nähili ideg edeniňde, has netijeli boljagyny öz ýanyndan öwrüp-çöwrüp bilýärdi.

Atasy Guwanjyň getiren düwünçegini dessine açyp, garbanmaga oturdy. Ýaşynyň birçene baranlygyna garamazdan, okly kenek ýaly sagdyn bedenli Atanepes aga aňyrsyna il gonandan özünden göwnühoş gürläp başlady.

— Saglyk bolsa, bu ýyl gowy hasyl alarys. Erikleriň rejesi gowy. Ýene bäş-on günden gark edip suwararys, miweleri ýumruk ýaly bolar durar.

— Ata, näçe günläp suwa ýakmaly bolar?

— Azyndan bir hepde içer. Suwdan mazaly gandyrarys.

— Ata, bu wagt beýleki ekinlere-dä suw gerekdir.

Atasy birden düwnen ýaly boldy. Agtygyna alarylyp bakan Atanepes aganyň ýüzi gamaşdy.

— Indi senem şo sözleri gaýtalap başladyňmy? Başga ekinler ekin-de, bular ekin dälmi?!

— Ata, baglara tutulýan suwy tygşytlap bolýar ahyryn. Indi olary damarsowlaryň üsti bilen suwarylýar. Suwy diňe bagyň köküne barar ýaly edilýär.

— Sen bu zatlary nireden öwrenip ýörsüň?

— Kitapdan okadym. Kitapda bag barada örän gowy zatlar ýazylýar.

— Asyl, etraba zygyr-zygyr gatnaýadyň welin, şonuň üçinmidi? Ýeri, onsoň başga näme ýazylýa kitapda?

— Kitapda çygly toprak ýalaňaç durmaly däl diýilýär. Agajyň ýonuşgasymy, çüýrük samanmy, dersjagazmy, garaz, bir zat bilen ýapmaly diýilýär. Şeýtseň yzgar gowy saklanýarmyş.

Atanepes aga şu ýerde içini hümledip oturdy.

— Seniň şu diýýäniň-ä biçem däl, ogul. Baýmyrat aga-da erikleriniň düýbüni ýapar ýörerdi. Otagdan galan ot-çöplerem petdeläp basardy görgüli.

— Ata, dogrudanam, oýlanyp görseň, bu ot-yssyň içinde toprakda yzgar saklanjakmy? Emma örtgi bilen ýapsaň, nem nirä gitsin? Örtgiň aşagyndan ot-çöpem örüp bilenok.

— Diýmek, hemme zady bişirip goýupsuň-da, onda. Biziň edýän zatlarymyzyň hemmesi biderek-dä, onda?! Biz hiç zada düşünmeýän çöňňe boldukmy, indi?!

— Ata, men özümden bir zat tapamok. Kitapdan okan zatlarymy aýdýan. Kitaby bolsa, tejribe geçirip ýören uly alymlar ýazýar.

— Kitapdaky aýdylýan zatlaryň hemmesi durmuşdaky bilen gabat gelip duranok.

— Ony barlap göräýeris, ata. Üzňe oturan erige oňly ideg edip bilemok diýip, özüň aýdýadyň ahyryn. Men şoňa kitapda ýazylyşy ýaly ideg edeýin. Göreli nähili bolýanyny.

— Bileniňden galma, ogul, ediber näme edesiň gelse. Ýöne «Bu günki jikjiki düýnki jikjikä jikgildemegi öwreder» diýip, ýöne ýere aýdylman ekeni.

Atasyny öýkeledenine müýnürgese-de, Guwanjyň ökjesi ýeňlän ýaly boldy. Ol indi üzňe oturan erigiň daşynda hozanak bolýardy. Ilki onuň töweregini täzeden ýumşadyp çykdy. Soň çüýrän saman getirip, aşagyna galyň edip ýazdy. Ýigdekçe armany-ýadamany bilenokdy.

Gün ilerki dagyň aňyrsynda gizlenende, Guwanç bu günki etmeli işleriniň hemmesinden dyndy. Töweregiň garaňkyraýanlygyna garamazdan, bir gyrada çommalyp oturan ýigdekçe ertiriň aladasyny edýärdi. On-ýigirimi bedre suw sygar ýaly arassa göwrüm getirip goýmalydy. Inçejik damarsowy bagyň düýbüne

halkalaýyn aýlap, ondan suwuň damjalaýyn dökülmeginiň alajyny etmelidi. Bäri-bärde akar suwly ýap ýokdy. Ýöne munuň üçin, Guwanç ikirjiňlenip durmady. Esli aralyk hem bolsa, jardan suw çekip boljakdy.

Bir işiň küýüne düşülse, bitmejek zat ýok ekeni. Hemmesi öz-özünden bolup barýardy. Göwrümem getirilip goýuldy. Inçejik damarsowlardan damja-damja suwam dökülip başlandy. Özem iş edil Guwanjyň göwnüniň isleýşi ýaly bolup barýardy. Indi erigiň astyna ýazylan samanyň teýi birkemsiz yzgarlap durdy. Suwuň sarp edilişi Guwanjyň çaklaýşyndan has pes bolup çykdy. Topragyň nemi birçene ýetensoň, suwy kesseňem boljakdy.

Işi şowlan Guwanjyň kalby şatlykdan doludy. Onuň ýanynda indi müşgil zat ýok ýalydy. Idisi artan erigiňem sanlyja günden ýüzi açylyp başlady. Terje ýapraklaryň düwünçegi onda-munda görünýärdi. Ýöne höwesek ýigdekçäni atasynyň öýkeläp ýörmegi bimaza edýärdi. Atasy gepleşmeýär diýen ýalydy. Özüni müýnli duýýan agtyk atasy bilen nähili ýaraşjagyny bilenokdy.

Bir gün Guwanç jardan suw çekip ýörkä, obanyň agronomy geldi. Agronom golaýda okuwyny tamamlap gelen ýaş ýigit Ýagmyr Guwanjyň edip ýören işlerini görüp hezil edip güldi. Soňam çyny bilen maslahat bermäge durdy.

— Beýdip, erigi läliksiretseň, oňa hemişe şeýle ideg etmeli bolarsyň. Bag aňsadyna bakyp, iýmiti topragyň ýüzünden alyp başlar. Ýere çuň aralaşýan kökleri bolsa, işsizlikden kör bolup galar. Eger bardy-geldi, bu näzijek idegiňi gowşadaýsaň welin, erigi kyn günde goýjagyňy ýatdan çykarmagyn.

— Meniň beýle zatlardan habarym ýok. Okaýan kitaplarymda bu barada hiç zat ýazylmandyr.

— Näme, iki sany kitaby okap, ylmyň aňyrbaşyna ýetäýendirin öýdýämiň? Ylmyň-bilimiň çägi ýok. Men ýokary mekdepde okanlygyma örän begenýän. Maňa görnükli alymlarymyzyň, gör, näçe maslahatlaryny diňlemek miýesser etdi. Indi meniň borjum şolary durmuşa ornaşdyrmak.

— Men özbaşdak okamaklygy gowy görýän. Okan zadyňy dessine hakykat ýüzünde barlap bolýar.

— Bu örän gowy zat, Guwanç! Diýmek sende hyjuw bar. Şu edip ýören işleriňem hormata mynasyp. Bu gün ýanyňa tötänleýin gelemok. «Berekellaňy» ýetireýin diýip, ýörite geldim. Ýöne ýokary okuw jaýyna göwnüböleklik etmegin. Git-de oka, özüňem agronomçylyk ugrundan oka. Diýseň, gyzykly kär! Özbaşdak okamaklyga bolsa, her wagtam ýetişersiň.

Birden niredendir bir ýerden Atanepes aga peýda boldy. Ol dergazap bolup, durky bilen saňňyldaýardy.

— Agronom, hany, sen aýt, haýsy kitapda ýazylypdyr bedre bilen suw çekip, bag suwaryp bolýanyny?!

Agronom ýigit birbada jogap bermedi. Ol ýaşuly bagbanyň göwnüne degerin öýdüp, ätiýaç etdi. Sesini çykarman, ýylgyryp duran Ýagmyryň üstüne Atanepes aga ýene hemle bilen süründi.

— Siziň ýanyňyzda hemme zat ap-aňsat. Kitaba sereden bolup, suwarmanam, bag ýetişdirip bolýa diýýäňiz. Hany, siziň ýetişdiren bagyňyz?

Ýagmyr mundan artyk durup bilmän, ýaşula sypaýyçylyk bilen düşündirjek boldy.

— Atanepes aga, siz nähak gahar edýäňiz. Agtygyňyz örän dürs iş edýär. Özüňiz pikir edip görüň ahyryn, toprakda yzgar bolsa, iýmit ýeterlik bolsa, bag näme üçin boýnap ösmesin?

— Inim, men ömrümi şu baglaryň içinde geçirdim. Ýap bilen suwy pagşyldadyp getirmeseň, bagyň bag bolmaýanlygyny heniz bir gezegem göremok.

— Ýaplary suwdan pagşyldatmak kyn däl. Munuň üçin bizde ýeterlik suw bar. Ýöne maksadymyz suwy tygşytlamak. Agtygyň bedre bilen suw çekip, bag suwarjak bolup ýörşüni geňleme, agam. Döwür indi şony talap edýär.

Häliden bäri ganyny gaçyryp duran Atanepes aganyň birden gylygy üýtgedi. Iňkise giden ýaly, birsalym böwrüne diň salyp, soňam birden erigiň astyna düşelen samana dyzyny urup, çöke düşüp oturdy.

— Dogrudanam, Ýagmyr, diýşiň ýaly, topragyň yzgary ýeterlik. Şujagaz düşelen saman ýeri kepetmez. Oglan döwrümiz Baýmyrat aga-da şeýderdi.

Agronom ýigidem goja bagbanyň ýanynda dyzyny epdi.

— Atanepes aga, indi täzeden-täze usullar ýüze çykýar. Ýadyňa-oýuňa gelmejek mümkinçilikler döreýär. Şonuň üçin bizem bilimizi berk guşap, bu täzelikleri tizden-tiz durmuşa ornaşdyrmaly. Obanyň ilersindäki baýyrlaryň ýüzüne bag ekmek hyýalymyz bar. Şoňa siziň ýaly tejribeli bagbanlaryň kömegi gerek bolar. Biz size bil baglaýandyrys, Atanepes aga.

Atanepes aga geňirgenmek bilen agronomyň ýüzüne seretdi.

— Baýra nähili suw çykarjak ahyryn?

— Damarsowlar arkaly suwuň çykmajak ýeri ýok. Damja usulynyň biýem bir oňyn tarapy. Bagy indi islendik nätekiz ýerlerde-de ýetişdiribermeli.

Ýaşuly haýran galmakdan ýaňa başyny ýaýkady. Soň parahat ses bilen ynamly gürledi.

— Biz, elbetde, kömegimizi gaýgyrmarys. Ata-baba köneden gelýän bagbançylygyň syrlaryny öwrederis. Ýöne başyny tutmakçy bolýan bu täze işleriňizde Guwanç jan ýaly, ýaş höweseklere daýanyň.

— Dogry aýdýaňyz, Atanepes aga, ýaşlara doly ynam bildirmeli. Ýöne olary entek bilimlerini artdyrmaklary üçin, ýokary mekdeplere okuwa ugratmaly.

Guwanjyň şol gije wagty bilen ukusy tutmady. Öňi-ardy gelmeýän süýji arzuwlardan ýaňa, juwan ýürek ornuna syganokdy. Ýigdekçäniň ertesi mekdebe ugranda süňňi ýeňlän ýalydy. Ol bu günem Güljanyň öýlerinden çykaryna garaşyp durdy. Ýöne gyz wagty bilen çykar ýerde çykmady. Ahyry çykanyndan soň, Guwanja barmysyň hem diýmän, ýoluň o çetine geçip, çalt-çalt ýöräp ugrady. Güljanyň henizem öýkelidigini aňan Guwanç çalaja ýylgyryp, habaryny mälim etdi.

— Güljan, ýokary okuwyň synagyna menem gatnaşmakçy.

Gyz bärsine bakanyny duýman galdy.

— Çynyňmy?

— Men agronomçylyga synanyşyp görmekçi.

Güljanyň ýüzi gül-gül açyldy.

— Agronomçylyk abraýly kär. Sen ol işiň hötdesinden gelersiň.

— Ýakymly sözleriň üçin, sag bol, Güljan!

Gyz birden kalbyndakysyny ýüze çykaranyny duýman galdy.

— Agronomçylyk mekdebi lukmançylyk uniwersitetinden o diýen uzakda däl gerek?

Ýigit göwnühoşlyk bilen çalaja ýylgyrdy.

— Ýok, ikisiniň arasy golaýjak.



**EZIZ OJAK**
**(Hekaýa)**

Kuwwat işden gele-gelmäne çagalary üçin örän şatlykly habar aýtdy.

— Boluň, şaýyňyzy tutuň, seýilgähe gezelenje gidýäs!

Çagalaryň bolaýşyny diýsene! Bagtyýar bilen Jerenjik şatlykdan ýaňa, diriň-diriň bökýärdiler.

— Kaka jan, sag bol! Biziň kakamyz iň gowy kaka!

Läle çyna berimsiz öýkelän boldy.

— Ejeňiz iň gowy eje dälmi?

— Ejemizem iň gowy eje! Eje, buzgaýmak alyp berýäň gerek?

Kuwwat gülüp goýberdi.

— Hakyňy aldyň gerek?

Läle utulanyny boýun aldy.

— Wah, öz dilimden bela galdym. Bokurdagyňyza ýapyşmaz ýaly, azajykdan iýseňiz alyp bererin.

— Ejem janymyza döneýin!

Ýagmyr ulagyny şäheriň içinden emaý bilen sürüp gitdi. Onuň üçin bu pursat diýseň ýakymlydy. Ol şäheriň gözelligine guwanýardy. Dogrudan-da, töweregi görmäge göz gerekdi. Gunduz ýaly agaryp görünýän kaşaň binalar täsin halda howalanyşyp otyrdylar. Giň köçeleriň ugrundaky ümürsin bolup oturan bezeg ösümlikleri jana şypaly serginlik döredýärdi. Dumly-duşda päkizelik hem kalba rahatlyk salýan asudalyk höküm sürýärdi.

Seýilgähiň märekesi ýetik ekeni. Bu ýere dynç almak üçin maşgala bolup gelnensoň, çaga köpdi. Agşamaralygyna garamazdan, heniz ýagtygözinlikdi. Kuwwat dagy ýene öňküje oturýan ýerlerinde ornaşdylar. Çagalar birsalymam eglenmän,

ýüzugra ylgaşyp gitdiler. Olaryň eýýäm oýna gyzanlygyny gören Kuwwat Läläniň ýüzüne ýylgyryp bakdy.

— Buzgaýmak ýatdan çykdy öýdýän.

— Arkaýynja bol-aý, häzir ýüzin salşyp gelerler.

Läle uly torbadan garbanar ýaly, ony-muny çykaryşdyryp başlady. Kuwwat bolsa, näme üçindir, bu gün seýilgähiň ýodajyklarynda gezelenç etmek üçin ýeke özi gitdi. Daşyndan syr bildirmezlige çalyşsa-da, onuň ünjüsiniň barlygy bildirip durdy. Ýygy-ýygydan adamsyna tarap garanjaklaýan Läle, ahyrsoňy, ony saçagyň başyna çagyrdy.

— Kuwwat, çaýyň sowamanka içsene.

Kuwwat şähdaçyk tebigatlydy. Ol hemişe ala-ýaz bolup ýörmegi gowy görýärdi. Ünjüsini ýaşyrmagy welin başaranokdy. Kuwwadyň bu gün hasam ýüzi agralypdy. Läläniň guýup beren çaýyny ele alan Kuwwadyň wajyp gürrüňi gozgasy gelýänligi görnüp durdy. Läle adamsynyň ýüzüne soragly garady.

— Hawa, aýdyber, näme aladaň bar bolsa. Seýilgähe ýöne ýere alyp gaýtmadygyňy bilýän.

Kuwwat başyny aşak salyp, müýnli dillendi.

— Läle, men bu meseläni ahyrsoňy gozgamaly bolýan. Sebäbi munuň başga çözgüdini tapamok. Körpe gyzlarynam durmaşa çykaransoňlar, ejem bilen kakam obada ýeke galdy. Boşap galan howluda görgülileň ýeke özleri otyr. Olaň halyny göz öňüne getirip, janyma jaý tapamok!

— Düşünýän, Kuwwat, hemmesine düşüýän. Ýöne özüň bir zat diýmäňsoň, sesimi çykarman ýörün. Elbetde, garrylary obada ýeke goýmaly däl. Olary günübirin bärik alyp gaýtmaly. Jaýymyz giň, bu ýerde hezil edip ýaşarlar. Maňa-da hemaýatlary deger. Öýde bolsalar, çagalamdan arkaýyn bolaryn. Muň üçin, birjigem gam çekme.

— Läläm, sag bol, mähribanlarymy ýük görmejegiňe ynanýan. Ýöne olar şähere gaýtmaklyga razy däl.

— Beýle bolsa, goý, gyzlarynyň biriniňki-de bolsunlar. Gyzlarynyň hemmesi obada ahyryn.

— Ýok, ejem bilen kakam oňa-da razy däl. Olar öýümizi taşlap, hiç ýere giderli däl.

Läle birden böwrüne diň salyp durdy.

— Men indi düşündim. Sen oba göçeli diýjek bolýaň, şeýle dälmi?

Kuwwat Läläniň ýüzüne naýynjar garady.

— Läle, düşün, başga çykalgamyz ýok. Şundan başga çykalga ýok. Oba dessine öwrenişip gidersiň.

Läle birbada gürläp bilmän, soň kynlyk bilen dil ýardy.

— Kuwwat, nädýäň ahyryn? Durmuşymyzy indi bütinleý üýtgetmelimi? Işimiz nähili bolar? Men ýaňy arzuwyma ýetdim. Merkezi hassahanadan orun berdiler. Iň kämil enjamlardan peýdalanýan. Öz işiňi nätjek? O ýerde binagäriň çyzgyly otagy garaşýan däldir.

Läle süňňüni saklap bilmän galpyldaýardy. Onuň düşen halyna gyýlan Kuwwat hoşamaý gürlemäge çalyşdy.

— Işimizi alada etme, Läle, hemmesi oňyn çözüler. Seň ýaly lukman barsa, obadakylar hezil eder. Menem gurluşykçy, gurluşykça-da hemme ýerde iş bar.

— Sen çynyrgadyp barýaň-la, Kuwwat. Men oba durmuşynyň nämedigini bilemok. Obaň heniz çetindenem garap göremok.

Läle gözlerini bir nokada dikip oturdy. Soňam birden ýaňyja ýaýradan zatlaryny ýygnaşdyrmaga durdy. Gidermen bolup, çagalaryny çagyrdy. Ýaňy kelleleri oýna gyzan çagalar ýerli-ýerden özelenýärdiler.

— Eje, ýene azajyk oýnaýalyň, buzgaýmak alyp bermeseňem bolýa.

Emma ejeleriniň bu wagt aladasy ýetikdi. Ol aljyraňňy halda böwrüne diň salyp durşuna, çagalaryna dözümli buýruk berdi.

— Hany, ýürege düşmäň-de, münüň basym ulaga!

Gaýdyşyn Läle sesini çykarman gitdi. Bu ýakymsyzlyga çagalaryňam sesine suw sepilen ýalydy. Dartgynly ümsümlik hemmeleriň mazasyny alýardy. Oýlanyp oturan Läläniň birden ýüzi açylan ýaly boldy.

— Kuwwat, bolmasa, oba ejem gitse nähili bolar? Olar gowy düşünişýäler ahyryn. Belki, gudalaryny bärik gaýtmaklyga ejem göwnedip biler.

Kuwwat ulagynyň badyny gowşadanyny duýman galdy.

— Eger, ejem bilen kakamy şähere gaýtmaklyga razy edip bilse, Hatyja daýzadan ömür minnetdar bolardym.

Ýüki ýeňlän ýaly bolan Läle adamsyna hoşamaý ýüzlendi.

— Kuwwat, bizi ejemlere düşür-äý. Biz bu gije şo ýerde bolarys.

Läle öýleriniň deňinde umyt bilen düşüp galdy.

— Kuwwat, nesip bolsa, işimiz şowly bolar. Ejemiň henize çenli hötdesinden gelip bilmedik işi ýok.

Läle çagalaryny alyp, öýlerine baranda, şatlygyň çägi bolmady. Hatyja başyna deňäp ýören ýeke gyzyny mähir bilen bagryna basdy. Çagalarynyň ýüzünden-gözünden öpüp, hoşamaýlyk etdi. Ahmet aganyňam ýüzüne nur çaýylana döndi. Süňňi ýeňlän atanyň gözleri söýünç bilen bakýardy.

— Lälejigim, sag-gurgun işleşip ýörmüsiňiz? Kuwwat näme üçin gelmedi?

— Gowulyk, kaka jan! Kuwwat bizi almaga gelende salamlaşaryn diýdi.

Läle her gezek kemala gelen bu mähriban öýe gelende, geň duýgyny başdan geçirýärdi. Telim ogly öýli-işikli edip, uly maşgalany agzybir saklaýan ejesidir kakasynyň yhlasyny hormat bilen duýýardy. Läle bu belent paýhasdan görelde almaga çalyşýardy. Emma häzir welin, kalbynda peýda bolan ünjüden ejap edip, başyny galdyryp bilmän otyrdy. Gyzyndaky bu näjaýlygy bada-bat aňan Hatyja Läläniň ýüzüne soragly garady.

— Gyzym, öňküligiň ýok-la, näme aladaň bar?

Läle oturyp bilmän, birden ähli gaýgysyny ýüze çykardy.

— Eje, men-ä näme etjegimi bilemok! Kuwwat oba göçeli diýýä.

Gyzynyň bu sözlerine gülüp goýberen Ahmet aganyň ýüzi ýagtylyp gitdi.

— Bar aladaňam şumy, gyzym? Muň üçinem bir gaýgy ederlermi? Oba gitmeli bolsa, özüm-ä ylgap gitjek.

— Kaka jan, seň üçin, belki, şeýledir, sebäbi sen obada önüp-ösdüň. Men şäher gyzy, oba durmuşyny göz öňüne getirip bilmesem, näme.

— Obadan nägile bolmarsyň, gyzym. Göçmeli bolsa, arkaýyn gidibergin.

Gyzynyň jibrinmesini iňkis edip oturan Hatyja seresaplyk bilen sorady.

— Kuwwat näme näme üçin oba göçmekçi bolýa?

— Obada garrylam ýeke galdy diýýä.

— O diýýäni dogry, gyzym. Gudalaň öýi çolaryp galandyr. Gyzlar kişi maşgalasy bolýa-da, ahyrsoňy ojaklaryny täzelemeli. Alynlary-bagtlary açyk bolsun, çagalaň!

Hatyja birsalym oýlanyp oturandan soň, aladaly gürledi.

— Gudalary dogrudanam, ýeke goýmaly däl. Ýekelik olara agyr düşýändir. Ýöne, näme üçin, bärik alyp gaýtmaly däl? Bu ýerde boluberenlerinde bolanokmyşmy?

Läle janykmak bilen ejesiniň sözüni böldi.

— Eje jan, menem şony diýýän-dä. Bu ýere gelseler, elimiziň aýasynda saklajak ahyryn.

— Kuwwat nähili pikir edýä? Onuňam söýgüli kärini taşlap, gidiberesi gelýän däldir-ä.

— Kuwwat ejesi bilen kakasyny näler getirmekçi. Emma şähere gelmäge göwnänoklar diýýä.

— Elbetde, hemme kişem gowy görýändir öwrenişenje ýerinde ýaşamagy. Ýöne ýagdaýa görä bolaýmaly ahyryn, beýlekileňem oňaýyna garamaly. Gudalary beýle özdiýenlidir öýdemokdym.

Häliden bäri, eneli-gyzyň gürrüňine diň salyp oturan Ahmet aga öz pikirini mälim etdi.

— Hatyja, gudalara-da düşünmek gerek. Olar şäheri myzaýyk görüp, gelmejekden däldir. Ojaklaryny terk etmejek bolýandyrlar.

— Kakasy, düýe garrasa, köşegine eýerer diýipdirler. Gudalaň orny indi ogullarynyň ýanynda bolmaly.

Hatyja zar-zelil bolup oturan gyzyna dözmezçilik bilen garady.

— Gyzym, bolmasa, oba özüm gidip görsem, nähili borka? Belki, meň aýdýanlamma gulak goýarlar.

Läle ejesiniň boýnundan garsa gujaklady.

— Eje jan, saňa döneýin, gitsene! Kuwwadyň egnindenem ýük aýrylana dönjek. Aýjemal daýza bilen Annamyrat daýy dagy seni gowy diňlärler, hökman razylyk bererler.

Birsalym oýlanyp oturan Hatyja başyny agras göterdi.

— Hany, onda gidip göreýin, gyzym. Hem-ä gudalaň halyndan habar alaryn, hemem, heý, gepimi düşündirip bilmezmikäm.

Hatyja şol günüň ertesi ýola düşdi. Ilki ugraýan otla münüp, gün öýlä sananda, etrap merkezine bardy. Aňryk ýörite gatnaýan ulagda eslije ýöremelidi. Hatyja ýolboýy aňyrsyna-bärsine göz ýetmeýän ekinzarlygy synlap gitdi. Ekinlere yhlas bilen ideg edilýänligi görnüp durdy. Uly atyzlara bölünen gowaçalar gül-pürçükdi. Atyzlaryň gyrasyndaky syrdam boýly derekler täsin görnüşde hatar gurap otyrdylar.

Oba gelip düşenden, Hatyjanyň gözi töwereginde boldy. Ol bu gezek obany üns bilen synlaýardy. Iň uşajyk zatlar hem nazaryndan sypanokdy. Hatyja oba durmuşyna näbeletdi, ol şäherde önüp-ösüpdi. Obanyň keşbi myhmany täsin halda geňirgendirdi. Biri-birinden kaşaň gurlan jaýlar baga bürenişip otyrdy. Hemme ýerdäki päkizelik bada-bat gözüňe ilýärdi. Birenaýy asfalt düşelen ýollar kirşensizdi. Hatyja, ylaýta-da, çagalar bagynyň duşundan geçip barýarka, ýakymly pursaty başdan geçirdi. Ol göýä, gülälekli meýdançanyň çetinden giren ýaly boldy. Päkize geýnüwli çagalar dumly-duşda şadyýan bökjekleşýärdiler.

Hatyja öň ýeke gelip görmänsoň, uly obanyň içinde gudalarynyň öýüni salgysyny soraman, tapyp bilmejegine göz ýetirdi. Şonuň üçin garşysyndan gelýän gelne ýüz tutmagy makul gördi. Gelin Hatyjanyň sözlerini diňläp, mylaýym ýylgyrdy.

— Siz Annamyrat mugallymlaň öýüni soraýaňyz. Ýörüň, men sizi öýlerine eltip gaýdaýyn.

— Azar edinmän, salgysyny berseňizem bolardy. Eliňizem goşly ahyryn.

— Gelen myhmana «han-ha» diýip, salgy bermeklik biziň obamyzda edepsizlik saýylýar.

— Sag boluň, gowy däbiňiz bar ekeni!

Aýjemal gudasyny gadyr bilen garşy alyp, hormat bilen törde oturdyp, hezzet-hormatyň aladasy bilen hozanaklap başlady.

— Wah, guda, geljegiňi bilen bolsam, Kuwwat janyň kakasyny ýolundan alyp galardym. Annamyrat welaýat merkezinde ýaşaýan ýoldaşynyňka toýa gitdi.

— Annamyrat guda taryhyň gatlaryndan gürrüň bermegi gowy görýä.

— Bileni-biteni taryh-la. Öýde-de bar gürrüňimiz şol. Oň gürrüňlerini diňläp, menem taryhçy bolup gitdim.

Aýjemalyň sözlerine myssa ýylgyran Hatyja degişmän durup bilmedi.

— Diýmek, taryhdan bir zat bilesiň gelse, saňa ýüz tutaýmaly-da, onda.

— Aýdanyňdanam beterdir, guda jan, arkaýyn sorabergin.

Bu şadyýan sözlerden soň, Aýjemalyň süňňi ýeňlän ýaly boldy. Ýöne saçyna ak giren öýüň bikesiniň ýekesireýänligi görnüp durdy. Aýjemalyň tebigatynda bolup geçen özgerişlik Hatyjany geňirgendirýärdi. Ol gudasyny başgaçarak göz öňüne getirýärdi. Toýlarynda uly şowhun bilen durman tans edýän Aýjemalyň şähdaçyk tebigatyna höwes edipdi. Hatyja şu gün ýola çykanda-da, Aýjemal hakda şeýle pikirdedi. Emma häzir welin, onuň garşysyndaky Aýjemal garabagryndy. Görgüli gitdigiçe-de, haraý isleýän dek, golaý-golaý gysmyljyraýardy.

Çaý başynda Aýjemal kalbyndaky gussany gizläp bilmedi.

— Gyzlar kişi maşgalasy bolýan ekeni, guda. Içerim beýle çolaryp galar öýtmändim. Gyzlam durmuşa çykansoň, öýümiziň bahary sowlan ýaly boldy.

Hatyja gama batan gudasyna göwünlik bermäge çalyşdy.

— Gaýrat et, guda, ozaldan gelýän heňňamda bi, muňa hemmämiz kaýyl bolmaly.

Hatyja indi imisala içerini assyrynlyk bilen synlaýardy. Ötlem-ötlem otaglar edil köşgi-eýwan ýalydy. Bu maşgalada içerä inçelik bilen idi-yssuwat edilýänligi görnüp durdy. Öý goşlary örän sazlaşykly saýlanyp-seçilipdir.

Gelşiksizrägem bolsa, Hatyja öýüň içine aýlanyp, birin-birin otaglara syn edip başlady. Içeri maşgalanyň tebigatyny görkezip dur. Öýde aňrybaş gymmat goşlar bolmasa-da, hemme babatda sypaýylyk duýulýardy. Diwary tutup duran uly tekjedäki hetdi-hasaby bolmadyk kitaplardan çen tutan Hatyja, Annamyrat gudanyň hakykatdanam, örän okumyşlygyna göz ýetirdi.

Myhmançylyga gelen gudasynyň içerisi bilen gyzyklanmagy Aýjemaly diýseň begendirdi. Ol gül-gül açylyp, Hatyjanyň öňüne düşüp ýördi. Öýüň bikesiniň içerisine yhlasy üýtgeşikdi. Ol ähli zat barada ýekän-ýekän gürrüň berýärdi.

— Şu halymyzyň reňki hasam ýerine düşdi. Içki jaýymyz ýagtylan ýaly boldy. Bu ýerde gyzlar bolýady.

Düýpdäki mähnet geýim asylýanyň içi egin-eşikden doly ekeni. Onuň gapysyny wawwasy bar ýaly edip açan Aýjemal, gyzyldan-gymmat zatlaryny görkezýän dek gürledi.

— Çagalammyň eşijiklerini henizem saklap ýörün, guda. Kuwwat janyň ilki mekdebe gidendäki köýnejigem durandyr, ynha. Käwagt bulary birin-birin gözden geçirýän.

Alynky otaga gaýdyp gelensoňlar, Aýjemalyň sesi hasam hyjuwlanan ýaly boldy. Ol otagyň ortasynda oturdy-da, emaý bilen düşegi sypady.

— Ynha, şujagaz ýerde uly saçagymyzy ýazýadyk. Saçagyň o çetinde gyzlar oturýady. Bäri çetinde bolsa, Kuwwat jan bilen kakasy ýerleşýädi. Her gün üýtgeşik tagam bişirýädik. Köplük bolamyzsoň, nahar şüweleňli iýilýärdi.

Aýjemal soň myhmanyny daşaryk çagyrdy. Giň howlynyň içine birlaý göz aýlap çykdy. Hatda mal ýatakdaky goýunlaryna çenli görkezdi. Aýjemalyň ökjesiniň ýeňlemegine sebäp bolan zat aýdýanlarynyň üns bilen diňlenmegidi. Gudasynyň ýüzüne ýygy-ýygy garaýan Aýjemal, barha joşgunly gürleýärdi.

— Iýjek gögümizem mellekde ýetişdirýäs. Ynha, seretseň, hemme zat gögerip oturandyr. Elinjek derslenen ýer, bol hasyl berýä.

Dogrudanam, hemme zat ekilen ýalydy. Howlyň içini görmäge göz gerekdi. Deňje bölünen atyzjyklar ümürsin bolup otyrdy. Belent dalbardaky terje üzümler Gün şöhlesine täsin bulduraşýardy. Mellegiň jümmüşine alyp gidýän daş ýodajyklar çyrmaşyk güllerden saýalanypdyr. Uşajyk zatlara çenli sünnälengidi. Hatda mal ýatagynyň üçegem naşyja görnüşdedi.

Gudalaryň öýüne bolan yhlasy Hatyjany haýran galdyrýardy. Ol indi kyn ýagdaýa düşüpdi. Sebäbi niýetine düwüp gelen maksadyny, hatda, ýaňzytmaklygam gelşiksiz boljakdy.

Agşam ýatmakçy bolanlarynda, Aýjemal düşegi daşarda ýazdy.

— Guda, daşarda gyşaraýaly. Üşemänjik ýatarys, ýorganlam düýe ýüňünden edilendir. Annamyradam daşarda ýatmagy gowy görýä. Ýyldyzlaň astyndaky alnan uky başga hili bolýa diýýä.

Hakykatdanam, daşaryň howasy üýtgeşikdi. Üzümli pellerden aralaşýan serginje howa ýürek taryňa kakyp dur. Obanyň imisalalygy kalba rahatlyk berýär. Ýyldyzly asman Hatyja üçin täsin görnüş boldy. Patrak ýaly ýaldyraşýan ýyldyzlara haýran galyp syn edýän Hatyja uzak wagtlap uklap bilmedi.

Hatyja ertesi irden ýola düşmekçi bolanda, Aýjemal garaşylmadyk sözleri orta atdy.

— Guda, men seniň näme maksat bilen geleniňi bilýän. Ýöne sen kalbyňdakyny aýdyp bilmediň. Sizi biziň ýekeligimiz biynjalyk edýä. Hawa, biz iki garry bolup, hakykatdanam, ýalňyz galdyk. Syr bildirmezlige çalyşsagam, bu aýralyk bize agyr düşýä. Bolýa, guda, biz siziň diýeniňiz bilen bolaly. Kuwwat janyň ýanynda ýaşalyň. Bolmanda-da, göçülen ýurduň yzyny saklap, uzak oturyp bilmeris. O günler indi barybir, gaýdyp gelmez.

Aýjemal bu sözleri üýtgeşik bir äheň bilen aýtdy. Kalby gyýylyp giden Hatyja gudasynyň elinden garbap tutanyny duýman galdy.

— Jorajygym, hatyrjem bol, siziň öýüňiziň yşygy öçmez. Içeriňizde ýene saçak ýazylar, owkat bişer. Nesliňiz dowam eder.

— Guda, sen näme diýmekçi bolýaň? Kuwwat jan, çaglary bilen göçüp geler diýjek bolýaňmy?

— Hawa, gelerler, hökman gelerler!

Bu sözleri eşiden Aýjemalyň ýüzünde üýtgeşik tolgunma peýda boldy. Ol birbada näme diýjegini bilmän, äm-säm bolup durdy. Hatyja gudasy bilen çalt hoşlaşyp, gaty-gaty ýöräp gitdi. Häzir onuň ýüregi ornuna syganokdy. Hatyja esli ýöränsoň, birden yzyna ýalt edip seretdi. Edil onuň ýüreginiň syzyşy ýaly hem boldy. Janserek bolup galan Aýjemal henizem yzyndan intizar garap dur ekeni.

Hatyja şähere gaýdyp gelensoň, öýüne-de barman gyzynyňka sowuldy. Ony uly tolgunma bilen garşy aldylar. Gyzam, giýewsem umyt bilen gözlerini tegeleşip durdylar. Ýöne öýe girmän, bosagada duran Hatyjanyň aýdan sözleri olara hüküm bolup eşidildi.

— Ertiriň özünde işiňizem, jaýyňyzam tabşyryň-da, oba tarap ýola düşüň. Siz indiden beýläk şo ýerde ýaşamaly.

Bu sözlerden soň, öýdäkileriň ýüzi alaniçiksi üýtgedi. Läle birbada näme diýjegini bilmän, mejalsyz göwresini oturgyja goýberdi. Ara düşen dartgynly ümsümlik Hatyjanyň kejebesini darykdyrýardy. Ol uzak durup bilmän, tiz çykyp gitdi.

Ýanýoluň ugrundan aýgytly gadam urýan Hatyjanyň ýüregi belent duýgy bilen urýardy. Edýän işiniň haklygyna bolan ynam oňa güýç berýärdi. Buýsançly başyny belent tutýan enäniň ýüzi merhemetlilik bilen nurlanypdy. Bir salymdan onuň yzyndan gyzy ylgap ýetdi.

— Eje jan, gynanmagyn, biz nägile bolýan däldiris.

Hatyja gözlerini balkyldadyp duran gyzyny bagryna basdy.

— Gyzym, saňa hiç wagt ene ýüregine sygmaýan söz aýdan däldirin. Häzirem seni ene ýüreginiň emri bilen ýola salýan. Nirä ugradýanlygymy bilip ýola salýan. Siziň ornuňyz şo ýerde, balam, bagtyňyzam şo ýerde.

Ejesiniň gujagynda rahat tapan Läle göwünjeň dillendi.

— Düşünýän, eje jan, düşünýän. Biz seniň aýdyşyň ýalam ederis, maşgalamyz bolup oba göçeris. Çagalammyň ata ýurdundaky ojagyny ebedi saklarys.



**LEÝLI GÜL**
**(Hekaýa)**

Yhlas çagalykdan hereketlije boldy. Nähilidir bir içki hyjuw ony erkine goýanokdy. Bu ýönekeý çaga garagollugy däldi. Oglanjyk düşbüjedi, hereketleri saýhallydy. Ýakymsyzlyk bilen töweregini bimaza edenokdy. Oglanjygyň tebigaty geň halda, üznüksiz depgin talap edip, bedendäki dyňzap duran güýji nämedir bir zada sarp etmese oňup bilenokdy. Yhlasjyk mahal-mahal duran ýerinden okdurylyp gidýärdi-de, esli aralyga çenli ylgaýardy. Soňabaka dogumyna bäs gelmän, özünden uly dogany Azada erjeşip başlady. Güýji deň bolmasa-da, Azat bilen garasuw bolýança basalaşýardy. Ýöne şeýle göreşleriň birinde Yhlasyň aýagyna şikes ýetdi. Damarjygy towlanan bolarly, ýiti agyry bolmasa-da, çep aýagy doly ýazylanokdy. Lukmanlar çaga bedenjigine ýiti bejergi etmekden saklandylar. Olaryň pikiriçe, wagtyň geçmegi bilen dert öz-özünden düzelip gitmelidi. Oglanjygyň emi-ýomy hereket bolmalydy.

Ese-boýa galansoň, Yhlas aýagyndaky şikesden utanýardy. Ýogsam, ýöränden az-kem ýempeýär diýmeseň, uly kemçiligem ýokdy. Ol başardygyça, şagalaň-şowhundan çeke durýardy. Akyllyja gözlerini bir nokada dikip oturan oglanjyk öz içki dünýäsi bilen mübtelady. Yhlas okuwdan geldigi, ejesiniň iş ýerine gidýärdi. Şäheriň abadanlaşdyryş kärhanasynda güllere ideg edýän ejesiniň ýanynda Yhlas hezil edip güýmenýärdi. Bu ýerde onuň hoşuna gelýän zat köpdi. Giden meýdan al-ýaşyl öwsüp otyr, güller biri-birinden enaýydy. Terje güllere oglanjyk uzak wagtlap seredip oturýardy. Yzgarly topragyň ysy kalbynda mäkäm orun alýardy.

Gülleriň ýetişdirilişine Yhlas üns bilen syn edýärdi. Üşüklije çaga ejesiniň her bir hereketini gözden salanokdy. Ondaky peýda bolan höwes ýönekeý bilesigelijilik däldi. Neşter ýaly ýiti ukyp özüne meýdan agtarýardy. Oglanjyk kem-kemden gülleriň aşygyna öwrüldi.

Ýetginjek ýyllary Yhlasyň güllere bolan höwesi hasam artdy. Ol indi gülleriň idegini birkemsiz bilip, enaýyja ösümlikleriň halyny duýup durdy. Idegine näme kemterlik edýänligini ýüregi bilen syzýardy. Gözden salnyp, kösenip oturan güljagazlara gözi düşdügi welin, gonjuna gor guýlana dönýärdi. Olaryň idegini düzetmegiň dessine gamyny iýýärdi.

Yhlas howlularynyň içini güle besleýärdi. Küýi-köçesi diňe gül bolansoň, soňabaka howlyň içi dar görnüp başlady. Zähmetsöýer ýigdekçe goňşularynyň howlularyna-da, gül ekip başlady. Goňşular gül-pürçük howlularyna garap, şatlykdan ýaňa uçaýjak bolýardylar.

Yhlas mekdebi tamamlap, zähmet ýoluna düşenden, oňa hünärmen hökmünde garap başladylar. Gülçülik kärhanasynda bagban bolup işleýän ýigidiň zähmet çekişi üýtgeşikdi. Ol görkezme berlerine garaşman, ýüreginiň emri bilen işleýärdi. Işe wagtyndan has ir gelip, işdenem göwnüni hoşlaman gaýtmazdy. Gülleriň hemmesi onuň üçin mähribandy. Yhlas täsin bir ukyp bilen her bir gülüň aýratynlygyny bilýärdi. Hatda öwrenişilip giden güllerem onuň elinde nepis görke eýe bolýardy. Yhlasyň söýýän gylygy güller bilen gözellik döretmekdi. Şäheriň seýilgählerindäki ýetişdiren çemenzarlyklaryna haýran galyp oturmalydy.

Işden soň argyn halda öýe gelýän Yhlasyň täzeden hysyrdylary başlanýardy. Ol howlularyndaky güllere birlaý ideg edip, soň goňşularyna ekip beren güllerini gözden geçirýärdi. Yhlaslaryň ýaşaýan köçesi durşuna güle beslengidi. Hatda jaýlaryň diwardyr üçeklerine çenli çyrmaşyk güllerden ýaňa möwç urýardy. Özem güller dürli görnüşde bolup, belli bir sazlaşyk boýunça ekilendi. Bu töweregiň howasam üýtgeşik ýaly, gülleriň hoşboý ysy dumly-duşda bark urýardy.

Ýürek bilen çekilýän zähmet göwün kanagatyny berýär. Yhlas bir pursatlyk hem zähmetsiz oňup bilenokdy. Ol hemişe iş eşikde bolup, öňi-ardy gelmeýän hysyrdylara werziş bolan bedeni polat kimin mäkämdi. Aşa syratly ýigidiň görk-görmegine höwes edip oturmalydy. Ýöne synasynda galan şol husur welin, henizem bildirip, aýagynyň damary doly ýazylanokdy.

Yhlasyň at-abraýy gitdigiçe artýardy. Kärhanada ady hormat bilen tutulýardy. Oňa köpler haýyş bilen ýüz tutýardy. Epeý-epeý adamlaram gelip, maslahat soraýardy. Ýöne bu at-abraý Yhlasyň gylygyna birjigem täsir edenokdy. Onuň şol bir bolşudy. Işine bolan yhlasy şol bir kaddynda saklanýardy. Onuň her bir minudy hasaplydy. Sebäbi gözegçilik edýän güllerini bir pursatlyk hem gözden salanokdy.

Yhlasyň ýanyna gelip, düşewüntlije iş teklip edýänlerem bardy. Howlularyny gülzarlyga öwrüp berse, hakynyň kem edilmejegini ýaňzydýardylar. Emma bagban ýigit beýle tekliplerden kes-kelläm boýun gaçyrýardy. Onuň gaýtalaýany şol bir jogapdy.

— Güller tämizligi halaýa, harsydünýälik olaň gözelligine çapraz gelýä.

Ýöne Yhlas iş babatynda Haldurdy aga, ýok diýip bilmedi. Haldurdy aganyň bu ýere gelşem üýtgeşik boldy. Nurana ýüzli ýaşuly Yhlas bilen gadyrly hal-ahwal soraşdy. Ýöne beýlekileriň edişi ýaly, turuwbaşdan haýyş bilen daşyna geçmedi. Derini saçyp işläp duran bagban ýigidiň ýanynda sesini çykarman durdy. Nämäniň-nämedigine göz ýetirenden soň, töwerege nazaryny aýlady. Töwerek bolsa, enaýy görnüşdedi. Ýetişdirilýän gülleriň ümürsin bolup oturan atyzlary gül-pürçükdi. Ýaşuly ýoňsuz wagt bu ýerde eglendi. Ol, hol, aňyrlara-da aýlanyp, gülleri birin-birin synlap ýördi.

Haldurdy aga şol gün sesini çykarman gaýtdy. Ertesi ýene gülçülikde peýda boldy. Yhlas bilen ýene gadyrly hal-ahwal soraşdy. Ýene gülleriň arasynda köp wagtlap gezelenç etdi. Soň ýaýdana-ýaýdana Yhlasyň ýanyna geldi.

— Inim, bimaza edýän welin, bagyşla, men şu gülleri howlymda ýetişdirip bilmezmikäm?

Yhlas dymmalygyny edip, işinden başyny galdyrmady. Oňaýsyz hala düşen Haldurdy aga sesini çykarman durdy.

— Işiň kän ekeni, inim, bagyşlaweri. Bizem keýwany bilen güýmenje edinäýjekdik. Güller gaty owadan welin, idegini bilmeseň kyn-da. Maslahatam kimden sorajagymyzy bilemzok.

Haldurdy aga şeý diýip, töweregine garanjaklady. Soň gitmekçi bolup, ötünç sorady.

— Bimaza edenligim üçin bagyşlaweri, inim, kesbiňe bereket! Gül ýaly käriň bar ekeni.

Yhlas birden işini togtatdy. Böwrüne diň salyp durdy-da, arany açyp barýan Haldurdy aganyň yzyndan gygyrdy.

— Ýaşuly, iş wagty tamamlan badyna geläýiň, howlyňyzy görüp gaýdaýyn.

Ýüki ýeňlän ýaly bolan Haldurdy aga, şatlyk bilen dillendi.

— Sag bol, inim! Aýdyşyň ýalam ederin. Ulagjygymam bardyr, soň elinjek öýüňe düşürip gaýdaryn.

Haldurdy aga gelmeli wagtyndan has ir geldi. Yhlas sabyr-takat bilen garaşyp duran ýaşulynyň ulagyna sesini çykarman mündi. Haldurdy aga bagban ýigidi ynjytmajak bolup, ulagyny emaý bilen sürýärdi. Barylmaly ýer kärhanadan o diýen uzakda däl ekeni. Çaklaňja howla yhlas bilen idi-yssuwat edilýänligi görnüp durdy. Yhlas howlynyň içini üns bilen synlady, soň gysgajyk sözler bilen tabşyryk berdi.

— Ders bilen çäge taýynlap goýuň. Atyzlaň hemmesini täzeden ýumşadyp çykyň. Üzümli dalbaryň şu ýerini topraga çenli oýmaly. Onsoňam, özüňiz görüň welin, ýaşuly, gapyň öňündäki şu bassyrmany aýyrsaňyz gowy bolarmyka diýýän.

Haldurdy aga göwünjeň dillendi.

— Aýrarys, inim, ony özümizem aýyrjak bolup ýördük.

— Men bir hepdeden gelerin, oňa deňiç gülleň tohumy taýyn bolar.

— Gaýrat et, inim, bizem keýwany bilen ýaňky diýenleriňi bitirip goýarys.

Yhlas diýen güni geldi, ýöne örän giç geldi. Oda düşen ýaly gyssanýan ýigit ýüzüniň ugruna işe başlady. Ol howlynyň garaňky ýerlerine-de myzaýyk görmän, ýany bilen getiren gülleriniň tohumyny sepip çykdy. Yhlas örän çalt işleýärdi, hereketlerinden kärine ezberligi görnüp durdy.

— Indi diňe suwlap dursaňyz bolýa, ýygyrakdan az sepeläň. Hiç ýerde palçyk döremesin.

Bagban ýigit şeýle diýip, çalt çykyp gitdi. Bir salymyň içinde işleri biten garrylar aňk-taňk bolşup durdylar.

— Işiň başynyň tutulyşy-ha jäht, keýwany, soňam düz bolsun-da.

— Aýdanyň gelsin, kakasy, bagban gaýratly oglan ekeni, tüweleme, edeni gelşip barýa. Biziň indiki borjumyz topragyň yzgaryny kem etmezlik.

— Biliňi berk guşa, keýwany!

Bu gyş maýyl geçensoň, töwerek has ir janlandy. Alabaharyň ýyly demi öz hökümini kemsiz ýöredýärdi. Yhlasyň sepip giden tohumlary parsa-parsa şineleýärdi. Bagban ýigit wagtal-wagtal aýlanyp gidýärdi. Ol näme üçindir, howlynyň ortasyndaky uly atyza ala-böle köp üns berip, o ýerdäki ýaňy görnüp başlan güljagazlaryň gämigine ýakyn durup syn edýärdi. Her gezek bagban ýigit geldigi öý eýeleri ylgaşyp daş çykýardy. Haldurdy aga bilen keýwanysy derdazar hödür-kerem etjek bolýardy. Emma Yhlasyň şol tutuklygydy. Küýi diňe işinde bolan ýigit kän gürlänokdy.

Güljagazlar günlerini sanap ösýärdi. Hasam çyrmaşyk güller çalt boý alýardy. Gün-günden howlularynyň içiniň üýtgäp barýanlygyny duýýan garrylaryň şatlykdan ýaňa, huşlary başyndan uçupdy. Olar indi güýmenjelerini tapypdylar. Günde telim gezek güljagazlara suw sepeläp çykýardylar. Öý eýeleriniň işiniň synçysam ýetikdi. Goňşy-golamlar toý märekesi ýaly bolup üýşüp gelýärdi. Her kim haçan gelip-gidýänligi belli bolmadyk şol bagban ýigidi görmekligiň arzuwyndady.

Dynç güni Yhlas howluda kän güýmendi. Ol çyrmaşyk gülleri haýatyň ýüzüne berkidip, öňki bassyrmanyň duran ýerine eriş-argaç edip ýüp çekdi. Öýüň içi ýaly giň ýer geň halda howalanyp durdy. Oňa çyrmaşdyrylyp goýberilen akja güller asman sary owsun atýardy. Howlynyň jümmüşine alyp gidýän daş ýodajygyň gyrasyndaky oýmaly diýip görkezen ýerine Yhlas ýasy ýaprakly ösümlik ekipdi. Ösümlik pajarlap

ösensoň, Yhlas ony ýagşyja çugdamlap, dik öser ýaly etdi. Daşyna-da uşajyk gyrmyzy güljagazlary çyrmaşdyryp goýberdi.

Howlynyň içi birden çemenzarlyga öwrüldi. Bu täsin gözelligi döredýän zat gülleriň juda köplügidi hem olaryň biri-birine nepis halda sazlaşýanlygydy. Howlynyň içiniň hasam gözel görnüşe eýe boljagy eýýämden mälimdi. Diňe ýene azajyk wagt ösmegi gerekdi.

Baharyň ilkinji aýy bolansoň, tapgyr-tapgyr ýagyş ýagýardy. Bedreden dökülýän ýaly, ak çagbalar tebigatyň ýüzüni tämizläp durdy. Şeýle ajaýyp günleriň birinde daň-säher bilen howla eli goşly gyz gelip girdi. Gyz birbada nämäniň-nämedigine düşünmedi. Ol duran ýerinde goşlaryny goýup, howlynyň jümmüşine tarap ylgady. Öýleriniň güle beslenip oturmagy Leýlini haýran galdyrypdy.

— Eje, kaka, bu nä görnüş?!

Öýden ylgaşyp çykan Haldurdy aga bilen keýwanysy duýdansyz gelen gyzlaryny bagryna basdylar.

— Bu kakaň işi, balam, Leýlime sowgatjyk taýynlaýyn diýip, eden zady bi.

— Güli gowy görýänimi bilip şeýdensiň, kaka jan. Meň üçin şundan gowy sowgat ýok.

— Saňa ýarasa bolýa, gyzym, biziň ähli guwanjymyz sen ahyryn. Bu gezek duýdurman geläýdiň-le, Leýli jan. Işiňi dynyp gaýtdyňmy?

— Hawa, kaka, iş tejribämi birkemsiz berjaý etdim, işleýşime göwünleri ýetdi. Ejem jany baýramy bilen gutlamak üçin, gyssanmak gyssandym. Ýöne sowgadyň gowusyny sen taýynlan ekeniň, kaka jan. Zenanlaň baýramynda gülden gowy sowgat ýok.

— Bu sowgadymyzy, gyzym, saňa niýetledik. Seni begendirjek bolup, özümiz iki begendik. Gülleň içinde oturyp, ýigdelen ýaly bolduk. Hany, keýwany öýe gireliň, gyzyň ýadap gelendir, dem-dynjyny alsyn.

— Ýör, balam, geljegiňi bilen ýaly, bu gün börek bişirdik.

Leýli öýde uzak oturyp bilmedi. Howlularyna çykyp, al-ýaşyl öwüsýän gülleri birin-birin synlady. Gyzy geňirgendirýän zat gülleriň örän sazlaşykly ekilmegidi. Bu ýerde kimdir biriniň ezber eli duýulýardy. Leýli muny anyklamasa, ynjalmady.

— Eje, gülleri kim ýetişdirdi? Siziň özüňize eýgertjek iş-ä däl bi.

— Kakaň bir bagban oglan bilen gürleşdi. Elinden dür dökülýä, ýöne neresse maýyp ekeni, agsap ýöreýä.

— Maýypam bolsa, ýüregi näzik bolmaly, gözellige gowy düşünýän ekeni.

— Aýdyşyňdanam beter, gyzym, işine jany-teni bilen ýapyşýa. Güllere ýekän-ýekän ideg edýä, şu günem giçlik gelmegi mümkin.

Güle beslenip oturan howlynyň içinde kalby şatlykdan dolan Leýli, bagbanyň gelerine sabyrsyzlyk bilen garaşdy. Zähmeti bilen şeýle gözellik döreden ýigide öz minnetdarlygyny bildiresi gelýärdi. Bagban hemişeki wagtynda geldi. Agşamara işden soň, ýigit argyn görünýärdi, hasam gaty ýempeýän ýalydy. Leýli bagbany görenden açyk ýüz bilen habar gatdy.

— Eliňize güller bitsin, tüweleme, howlymyzy enaýy edipsiňiz!

Emma bagban ýigit Leýliniň ýakymly sözlerine o diýen ähmiýet berip durmady, başyny çala atdy-da, öz işi bilen gümra boldy. Leýli ýene hoşallyk sözlerini aýtman durup bilmedi.

— Iň gowy gülleri ýetişdiripsiňiz, özem hersiniň öz ýerini bilipsiňiz.

Bagban ýigit ýene diýýämiňem diýmän, gülleri gözden geçirýärdi. Ol köplenç howlyň ortasyndaky uly atyzyň töwereginde köwlenjireýärdi. Bu ýere ekilen gülleriň ösüşinden göwni suw içmeýän bolarly, böwrüne diň salýardy.

Tüýs ýürekden aýdan minnetdarlyk sözlerine pisint edilmezligi Leýliniň çetine degdi. Bir öýüň göz-guwanjy bolup ýören nowçagül gyz buýsançlydy. Onsoňam indi ol gögele gyzjagaz däldi ahyryn. Ýokary bilim alyp, durmuş ýoluna gadam uran akylly-başly sahypjemaldy. Leýli kinesini saklap durmady.

— Näme üçin, meň bilen sowuk-sala gürleşýäňiz?

Ýigit birhaýukdan soň, ýeriň astyndan çykýan ýaly, güňleç ses bilen jogap berdi.

— Bagyşlaň, men owadan gyzlara kän ähmiýet berip duramok.

— Näme üçin?

— Sebäbi olaň göwni belent bolýa.

— Göwnüm belent bolar ýaly, men size ýakymsyz söz aýdamok ahyryn, diňe güller baradaky öz pikirimi mälim etdim. Onsoňam siziň hata goýberen ýeriňiz bar. Düýpdäki mawy güller o diýen şowuna düşmändir. Olaň ýerine elwan güller bolan bolsa, has gowy gelşerdi.

Şu ýerde ýigit hereketini tapba duruzdy. Hyrçyny dişläp, esli salym sesini çykarman, müýnli dillendi.

— Şol gije gülleň tohumyny ýalňyşypdyryn. Mawy gülleň ýerine ösgün sary güller bolmalydy.

— Sary güller, elbetde, hasam ýaraşykly bolardy, howlyň jümmüşi ýagtylardy.

Gyzyň bu sözlerinden soň, Yhlas oňa geňirgenmek bilen gözüni aýlady.

— Siz güllerden gowy baş çykarýan ekeniňiz.

— Men gülleri diýseň gowy görýän, olara biparh garap durup bilemok. Güllere sizem gowy düşünýän ekeniňiz. Bassyrmamyzyň ýerindäki ýetişdiren ak gülleriňiz diýseň, jüpüne düşüpdir.

Yhlas birden uly atyzdaky güllere keýpsiz garady. Gyz bagban ýigidiň kalbyndaky galagoplugy bada-bat duýdy.

— Şu güller açylyp bilenok welin, näme sebäpdenkä?

Yhlasyň wawwasyna basylan ýaly boldy.

— Bu güller täze güller, olary uýgunlaşdyrmak üçin, ideginiň kemini goýmaly däl. Olary ýygy-ýygydan jybarladyp suwarmaly.

— Men aýdyşyňyz ýalam ederin.

— Bu size kyn düşäýmese. Muň üçin ukudan galmaly bolarsyňyz.

— Zyýany ýok, güller açylsa bolýa. Bir gijäň ukusy hiç.

Yhlas durup bilmän, çalaja ýylgyrdy. Sada ýylgyryş oňa diýseň, ýaraşýardy. Bagban ýigidiň indi şähdi açylypdy, hälki tutuklygyndan nam-nyşan galmandy. Uzyn boýly, sagdyn bedenli Yhlas gyza tarap mylaýym nazaryny aýlaýardy. Oňa Leýli bilen gürleşmekligiň hoş ýakýanlygy görnüp durdy. Yhlas aýagyndaky şikesden ejap edip, başardygyça dogry basmaga çalyşýardy.

Bagban ýigit gitmekçi bolanda, gadyrly hoşlaşdy.

— Leýli, sag bol, işiň ileri bolsun!

— Sag bol, Yhlas, seňem üstünlik hemraň bolsun!

Leýli şol gije uly atyzyň ýanyndan aýrylmady. Ondaky açylyp bilmän oturan gülleri, göýä, mähri bilen çoýýan dek hozanak bolýardy. Daňa golaý irkilen gyz

birden oýanyp daşaryk ylgady. Patrak ýaly açylan gülleri görübem, gözlerine ynanmady. Gyz şatlykdan ýaňa diriň-diriň böküärdi.

— Eje, kaka, buşluk, güller açyldy! Enaýyja güller ekeni!

Şatlykly habara öýden alňasak çykan garrylar uly atyzdan gözlerini aýryp bilenokdylar. Köz ýaly gyzarýan terje güller özleriniň ýiti reňki bilen täsin görnüşde öwşün atýardy.

Bagban ýigit bu gün öňkülerinden has ir geldi. Ol howla girip-girmänkä, Leýli öňünden ylgap çykdy.

— Yhlas, gijeki azabym ýerine düşdi, gülleri bir synlap gör!

Yhlas uly atyzy dolduryp duran del güllere uzak wagtlap söýünçli nazaryny dikip durdy. Onuň bu gülleri ilkinji gezek ýetişdirip görşüdi. Şatlykdan ýaňa uçaýjak bolýan gyz, ýigidiň ýüzüne soragly bakdy.

— Yhlas, bu gülleň ady näme?

Bagban ýigit, näme üçindir, sesini çykarmady, ejap bilen ýüzüni aşak saldy-da, işi bilen gümra boldy. Geň zat, ynsan tebigaty birden özgeräýän ekeni. Yhlasy indi tanar ýaly däldi. Onuň hemişeki sus häsiýeti mesaňa-mälim janlanypdy. Ýigidiň häzirki edýän hereketine göz iler ýaly däldi. Birden täsin ýagdaý ýüze çykdy. Gülleriň arasynda işläp ýören Yhlasa garap, Leýli duýdansyz seslendi.

— Yhlas, sen häzir birjigem agsaňok!

Yhlas duran ýerinde doňup galdy. Soň seresaplyk bilen aýagyny ýazyp gördi. Dogrudanam, agyryly damar çekdirilip duranokdy. Şu wagta çenli azap beren dert zym-zyýat bolupdy. Aşa tolgunýan ýigit janyndan syzdyryp gürledi.

— Dertden saplanmagyma sen sebäp bolduň, Leýli!

Birden ýigit uly atyzdaky gyzyl-çog güllere tarap okduryldy.

— Leýli, täze güllere seň adyňy dakdym, olaň ady leýli gül!

Bu garaşylmadyk sözlere gyzyň ýüzi gyzaryp gitdi. Ýöne intizar garaýan garamyk gözler mähir bilen balkyldaýardy.



**BAGT ÇEMENI**
**(Hekaýa)**

Hurmanyň ýüreginde besläp ýören arzuwy amala aşdy. Mekdebi tamamlan ýyly Ykdysadyýet institutynyň talyby boldy. Gije-gündiz diýmän, çekilen zähmet öz ýerine düşdi. Synagda gyzyň taýynlygynyň göwnejaýlygy görnüp durdy. Zehinleri seljerýän halypa mugallymlar ikirjiňlenip durmadylar, kanagatlanmak bilen başlaryny atdylar.

Ýokary mekdepde okuwa başlan gyz özüni täsin düýşde ýaly duýýardy. Paýtagtyň gözel keşbi obadan gelen gyzyň göwün guşuny ganatlandyrýardy. Talyplaryň ýaşaýan umumy ýatak jaýy diýseň oňaýlydy. Hurma bilen örän görmekli gyz hem otagdaş bolup düşdi. Özüni mertebeli tutýan Maraly görmäge göz gerekdi!

Hurma turuwbaşdan okuwa yhlasly ýapyşdy. Hemişede elinden kitap düşürmän ýören okumyş gyza geçilýän sapaklary özleşdirmek kyn düşenokdy. Ol uşajyk meselelere çenli birkemsiz bişirip goýýardy. Gyz topardaşlary bilenem çalt öwrenişip gitdi. Ýüzi açyk, hemişe dostana gatnaşyga höwesek, janypkeş gyzy hemmeler gowy görýärdi. Okuwyna gowy ýetişensoň, oňa ýygy-ýygydan ýüz tutup durýardylar. Gazanýan üstünliklerinden göwnühoş gyzyň sähelçe-de ünjüsi ýokdy. Ol hemişe bagtyýar ýylgyryp ýördi.

Juwan kalp pynhan duýgulardan mahrum däldi. Gyz mahal-mahal töweregine garanjaklanyny duýman galýardy. Hurmanyň topardaşlarynyň köpüsi oglandy. Syrdam boýly ýigitleriň hemmesi edep-ekramlydy. Ýigitleriň içinde birisi has-da salyhatlylygy bilen tapawutlanýardy. Harby gullukda bolup gelen Merdanyň hereketleri maňzyňa batyp durdy. Merdan okuwyny yhlas bilen okaýardy. Ýöne oňa geçilýän sapaklary bada-bat özleşdirmek ýeňil düşenokdy. Şonuň üçin, ýygy-ýygydan Hurma ýüz tutmaga mejbur bolýardy. Hurma-da birjigem myzaýyk etmän, elinden gelen kömegini gaýgyranokdy. Merdan göýä, hossar tutunan ýaly, sapak döwründe-de hemişe Hurmanyň ýanynda oturýardy.

Merdan özüni gyzyklandyrýan her bir zat dogrusynda, Hurma bilen maslahatlaşýardy. Ol göwni edil çaganyňky ýaly näzik, gürlände bolsa janygyp gürleýärdi. Sähel zat üçinem ala-ýaz bolýardy. Merdanyň ýanynda Hurma özüni erkin duýýardy, geň halda olaryň ümi alyşýardy. Juwanlaryň ikisini-de şol bir zatlar gyzyklandyrýardy. Dowamly edilýän söhbetler irizmeýärdi.

Merdan bir gün okuwa aljyraňňy halda geldi. Ol gele-gelmäne ýagdaýy mälim etdi.

— Hurma, ejem nähoşlapdyr. Bejertmek üçin hassahana ýerleşdirdik.

— Örän dogry edipsiňiz. Lukmanlar dessine derdine em ederler.

— Ýöne ejem wagty bilen derdini duýdurmandyr. Görgüli halys bolup galypdyr, göremde gözlemme ynanmadym.

Merdan howsalasyny ýaşyryp bilmän, zowzullaýardy. Jandurmazak Hurma bada-bat kömegini teklip etidi.

— Oňa ganlyja çorba içirmeli. Sen bazardan täzeje towuk etini alyp gel, men süýjüje çorba bişireýin.

Şondan soň, Hurmanyň bir aýagy aşhanada boldy. Ol her gün kiçijik nahar salynýan gabyny hem-de ýanynyň işdäaçary bilen Merdanyň eline berip goýberýärdi. Merdanyň gün-günden ökjesi ýeňledi.

— Tüweleme, ejemiň haly gitdigiçe gowulaşýar. Özünde-de gorkuly dert ýok ekeni.

Merdanyň begenjiniň çägi ýokdy. Bir günem ol uýala-gorka Hurma ýüz tutdy.

— Hurma, ertir ejem hassahanadan çykýar welin, kömek edip bilmezmiň?

— Näme kömek etmän, elbetde, kömek ederin.

Olar ertesi diýlen wagty, hassahananyň öňünde häzir boldular. Aýal adamlaryň bolýan bejeriş otagyna Hurmanyň bir özi girdi. Girendenem, aňk-taňk boldy. Merdanyň ejesi eýýäm goşuny düwüp, taýyn bolup otyr ekeni. Töweregini hem birkemsiz tertibe salypdyr.

— Gyzym, sen Hurmamy? Tüweleme, Merdan jan adyňy dilinden düşürenok. Eden kömegiň üçin, sag bol, balam! Bişiren naharlaňňy iýip-doýup bilmedim.

Hereketleri agras, mährem aýal Hurmanyň ýüzünden-gözünden mähir bilen sypady.

— Gyzym, seni görmän giden bolsam, gaty gynanardym.

Merdanyň ejesi yzyndan gelen ulaga münüp, esli arany açýança, gollaryny bulup gitdi. Şondan soň, Hurmadyr Merdan hasam ysnyşan ýaly boldular. Olar indi biri-birine hossar ýaly garaýardylar.

Merdan bir gün gyzlaryň bolýan otagyna gelip, teatra oýun görmäge çagyrdy.

— Täze oýun görkezýämişler. Gaty gyzyklymyş, göräýeliň-le.

Bu oslagsyz teklibe Hurma birbada, näme jogap berjegini bilmedi. Ol soragly nazary bilen Maralyň ýüzüne garady. Maral gülümsiremek bilen oňaýdy. Merdan bu amatly pursaty goldan gidermedi.

— Gördüňmi, Maralam garşy däl. Hurma, senem ýok diýip durmasana.

Ýigit çyny bilen özelenip duransoň, Hurma-da boýun towlap durmady. Ýaşlaryň ilkinji gezek üýşüp, teatra gidişleridi. Şonuň üçin, olar tolgunýardylar. Bezenişip-beslenişlerem üýtgeşikdi. Hurma iň gowy görýän köýnegini geýdi. Aýakgabyny yhlas bilen tämizläp, ýüzüne-gözüne başardygyndan timar beren boldy. Ol şundan başga näme etjegini bilmedi. Emma Maralyňky welin, tutumly boldy. Onuň ýadyna-oýuna gelýän zatlary diýsene! Alyn zülplerine ezberlik bilen tow berdi. Ýüzüni gülap suwy bilen timarlady. Özem geň ýeri, uly ýapraklaryň şekili basylan çal köýnegini geýip, boýnuna iri daşly monjuk dakyndy. Beýle üýtgeşik lybasy gyzlar kän geýibem ýörenokdy. Ýöne bu lybas özüniň geňligi bilenem ünsüňi çekýärdi. Maral naşyja ädigi bilen uzyn paltosyny geýdi welin, anjaýyn gözele öwrüldi duruberdi. Özem şeýle zyba görnüşde Maralyň birjik-de gysynmaýanlygydy. Onuň hereketleri erkindi. Käse ýaly gözlerini näzli süzüp, uz basyp ýöreýşine haýran galyp oturmalydy.

Otagdaş jorasynyň zynatyndan Hurmanyň sussy basyldy. Ol indi öz sadaja egin-başyndan utanýardy. Gyz has-da beter, özlerine hemdem bolmaly Merdana gözi düşende, kyn ýagdaýda galdy. Merdanam edil Maral bilen dilleşen ýaly, onuňam bezenip-beslenişi üýtgeşikdi. Göräýmäge, sada görünýän ýigidi indi, tanar ýaly däldi. Gujur-gaýrat bilen uçganaklap duran Merdana geýen eşikleri şaplaşyp durdy. Ol häzir başga biri ýaly bolup görünýärdi.

Teatryň kaşaň jaýyna girenlerinde, Hurma aljyraňňy halda aşaklyk bilen öz hemdemlerini synlaýardy. Görmegeý juwanlaryň biri-birine ýaraşyp durandyklaryny, biygtyýar boýun alaýmalydy. Merdan bilen Maral kän gürleşenokdylar. Ýöne birsyhly, ogrynça garanjaklaşýardylar. Oýun görmäge oturanlarynda, Hurmanyň orny ol ikisiniň arasyndan düşdi. Hurma bada-bat, öz wezipesine düşündi. Ol bu aşyk-magşuklaryň arasyndaky merhemetli hemaýatkär bolmalydy.

Oýun hakykatdan-da, gyzykly ekeni. Ýaşlar dünýäni unudyp, tomaşa etdiler. Sowuk gyş gijesi bolansoň, teatryň rahatja jaýynda oturmak, ylaýta-da, lezzetlidi. Tomaşadan göwünleri hoş bolan ýaşlar şeýdip, ýygy-ýygydan teatra gelip durmaklygy wadalaşdylar.

Ýöne şol günki tomaşadan soň, Hurma mesaňa-mälim suslandy. Ol birsyhly, böwrüne diň salýardy. Gyz indi özüniň öňki badyhowalygyndan utanýardy. Hurma kalbynda peýda bolan inçe duýgusyndan ejap edip, ham-hyýalda bolup ýörüpdir. Ol göwnüne basalyk berip ýaşamaly eken. Sebäbi, o diýen görmekli däl ekeni.

Ejirli duýgularyň yzasy ýürege dökülýärdi. Gyz görgüli mahal-mahal, kemsinmeklikden gözlerini balkyldadýardy. Özgeleriň özüňden zybalygyny duýmak ýokuş degýärdi. Kimiň özüne bolan höwesini çäklendiresi gelýär?! Kimiň ýoňsuzja bagt bilen oňňut edesi gelýär?!

Hurmanyň göwnüne bolmasa, bu gyş has uzaga çeken ýaly boldy. Merdan ýygy-ýygydan teatra çagyrýardy. Hurma her gezek ýaga depjek ýaly bolýardy. Sebäbi hemdemleriniň bir gyldan bezenip, owadan lybaslaryna guwanasy, olaryň göz güldürip, ogrynça garanjaklaşýanlaryny göresi gelenokdy. Emma boýun gaçyrmaklygyňam ebeteýini tapanokdy.

Gyş geçip, baharyň ýyly demininiň ýaýramagy bilenem, gyzyň kalbyndaky ejirli oýlar egsilmedi. Hurma henizem böwrüne diň salyp ýördi. Onuň hemişeki şähdaçyklygyndan nam-nyşan galmandy. Dumly-duşda zenan baýramynyň şadyýan şowhuny höküm sürýän güni, Merdan eli gül desseli gyzlaryň otagyna geldi.

— Gyzlar, baýramyňyz bilen gutlaýan!

Merdan şeý diýip, elindäki çemeni Hurma gowşurdy. Hurma bu sowgadyň kime niýetlenenligini bilip durdy. Şonuň üçin, syr bildirmezlige çalyşdy.

— Sag bol, Merdan!

Hurma elindäki owadan çemene hyrydarlyk bilen seredýärdi. Bu gülleriň terligini diýsene! Eýjejik, akja gülleriň arasyndaky köz ýaly gyzarýan çigildemlerden gözüňi aýyrmak mümkin däldi. Olaryň melul ediji ysy tutuş otaga ýaýrapdy. Birden, ot gysymlan ýaly bolan Hurmanyň endamy tikenekläp gitdi. Göýä, howa ýetmeýän dek, öwhüldäp dem aldy. Bu bagt çemenidi, özgä degişli bolan bagt çemenidi.

Hurma golaýjagynda duran bagtlylary gördi. Olar bilen öz arasyndaky çägi hem duýdy. Bagtlylaryň ondan näme tapawudy barka? Söýüp-söýülýänlikleri üçinmi? Onda o näme üçin söýülenokka? Owadan däldigi üçinmi?

Hurma kalbyny dyrçanaklaýan ejirli oýlardan nähili başyny gutarjagyny bilenokdy. Ol dagy, gidere ugur tapman, her gün irden ylgap başlady. Gyz güýjünde baryny edip, endamynda peýda bolýan agyrylara üns bermän ylgaýardy. Ol şeýtmek bilen, içdäki aldajy hyrujy egismeklige çalyşýardy.

Hurma ýalňyşmandam. Säheriň tämiz howasyndaky endigan hereketler, hakykatdan-da, ünsüňi sowýardy. Sport meýdançasyndaky edilýän telim öwrümlerden soň, ýakymly argynlyk peýda bolýardy. Maňlaýdan syrygýan der bilen

ýakymsyz oý-pikirler hem sumat bolýardy. Hurmanyň ruhy ýeňlän ýaly, oslagsyz şatlyk peýda boldy. Hemişekileri ýaly, ýene ýylgyryp başlady.

Gyzyň kaddy barha dikelýärdi. Göwresi gitdigiçe çeýelenýärdi. Ol indi ökjesi belent köwüş geýmeýär diýen ýaly. Nirede bolsa-da, bökjekläsi gelip duran Hurma ýeňiljek aýakgapda gezýärdi. Gyzyň tutuş tebigatynda özgerişlik ýüze çykdy. Bark urýan zenanlyk güýji ýüzüne mylakat bolup çaýylyp, şekillije rejelenen saçy öz-özünden reňk açýardy. Gaýymja tutýan boýnunda gujur-gaýratyň barlygy bildirip durdy. Özüne pugta esewan edýän gyzyň üst-başyndaky päkizelik görenleriň gözüni dokundyrýardy.

Topardaş ýigitleri Hurma sylag-hormat bilen ýüz tutýarlar. Gyz bolsa, bu bolup geçýän özgerişlikleri äşgär duýup, onuň özem haýran galýardy.

Bir gün bolsa, Hurmanyň kalbyny heýjana getiren waka ýüze çykdy. Onuň okuw esbaplarynyň arasyndan hatly bukja çykdy. Gyz haty uly tolgunma bilen okady. Haty topardaş ýigidi Şöhrat ýazan ekeni. Ol örän täsirli sözler bilen öz duýgusyny mälim edýärdi. Hurma haty okandan soň, ýoňsuz wagtlap gözlerini bir nokady dikip oturdy. Onuň maksady hasyl bolupdy. Olam indi bagtlylaryň biridi, olam indi söýülýärdi.

Hurma bada-bat jogap bermedi. Hatly bukjany telim günläp ýanynda göterip, pynhan setirleri gaýta-gaýta okap görýärdi. Şöhrat uzyn boýly, ümsüm ýigitdi. Küýi-köçesi diňe okuw bilendi. Beýle ýigidiň sözleri ýürekden bolmalydy.

Hurma ýigidiň pynhan duýgusyny hatyralap, özi ýaly hat üstünde jogap gaýtardy. Sahypany ýürekden çykýan sözlerden doldurdy. Ýöne hatyň manysy keltejik boldy. Ýüreginiň eýelenenligini, onda özgä ornuň ýoklugyny sypaýyçylyk bilen habar berdi.

Gyz ýüregi hakykatdan-da, eýelenipdi. Hurma birsyhly Merdan hakda oýlanýardy. Merdanyň nurana keşbi gyzyň kalbynda hemişelik orun alypdy.

Merdanyň Marala höwes etmegi, elbetde, Hurma üçin ýowuz urgy boldy. Ýöne mähriban adamyň goýberýän ýalňyşy ap-aýdyň bolup dur ekeni. Merdanyň ýalňyşýanlygyny Hurma jany-teni bilen duýýardy. Onuň Maral bilen gatnaşygynyň soňunyň puçlugyna düşünip durdy. Gyzy diňe, owadanlygy üçin söýüp bolarmy? Asla, munuň özi söýgümikäberi? Söýgi iki ynsanyň bir-birege bolan mähribanlygy dälmi, eýsem?!

Hurma Maral bilen Merdan hakynda bir agzam gürleşenokdy. Bu babatda Maralyňam kelam agyz dil ýarasy gelenokdy. Olar üýşüp teatra gidýärdiler. Maral her gezek bezenip-beslenip, Merdan bilen ogryn-ogryn garanjaklaşýardy. Olaryň yşky şunuň bilenem tamamlanýardy. Juwanlar biri-birine tarap mundan artyk bir ädimem golaýlaşyp bilenokdylar. Çünki, olar kesekidiler.

Zenanlar baýramynyň ýetip gelmegi bilen, gyzyň kalbyny gussa gaplap aldy. Baharyň ýyly demi köne duýgulary gozgaýardy. Ýüregiň teýinde dert baglap ýatan näzik duýgular gytmy, eýsem?! Gyz intizar nazary bilen töweregine garanjaklanyny duýman galýardy.

Hurma baýramçylyk günem adatdakylary ýaly, irden sport meýdançasyna çykdy. Howa aýdyp-diýip bolmajak gözel haldady. Golaýda ýagan ýagyş dünýäni suw-sil edipdi. Sport meýdançasyndaky gökje otjagazlaryň ýüzünde nemjagazlar bulduraşyp durdy. Gyz bu gün özüne adatdakylaryndan has artyk agram saldy. Ol sport meýdançasynyň daşyndan näçe aýlaw edenligini bilmedi. Ahyry sport

meýdançasyndan başyny aşak salyp gaýdan gyz, içki oýlary bilen mübtelady. Egni sport lybasly, ýeňil basyp gelýän Hurma häzir özüniň örän gözegelüwli görünýänligini oýuna-da getirenokdy.

Bolýan jaýlarynyň öňündäki belent basgançaga aýak basandan Hurmanyň ýüregi jigläp gitdi. Girelgäniň öňünde eli gül desseli Merdan garaşyp dur ekeni. Bada-bat süňňüne galpyldy aralaşan gyz syr bildirmezlige çalyşdy.

— Merdan, salam! Maralyň baýramyny gutlamakçy bolýamyň? Ýör, ýanyna bar-aý, bu wagt ol turandyr.

Merdanyň ýüzi boz-ýaz boldy. Tolgunmadan ýaňa, elleri sandyrap gitdi. Ýigit kynlyk bilen dil ýardy.

— Hurma, bagyşla, men ýalňyşypdyryn!

Ýigidiň gözleri gussalydy. Ol dogry garap bilmän, müýn bilen başyny aşak saldy.

— Hurma, sowgadymy kabul et. Men Maraly däl, seni gutlamakçy bolýan. Gelejekki baýramlaryňam gutlamaga maňa rugsat ber. Meniň ömürlik ykbaldaşym bol, Hurma!

Bu garaşylmadyk sözler Hurmanyň kalbynda ýyldyrym çakan ýaly etdi. Gyz gulagynyň duşunda ýaňlanyp duran mähirli sözlerden aýňalyp bilenokdy. Ol özüne uzadylan çemene tarap delmuryp bakýardy. Ýene şol, ter güllerdi... Ýene şol, köz ýaly gyzarýan çigildemlerdi...

Eginleri terezilenip duran, türgen gyz birden ejizläýdi. Bokurdagy hykga doldy-da, gözlerinden ýaş syrykdy. Ýüreginde kine dykyn alyp duran Hurma bir agzam gürläp bilmedi. Ýöne güllere tarap eliniň uzanlygyny welin, duýman galdy.



## SAPALY ZÄHMET
## (Hekaýa)

Mekanyň gulluk borjuny berjaý edip, oba gaýdyp gelenine eslije wagt boldy. Emma ol henizem esger lybasyny egninden aýranokdy. Egnine ýaraşyp duran bu lybas oňa aýratyn görk berýärdi. Mekan gullukdan ers-mers bolup geldi. Bedeninde ämert güýji duýýan ýigidiň hereketleri ynamlydy. Ol obanyň köçelerinde saldamly ädimler bilen gezelenç edýärdi. Diýseň-diýmeseň, onuň bu gylygy hemmeleriň hoşuna gelýärdi. Uly-kiçi diýmän, syratly keşbine guwanç bilen bakýardylar.

Esger lybasly ýigidiň ýüzi hemişe gülümsiräp durdy. Ondaky şähdaçyklyk ýakymly täsir döredip, göreçlerinde nähilidir bir, ünjüň barlygam bildirýärdi. Mekana ynjalyk bermeýän zat durmuş ýoluna gadam urmaklyga pursatyň ýetip gelenligidi. Bigam ýaşlyk döwri yzda galyp, indi gün-güzeranyň aladasy bilen bolmaly, belli-külli kär edinip, ýaşlary durugşan ene-atasyna medet bermelidi.

Mekan mekdepde okan döwri üýtgeşik zehini bilen tapawutlanman, gazanýan üstünligi o diýen süwitli däldi. Bolubilse orta gürpdedi. Synplarynda bäsdeşlik ýokary derejede bolup, geçilýän sapaklara jany-teni bilen ýapyşýan synpdaş oglan-gyzlar öňdelik üçin göreşýärdiler. Mekan başdan öz hetdini tanap, ylma-bilime ýapyşardan öz gorunyň egsikligine göz ýetirdi. Rysgyny başga ýerden gözlemelidigine düşündi. Ýöne nireden gözlemeli? Ynha, ýigidi oýlandyrýan zat şudy.

Mekan zähmetden gaça duranokdy. Onuň özüne ynamy ýetik bolup, islendik işiniň hötdesinden geljegine gözi ýetip durdy. Iş bolsa obada gyt däldi. Köpleriň edişi ýaly, kärendeçi bolup işläberende-de bolýardy. Emma ýigidiň ýürek höwesi bilen işläsi gelýärdi. Özüne söýgüli kär edinip, täze gözlegler bilen ýaşasy gelýärdi. Üstünlik gazanyp, göwün kanagadyny tapasy gelýärdi.

Synpdaş dosty Şatlygyň aýdan sözleri Mekanda uly täsir döretdi. Şatlyk ümsüm häsiýetlidi. Ol hiç wagt özüne uly ähmiýet berip ýörmezdi. Ýöne onuň kalbynda besläp ýören arzuw-islegleriniň çägi ýok. Bir gezek ol Mekanyň ýanynda çyny bilen ýüregini açdy.

— Mekdebi tamamladygym, çopan taýagyny elime alyp, meýdana kakamyň ýanynda goýun bakmaga gitjek. Emma meň üçin welin, şu kärden gowy kär ýok. Dost jan, ynan, tebigat bilen ýüzbe-ýüz bolýaň. Onuň hemme gylygyny duýýaň. Onuň üstesine-de, gör, nijeme jandarlaryň aladasy bilen ýaşamaly. Bu diýseň, manyly durmuş.

Adamyň hatyrasy, elbetde, bitirýän işi bilen kesgitlenýär. Mekan oýlanyp otursa, deň-duşlarynyň hemmesi aýak üstündedi. Köpler bilimini artdyrmagyň küýünde. Ynha, olar hä diýmän, ýokary bilimli hünärmenler bolup ýetişer. Obada galanlaryňam hersi bir iş bilen mübtela. Her kimiň kalby buýsançly, ýüregi hyjuwly.

Golaýda Mekanyň synpdaşlarynyň biri durmuş toýuny toýlady. Toýa synpdaşlaryň hemmesi gatnaşyp, oglan-gyz diýmän, toý saçagynyň başynda jem bolundy. Şatlykly geçen bu dabarada Mekan nähilidir bir, geň duýgyny başdan geçirdi. Göwnüne bolmasa, oňa isleýşiçe ähmiýet berilmeýän ýalydy. Synpdaşlarynyň hemmesiniň özlerinden göwni hoşdy. Olaryň hiç biriniň «sen ekeniň» diýip, gaýra durjagy ýok, hemmeleriň ümzügi öňe. Özgelere özüňi

sarpaladaýmak ýeňil-ýelpaý iş däl ekeni. Lukmançylyk uniwersitetinde üstünlikli okap ýören Güljana bolsa, hemmeler hormat bilen bakýardy. Onuň ezberligine hemmeler kaýyl. Güljan mekdep döwründe-de örän gowy okaýardy. Bu janypkeş gyza biygtyýar hormat döreýär. Onuň henizem şol okgunly gadam urup barşy.

Mekan kalbyndaky örç alýan oýlara bäs getirmän, meýdana çykýardy. Ýowşanly alaňlaryň arasynda ýoňsuz meýdany külterleýärdi. Agşamara bolsa, ýene oba içinde gezelenç edip, ýörkä ol synpdaş gyzy Jemilä duş geldi. Jemile öýleriniň deňindäki güllere ideg edip ýördi. Ol Mekany görenden hemişekileri ýaly, kinaýaly sözlerini oklady.

— Gyw, oglan, işe başlaman, henizem söw-söw syryp ýörmüň?

Mekan synpdaş gyzyň duzluja sözlerine öwrenşilgidi. Şonuň üçin göwnübir ýaly jogap gaýtardy.

— Men işe başlajak welin, göwni belent gyzlaň, heý, ýylgyryp bakjagy dagy ýokmuka diýip aýlanyp ýörşüm.

— Mynasyp bolup bilseň, gyzlar hemişe-de ýylgyryp bakýa.

— Jemile, seň bolşuň birjigem üýtgemändir. Şol ýigitlere göwniýetmezçilik edip ýörşüň.

— Meň göwnüýetmezçilik eder ýaly, ullakan göwnüm ýok, ýöne şony awlardanam gaýratyňyz pes bolýa. Ýigrendigim nalajedeýin lellimler!

— Lellim diýýänleň içinde-de, birjigine ýylgyryp bakaýmaly ekeniň. Ýogsam ojagaz bagtam gideräýme.

— Azara galma, idelmän galasym ýok.

Jemile bilen arada emele gelen bu ýakymsyz söhbetden Mekan ejap edip, sesini pessaýladyp ötünç soramaga gyssandy.

— Jemile, bagyşla, seň bagta duş boljagyňa birjigem şübhelenemok. Bagtyň daş ýarsyn!

Bu hoşamaý sözlerden soň, gyz birneme suslandy, uludan dem alyp, uzaklara nazar aýlady. Onuň häzir kalbynyň joşgunlydygy bildirip durdy. Emma ýagşydan-ýamandan sesini çykarman, ýene işi bilen mübtela boldy.

Mekan mundan artyk eglenmän, çalt hoşlaşdy-da, ýoluny dowam etdi. Ýigit indi birsyhly Jemile hakda oýlanýardy. Jemile görmeklidi, ýöne häsiýeti agrasdy. Eginleri terezilenip duran dogumly gyzyň ala-ýaz bolup ýören çagy azdy. Ýollary bir bolansoň, Mekan köplenç Jemile bilen mekdepden bile gaýdýardy. Emma näme üçindir, juwanlaryň arasynda hemaýyn söhbet bolanokdy. Jemile deň gadam urman, yzrakdan ýöreýärdi. Şeýle pursatlarda Mekan ýakymsyz duýgyny başdan geçirip, göýä, gyzyň oňa pisindi oturmaýan ýalydy. Ýeňsesinden gyjytly nazary duýýan ýigidiň mazasy gaçýardy.

Ýöne Jemile yzgytsyz bolsa-da, Mekan näme üçindir, onda özüne bolan ýakynlygy duýýardy. Bu örän gaýratly gyza bolan ýüregindäki näzik duýgyny syzýardy. Şonuň bilen birlikde-de, onuň özünden edýän talabyny ödäp bilmeýänliginiň ahmyryny çekýärdi. Mekan öýüň lälijegi, ýumry-ýumşak ene-atanyň oda-yssa dözmän ýören göz-guwanjydy. Onuň tebigatyndaky bigam parhsyzlyk, belki, şol sebäpli ýüze çykýandyr. Ýigit kyn-gyssag görmän kemala gelipdi.

Mekan şol gün adatdakylaryndan has köp gezelenç etdi. Kalbyndaky gopýan galagopluk oňa rahatlyk berenokdy. Oýa batyp, obanyň çetki köçesine düşen Mekan birden täsin görnüşiň şaýady boldy. Onuň öňünde täze gurlan jaýlar hatar gurap, biri-

birinden kaşaňdy. Olaryň diwarlarynyň, üçekleriniň ýiti reňki gözüňi dokundyrýardy. Bu ýeri has gowy yşyklandyrylandy. Howasam üýtgeşik ýaly bolup durdy.

Oklaw ýaly göni köçeden ilgezik gadam urýan Mekanyň kalby joşgunlydy. Ol barha gadamyny batlandyryp, has aňyrlaryk aýlandy. Täze gurlan jaýlar dogrudanam, täsin görnüşde bolup, olar döwrebap biçüwde gyradeňdiler. Diňe jaýlaryň özi däl, töweregem enaýy görnüşdedi. Ekilen baglara täze usulda ideg edilýärdi. Howlulardaky daş ýodajyklar mellegiň aýagujyna çenli uzap gidýär.

Bu künjek täze paýlanyp berlen mellek ýerleri bolmaly. Ýaşaýjylaram kileň obanyň ýaş çatynjalary. Ýaşlaryň durmuşa bolan garaýyşlaram üýtgeşik geläýýän ekeni. Bedenine ýakymly argynlyk aralaşsa-da, Mekanyň şol keýpihon aýlanyp ýörşüdi. Mekan birden garşysyndan gelýän Nurýagdyny görüp, diýseň begendi. Ol synpdaş dosty bilen ýitirip-tapan ýaly gadyrly görüşdi. Oňa kalbyndaky joşguny paýlaşmaga hemdem tapylypdy.

— Dost jan, tüýs wagtynda duşduň. Häzir men şatlygymy kim bilen paýlaşjagymy bilemokdym. Bu ýerlerini ilkinji gezek görýän. Gör, nähili gözellik!

— Hawa, dost, bu ýerleri özgerip gidipdir. Gysga wagtyň içinde örän köp iş bitirilipdir. Menem haýran galýan.

— Özem hemme zat göwnejaý edilipdir, edil bolsady ekilen ýaly!

Mekanyň bu sözlerinden soň, Nurýagdynyň gylawy birneme peselen ýaly boldy.

— Dost jan, o diýen mahabat berip durma. Oňarylmadyk ýerlerem bar.

Mekan geňirgenmek bilen dostunyň ýüzüne garady.

— Nurýagdy, o näme diýdigiň bolýa?

— Ýör, men saňa has düşnükli bolar ýaly, käbir zatlary görkezeýin.

Nurýagdy şeýle diýip, Mekany yzyna düşürip alyp gitdi. Ol uzak ýöremän, howalanyp duran uly jaýyň deňinde aýak çekdi.

— Şu jaý agamyň jaýy, nähili gurlupdyr?

— Birenaýy jaý, diýseň kaşaň!

— Hawa, daşyndan kaşaň görünýä, ýöne içine giribem bir baha ber.

Nurýagdy heniz göçülip gelinmedik täze jaýyň gapysyny açdy. Reňkiň ysy gelip duran ötlem-ötlem otaglar biri-birinden giň tutulypdyr.

— Ýeri nähili?

— Men-ä dost jan, at dakyp biljek däl.

— Sen at dakyp bilmeseň, men göwnüme jaý däl ýerlerini aýdyp bereýin. Jaý gereginden artyk uly gurlupdyr. Munça otaglaň näme zerurlygy bar?! Däliziň biçüwi o diýen oňaýly bolman, otaglaryň arasy üzňe. Hiç çaganyň üzňe otagda ýeke özi oýnasy gelmez. Olar ejeleri nirede bolsa, şo ýerde bolmagy gowy görýärler. Şoň üçin maşgala ojagynda enäň boljak ýerine köp orun berilmeli. Agamyň bu hanwar ýaly, jaýynda bir otagda mydar ediler, beýlekilerem boş durar.

Nurýagdynyň aýdan sözleri Mekany oýlandyrdy. Ol dostunyň häsiýetine beletdi. Onuň hemişe geň sözleri aýdybermesi bardy. Nurýagdy öz düşünjesi, pikiri bilen ýaşaýardy. Mekan dostunyň bu gezekgi eden belligi bilen ylalaşjagyny-ylalaşmajagyny bilmese-de, ertekilerdäki köşki-eýwany ýada salýan zynatly öýi höwes bilen synlady.

Gaýdyp gelýärkäler Mekan öz öýleri hakda oýlanýardy. Ir döwürde gurlan jaýlary häzirki gurulýan kaşaň jaýlaryň ýanynda horoşaja görünýärdi. Mekan ahyrsoňy öz pikirini mälim etdi.

— Nurýagdy, menem jaýymyza täzeçe görk beresim gelýä. Ony nähili edip, has gowy özgerdip bolar? Şu barada maslahat bersene.

Nurýagdy sakga aýak çekdi, golaý-golaý süýşüp, içgin gürledi.

— Dostum, siziň jaýyňyzy özgertmek kyn düşmez. Sebäbi binýady belent tutulan, diwarlary sagdyn. Diňe penjiredir gapylaryny çalyşmak ýeterlik. Otaglaryňam biçüwini birneme üýtgetmeli bolar. Däliz bilen alynky otagyň arasyndaky diwary aýyrsaň, has oňaýly boljak. Giňişgenlik bolup, beýleki otaglaram golaýa süýşen ýaly bolar. Dost, isleseň işe desbi-dähel başlaly. Menem kömek edeýin. Şu wagt näler işläsim gelýä. Sanlyja günüň içinde öýüňizi tanalmaz ýaly ederis.

Nurýagdynyň teklibine Mekanyň gözleri uçganaklap gitdi.

— Sag bol, dost! Işi jäht tutarys.

Ökjesi ýeňlän ýaly Mekan öýlerine gelip, howlularynda kän gezmeledi. Soň jaýa girip, ähli otagyň çyrasyny ýakdy. Ol birlaý öýi gözden geçirip, alynky otagda çaý içip oturan ejesi bilen kakasy ogullarynyň bolşuny geňledi.

— Mekan jan, näme sebäpli biynjalyk bolýaň? Näme aladaň bar?

— Eje, obamyz özgerip gidipdir. Her kim jaýyna täzeçe zynat berýä. Bizem çetde durman, jaýymyzy timarlalyň-la.

— O diýýäniň dogry oglum, toýdan öň jaýymyzy bejersek, kem-ä bolmazdy. Ýöne gele-gelmäne, janyňy oda salybermesene.

— Ýok, eje, dessine işe başlaýyn. Nurýagdam kömek edeýin diýýä. Ýöne siz wagtlaýyn howludaky jaýa geçseňiz bolýa.

Häliden bäri sesini çykarman oturan Annaberdi aga göwünsiz dillendi.

— Jaýyň nämesi kem?! Çalak-çulak timar berip oňaýsana, oglum.

— Ýok, kaka, ýapyşanymyza görä, işiň kemini goýmalyň-la.

Uzaga çekmedik geňeşden soň, maslahat birikdi. Mekanyň ýüregi aýdyp-diýip bolmajak hyjuw bilen dyzynýardy. Nurýagdynyň edýän teklibi bolsa aýgytly boldy.

— Öýdäki goşlaryň hemmesini çykarmaly. Köne suwagy goparmaly. Iň esasam, ynha, şu diwary aýyrmaly.

Mekan Nurýagdynyň açyk göwünliligini hemişe gowy görýärdi. Ony özüniň ýakyn dosty hasap edýärdi. Nurýagdy indi hasam janaýamazak haldady. Ol göýä, öz jaýlaryny bejerýän ýaly, ynamly deprenýärdi. Mekan dostunyň tabşyryklarynyň hemmesini ikirjiňlenmän ýerine ýetirýärdi.

Ýigitler önjelikli işledi. Ilki sökülmeli işler berjaý edildi. Daş-töwerek durşuna çaňa basyryldy. Jaýjagazlarynyň hoňkaryp galan penjiredir gapy ýerlerini gören garrylar, ör-gökden geldi. Emma salym geçmänkä, olaryň ýerinde peýda bolan täzejelerini görüp birneme ynjaldylar.

Nurýagdy gurluşyk işine ezber ekeni. Ol ýerine ýetirilmeli işleriň hemme görnüşiniňem hötdesinden gelýärdi. Asyl bu ýerde ýaýdanyp oturasy zadam ýok ekeni. Niýetiň bitirmek bolsa, hemmesi ugruna bolup barýardy. Mekanam işiň abyny-tabyny ele alýardy. Oňa Nurýagdynyň diňe bir gezek görkezmegi ýeterlikdi.

Mekanyň eli işde bolsa-da, göwni dürli hyýallar bilen dolup-daşýardy. Ol eýýämden öý-goşlaryny täzeçe ýerleşdirmegiň gamyny iýýärdi. Öňki goşlarynyň

köpüsini täzelemelidi. Otag ösümliklerine köp üns bermeli. Diwaryň ýüzüni tebigatyň gözel görnüşi şekillendirilen çarçuwaly suratlardan doldurmaly. Däliziň ahyrynda bolsa, juda uly suraty asyp goýmaly. Mekanyň bu pikirini Nurýagdam goldady.

Mekanyň birden özüne bolan ynamy artdy. Şujagaz bitirilen işem ony ganatlandyrýardy. Näme üçin hemişe şeýdip işlemeli dälmiş?! Yhlas bilen çekilýän zähmetiň sapasy başgaça ekeni. Indi görüp otursa, ýigit şeýle manyly durmuşy küýsäp gelipdir.

Jaýyň içiniň işleri tamamlanandan, Mekan uly dabara gurady. Ejesi bilen kakasyna içerini görkezip çykdy. Bu dabara durmuşa çykan dogany Aýnabadam çagyrdy. Mekan şu wagta çenli olaryň hiç haýsysyna edýän işlerini görkezenokdy.

Ilki alnan täsir üýtgeşik boldy. Düýpgöter üýtgäp giden içeri, dogrudanam, enaýy bolup durdy. Garrylaryň ýüzündäki hoşallygy aýdyp-diýer ýaly däldi. Onda-da bu gözelligiň perzentleri tarapyndan döredilmegi olary has-da guwandyrýardy. Kemala gelen mähriban öýündäki özgerişligi görmäge çagalary bilen gelen Aýnabadyň bolsa, huşy başyndan uçupdy. Ol şatlygyna ellerini çarpyp ýörşüne, minnetdarlygyny nähili beýan etjegini bilenokdy.

— Eliňe güller bitsin, jigim jan! Indi atam öýüme uly guwanç bilen gelerin.

Ýigitler indi jaýyň daşyna täzeden suwag çekip, soň howlynyň içini özgetmekçidiler. Uly depgindäki çekilýän zähmet dostlaryň ikisinem taplady. Olar indi hasam syratlanan ýalydy. Işe başbütin berlen ýigitleri garaşylmadyk bir ýagdaý tolgundyrdy. Görseler deňlerinden Jemile geçip barýan ekeni. Mekan synpdaş gyzyň ýanyna nähili ylgap baranyny bilmedi.

— Jemile, sowul-da, biziň bitiren işimizi görsene.

Tekepbir gyz göwnüýetmezçilik bilen seňrigini ýygyrdy.

— Işleýşiňizi görüp durun-a, öwgüli söz aýdyp biljek däl.

— Jemile, sen jaýyň içini görüp baha ber. Biz yhlasymyzy gaýgyrmadyk.

Ýigit şeýle diýmek bilen ylgap, jaýyň gapysyny açdy. Gyz boýun gaçyryp durmagyň ebeteýini tapmady.

— Görsem göreýin, ýöne synym oturar öýdemok.

Özüni gedem alyp barýan Jemile göwünsiz bosagadan ätledi. Emma öýüň gözel görnüşi gyzy bada-bat haýran galdyrdy. Öý dogrudanam, täsin görnüşdedi. Täsinligi göz öwrenişen adaty şekilde däldigidi. Däliz geň halda aýlaw edip, hol, aňryk uzap gidýärdi. Onuň ugrunda boýlaryny kemsiz alan otag ösümlikleri ýerleşdirilipdir. Ahyrky diwaryň ýüzüni daşy zer çarçuwaly äpet surat tutup dur. Tebigatyň gözel görnüşi şekillendirilen bu suratdan gözüňi aýrasyň gelenok. Belent otaglar ýagtydy, nepis bezeglidi. Däliziň öwrüm edýän ýerinden beýläk düzülip goýlan diwandyr kürsüler geň duýgy döredýärdi.

Içerini birlaý synlap çykan Jemiläniň tolgunýanlygy görnüp durdy. Onuň tekepbirliginden nam-nyşan galmandy. Ýüzüne al reňk çaýylan gyzyň Aý dek jemaly geň halda öwşün atýardy. Mekan ony hiç wagt beýle halda görmändi. Jemile ejap bilen başyny aşak salyp, üýtgeşik ses bilen dillendi.

— Mekan, şu zatlary dogrudanam, özüň etdiňmi?

— Hawa, Jemile, öz zähmetim bilen döretdim.

— Öň näme üçin şeýdip işlemediň?

Gyzyň bu geň sowalyna Mekan birbada näme jogap berjegini bilmedi. Emma birden hakydasyna bir zat gelen ýaly, gyssanmaç gürledi.

— Jemile, bagyşla, şu wagta çenli tamaňy ödäp bilmedim. Indiden beýläk maňa ynam et, Jemile! Men hakyky zähmet ýoluna düşdüm. Indiden beýläk hemişe-de şeýle işlärin. Tüýs ýürekden haýyş edýän, Jemile, maňa ynam et! Meniň ykbaldaşym bolmaga razylyk ber. Men saňa mynasyp ýar bolaryn.

Gözlerini näzli süzen gyz, intizar nazar aýlady. Hemişeki tekepbir bakyşly nerkes dideler indi guwanç bilen balkyldaýardy.



## ÝAR KALBYNYŇ SEDASY
**(Hekaýa)**

— Merdan, söýgüsine biwepalyk eden her bir gyzyň edişi ýaly, menem bu haty saňa iru-giç ýazmalydym. Ykbalymyň keç bolanlygyndan zeýrenmelidim. Saňa eden wadamdan ýüz döndermeklige özümiň mejbur edilenligime seni ynandyrmaga çalyşmalydym. Durmuşyň ýowuzlygyny gaýta-gaýta nygtap, naçar magşugyň günäsini ötmekligiňi towakga etmelidim. Ahyrynda-da, aýra düşenligimize garamazdan, seni henizem söýýänligime ant içip, hiç wagt unutmazlygy wada bermelidim.

Emma, Merdan, şeýle mazmunly haty ýazmaga meniň bognum ysmady. Ähdime ikilik edenligimi kişi kimin boýun almaga gaýratym çatanokdy. Men ygrarsyzlygymy ýuwmarlamaga tutaryk gözleýärdim. Emma goýberen hatamyň mojuklygy köre hasady. Günüň öňüni etek bilen ýapyp bolmaýşy ýaly, hakykat hakykatlygyna-da galýardy. Wadamdan ýüz döndermäge meni hiç kim mejbur etmändi. Oňa meniň hut, özüm döwtalap bolupdym.

Merdan, gel, gowusy men hemmesini başdan bolşy ýaly beýan edeýin. Aýgytly pursatda özümiň nähili ýan berenligim, goý, saňa-da aýan bolsun.

Seniň harby gulluga çagyrylan şol tomsuň ahyrlarynda, bize şäherde ýaşaýan Gülendam daýzam görme-görşe geldi. Daýzamyň gelenligini men iş üstündekäm bildim. Näme üçindir, şol gün keýpim çagdy. Biz obanyň golaýjagyndaky atyzlarda otag geçirýärdik. Iş diýer ýaly işem ýokdy. Gowaçalar indi kemsiz boý alyp, gül-pürçük bolup otyrdy.

Men işden soň, boýdaşlaryma-da garaşman, ylgaşlap öýümize gaýtdym. Gelşime-de daýzamyň boýnundan halka bolup ildim. Daýzam bu gezegem meni wagty bilen sypdyrman, ýüz-gözümden öpüp, irginsizlik bilen hal-ahwal soraşdy.

Gülendam daýzamyň her gezek myhmançylyga gelmegi biziň üçin uly şatlykdy. Çünki, biz ony örän gowy görýärdik. Kyrk bäş ýaşlar çemesindäki görmekli daýzam mähir-muhabbetden ýasalan ýalydy. Onuň üst-başyndan kükeýän hoşboý ys, bize del görünýän şäher biçüwli geými, merhemetli sypaýylygy hoşumyza gelýärdi.

Daýzam ejemiň garyndaş ugrundan bolup, biziň bilen ýakyn gatnaşýardy. Ol çil-çüp çagaly ejem bilen ýürekdeşdi. Daýzamyň gelmegi bilen şol gün içerimiz ala-ýazdy. Daýzam bilen ejem gapymyzdaky tagta sekiniň üstünde jigilerimi daşyna üýşürip, gijäniň bir mahalyna çenli hemaýyn söhbet etdiler. Olaryň gürrüňine diň salyp oturmak ýakymlydy.

Gije birçene baransoň, ejem bilen daýzam jigilerimi alyp, ýatmak üçin öýe girdiler. Özümden kiçi oglan jigim bilen men daşarda gyşardyk. Tomus ahyrlap ýörensoň, indi gijelerine howa birneme çigreýärdi. Tämizlenen asmanyň ýüzündäki patrak ýaly ýaldyraşyp duran ýyldyzlar älem-jahany ýagtyldyp durdy.

Näme sebäpdendir şol gije gözüme çiş kakylan ýaly boldy. Ýüregim ersip, kalbymdaky duýgular möwjäp durdy. Gije ýarymdan agansoň-a, ýerimden zöwwe-zöwwe galyberdim. Üzümli pellerimizden aralaşýan sergin howa ukymy hasam kowýardy.

Birden men aňyrdan dyňzap gelen duýgularyma bäs gelip bilmän, gözýaşa boguldym. Özümi ele aljak bolup, eden synanyşyklarym netije bermän, suw-sil bolup akýan gözýaşym tutuş ýakamy ezdi. Men soňabaka hünübirýan aglamaga başladym. Horkuldymyň eşidiler gorkusy bilen bolsa, ýorgany pugta başyma büreýärdim.

Meniň hiç wagt şeýle horluk çeken wagtym bolmandy. Bu meniň kemala gelip, kalbymda jem bolan heserimiň birden alaw bolup çyrpynmasydy. Gyz göwnüm ýukalypdy. Özümiň bu eziz ojaga diňe myhman ekenligim baradaky oý-pikirler meni otdan alyp, suwa atýardy.

Özümiň naçarlygymy men soňky wagtda her bir zatda äşgär duýýardym. Öýdäkileriň maňa bolan garaýşy düýpgöter üýtgäpdi. Indi maňa hemişekiler ýaly dözümli daramaýardylar. Hatda hemme babatda maňa basdaşlyk edýän oglan jigimem meni gaýgyrýan ýalydy.

Gülendam daýzamyň bu gezekki gelmegi, nämüçindir meniň kalbymda şübhe uçgunyny döretdi. Göwnüme bolmasa, ejem bilen daýzam menden syr saklaýan ýalydy. Olaryň öýe girensoňlaram ýatman, uzak wagtlap gürleşip oturmaklary şübhämi hasam artdyrýardy. Daýzamyň menden bäş-alty ýaş çemesi uly ogly bardy. Ýokary okuw jaýyny tamamlap, täzelikde işe başlan Nazar daýzamyň ýeke dikrarydy. Men oňa näme üçindir, şu wagta çenli ähmiýet bermän gelipdim.

Daýzamyň bu gezek sözaýdyjy bolup gelenligine ynanýardym. Sebäbi ozaldan bäri maňa göz gyzdyryp ýören bolmagy mümkin.

Meniň başymda ahyrzaman gopýan ýalydy. Ykbaldan nalap, alaçsyzlykdan näderimi bilemokdym. Emma aýgytly pursatda bagt üçin göreşmeklik, aýak diräp özümiňkini gögertmeklik welin, ýadyma-oýuma-da gelenokdy. Gara gaýgym özüm bolup, biçäre halyma gyýylyp, gözýaşa boglup, dady-perýat edip aglaýardym. Özümem çekýän nalamyň yzaly däl-de, tersine datlydygyny erksiz duýýardym. Ýeri,

ol wagtky dökýän gözýaşymyň sütem ahy bolman, diňe durmuşa çykýan gyzyň ýürek heseridigini nireden bileýin?!

Ýazgyda kaýyl bolaýmakdan başga çäräniň ýoklugyna gözüm ýetikdi. Şonuň üçin geljekki ykbalymyň nähili boljaklygyny anyklajak bolup azara galýardym. Öňki arzuw-hyýallarym bir zarbada berbat bolupdy. Olaryň öwezini täze, durmuş hakykadyna has golaý etsem-petsemler bilen doldurmalydy.

Meniň süňňüme ýeňillik aralaşyp, galagop kalbym rahat tapypdy. Serim aýdyň, pikirlerim ýyldyrym çaltlygynda hereket edýärdi. Geljekki durmuşymy men şeýle bir ynam bilen aňymda bina edip, onuň amala aşjagyna sähelçe-de şübhelenmändim.

Men hyýalymda daýzamyň ogluna durmuşa çykýardym. Şäherdäki çaklaňja jaýymyzda gurjak durmuşymyz maňa ertekilerdäki ýaly täsin görünýärdi. Hyýaldaky şirin göwün ýüwürtmelerimde geljekki adamymyň keşbi umumy görnüşde salgym atýardy. Jikme-jiklikde men ony göz öňüne getirip bilemokdym. Çünki içgin synlamamsoň, Nazaryň ýüz-keşbi, edim-gylymy maňa o diýen tanyş däldi. Maşgala surat depderimizde Nazaryň suratlary bardy. Şolara ser salyp görmeklik geljekki ykbaldaşymyň anyk keşbini arzuw-hyýallarymda janlandyrmaga ýardam etjekdi. Onsoň men sabyr-takat etmän, gijäniň birmahaly düşegimden turup, göýä ogurlyk edýän ýaly, assyrynlyk bilen içki otagymyza geçdim. Ejem dagynyň süýji ukudadygyna mazaly göz ýetirenimsoň, çyrany ýakyp şkafyň gözünden suratly depderi aldym. Eliňe agram berip duran küti depderiň gatlaryndan özüme gerek suratlary tapyp, olara uzak wagtlap seredip oturdym. Özümiň şol gijeki bolup ýörşümi ýatlamda, häzirem ýüzüm lap-lap gyzýar.

Hawa, Merdan, şol gije men şeýdip ymykly göwnümi böldüm. Ertesi düýbünden başga köçeden gopýardym. Ertirlik edinip otyrkak, sülmüräp akaýjak bolýardym. Işe ugramazymyň öň ýanynda welin, galdym bir azara. Kelläme birden daýzam söz aýtmasa näderkäm diýen sorag geldi. Gaýa-gopuz ýok ýerden başagaý bolup ýören bolmaýyn?!

Içki jaýymyzda güýmenjiräp ýörşüme durkum bilen ejem dagynyň oturan otagyna diň salýardym. Işe ugrara çen bolanam bolsa gyssanamokdym. Tolgunjyma ýüregim agzymdan çykyp gelýärdi. Men ahyrsoňy dälize çykamsoň, garaşýan çakylygym eşidiläýdi.

— Göwher, hany, bärik gir.

Ejemiň sesi meni tok uran ýaly etse-de, derim giňäp gitdi. Men gapydan boýnumy uzadanymda, galpyldymy zordan saklaýardym. Ejem bilen daýzamyň halam meňkiden öwerlikli däldi. Olar göýä ogurlykda tutulan ýaly, müýnürgeşip otyrdylar.

— Gyzym, daýzaň bu gezek habarly gelipdir. Göwheriň halaşýany bolmasa, özüm gelin edinäýjek diýýär — diýip, ejem uýala-gorka habaryny berdi.

Men gapynyň öňünde söm bolup durşuma jogaby eglemedim. Öňümde neresse çaga ýaly, boýnuny burup oturan mähriban daýzamy begendirmek üçin gyssandym.

— Meniň halaşýanym ýok.

Şol gün men işde heserlän ýaly dünýä sygamokdym. Bir ýerde kanagat tapman, çar ýana urunýardym. Gülýänimi ýa aglaýanymy özümem bilemokdym.

Syrdaş joram mendäki üýtgeşikligi dessine duýdy. Ol meniň gürrüňimi üns bilen diňledi-de:

— Esgeri nätjek? — diýip, sorady.

Men uzaklara garap durşuma, gözýaşymy sylyp, elimi silkip goýberdim.

Günortan naharyna öýe gelemde, daýzam heniz gitmän ekeni. Ol göýä, maňa garaşyp oturan ýaly, görenden turmak bilen boldy. Biz daýzamyzy ugratmak üçin, daş çykanymyzda ol birden bozuldy-da, meni garsa gujaklady. Ýüz-gözümden öpüp, gözýaş etdi. Bu ýagdaý ejem ikimiziňem damagymyzy doldurdy. Biz daýzamyzy uly tolgunma bilen ugratdyk.

Şondan soň, tiz wagtyň içinde biziň durmuş toýumyz tutuldy.

Ine, Merdan, bolup geçen ahwalat-a şeýle. Görşüň ýaly, saňa beren wadama ikilik etmäge meni hiç kim mejbur etmändir. Gaýtam, muňa meniň hut, özüm ilgezik bolupdyryn. Şeýle gabahat ýola gadam urmaga nähili aýgyt edenligime haýran galýaryn. Özümiň näderejede günä iş edenligimi ýatlanymda bolsa, öwhüldäp ýakamy tutýaryn.

Meniň günüm çydamsyz ýagdaýdady. Joralarymyň çykaran hokgamy unaýany ýokdy. Olaryň käbiri hut ýüzümi dalaýardy. Toýumyň nähili geçenini bilmedim. Dumly-duşdan ýazgaryjy, sowuk nazarlaryň awuly neşterini duýýardym. Eşidiler-eşidilmez oklanýan towly sözlere diş gysyp çydam edýärdim.

Emma, geň ýeri, edenime ökünemokdym. Nämäniň hatyrasyna il gargyşyna özümi sezewar edýänligime düşünmesemem, pälimden gaýdarly däldim. Ýok, bu kesirlik däldi. Men özüme garşy özüm göreşýärdim. Kalbymyň çuň ýerinde ýanbermez bir güýç erkime ygtyýar edýärdi.

Soňky durmuşymdan söz açsam, ol hakykatdan hem, göwnümde besleýşim ýaly täsin boldy. Ojagymy täzelemegim bilen meniň öňümde täze döwür başlandy. Ümsümje oba ýaşaýşymyzdan soň, şowhunly şäher birbada darykdyrjak ýaly etse-de, daýzamyň penasynda özümi ähtibar duýýardym. Daýzama bolan söýgim meni aldaman ekeni. Daýzam hakykatdanam, meniň bilen rakypdy. Onuň maňa bolan yhlasynyň enä ýa syrdaş jora mahsusdygynam bilemokdym.

Daýzamyň mährine maýyl bolup, adamym bilen öwrenişip gidenimem duýman galypdyryn. Nazar bilen turuwbaşdan ümümiz alşyp gitdi. Ol uzyn boýly, görmegeýligine garamazdan, çaga ýaly sadady. Onuň bilen gürleşip oturmak ýakymlydy. Giň göwrümli, hemişe sowukganlylygyny saklamagy başarýan Nazar meniň tükeniksiz soraglaryma ýaltanman jogap gaýtarýardy.

Nazar köp işleýärdi. Ol işden surnugyp gelensoňam, gijäniň birwagtyna çenli çyzgylaryna güýmenýärdi. Onuň pişesinden meniň başym çykanokdy. Ýöne päsgel berýänligime garamazdan, töwereginde köwlenjireýärdim. Maý tapdygym habar gatyp, ünsüni bölýärdim. Nazar şonda-da gatyrganyp, gaty-gaýrym zat diýmezdi. Diňe käwagt bir başyny göterip, maňa tarap mylaýym nazaryny aýlaýardy.

Men adamyma ysnyşdygym saýy, ol hakda köp oýlanýardym. Onuň nurana keşbi ýüregimde orun alypdy. Nazaryň öýde ýok wagty bitakatdym. Oňa garaşýanlygymy özümem duýmazdym. Kämahallar bolsa, göwnüme ýok zatlar gelip, gam-gussa batyp, hamana şeýle nazarkerde, akylly ýigide mynasyp däl ýalydym.

Meniň howsala düşmegim essassyzam däldi. Men adamymyň özümden rüstemligini, onuň durmuş tejribesiniň artyklygyny her ädimde äşgär duýýardym. Edep-ekramda, görüm-göreldede zyýadalygyny islesem-islemesem boýun almaga mejburdym. Sadalygy sebäpli, başda göze ilip durmaýan ýagşy gylyklary ýuwaş-ýuwaşdan ýüze çykýardy. Ony tanadygymça, oňa hormatym artyp, özüme bolan ynamym bolsa, şonça egsilýärdi.

Men soňabaka egsikligime müýn edip ejizlejek boldum. Birhili howum basylyp, dünýäm daralypdy. Sähel ýerde aljyrap, elimi-aýagymy ýitirýärdim. Adamym mendäki bu üýtgeşikligi aňmalydy. Emma ol ýagşydan-ýamandan syr bildirmän, maňa edýän hoşamaýlygynda çetiňe degiji äheň duýlanokdy. Nazar döwüniň zorlugyna eselmän, gaýtam pespällik bilen maňa ýaşyryn hemaýat berýärdi. Men adamymyň belent mertebeliliginden ýüzde-müň razydym.

Biziň durmuşymyz parahat dowam edýärdi. Biri-birine çalymdaş, asuda günler duýdansyz geçip durdy. Bu imisalalyk ýüregimi gysdyranokdy. Çünki, men mähir bilen gurşalypdym. Günüm çaga pişigininkiden kem däldi. Küýi-köçesi diňe işleri bolan adamym bilen daýzam ownuk oňşuksyzlyklardan daşdady. Olar päk zähmetden döwlet tapýanlara mahsus, göwrümi giňlik bilen meni eljiredýärdiler. Ýagşymy ýaýyp, ýamanymy ýaşyrýardylar. Men bu çirksiz ynsanperwerlige gadyr-gymmat goýýardym.

Göräýmäge, meniňki gülala-güllik ýalydy. Mundan eşretli ýaşaýşy göz öňüne getirmegem mümkin däldi. Ýöne men ünjüli bolup, bu lezzetli günleriň mazasyny bilemokdym. Meni wyždanym horlaýardy. Obadan uzakda bolsamam, ýazygym ýüzüme basylyp durmasa-da, özümi müýnli duýýardym. Ykbalymyň peşgeş beren bu sapaly durmuşy bolsa, göýä, biwepalygymyň baýragy ýaly, bokurdagymda tegek bolup durdy.

Müýnlilik ýaman zat eken! Ynsabyň öňünde diliň kelte bolsa, dünýäň dolulygynyň mazasy ýok. Ikirjiňlenmeler meni halys igiledip, ýazyň çykmagy bilen bolsa, mende geň ahwalatlar ýüze çykyp başlady. Men birhili ýeldirgän ýaly bolaýdym. Hiç janyma jaý tapamokdym. Ylaýta-da, öýde ýalňyz galan wagtym halym harap bolup, otly köýnek geýip, otagyň içinde ters öwrülip ýörşüme, göwnüme beterinden beteri gelýärdi.

Bir gün halys çydap bilmedim. Derdimi kimdir birine egismesem, ynjalmajagyma gözüm ýetdi. Onsoň men adamymyň iş ýerine gitmegi ýüregime düwdüm. Bu hyýal duýdansyz kelläme gelensoň, elime ýaglygymy aldym-da, öýden ýüzugra çykyp ötägitdim.

Adamymyň işleýän edarasy onçakly uzakda däldi. Şonuň üçin men ulagam peýläp durmadym. Ýolboýy elesläp, içimi hümledip barşyma, has-da beter odanýardym. Men kalbymdaky ynjalyk bermeýän oý-pikireriň hemmesini tizräk aýan etmek isleýärdim. Emma adamyma gözüm düşenden bokurdagym dolup, dilime badak atyldy duruberdi.

— Maňa näme üçin öýlendiň?

Ine, bar aýdyp bilen sözümem şu boldy.

Adamymyň allaniçiksi üýtgän ýüzi wagty bilen düzelmedi. Ol artykmaç sorag berip durmady-da, elimden emaý bilen tutup, iş ýerine alyp gitdi. Ýanynda oturdybam, tä iş wagty tamamlanýança goýbermedi.

Öýe gaýdyp gelýärkäk, men utanjyma ýere giräýjek bolýardym. Ýanymdan deň gadam urup gelýän adamymdan nähili ötünç sorajagymy bilemokdym. Ahyrsoňy men onuň elini çalaja gysdym. Adamym oýa batyp, agraslanan ýüzüni galdyrdy-da, seýilgähiň ugrundaky oturgyçlaryň birinde oturmagy teklip etdi. Men onuň çynlakaý gürrüň etmekçi bolýandygyny aňdym.

— Göwher, seniň hälki beren soragyňa men öňräkden bäri garaşýardym — diýip, Nazar her bir sözüne agram berip, howlukman söze başlady. — Saňa

öýlenmäge razylyk berenligim sebäpli, ynsabymyň öňünde az gapyrga etmedim. Men näumytlyga uçranyň biridim. Ýene biriniň şeýle ýagdaýa düşmegine sebäp bolaryn öýdüp gaty ünji edipdim. Seniň bilen ykbalymy birikdirmegi meni ejem mejbur etdi. Käbäm meniň sataşan derdime beletdi. Ýalňyz perzendini bu betbagtlykdan halas etmek üçin, ol görgüli ne günleri başdan geçirmedi. Sen onuň iň soňky umydydyň. Saňa öýlenmegim bilen göwnüm galkynar öýdüp umyt edýärdi. Ejemiň nämä esaslanyp, şeýle töwekgellige ýüz uranlygyny bilemok welin, onuňkyň dürs çykanlygy-ha hak. Seniň bilen ykbalymy birikdirenimden soň, men «keselimden» saplandym. Göýä, täzeden dünýä inene döndüm. Bu örän täsin ýagdaý! Mundan öňki örtenip, sadylla bolup ýörşüm indi ýalan ýaly.

— Ozal saňa näme bolýardy ahyryn? — diýip, men tolgunma bilen adamymyň sözüni böldüm.

Nazar müýnli ýylgyrdy-da, indi birneme açylyşyp, sözüni dowam etdirdi.

— Men bir gyza aşyk bolupdym. Ol gyz örän owadandy, özüne bent edijidi. Megerem, şonuň üçin bolsa gerek, buýsançlydy. Ol meniň özüne bendiwandygymy bilýärdi. Onuň özem maňa biparh däldi. Emma näme üçindir, meniň söýgime sowuk-sala garap, edip bilen sütemini etdi. Menem edil jadylanan ýaly, ol gyzdan hiç rişdämi üzüp bilemokdym. Ilkinji oglan höwesimiň ret edilmegi kalbymda husur goýdy. Şeýdip ýaş başymdan näumytlyk keseline ýolukdym.

Adamym uludan demini aldy-da, esli salym sesini çykarman oturdy. Men onuň tizräk gürrüňini dowam etdirmegini isleýärdim. Ol meniň sabyrsyzlyk bilen galpyldap oturyşymy görüp, birden bärsine döndi-de, mähir bilen gözlerime garady.

— Şol dertden meni sen halas etdiň.

Men birbada näme diýjegimi bilmedim.

— Mukaddes söýgi hakda her kim birhili akyl satýar. — Nazar birsalymdan ýene gürläp başlady. — Men indi öz başymdan geçen şol ahwalaty aňymda saldarlap görýän welin, böwrüme diň salanymy duýman galýan. Meniň şol wagtky däli-diwanalygym söýgümi? Eger söýgi bolsa, nähili söýgi? Gyza söýgümi ýa özüme söýgümi? Göwnüme bolmasa, meniň odanmagyma gyzyň mähir-muhabbeti däl-de, sowuk-salalygy sebäp bolan ýaly. Köre-kör ýigitlik buýsanjym degnasyna degilmeginden tebil tapan ýaly, men özüme bolan söýgümiň ýesiri bolupdyryn. Arada men şol gyza sataşdym. Şonda oňa öňki hyjuwymdan nam-nyşan tapmadym.

Adamymyň şol gezekki ýüregini dökmegi meniň dünýämi şamçyrag ýaly ýagtyltdy. Meni söýýänligini tüýs ýüreginden boýun almagy maňa hubbat ýamanyny berip gelen ikirjiňlenmelerimi dyr-pytrak etdi. Maňa täzeden güýç goşulan ýaly, gaýtadan özüme ynam, hormat döredi. Men şol gezek adamymy söýýänligime göz ýetirdim. Bu meniň durmuşymdaky uly açyşdy, uly öwrülişikdi!

Indi maňa köp zat aýdyňlaşypdy. Saňa beren wadamda durup bilmänligimiň sebäbem, indi meniň üçin düşnüklidi. Men seni söýmändirin, Merdan. Ine, ähli belaň körügi şunda ekeni. Söýgüň ýok ýerinde göreş ýok. Aýdyň maksat bolmasa, hyjuw nireden döresin? Dek oturan başyňa duýdansyz gopan apy-tupanda erkiňi gidermän, hatar-hatar gelýän läheň gomlardan gögele kalbyňy aman saklamak üçin, gör, nähili ynam gerek! Mende bolsa, şol ynam bolmandyr. Men söweş meýdanyndaky ýaragsyz esger ekenim.

Men nämälimlikler ummanynda ýüregimiň eradasy boýunça kürek urupdyryn. Päk kalbym bolsa, meni ýalňyz dogry ýoldan azaşdyrman, alysdaky albaýlaýan bagta tarap alyp gidipdir. Meniň arzyly wysala gowuşmagym tötänlik däl.

Söýmedik bolsaň, näme üçin wada berdiň diýmegiň mümkin. Hawa, bu meniň hatam. Ol wagt biz — çal beýni gyzlar söýginiň nämedigine düşünmändiris. Söýgi diňe wadalaşmak, belleşmek diýip, ters pikir edipdiris. Hakyky söýginiň nämedigine men diňe adamyma sataşanymdan soň, göz ýetirdim. Eger seni adamymy söýşüm ýaly söýen bolsam, onda hiç bir güýç meni ähdimden dänderip bilmezdi!

Merdan, barybir, men akja jüýje bolmak islämok. Seniň öňüňde özümiň ýazyklydygymy boýun almaga men borçly. Ýöne meniň esasy hatamyň wadama biwepalyk etmegimde däl-de, şol wadany saňa berenligimdedigine seniň düşünmegiň gerek. Durmuş biziň hatalarymyza geçirimsiz. Salam bilen, Göwher!»



## MAZMUNY


1. Kämillik menzili.
2. Bagtly geljegiň nury.
3. Ak bulutlaryň ýalkymy.
4. Arçalardaky täze ýyl öwüşginleri.
5. Baharyň elwan gülleri.
6. Göwün söýläni.
7. Akja garly alaňlar.
8. Esger ýörelgesi.
9. Çigildem gülüniň dessesi.
10. Päkize kalbyň owazy.
11. Mugallym.
12. Süýji arzuwlardaky söwer ýar.
13. Ter güljagaz.
14. Mähirden doly dideler.
15. Mukaddes güýç.
16. Ýürek örki.
17. Gülälekli ýodalar.
18. Bagt serpaý däl.
19. Garaş mähriban.
20. Gyz bagty.
21. Jiger söýgüsi.
22. Toprakdaky nemjagaz.
23. Eziz ojak.
24. Leýli gül.
25. Bagt çemeni.
26. Sapaly zähmet.
27. Ýar kalbynyň sedasy.



Täçmyrat Repbimow 1952-nji ýylda Ahal welaýatynyň Kaka etrabynyň Mäne obasynda eneden dogulýar. Onuň ýaşlygy obada geçýär. Repbimow çagalykdan köp okaýar. Edebiýata bolan söýgi ony hiç wagt öz erkine goýmaýar. Aşgabadyň gurluşyk edaralarynda ýönekeý işçi bolup işlände-de, gulluk borjuny berjaý edip ýörkä-de, dünýäniň nusgawy ýazyjydyr şahyrlarynyň eserlerini ýanyndan aýyrmady.

Awtor Magtymguly adyndaky TDU-da gaýybana okap, ýokary bilim alýar. Awtoryň 1980-1995 ýyllarda «Edebiýat we sungat» gazetinde işlemegi döredijiliginde uly itergi döretdi. Ol Gözel Şagulyýewa, Meret Haladow, Kakaly Berdiýew ýaly söz ussatlaryndan eseriň dil çeperçiliginiň nepisligini gazanmaklygy öwrenýär. Şol ýyllarda onuň ilkinji hekaýalary peýda bolýar. «Ýar kalbynyň sedasy» atly ilkinji hekaýasynda ýaş awtoryň durmuş hakykadyny beýan etmeklikde özboluşly çemeleşmeleriniň barlygy bellenildi. Täçmyrat Repbimowyň ýaşlar temasyna bagyşlanan hekaýalary häzirem okujylar köpçüligine ýetirilip dur. Awtor sahna eserini döretmeklik-de öndürijilikli işleýär. Onuň birnäçe eserleri ýurdumyzyň merkezi teatrlarynda sahnalaşdyryldy.